# NIKA BARADAKY WAKA

JON we LIZA
**BIWER**

Story of Marriage by John & Lisa Bevere, Turkmen
© 2015 Messenger International
www.MessengerInternational.org
Originally published in English as Story of Marriage
Additional resources in Turkmen by John & Lisa Bevere are
available for free download at: www.CloudLibrary.org
To contact the authors: JohnBevere@ymail.com, LisaBevere@ymail.com

Nika baradaky waka, türkmen dilinde, Jon we Liza Biwer
© 2015 Messenger International
www.MessengerInternational.org
Story of Marriage asyl nusgasy iňlis dilinde neşir edilen
Türkmen dilindäki goşmaça çeşmeler www.CloudLibrary.org
saýtynda ýerleşdirilendir. Siz gerek çeşmeleriňizi mugt indirip bilersiňiz.
Awtor bilen JohnBevere@ymail.com, LisaBevere@ymail.com
salgysy boýunça habarlaşyp bilersiňiz.

## Minnetdarlyk sözi

*Çagalarymyza, olaryň ýanýoldaşlaryna we agtyklarymyza minnetdarlyk bildiresimiz gelýär. Şu kitabyň ýazylmagyna hut siz sebäp bolansyňyz. Siziň ulalyp, birek-birege bolan söýgiňiziň barha artmagy bizi örän begendirýär.*

*Breýw Eddison, seniň beren ýardamyňy diňe bakylyk kesgitläp biler. Bu işi sensiz başarardyk diýsem, hakykaty ýoýdugym bolardy. Adamlaryň durmuşyny özgertmek üçin, biziň sözlerimizi Mukaddes Ýazgylaryň danalygy bilen utgaşdyrmakda görkezen tutanýerliligiň üçin minnetdarlyk bildirýäris.*

*Mähriban we paýhasly Jeýlin! Seniň mähriň, ruhubelentligiň we ajaýyp yhlasyň nika baradaky şu wakany owadan beýan etmäge kömek etdi. Seniň şu eden ýardamyň öwezini Hudaý müň esse köp dolsun. Winsent we Allison, ähli edenleriňiz, doga-dilegleri döretmekde eden kömegiňiz üçin minnetdarlyk bildirýäris. Siziň kömegiňiz şu kitaby baýatdy we giňeltdi.*

*«Messenger International» guramasynyň agzalary we hyzmatdaşlary, bize beren goldawyňyz üçin minnetdarlyk bildirýäris. Isa Mesihiň şöhratly Hoş habarynyň dünýäniň milletlerine ýetirmekdäki syýahatymyzda sizden has wepaly we yhlasly dostlary Hudaýdan sorap-da bilmezdik.*

*Ozaly bilen Size: eý, Hudaý Ata, Seniň baky söýgiň üçin, eý, Patyşamyz Isa Mesih, biziň üçin janyňy gurban edeniň üçin, eý, Mukaddes Ruh, Seniň ajaýyp güýjüň, teselliň, taglymatyň we ýakyn aragatnaşykda bolanyň üçin minnetdarlyk bildiresimiz gelýär. Eý, Mukaddes Ruh, hemişe hemra bolup, bizi ýeke goýmandygyň üçin Saňa şükür edýäris.*

# MAZMUNY


Şu interaktiw kitap barada .............................................. 7

Giriş ............................................................................ 9

1. Ilkibaşdaky maksat .................................................. 11

2. Başlanyňyzda, soňy barada oýlanyň ............................ 51

3. Palubany arassalamak .............................................. 93

4. Aýaga galmak we gurmak ........................................ 143

5. Pynhan ýakynlyk .................................................. 185

6. Gaýtadan başlaň.................................................... 231

Goşundy: Halas bolmagyň ýoly .................................... 271

# Şu interaktiw kitap barada

Şu kitap beýleki kitaplar ýaly boýdan-başa okalyp bilner. Ýöne şahsy tejribäňizi has baýatmak üçin, goşmaça interaktiw materiallary öwrenmegi size maslahat berýäris.

Kitabyň her baby günde okamak üçin niýetlenen bäş bölege bölünendir. Her babyň ahyrynda mowzuga degişli dilegleriň nusgasy bardyr. Siz günde bir bölegi okap, ahyrynda dileg edip bilersiňiz ýa-da öz düzen meýilnamaňyza laýyklykda okap bilersiňiz. Şu mowzuklary öwrenýän topar agzalaryna hepdede bir baby okamak maslahat berýäris.

Eger siz bu kitaby "Messenger International" hyzmatynyň "Nika baradaky waka" boýunça berilýän materiallaryň bölegi hökmünde okaýan bolsaňyz, onda ilki hepdede bir audio ýa-da wideosapagy diňlemegi ýa-da görmegi, topardaky soraglara jogap berip, soňra kitabyň babyny we ahyryndaky dilegi okamagy maslahat berýäris. Kitabyň her babyna wideoýazgy sapagy berilýär. Maslahatlaşmak üçin soraglar gündeki okuw üçin niýetlenen baplaryň ahyrynda berilýär.

Lezzet alyň!

# Giriş

Siziň: “Nika barada ýene-de bir kitap nämä gerek?” diýip soramagyňyz mümkin. Biz hem şeýle soragy beripdik.

Bu kitabyň ýazylmagynyň üç sebäbi bar. Birinjiden, biz özümizi Hudaý tarapyndan ugrukdyrylýandygymyzy duýduk. Ikinjiden, çagalarymyz we beýlekiler şeýle kitaby ýazmagy haýyş etdiler. Üçünjiden, siziň araňyzda hem şeýle haýyş bilen ýüzlenenler köp.

Biz dükanlarda nika durmuşy barada peýdaly maslahatlary berýän kitaplar köpdür öýdýärdik. Emma şeýle kitaplara has golaýdan garanymyzda, olaryň diňe bir ýanýoldaş tarapyndan ýazylandygyny gördük. Ajaýyp nika bolsa iki ýanýoldaşyň özara gatnaşyklarynyň netijesinde döreýändir. Şonuň üçin-de, biz bu kitapda nika baradaky pikirlerimizi bilelikde paýlaşmagy makul gördük.

Biz her bir maşgalanyň, şol sanda biziň maşgalamyzyň hem öz wakalarynyň bardygyny bilýäris. Biziň ikimiziň hem häsiýetimiziň güýçlüdigini belläp geçmeli. Biz otuz ýyldan gowrak wagt bäri bile ýaşap gelýäris. Şol döwrüň dowamynda üýtgeşik kynçylyklara duçar bolduk. Biz üýtgeşik tejribämiziň bize üýtgeşik gelejegi berýändigine düşündik.

Mundan başga-da, biz erkekdir aýallaryň şulara düşünmeklerini isledik: nika – bu zyndan ýa galyp däl; her bir maşgalanyň öz nika gatnaşyklaryna döredijilikli garap, ony öz şahsy aýratynlyklaryna we Hudaýyň olar babatdaky islegine göra gurmaga ygtyýary bardyr. Biz şu kitabyň size öz maşgalaňyzyň aýratynlyklaryny ýüze çykaryp, olar barada öz wakaňyzy ýazmaga kömek eder diýip umyt edýäris.

## Bu kitap kim üçin?

Bu kitap nika gurjak bolýanlar, nikada ýaşap ýörenler we nikanyň nämedigine has oňat düşünmek isleýän adamlar üçindir.

Biziň günlerimizde dawa-jenjeller we nikany bozmaklyk diýseň köp. Şonuň üçin-de adamlaryň köpüsi öz wakalaryny başlamaga gorkýarlar. Ýöne siziň göreniňiz size gelejekde garaşýan zatlary kesgitlemeli däldir.

Babyň edil ortarasynda özlerini duzaga düşen ýaly duýýan adamlar bardyr. Biz siziň nika baradaky kitabyňyzy orta gürpünde ýapmagyňyzy islämzok. Biz size indiki sahypa geçmäge kömek edesimiz gelýär.

Bu kitapda nikanyň ähli taraplary barada pikir alşylmaýar. Bu barada birtopar ylmy makalalar ýazyp bolar, ýöne gyzyklandyrýan soraglaryň hemmesine jogap alyp bolmaz. Emma muňa garamazdan, biz öz wakamyzy ýazmak kararyna geldik. Biziň nikamyzda kyn pursatlar boldy, ýöne biz olaryň baryny ýeňip geçdik. Biz bu tejribämizi paýlaşmak arkaly başgalara hem kömek etjekdigimize ynanýarys.

Galyberse-de, Isa Mesih heniz-de nikany beýan edilmäge mynasyp bolan waka diýip hasaplaýar. Nika – Onuň bize bolan söýgüsini görkezýän binýat. Siz durmuş guran ýa-da heniz gurmadyk, ýaş ýa-da garry – kim bolsaňyz-da, şu kitabyň sizde ynamy, umydy we söýgini oýandyrsyn diýip dileg edýäris. Biz batyrgaýlyk bilen arzuw etmegiňizi haýyş edýäris!



BIRINJI BAP

# Ilkibaşdaky maksat

*“Hudaýymyz Reb ol ýerde süýji, dürli-dürli owadan miweli agaçlary gögertdi. Bagyň ortarasynda iki sany daragt: ýaşaýyş daragty hem-de ýagşyny-ýamany saýgaryş daragty bardy”.*

— Gelip çykyş 2:9

## 1-nji gün

Gadymy wagtlarda iki daragtyň töweregini gurşap oturan bag bardy. Siziň bilşiňiz ýaly, bu adaty bag däldi. Onda kynçylyk, göreş we çüýremeklik ýokdy. Derýalar Erem bagynyň içinden akyp, ondaky ösümlikleriň ählisini örän arassa suwdan gandyrýardy.

Bize şeýle bagda ösen ajaýyp daragtlary göz öňüne getiräýmek galýar. Olaryň her biri mes toprakda kök uran durmuşyň nyşanydy. Şaglawuklardan inýän suwlar olary oýandyrýardy, güneşiň şöhleleri olary iýmitlendirýärdi. Bu bagda daragtlar köpdi, emma Mukaddes Ýazgylar diňe ikisiniň: ýaşaýyş daragtynyň hem-de ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň atlaryny agzaýar. Bu daragtlaryň ikisi-de bagyň ajaýyp şertlerinde – günä içinde ýaşaýan ýeriň hiç haçan döredip

bilmejek şertlerinde ýaşaýardylar. Olaryň biri ýaşaýyş berýärdi, beýlekisi bolsa ölüm getirýärdi.

Siz ýokarda aýdylanlary ozal hem eşiden bolmagyňyz ahmal, sebäbi her bir nikanyň taryhynda Erem bagyndaky bu daragtlardan gözbaşyny alyp gaýdýan öz wakasy bardyr. Biziň nikamyz köp zatlarda bu ýaşaýyş daratglaryna meňzeýär. Nika hem daragt ýaly dürli möwsümlerde dürli derejede ösýär we kämilleşen kökleri arkaly ymykly berkände iň oňat derejesine ýetýär. Onuň hasyl getirýän ýyllary-da, hasyl bermeýän ýyllary-da bolýar. Onuň pajarlap ösýän ýyllary-da, solup, igleýän ýyllary-da bolýar. Nikany gurşaýan milli şertler, dürli möwsümler, gaý-tupanlar oňa öz täsirini ýetirýär. Ýöne muňa garamazdan, nika bizi durmuşyň dyngysyz üýtgäp durýan ýellerinden berk gala kimin goraýar.

Şu kitabyň daşyndaky surat agajyň durmuşyny görkezýär. Biziň görýän halkalarymyz bize agajyň durmuşyndan, onuň başdan geçirenlerini mälim edýär.

Biziň köpimiz mekdepde dendrologiýanyň (agaç ösümliklerini öwrenýän ylym) esaslaryny öwrenipdik we agaç sütünininiň halkalaryny sanamak arkaly onuň ýaşyny takmynan kesgitläp bilýäris. Biz dendrolog bolmasak-da, agajyň halkalaryny anyk sanamaga ukyplydyrys (biz owadan tokaýlary halaýarys-a!). Ökde hünärmenler welin agajyň halkalaryna seredende, onuň diňe anyk ýaşyny däl, eýsem başdan geçirenlerini hem aýdyp bilýärler. Tejribeli göz üçin halkalaryň her biri agajyň taryhyny beýan edýär. Dürli inlilikdäki halkalar agajyň başdan geçiren ýumşak ýa-da ýowuz gyşlary barada, gurak ýa-da bol ýagyşly ýyllary barada habar berýärler. Halkalary has içgin öwrenmeklik bolsa onuň zeperlenen ýa-da başdan geçiren mergi hüjümleri barada hem habar berýärler. Halkalar möwsümiň bir ýylyny, gaýtalanyp durýan ýagdaýy aňlatsalar-da, olaryň her biri öz tebigaty boýunça gaty özboluşlydyr.

Nikanyň hem her bir ýylyny agajyň halkalaryna meňzetse bolar: olar gaýtalanyp durýan ýagdaýlary aňlatsalar-da, her biri öz tebigaty boýunça gaty özboluşlydyr. Seneler bir ýylyň tamamlanandygyny we indikiniň başlanandygyny belleýär. Ýylyň geçendigi anyk bellenilse-de, şatlykdan, gynançdan, agyrydan, işden, hatda oslagsyz wakalardan doly aýlar, hepdeler, günler aýratyn halka görnüşinde bellenilmeýär.

## Siziň wakaňyz

Biziň bilen syýahata ugramazdan öň şuny ýatda saklaň: siziň şindiki ýa-da gelejekki wakaňyz size we diňe size degişlidir. Her bir adamyň ömri ýaly, her bir nika wakasynyň hem öz şatlyklary, ýeňişleri we kynçylyklary bolýar. Biziň "kesellän" nikamyzyň kynçylyklaryny çözmekde ýygnaklaryň köpüsi umumy maslahatlary berýär: "Aýallar, öz äriňize tabyn boluň. Ärler, öz aýalyňyzy söýüň". Bu, dogrudan-da, hakykata laýyk we gymmatly maslahat. Ýöne maşgalany bina etmekde şol bir ölçeg hemmelere laýyk gelmeýär, sebäbi her bir nikanyň gaýtalanmaýan özboluşly "barmak yzlary" bardyr.

Geliň, bu meselä başga bir tarapdan seredip göreliň. Her bir jaýyň gurluş çyzgylary binýatdan, direg diwarlaryndan, üçekden ybaratdyr. Ýöne binagär bu jaýda ýaşajak adamlaryň ýörite hajatlaryny we isleglerini göz öňüne tutup, onuň daşky görnüşini, otaglarynyň giňligini, beýikligini üýtgedip bilýär. Bu biziň nikamyz babatda hem şeýledir. Biz öz nikamyza döredijilikli çemeleşip, ony özümiz üçin iň oňaýly tärde bina edip bileris. Her bir nika özboluşly bolmak bilen, durmuşyň dürli möwsümlerinde özüniň hajatlaryna laýyklykda özgermäge haky bardyr. Biziň nikamyzda, mysal üçin, biz çagalarymyzyň kemala gelen döwrüne golaýlaýarys. Bu bolsa ýakyn gelejekde ozalky ýaly ýatylýan otaglaryň birnäçesiniň gerek

bolmajakdygyny aňladýar. Nikamyzdaky şeýle üýtgeşmeler ýyl möwsümleriniň üýtgemegi ýaly adaty zatdyr. Bularyň hemmesi kadalaýykdyr.

Siziň nikaňyzy Hudaýyň ol babatdaky maksadyna ýetirjek uniwersal, ebedi hakykat we gymmatlyklar bardyr. Hudaý her bir nikanyň söýgi, hormat, şatlyk, tabynlyk, üpjünçilik, wepadarlyk, çagalary ýetişdirmek, pynhan är-aýal gatnaşyklary, miras ýaly gymmatlyklar arkaly bina edilmegini isleýär. Bu gymmatlyklaryň siziň durmuşyňyzda aýan bolma derejesine laýyklykda, siziň şahsyýetiňiziň nähilidigini we nikaňyzyň haýsy möwsümdedigini aýdyp bolar. Hudaý nikanyň baş esaslaryny kesgitläp, onuň ownuk-uşak taraplaryny size goýýar.

Hudaý köpdürlüligi halaýar. Munuň şeýledigine düşünmek üçin, Onuň ýaradan zatlaryna göz aýlaýmaly. Biz ilkibaşdan, ine, şunuň aýdyň bolmagyny isleýäris: hemme jübütleriň nikasy şol bir şekile laýyk gelmeýändigini belläp geçmeli. Biziň günlerimizde ýanýoldaşlaryň ikisi-de işleýär (2012-nji ýylda ABŞ-niň işe ýarawly aýallaryň takmynan 60%-mi işjeň zähmet çekýärdi), aýal öz ärinden has köp gazanç edip-de bilýär. Aýalyň maşgala býujetini doldurmagy onuň bitabyndygyny ýa-da onuň lider däldigini aňlatmaýar. Bu är-aýalyň ikisiniň-de maşgala girdeji getirýändigini aňladyp, şeýle maşgalanyň garry ata-enesiniň nikasyndan düýpli tapawutlanýandygyny aňladýar.

Biziň maşgalamyzda ikimiz-de işleýäris, maşgalanyň çäklerinden daşarda ikimiz-de lider. Käwagt biz bile işleýäris (mysal üçin, şu kitabyň üstünde işleýşimiz ýaly), käwagt bolsa aýry işleýäris. Ýöne munuň şeýledigine garamazdan, nikamyzyň maksady we esasy gymmatlyklarymyz üýtgemeýär. Biziň gazanç etmek başarnyklarymyz är-aýal gatnaşyklarymyza täsir etmeýär.

Erem bagynda Hudaý Adam ata we How enä nesil öndürip, köpelmeklerini tabşyrdy. Hudaý How enä öýde oturyp, Adam

atanyň neslini köpeltmegi tabşyrmady. Süleýmanyň pähimleriniň 31-nji babynda mysal getirilýän aýal hem öýi dolandyrýar, hem-de başarjaňlyk bilen maşgalanyň girdejisini artdyrýar. Eger haýsydyr bir zat siziň maşgalaňyz üçin ýaramly bolsa, ony ediň! Eger haýsydyr biriňiz çagalar bilen ýa-da olarsyz öýde oturmakçy bolsaňyz, bu hem oňat. Maşgala üçin ýaramly we dogry zatlaryň hemmesi gowudyr.

Başgalar üçin oňat bolan ýagdaý ýa-da zat hemmeler üçin oňat bolaýjak ýaly görünýär. Emma biziň günlerimiz we duş bolýan ýagdaýlarymyz diýseň özboluşlydyr. Biz siziň nikaňyzyň berk bolmagyny isleýäris. Bu siziň kimdir biriniň arzuwlaýan nikasyny däl-de, hut öz arzuwlaýan nikaňyzy gurmak üçin azat bolmalydygyňyzy aňladýar.

Biz size pursatdan peýdalanyp, Hudaýyň Ruhundan, ýagny hakykat Ruhundan öz nikaňyz barada soramagy maslahat berýäris. Onuň ebedi hakykaty siziň nikaňyzy aýratyn bir bilelişige, ilkibaşdan diňe siziň üçin niýetlän bilelişigine özgerdip biler.

## 2-nji gün

### Siziň wakaňyz kynçylyklara duçar bolanda...

Syýahatyň dowam eden ýyllarynyň sany ol barada doly maglumat bermeýär. Elli ýyllap dowam edýän nika elli ýylyň kynçylygyndan ýa-da elli ýylyň tükeniksiz lezzetinden doly bolmagy ahmal. Ýöne nika köplenç dürli möwsümleriň utgaşmasyndan ybarat bolýar.

Şu kitabyň jiltindäki agajyň suratyna seredenimizde, onuň her bir halkasynyň agajyň ýogynlygyny artdyrandygyny mese-mälim görýäris. Ýylyň kyn ýa-da aňsat bolandygynyna garamazdan, bu halka wakany ýaýbaňlandyryp, syýahatyň manysyny çuňaldýar.

Jon Banýanyň “Piligrimiň syýahaty” atly meşhur kitabynda baş gahryman Kristianyň Hudaýyň mesgen tutan şäherine ýetmek

üçin ugran syýahaty beýän edilýär. Bu syýahatyň dowamynda baş gahryman ruhdan düşme batgalygyndan geçýär, umytsyzlyk apatyny ýeňýär. Eger-de kitabyň baş gahrymany Hudaýyň şäherine ap-aňsat, hiç bir kynçylyksyz ýeten bolsa, bu waka gyzykly bolmazdy, nusgawy edebiýata öwrülmezdi, üç ýüz ýylyň dowamynda gaýta-gaýta neşir edilmezdi. Bu wakada kynçylyklar we şatlyklar gezekleşmedik bolsa, ol gaty ýürekgysganç we gyzyksyz bolardy. Baş gahrymanyň syýahatynyň dowamydan duş bolan kynçylyklary we olary ýeňip geçişi bu kitabyň nesilme-nesil okalmagyna sebäp bolýar. Biziň nikalarymyzdaky kynçylyklar hem wakamyzyň çuň manyly we tolgundyryjy bolmagyna itergi berýär.

Göwnüçökgünlik pursatlaryny ýigrenmäň. Tersine, olary Hudaýyň merhemetini özüňize çekmek üçin we Onuň ajaýyp güýjüni ýüze çykarmak üçin ulanyň. Bu güýç siziň emosional we ruhy mümkinçilikleriňiziň çäklerini böwsüp geçmäge kömek eder. Biziň nikalaşanymyza otuz ýyldan köpräk wagt boldy. Şol döwrüň dowamynda biz gaty kyn bolan pursatlarymyzyň soňra ýolumyzy ýagtyldan ýolyşyklaryna öwrülendigine düşünip galdyk. Şol kyn pursatlar bizi aýaga galyp, berk durmaga mejbur edipdi. Şolar ýaly, siziň-de şindiki kynçylyklaryňyz durmuşyňyzyň beýik pursatlaryna öwrülip biler.

## Nikanyň ruhy

Nikanyň wakasyna aralaşmazdan ozal, geliň, onuň asyl maksadyny öwreneliň. Nikanyň ajaýyp ýagdaýdygyna şübhe ýok, ýöne käwagt ol gaty agyryly bolýar. Biziň köpimiz agyrynyň asyl maksadyna düşünenimizde, agyra has çydamly bolýarys. Mysal üçin, dyngysyz köseýän diş agyrydan dynmak üçin, siz diş lukmanynyň kürsüsinde birki sagat agyra çydamaga kaýyl bolýarsyňyz. Siz nikaňyzda özüňizi deňziň kenaryndaky ýaly däl-de, diş lukmanynyň kürsüsinde duýan ýaly pursatlary başdan geçiren bolmagyňyz

ahmal (eger heniz başdan geçirmedik bolsaňyz, gelejekde başdan geçirersiňiz). Hut şol agyryly pursatlar nikaňyzyň asyl manysyna düşünmäge ýardam berýändir.

Biziň günlerimizde nikanyň maksady sorag bolup durýandyr. Adamlaryň aglaba bölegi öz nikalarynyň maksadyna düşünmeýändikleri zerarly “gaýyklarynyň” tolkunyň zarbyna çaýkanan badyna ondan bada-bat gaçmak bilen bolýarlar. Käbir adamlar nika diýen düşünje köneldi, oňa gaýtadan garamaly ýa-da bütinleý aradan aýyrmaly diýip hasaplaýarlar. Käbirleri bolsa nika şertnamalary haýsydyr bir wagt araçägi bilen çäklendirilmeli, ömürlik diýen düşünje nika üçin ýerliksiz diýip hasap edýärler. Şeýle adamlar: “Biz özümizi ertir nähili duýjagymyzy bilmeýän halymyza, ýigrimi ýyldan duýjak zatlarymyz babatda nädip çözgüt kabul edeli?” diýip aýdýarlar.

Out Kast atly hip-hop aýdym-saz topary özüniň meşhur “Miss Jekson” diýen aýdymynda jemgyýet köpçüliginiň keýpini beýan edýär:

Men we seniň gyzyň
Üýtgeşik duýgulary başdan geçirýäris.
Sen muňa ýetginjeklik söýgüsi diýýärsiň,
Biz bolsa ony kämil söýgi diýip hasap edýäris.
Biz elmydama şeýle bolar diýip umyt edýäris.
Sen gezelenje gitmegi meýilleşdirýäň,
Ýöne howanyň nätüýsli boljagyny öňünden aýdyp bilmeýäň.

“Miss Jekson” aýdymy – erkegiň ýaşajyk gyzyň ejesinden ötünç sorama aýdymy. Ol ozal gyzy söýýärdi, gyz hatda ondan göwreli boldy, ýöne indi söýenok. Gynansak-da, bu aýdym biziň günlerimizde söýgä we nika bolan garaýşy doly görkezýär: hawa, söýgi we nika ***meni*** bagtly edäýmeli. Şeýle garaýyş “duýgularymyz bize höküm ýöredýär, biz olara erk edip bilmeýäris” diýen düşünjä esaslanýar. Eger men özümi bagtly duýmaýan bolsam, onda men bu ýagdaýy hökman üýtgetmeli. Sebäbi men ýyl pasyllaryny dolandyryp

bilmeýşim ýaly, öz duýgularyma-da erk edip bilemok. Garaz, Out Kast toparynyň aýdyşy ýaly, siz gezelenje gitmegi meýilleşdirseňiz-de, howanyň nätüýsli boljagyny öňünden aýdyp bilmeýärsiňiz.

Adamlaryň ýene bir topary nika diýen düşünjäni öz döwürlerine uýgunlaşdyrjak bolýar. Olar şeýle diýýärler: “Biz näme üçin döwrebap bolup bilmeýäris? Eger nika diýen birlik jemgyýetde dowam etmekçi bolsa, onda ol öz çäklerini giňeldip, erkek bilen erkegiň, aýal bilen aýalyň nikalaşmagyna hem mümkinçilik bermeli”. Käbir meşhur adamlaryň arasynda nika diýen düşünjä täze kesgitleme berilmese, nikalaşmagy ret edýänler-de bar. Nika elbetde ösmeli we kämilleşmeli, ýöne onuň kesgitlemesi we oňa gatnaşýanlaryň jynsy üýtgewsiz galmalydyr.

Şeýlelik-de, biz kime gulak asmaly? Nika diýen düşünjäni kesgitlemäge ýa-da ony üýtgetmäge kimiň haky bar? Nikanyň biziň durmuşymyza nähili täsir etmelidigini aýtmaga kim ygtyýarly?

Biz muňa diňe Hudaý hakly we ygtyýarly diýip ynanýarys. Onuň Sözi şeýle diýýär:

> “Nikany sen däl-de, Hudaý ýaratdy. Nikanyň hatda iň owunjak zatlarynda-da Onuň Ruhy mesgen tutandyr.... Şunlukda, öz nikaňyzyň ruhuny içiňizde goraň” (Malaky 2:15, The Message).

Şu aýat şübheleri bütinleý ýok edýär: “Nikany sen däl-de, Hudaý ýaratdy”. Ol munuň bilen hem çäklenmän, iki adamyň bütewi bir tene öwrülmegine hut Özi gatnaşýar. Her bir nika köp dürli elementlerden: käte sada, käte bolsa juda çylşyrymly elementlerden ybarat bolýar, ýöne Hudaý Öz Ruhy arkaly nikanyň iň içgin ýagdaýlaryny-da janlandyrýar.

Malaky pygamberiň kitabynda 2:15-de şeýle diýilýär: “Nikanyň hatda iň owunjak zatlarynda-da Onuň Ruhy mesgen tutandyr”. Başga sözler bilen aýdanymyzda, Hudaý bize nikamyza döredijilikli çemeleşmäge ygtyýar edýär, ýöne esasy soraglary: nikanyň nämedigini we oňa kimiň gatnaşmalydygyny Ol we diňe Ol çözýär. Nika Ondan

birugsat we Onsuz döredilip bilmeýär. Ol fundemental meseläni kesgitli çözýär: “Men Rebdirin, üýtgeýän däldirin” (Malaky 3:6).

## Erem bagyna dolanmak

Geliň, Erem bagyna dolanyp baraly. Iki daragt ýadyňyzdamy? Olaryň diňe biriniň miwesi, ýagny ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesi Adam ata bilen How enä iýmek gadagandy. Hudaý bu miweden iýseler, öljekdikleri barada olara duýdurypdy. Ýöne daragtyň nämedir bir zady olary Hudaýyň duýduryşy babatda ker edip, gadagan miweden iýmäge mejbur etdi.

> “Aýal bu agajyň miwesiniň iýmit üçin gowudygyny, göze ýakymlydygyny we onuň *akyl-paýhas berýändigini* görüp...” (Gelip çykyş 3:6, *nygtama awtordan*).

Erem bagyndaky agaçlaryň miweleriniň datly we göze ýakymly bolandygy gürrüňsizdir. Ýöne kimdir birini Hudaýyň derejesine çenli galdyryp biljek miwe bütinleý başga zat! How ene özüne eýýäm berlen zatdan has köp zat barmyka öýtdi. Aýalyň özünde bolmadyk zada (Hudaý bilen deňlige) ýapyşyp, munuň netijesinde özünde eýýäm bar bolan zady (danalygy) ýitirişine haýran galaýmaly.

Adam ata bilen How ene diňe bir Hudaý ýaly bolman, eýsem Onuňky ýaly täsirli we ygtyýarly bolmak islediler. Olar özlerine degişli bolmadyk derejäni almakçy boldular. Olaryň bu çözgüdi bilen olaryň neslinden bolan biriniň, ýagny Isa Mesihiň çözgüdi biri-birinden düýpgöter tapawutlanýar.

> “Isa Hudaýyň tebigatyna eýe bolsa-da, ony Özüne dereje saýmady, ondan mäkäm ýapyşmady” (Filipililer 2:6).

Adam ata bilen How ene Hudaýyň keşbinde ýaradylsalar-da, Onuň bilen des-deň däldiler. Daşky görnüş haýsydyr bir zadyň şöhlelenmesi bolsa-da, tutuşlygyna ol ýaly bolmaýar. Hudaý bilen

des-deň boljaklary baradaky ýalan wada ynanan erkek bilen aýal bu dogrudan-da şeýle bolar öýtdüler. Hakykatda bolsa, olaryň ikisi-de özlerinde bar bolan zady ýitirdiler. Olar danalyk almadylar, gaýtam aldawa düşdüler.

Hudaýa gulak asman, ýalan gepe ynanan jübüt Erem bagyndan kowuldy. Olara ýaşaýyş daragtynyň miwesinden datmak indi asla miýesser etjek däldi. Ýaşaýyş berýän bu miweden mahrum edilen Adam ata bilen How ene ölümiň ygtyýaryna berildi. Olar öldüler, olaryň ýaşan Erem bagy gadymýetde galdy. Ýöne olar biz, ýagny öz nesli arkaly ýaşamagy dowam edýärler. Erkek bilen aýal indi ýer ýüzünde ebedilige eýe däl, emma nika ýaşaýşy nesil arkaly dowam etmegiň ýoludyr.

Biziň üçin bir hoş habar bar: Isa Mesihiň haçy indi biziň iň soňky ýaşaýyş agajymyzdyr. Bu agaç Erem bagynda weýran edilen zatlaryň ählisini dikeldýär. Hudaýyň emrine görä gurnalan nika ýaşaýyş berýän agaç hökmünde hyzmat edýär. Ol miras we ýakyn gatnaşyklar üçin zerur bolan şertleri döredýär. Hut şu sebäbe görä, nikany hormatlamagymyz, ony goramagymyz we birek-biregi söýmegimiz Hudaý üçin gaty wajyp bolup durýandyr.

Erem bagyndan şu günki güne çenli geçilen ýolda wajyp zadyň sypdyrylandygyny bilmek üçin ýokary derejeli hünärmene ýüz tutmak gerek däl. Biziň günlerimizde nikalaryň köpüsi ýaşaýyş berýän daragta asla meňzeş däl. Aýrylyşmak, ýanýoldaşa biwepalyk etmek, tamaň çykmazlyk, betbagtlylyk, öýke-kine ýaly ýagdaýlar biziň maşgalalarymyzy dargadýar. Söýgi gatnaşyklarynda duş gelýän şu ýagdaýlar zerarly köp adamlar nikanyň esasy maksadyna düşünmeýärler, olar hatda näme üçin öýlenmek isleýändiklerine-de doly düşünmeýärler. Käbirleri bolsa maşgala ojagyny ýykmajak bolup dyrjaşýarlar. Olar üçin nika rahatlyk mekany däl-de, uruş meýdanydyr.

## 3-nji gün

### Söýgi çeşmesi

"...Hudaýyň ady başga milletleriň arasynda siz zerarly harlanýar" (Rimliler 2:24).

Isa Mesihiň Bedeni bolan biz imanlylar dogry ýaşaman, birek-biregi söýmänimizde, Hudaýyň adyny harlaýarys. Bu bir garaşylmadyk ýagdaý däl, sebäbi biz özümizi mesihiler diýip atlandyrýan bolsak, onda Mesihiň ilçileri diýen adyny almaga ymtylýandyrys. Resul Pawlus şeýle diýýär:

> "...Hawa, Hudaý ynsanlaryň günälerini hasaba alman, Isa Mesih arkaly dünýäni Özi bilen ýaraşdyrdy. Ýaraşdyrma baradaky habaryny bolsa bize tabşyrdy. Şoňa görä-de, biz Isa Mesihiň ilçileridiris. Hudaý biz arkaly ýüzlenýär. Biz size Mesihiň hatyrasyna ýalbarýarys..." (2 Korintoslylar 5:19-20).

Ilçi – bu ygtyýarly resul ýa-da wekil. Biz mesihiler hökmünde Isa Mesihiň adyndan gürleýäris. Gör, bu nähili üýtgeşik hukuk! Biz Hudaýyň adamlar bilen ýaraşmak hyzmatyna gatnaşmaga, ony amal etmäge çagyrylandyrys. Biz öz sözlerimiz we hereketlerimiz arkaly Hudaýyň adyndan gürleýäris. Bu biziň durmuşymyzyň maksadydyr. Biz Hudaýyň işçileri bolup, ýer ýüzünde Onuň Şalygyny ýaýbaňlandyrýarys.

Şunlukda Isa Mesih bize, Öz ilçilerine näme tabşyrýar? Isa Mesih şeýle diýdi: "Size bir täze tabşyryk berýärin: biri-biriňizi söýüň. Meniň sizi söýşüm ýaly, siz-de biri-biriňizi söýüň" (Ýohanna 13:34).

Hudaýa şükür, bu biziň erk-güýjümiz bilen amala aşyrylmaly tabşyryk däl. Hudaýyň Sözi öz maksadymyzy amala aşyrmak üçin biziň ilki bilen Isa Mesihde bolmalydygymyzy aýdýar, sebäbi biz Onuň haçdaky ölümi arkaly halas edilip, Onuň merhemetiniň mirasdarlarydyrys. Eger biz Mesihde bolsak, Onuň özgerdiji Ruhunyň güýjünde işläp bileris we biri-birimizi Onuň bizi söýşi ýaly söýüp bileris.

Täze ähtiň merhemetiniň astynda Hudaý bize haýsydyr bir zady tabşyranda, ilki bilen şony berjaý edip bilerimiz ýaly gujur-gaýrat berýär. Biz Isa Mesih bilendigimiz sebäpli, Ol bize we maşgalalarymyza bu dünýä Öz barlygyny we söýgüsini aýan etmäge mümkinçilik berýär. Ýöne biz Onuň bu söýgüsini özümiz duýmazdan, ony başgalara görkezip bilmeýäris. Pawlus efeslilere ýazan hatynda Mesihiň söýgüsiniň güýjüni almak üçin şeýle dileg edýär:

> "...Goý, Ol çäksiz şan-şöhraty bilen Öz Ruhy arkaly siziň içki barlygyňyzy gudrat bilen güýçlendirsin. Isa Mesih imanyňyz arkaly ýürekleriňizde ýaşasyn. Şeýle-de, men söýginiň sizde kök urup ornaşmagyny, Mesihiň söýgüsiniň nähili giň, uzyn, belent we çuňňurdygyna Hudaýyň ähli halky bilen birlikde düşünmegiňizi Hudaýdan dileýärin. Hawa, Hudaýyň kämilliginden dolup bileriňiz ýaly, Mesihiň aň-bilim ýeterden üstün bolan bu söýgüsine akyl ýetirip bilmegiňizi Hudaýdan dileýärin" (Efeslilere hat 3:16-19).

Isa Mesihiň söýgüsi barada aýanlyk almak üçin, biz ilki bilen Hudaýa Öz Ruhunyň içki güýjünden doldurmagyna ygtyýar etmelidiris. Ýöne bu diňe öz durmuşymyzy Oňa tabyn eden ýagdaýymyzda amala aşyp bilýär. Durmuşyňyzy Oňa tabşyran badyňyza, siziň üçin Onuň söýgüsinde dyngysyz ösmäge mümkinçilikler peýda bolar. Şondan soň bu syýahat sizi doly we bütewi bir durmuşa elter. (Durmuşyňyzy Isa Mesihe tabşyrmak barada 271-nji sahypada has doly maglumat alyp bilersiňiz).

Pawlus Isa Mesihiň söýgüsini bilmekden gelýän güýji we güýjüň maksadyny düşündirip, şeýle ýazýar:

> "...men sizden *Hudaýdan alan çagyrylyşyňyza mynasyp ýaşamagyňyzy haýyş edýärin.* Iňňän pes göwünli hem ýumşak boluň. Sabyr-takatly bolup, mähir-muhabbet bilen biri-biriňize çydaň. Özara parahatlykda ýaşap, Mukaddes Ruhuň birligini goramaga dyrjaşyň" (Efeslilere hat 4:1-3, nygtama awtordan).

Üns beriň, Pawlus "*Hudaýdan alan çagyrylyşyňyza mynasyp ýaşaň*" diýip ýazýar. Ol munuň maksadyny hem aýdyňlaşdyrýar. Bu maksat Hudaýyň söýgüsini, hakykatyny we durmuş ýörelgesini (Onuň Şalygyny) dünýä aýan etmekden ybaratdyr. Hudaýyň söýgüsini öz durmuşyňda başdan geçirmezden, bularyň birini-de amal etmek mümkin däl. Bulary diňe teoretiki bilim arkaly amal edip bolmaz. Diňe Hudaýyň söýgüsi babatda şahsy tejribe edinenimizden soň, biz öz durmuşymyzy we nikamyzy alan çagyrylyşymyza mynasyp tärde bina edip bileris.

Ýokarda mysal getirilen parçada Pawlus nika durmuşynda amal edilmeli hereketleri ýatladýan zatlar barada aýdýar: pes göwünli we ýumşak bolmak, sabyr-takatly bolmak, biri-biriňe geçirimli bolmak, özüňizi bütewülikde saklamaga dyrjaşmak. Efesliler kitabynyň indiki babynda nika baradaky meşhur aýatlaryň bolmagy tötänleýin zat däldir. (Bu aýatlaryň Pawlusyň hatynyň asyl nusgasynda bolmandygyny, olaryň XIII asyrda ýygnak tarapyndan goşulandygyny belläp geçmeli.) Eýsem Efeslilere hatyň ilkinji dört babynda Pawlus okyjylarynyň ýüreklerini öz paýlaşmakçy bolýan pikirine – nika baradaky çürt-kesik hakykata, ýagny Hudaýyň söýgüsi baradaky bilimi talap edýän hakykata taýynlaýdymyka?

Hakykat bolsa şundan ybarat: siz kimdir birini (öz ýanýoldaşyňyzy ýa-da başgalary) hakykatdan-da söýüp başarmagyňyz üçin, ilki Hudaýyň size bolan söýgüsiniň çuňlugyny duýmalysyňyz. Hudaýyň söýgüsi baradaky bilimiňiz kimdir biriniň aýdan maglumatlaryna daýanmaly däl. Siz muny hut özüňiz başdan geçirmeli. Siz Isa Mesihiň söýgüsini öz durmuşyňyzda başdan geçireniňizden soň, "siz Hudaýdan gelýän durmuş kämilliginden we gujur-gaýratdan dolup bilersiňiz". Diňe şundan soň siz öz çagyrylyşyňyza mynasyp tärde ýaşap bilersiňiz. Mynasyp durmuşda ýaşamak we söýmek üçin zerur bolan gujur-gaýrat Hudaýyň size bolan çäksiz söýgüsini bilmekden döreýändir.

## Nikanyň Maksady

Eger siziň maksadyňyz Isa Mesihiň ýerdäki wekili bolmak bolsa, onda nikaňyzyň maksady näme?

Geliň şundan başlalyň: Hudaý söýgüdir. Söýgi – bu Hudaýyň haýsydyr bir edýän işi däl. Söýgi bu Hudaýda bolan haýsydyr bir zat hem däl. Söýgi – bu Hudaýyň hut Özüdir. Nika bolsa söýgi däbidir, Hudaý tarapyndan döredilen ilkinji däpdir. Nika Hudaý tarapyndan döredilen ilkinji däp bolmak bilen çäklenmän, eýsem Hudaýyň bize bolan çuňňur söýgüsiniň nyşanydyr. Ol bu nyşany Özüniň bize bolan söýgüsiniň çuňlugyny we sadyklygyny görkezmek üçin ulanýar. Gelin we öýlenýän ýigit – Ýygnak bilen Isa Mesihiň nyşanydyr.

Bu çuňňur nyşan has düýpli sebäpleri we niýetleri düşündirýär. Bu sebäpler we niýetler köp adamlar tarapyndan saýgarylmasa-da, nika adatlarynyň bozulmagyna kömek edýär. Nika baglanyşygyna abanýan howp (onuň kesgitlemesine, niýetlenmesine we Hudaý tarapyndan berlen köklere) diňe syýasy we sosial öňegidişlik bilen şertlendirilen däldir. Mukaddes Ýazgylar biziň "söweşimiz ynsanlara garşy" däldigini, duşmanymyzyň bolsa hökümet ýa-da haýsydyr bir gurama däldigini aýdyň aýdýar (ser. Efeslilere hat 6:12). Biziň gadymy duşmanymyz, janlarymyzyň duşmany bardyr; ol Hudaý tarapyndan berlen birleşigiň asyl manysyny ýoýup, üýtgedip, dyngysyz işleýändir. Ol nika hüjüm edip, Hudaýyň Öz halky bilen aragatnaşygynyň, Onuň bize bolan söýgüsiniň asyl manysyny bütinleý üýtgedýänçä, nikadan el çekmeýär. Şeýtan Hudaýyň özgerdiji söýgüsini bilip, ony kabul etmegimizi islemeýär. Emma Hudaýyň merhemeti arkaly biz bu duşmany derbi-dagyn edip, Hudaýyň biz we maşgalalarymyz üçin taýýarlan ähli zatlaryny kabul edip bileris.

## Isa näme pikir edýär?

Hudaý nikany döretmek bilen çäklenmedi. Ol nikanyň meýilnamasyny, üýtgewsiz maksadyny hem kesgitledi. Nika barada

dürli jedelleriň ýüzlerçe ýyllap dowam edýändigine garamazdan, Hudaý ilkibaşdaky bu maksadynyň goragynda berk dur. Geliň, Isa Mesihiň fariseý bilen nika barada eden gürrüňleriniň iň meşhuryna garap geçeliň:

> "Isanyň ýanyna gelen käbir fariseýler Ony synap görmek üçin: 'Bir adamyň her hili bahana arap, öz aýalyndan aýrylyşmagy kanuna dogry gelýärmi?' diýip soradylar. Isa hem: 'Siz näme, "Ýaradanyň Özi owal-başda ynsanlary erkek we aýal edip ýaratdy" diýen sözleri okamadyňyzmy? Şol sebäpden hem erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen birleşýär we olaryň ikisi bir ten bolýar. Şeýlelikde, olar indi iki däl, bir tendir. Şonuň üçin hem Hudaýyň birleşdirenini ynsan aýyrmasyn' diýdi" (Mattanyň hoş habary 19:3-6).

Fariseýler kanuny bilmek bilen çäklenýärdiler, ýöne Isa Mesih olaryň söýginiň güýjüne düşünmeklerini isläpdi.

Biz Hudaýyň ilkibaşdan erkegi we aýaly biri-biri üçin ýaradandygyny inkär edip bilmeýäris. Olar öz ene-atalaryndan aýrylyp, diri birligi emele getirmek üçin nikalaşýarlar. Iki jyns özara biriginden soň, olaryň bu bütewüligini hiç kim bozmaly däldir.

## Hudaý näme üçin nikanyň bozulmagyny halamaýar?

Mukaddes Ýazgylar nikany bozmaklygy Hudaýyň sungat eserini harama çykarma diýip atlandyrýar. Nika – bu Hudaýyň sungat eseridir, Onuň ýaradan birikmesidir. Şonuň üçin-de, bu ýagdaý nikany bozmaklygy gaty erbet nejislige öwürýär.

Harama çykarmak – bu mukkades bir zady depgelemek, ony bisarpa tutmaklykdyr. Harama çykarmak diýen düşünje öz içine Hudaýa dil ýetirmek, myjabat ýapmak, masgaralamak, pislik etmek, mertebä degmek, kanuny bozmaklyk ýaly düşünjeleri alýar. Bu düşünjeleriň hemmesi zorluk bilen baglanyşyklydyr. Biz Mukaddes Ýazgylaryň The Message diýen terjimesine salgylandyk, ýöne bu kitabyň islendik terjimesi Hudaýyň birikdiren jübütiniň

aýrylyşmagynyň agramy barada aýdýar. Şonuň üçin-de, biz Isa Mesihiň hemme nikalar barada aýdýandygy barada ynamly netije çykaryp bileris.

Meşhur sungat ussady Leonardo da Winçiniň "Mona Liza" atly suratyny haýsydyr bir wagşy haraplasa, dünýäniň muňa nähili seslenjegini göz öňüne getirip bir görüň. Ýaýlymdaky täzelik habarlarynyň her çykyşynda bu waka gaýta-gaýta agzalardy. Şeýle sungat eserini haraplan jenaýatçy jemgyýet tarapyndan hököm edilip, galan ömrüni tussaglykda geçirmegi ahmal. "Jenaýatçy dünýä sungatynyň iň ajaýyp eserini haraplamaga nädip milt etdikä?!" – diýen ýaly soraglar gaýta-gaýta ýaňlanardy. Leonarda bolsa gabryndan towsup çykardy.

Hawa, Hudaý Öz ýaradan zatlarynyň arasynda nika iň çeper sungat eseri hökmünde garaýar. Isa Mesihiň fariseýlere beren jogabyndan Hudaýyň nika babatdaky pikiri mese-mälimdir. Olar Isanyň aýdanlaryna hiç garşy çykyp bilmänsoňlar, Oňa jogap berip bilmediler. Fariseýler nika babatda Hudaýyň ilkibaşdaky meýline düşünip bilmänsoňlar, Musanyň kanunyny tutaryk edindiler. Şeýle tutaryk olara nikany bozmaga ygtyýarnama boldy.

> Fariseýler Isadan: "Onda näme üçin Musa talak hatyny ýazyp, aýrylyşmaga ygtyýar beripdir?" diýip soradylar. Isa olara: "Musa siziň doňýürekdigiňiz üçin aýalyňyzy aýyrmaga ygtyýar berdi, emma owal-başda beýle däldi. Men size owal-başdaky bolan zat barada aýdýaryn, kim wepaly aýalyndan aýrylyşyp, başga birine öýlense, kanun boýunça günä edýändigini aýdýaryn" diýip jogap berdi (Matta 19:7-9, The Message).

Adamlaryň doňýürekliligi zerarly Musanyň kanunynda aýrylyşmak babatda eglişik edildi. Hawa, bu eglişikdi, ýöne Hudaýyň ilkibaşdaky meýli däldi. Aldanmaň, Hudaý aýrylyşmagyň netijelerini ýigrenýär. Är-aýal aýrylyşanda, Hudaýyň beýik syry (Efes. 5:31-32) haraplanyp, weýran edilýär.

## 4-nji gün

### Täze ýürek

> “Men size owal-başdaky bolan zat barada aýdýaryn, kim wepaly aýalyndan aýrylyşyp, başga birine öýlense, kanun boýunça günä edýändigini aýdýaryn” (Matta 19:9, The Message).

Ýene-de gaýtalaýaryn: Isa bize başarmajak zadymyzy tabşyrmaýar. Ol muny amal etmek üçin bize ilki gujur-gaýrat berýär. Isa Mesih bize Hudaýyň nika babatdaky ilkibaşda niýetlänlerini tabşyrmak bilen, bize şony amal etmäge başarnyk berýär. Musanyň kanuny doňýüreklilige ýol beripdi. Emma Isa Mesihiň gurbanlygy arkaly biz daşdan däl-de, Mukaddes Ruhdan doglan täze ýüregi kabul edýäris.

> “...Size täze ýürek bererin, içiňize täze ruh salaryn. Daşdan bolan ýüregi göwräňizden çykaryp, size etden bolan ýürek bererin” (Ezek. 36:26).

Biz şu sözleriň ýaňyny Täze Ähtde hem eşidýäris. Resul Pawlus bizi şu sözleri bilen ruhlandyrýar:

> “Mukaddes Ruh arkaly ýüregimiz Hudaýyň söýgüsinden dolup-daşýar (Rim. 5:5).

Bu öz ýüreklerimizi özümiz özgerdip bilmeýäris. Bu Hudaýyň güýjüne we Onuň söýgüsiniň gudratyna baglydyr. Bu güýji we gudraty kabul etmeklik we tabyn bolmak bolsa bize baglydyr. Hudaý Öz söýgüsini kabul etmekde bizi mejbur etmeýändigini ýatda saklaň. Ol örän ýumşakdyr, Öz söýgüsini bermek üçin bizden asylyşyp ýatmaz.

Biziň indi Isa Mesihiň söýgüsini kabul edip bilýän täze ýüregimiz bar. Şonuň üçin-de biz indi Hudaýyň nika we aýrylyşmak babatdaky niýeti barada Isa Mesihiň aýdan çylşyrymly sözlerini kabul etmäge ukyplydyrys.

Mukaddes Ýazgylaryň The Message atly terjimesi wepaly ýanýoldaşyndan aýrylýan adam babatda “jogapkär” (ýagny kanun

boýunça jogapkär, ýuridik esasda jogapkär diýen manyda) diýen sözi ulanýar. Munuň gaty kyn tabşyryk bolup görünmegi ahmal, ýöne Hudaý bize ony berjaý edip bilerimiz ýaly, Öz merehemetini bermäge taýýardyr. Emma syýahatyň ýeňil däldigi sebäpli jübütleriň köpüsi kynçylygy ýeňip geçmekden orta ýolda el üzýärler.

Geçirilen bir barlagyň netijesinde şeýle maglumatlar alyndy: nikalarynda betbagtdyklaryna garamazdan, maşgalany bozmadyk jübütleriň üçden ikisi bäş ýylyň dowamynda bagtly jübütlere öwrülýärler. Şonuň üçin-de, nikaňyzdan el üzmäň! Biz siziň nikaňyzyň edil şu pursatda nähili ýagdaýdadygyny bilmeýäris, ýöne özüňizi çykgynsyz ýagdaýda duýýan bolsaňyz-da, umydyň bardygyny bilip goýuň. Çykalganyň iki ädim uzaklykda bolmagy gaty ahmal. Isa Mesih oňat nikalary öňküsinden-de oňat, bozulan nikalary bolsa dikeltmek üçin gelipdi*.

## Kadadan çykma

> "...Men diňe aýalyň ýa-da äriň zyna eden ýagdaýynda kadadan çykyp bolar diýýärin" (Matta 19:9, The Message).

Isa Mesih ilkibaşda niýetlenilen kadadan çykmanyň bardygyny açyk aýdýar. Emma hatda zyna edilen ýagdaýynda hem nikany bozup-bozmazlyk çözgüdi bardyr. Eger ýanýoldaşyňyz size biwepalyk eden bolsa, siz onuň bilen galmaga borçly dälsiňiz, ýöne ondan aýrylyşmaga-da borçly dälsiňiz. Ýöne haýsy çözgüdi kabul edendigiňize garamazdan, siz ony hökman bagyşlamalysyňyz.

Bagyşlamak bilen ýaraşmagyň arasynda uly tapawut bar. Siz özüňizi talan ogryny bagyşlamalysyňyz, ýöne bu ogryny öýüňize çagyrmaly diýen zat ýok. Äht we ynam gödeklik bilen bozulandan

* Siz özüňiziň ýa-da çagalaryňyzyň janyna howp salynýan ýagdaýlarynda galmaly dälsiňiz. Eger ýanýoldaşyňyz siz babatda zorluk hereketlerini amal edýän bolsa, howpsuzlykda galmagyň çärelerini görüň. Öz ýygnagyňyza ýa-da degişli döwlet edaralaryna ýüz tutup, goldaw we kömek soraň.

soň, ýaraşyk diýen zat diňe iki ýanýoldaşyň öz gatnaşyklaryny dikeltmäge ukyply bolan ýagdaýynda bolup biler.

Biz biwepalyk belasyna uçrap göremzok, ýöne dostlarymyzyň arasynda bu belanyň elhençligine duçar bolanlaryň ýanynda bolupdyk. Bu jübütleriň käbirleri ýaraşyp, nikany bozmazlygy karar etdiler. Olar ozalky ynamy we bozulan ähti dikeltmek üçin köp yhlas etdiler. Biwepalyk eden ýanýoldaşlar toba geldiler. Geliň, şuny aýdyňlaşdyraly: toba etmezden ýaraşyk bolup bilmeýär. Hatda çäksiz rehim-şepagatdan doly Hudaý hem Onuň bilen ýaraşmazymyzdan öň aňymyzy we ýüregimizi özgertmek üçin toba etmegi talap edýär.

Biz ýaraşyp bilmedik jübütleri hem tanaýarys. Olara ýazgarylmagyň agramyny duýmak gerek däl. Isa Mesih biwepalygyň näderejede agyr degýändigi bilensoň, eglişik etdi. Biz Hudaýyň aýrylyşmak urgusyna duçar bolanlary ýalkaýşyny, olary dikeldişini hem gördük.

Eger siz aýrylyşmak ýagdaýyny başdan geçiren bolsaňyz, munuň sizi çäklendirmegine ýol bermäň. Bu siziň geçmişiňiz bolsa-da, gelejegiňizi kesgitlemeli däldir. Geçen zatlar siziňki däldir. Olar Hudaýa degişlidir. Janymyzyň duşmany geçmişiňizi Hudaýyň siz babatdaky gelejekdäki niýetini bozmak üçin ulanar. Şuny berk ýatda saklaň: Hudaý size şu güni berdi, siziň şu gün etjek çözgüdiňiz düýnki günüňizi dälde, geljek günüňizi kesgitlär. Eger siz nädogry çözgüt eden bolsaňyz, Hudaýyň danalygyny we güýjüni kabul ediň. Toba etmek bilen özüňizi Hudaýa tabyn ediň-de, Onuň merhemetiniň gudratyny duýuň. Çünki Hudaýyň merhemeti iň kyn ýagdaýlary hem özgerdip bilýändir.

## Men çykgynsyz ýagdaýa düşäýdimmi?

Isa Mesih Hudaýyň nika babatdaky niýeti barada aýdanda, Onuň sözleri çürt-kesik ýaňlanyp, belli kadalara laýyk gelmedik bolarly. Sebäbi Onuň sözleri şägirtleri ruhlandyrman, gaýtam olary ruhdan düşürdi. Olar zeýrenip, şeýle diýdiler:

“Eger är-aýalyň arasyndaky ýagdaý şeýle bolsa, *onda öýlenmezlik gowudyr*” diýişdiler (Matta 19:10, nygtama awtordan).

Çykgynsyz ýagdaý? Maşgala durmuşy babatda nähili elhenç garaýyş! Ýöne şonda-da käbirlerimiz Isa Mesihiň şägirtleri ýaly, nikany gysyjy we çaklendiriji ýagdaý kimin kabul edýäris. Ýalňyz erkekdir aýallaryň gör bak näçesi özlerine mynasyp däl adam bilen durmuş gurmaga gorkup, çykgynsyz ýagdaýa düşýärler.

Biz bolsa nika üçin esasy zadyň mynasyp adamy tapmaklyk däl-de, mynasyp adam bolmakdygyny öwrendik. Biziň aýdýanlarymyza dogry düşüniň: ýanýoldaş gözläniňizde, Hudaýa geňeşip, Mukaddes Ruhuň parahatlygyny gözlemek gaty wajypdyr. Ýöne biz köplenç haýsydyr bir mynasyp aýal ýa-da erkek gelip, biziň durmuşymyzyň ähli gädiklerini petiklär diýip pikir edýäris. Ynsanlaryň arasynda bu işi bitirip biljek tapylmaz. Bu işi diňe Hudaý başarýandyr. Siz kimdir birinde diňe özüňize gerek bolan häsiýetleri terbiýeläp bilmersiňiz. Siz Hudaýyň özgertme ukybyna bil baglap, şindiki ýa-da gelejekki ýanýoldaşy üçin özüni gaýgyrmajak aýal ýa-da är bolmaga ymtylmalysyňyz. Özüňizi ýanýoldaşyňyza bagyş etmekligiň dowamynda siz munuň diňe özüňiz üçin ýaşamaklykdan has ýakymlydygyna göz ýetirersiňiz.

Matta 6:22-de: “Bedeniň çyrasy gözdür” diýip ýazylandyr. Siz ýagdaýy şu gün nähili görýän bolsaňyz, ol gelejekde şolar ýaly-da bolar. “Çykgynsyz ýagdaýa düşerin” diýen pikir Hudaýyň nikaň arkaly seniň üçin etjek işlerini çäklendirýändir. Eger sen nikaňy umytsyzlyk duzagy ýaly görýän bolsaň, ol şeýle-de bolar. Seniň ruhy göreçleriňiň görýän zatlary hakykatdaky durmuşyňy, şol sanda nikaňy hem kesgitlär.

Siziň bize şeýle diýmegiňiz ahmal: “*Jon bilen Liza, siz juda köp zatlary soraýarsyňyz. Siz meniň öz durmuşymy ýanýoldaşyma ynanmagymy isleýärsiňizmi? Ýöne bu gülkünç ahyryn. Eger men diňe ýanýoldaşymyň isleglerini nazara alsam, onda öz isleglerim,*

*mätäçliklerim, umydym, arzuwlarym babatda näme bolar? Isa meniň bagtly bolmagymy isleýär. Siziň paýlaşan zatlaryňyz oňat pikir, hawa, şeýle pikirlere ymtylmagymyz gerek”.* Biz sizi şu babatda ynandyrasymyz gelýär: Hudaý dogrudan-da siziň bagtly bolmagyňyzy isleýär. Ýöne bagt diýlen zat has beýik maksadyň we ymtylmalaryň önümidir. Bagt beýik maksada ymtylmagyň dowamynda döreýär. Islendik maksada ýetmeklik bolsa sizden öz janyňyzy aýamazlygy talap eder. Hakyky bagta egoizmi düýbünden ýok etmek arkaly ýetip bolýandyr. Nika bolsa egoizm bilen göreşmegiň iň oňat usulydyr.

Timoti we Keýt Keller şeýle ýazýarlar: “Eger är-aýalyň ikisi-de: ‘Men egoizme, ýagny diňe özüňi bilmeklik ýaly häsiýete nikamyzyň esasy kynçylygy hökmünde garaýan’ diýip aýtsa, onda nikaňyzyň ajaýyp nika öwrülmegine mümkinçilik bar. Sebäbi egoizm bizi ajaýyp nikadan lezzet almagymyza böwet bolýar. Eger nikaňyzda agzalalyklar döreýän bolsa, munuň egoizmden döreýän bolmagy gaty ahmal”.

## 5-nji gün

## Nikanyň belentligi

“Emma Isa olara: ‘Hemme adamlar nika durmuşy bilen ýaşar ýaly derejede kämil däldir. Munuň üçin belli bir ukyp we merhemet gerekdir. Nika hemmeler üçin däldir. Käbir adamlar dogabitdi nika barada pikir edýän däldir, käbirleri hiç haçan soramaýarlar ýa-da kabul etmeýärler. Başga birleri bolsa Gögüň Şalygynyň hatyrasyna hiç kim bilen durmuş gurmaýarlar. Emma *siz nika belentliginde ösmäge ukyply bolsaňyz, onda muny ediň*’ diýdi” (Matta 19:11-12, The Message, nygtama awtordan).

Şägirtler öýlenmezlik gowudyr diýip pikir edýärkäler, Isa Mesih olaryň barlygynyň çäklerini giňeldip bilýän güýç barada aýdýar. Ol nika duzak hökmünde garamaýar. Ol muňa seniň durmuşyňy giňeldýän zat hökmünde garaýar.

Nika oňa gatnaşýanlaryň sanyny we gymmatlygyny kemeldýän ýaly bolup görünmegi mümkin, sebäbi iki ynsan bir ynsana öwrülmeýärmi näme? Aslynda welin nika kemeltmän, gaýtam köpeldýändir. Iki ynsan birigende, durmuşyň her bir çäginde köpelme bolýar. Hudaý How enäni ýaradandan soň, Adam ata köpelip-örňemek barada buýruk berdi, bu buýruk diňe çagalary dünýä indirmek bilen çäklenmeýärdi. Nikadaky köpelmäniň hakyky güýjüni san bilen kesgitlemek mümkin däl, ol ölçärden juda uludyr.

Eger biziň nikamyz bolmadyk bolsady, onda siz şu kitaby (ýa-da biziň ýazan islendik başga kitabymyzy) okamazdyňyz diýip ynamly aýdyp bilýäris. Biziň her birimiz ozal ýönekeý durmuşda ýaşaýardyk. Meniň (Jon) şu günki şahsyýetim Hudaýyň merhemeti we Onuň maňa beren sowgady, ýagny aýalym Liza arkaly kemala geldi. Bize maşgala gatnaşyklarymyz hemişe aňsat boldumy? Elbetde ýok! Ýöne Hudaý meniň durmuşymy hemmetaraplaýyn özgertmek üçin biziň nikamyzy ulandy.

Men (Liza) hem Jon ýaly pikir edýärin we ýanýoldaşym arkaly durmuşymy şeýle giňeldeni üçin Hudaýy alkyşlaýaryn. Biz durmuş guranymyzda, men adamlardan diýseň gorkýardym. Bu esasan-da meniň ynamsyzlygym zerarly bolýardy, sebäbi men bäş ýaşymdakam rak keseli zerarly bir gözümden mahrum bolupdym. Jon meniň gorkym barada bilýärdi, ýöne ol hemişe Hudaýyň meniň durmuşymdaky sowgady barada aýdýardy. Onuň ruhlandyrmasy maňa Hudaýyň maksadyna ýol bermäge kömek etdi, meniň durmuşym giňeldi we men adamlara köp hyzmat edip başlanyma özüm-de haýran galdym.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Hudaý köpelip-örňemek barada buýruk berende diňe nesil öndürmegi göz öňüne tutmandy. Ol erkek bilen aýalyň birikmeginiň (bu ýönekeý matematiki amal: bir goşmak bir) netijesinde köpelmeklik üçin mümkinçilikleriň dörejegine düşünýärdi. Şu esas durmuşyň hemme taraplaryna: hünäre, maşgala durmuşyna, ruhy durmuşa we ş.m. degişli bolup biler. Hudaý

nikamyzda biziň çäklerimizi giňeldip bilýän mümkinçilikleri berdi. Eger siziň durmuşyňyzda ýalkanyşlar we köpelme ýetmezçilik edýän bolsa, onda bu agzalalygy bes edip, öz ýanýoldaşyňyza mylakatly sözleri aýdyp, oňa söýgiňizi bildirip başlamaň.

## Bu aňsat däl

Ökde harby serkerde söweşde ýeňiş gazanmak üçin duşmany we onuň hereketlerini saýgaryp başarmalydygy barada aýdar. (Futbol komandalary garşydaşlarynyň oýun ýazgylaryny näme üçin köp wagtlap synlaýandyklary barada oýlanypmydyňyz?) Duşman nika, aýratynda mesihileriň nikasyna hüjüm edende, ony weýran edip, är-aýaly aýrylyşdyryp, olaryň üstünden höküm sürmek isleýär. Muny bilmeklik bize duşmanyň hile-pirimlerine garşy durmaga kömek eder.

Biz öz nikamyz üçin söweşenimizde, Hudaýyň niýetiniň ugrunda söweşýäris. Şuny ýatda saklaň: nikany siz däl-de, Hudaý ýaratdy. Şeýtan nikany ýigrenýär, sebäbi nika – bu iki adamyň diňe seksual baglanyşygy däl, ol iki adamyň ruhy bütewüligidir. Nikaňyz şeýle ähmiýetlidigi üçin, ol garşylaga duçar bolýar. Emma siz baýragy almak üçin eliňizden gelenini etmelisiňiz (Filipililer 3:14). Isa Mesih bu aňsat bolar diýip aýtmandy. Gaýtam Ol bize şeýle sözler bilen ýüzlenipdi:

> "Hemme adamlar nika durmuşy bilen ýaşar ýaly derejede kämil däldir. Munuň üçin belli bir ukyp we merhemet gerekdir" (Matta 19:11-12, The Message).

Kämilik esasan-da ösmäge we öwrenmäge taýýar bolmakdan ybaratdyr. Garri Tomas özüniň "Mukaddes nika" atly kitabynda şeýle diýýär: "Eger siz Isa Mesihe meňzemek isleýän bolsaňyz, öýlenmekden başga has gowy usul ýokdur. Sebäbi maşgala durmuşynyň dowamynda siz başga ýagdaýlarda duş bolup bilmejek häsiýet aýratynlyklaryna duş gelýärsiňiz. Isa Mesih maşgala

durmuşynyň biziň kemala gelmedik häsiýetlerimizi synaljakdygyny aýdýar. Emma biz Onuň merhemetinde ösmäge isleg bildirsek (bu bolsa tabynlygy, pespälligi, sabyrlylygy talap edýär), onda kem-kemden nikanyň ajaýyplylygyndan lezzet alarys".

## Şertnama ýa-da äht

Adamlar köplenç nika ähtine şertnama ýaly garaýarlar. Bu bolsa kynçylyk döredýär. Şertnama bu hereketi çäklendirmek üçin döredilen ylalaşykdyr. Şertnama anyk şeýle diýýär: "Ine, bu araçäkler. Siz bu ylalaşygy bozup bilmersiňiz. Eger siz ylalaşygy bozsaňyz, men ondan çykmaga ygtyýarlydyryn". Başga sözler bilen aýdanyňda, çykgynsyz ýagdaýa düşmekden saklanýaryn.

*Şertnama baglaşmak* diýen işlik-de bar. Merriam-Webster sözlügi bu işlige şeýle kesgitleme berýär: "Gysyp çykarmak ýa-da bilelikde güýç ulanmak arkaly kiçeltmek". Nika bolsa biziň durmuşymyzy kiçeltmeli däl-de, ulaltmalydyr.

Hudaý biziň nikamyza ýönekeý bir şertnama hökmünde garamaýar. Ol ony ruhy äht hökmünde görýär. Bu ylalaşyk şeýle diýýär: "Men özümi tutuşlaýyn saňa tabşyrýan. Meniň tutuş durkum, mendäki ähli zatlar seniňkidir, sendäki ähli zat meniňkidir. Biziň ähli etjek zatlarymyz şeýle ajaýyp alyş-çalşygyň netijesinde köpeler, ulalar". Äht begenç bilen şuny ykrar edýär: " Men çykgynsyz ýagdaýda! Men muňa diýseň begenýärin!" Ine, bu ulalma gör nähili!

> Pawlus Efeslilerde şeýle ýazýar: "Eý, ärler, *Isa Mesihiň imanlylar ýygnagyny söýşi ýaly*, siz hem öz aýalyňyzy söýüň" (Efes. 5:25, nygtama awtordan).

Pawlus ärlere öz aýalyny Isa Mesihiň Öz ýygnagyny söýşi ýaly söýmegi ündeýär. Bu söýgi şertnama söýgüsi däl-de, äht söýgüsidir, ol şertnama "söýgüsinden" köp uludyr. Eý, ärler, siz käwagt söýgä mynasyp bolmasaňyz-da, Isa Mesihiň sizi söýýändigine

begenmeýärsiňizmi näme? Eýsem Isa Mesihiň siziň bilen bolan gatnaşygyna şertnama hökmünde däl-de, “çykgynsyz ýagdaý” hökmünde garaýandygy sizi begendirmeýärmi näme? Şonuň üçin-de, biz hem öz aýalymyzy söýmekde Isa Mesihden görelde almalydyrys. (Pawlus Efesliler 5:25-de aýdanlary bilen çaklenmeýär, ol bize aýalymyzyň ugrunda öz janymyzy gurban etmäge-de taýýar bolmalydygymyzy aýdýar. Gör, nähili tabşyryk!).

Pawlusyň Efeslilere hatynyň 3-nji babynda ýazanlary ýadyňyzdamy? Ol bu sözleri ýazmazdan ozal Hudaýyň Öz halkyna bolan çuňňur söýgüsini beýan edipdi. Iki bap yzýanyndan bolsa ol bize şeýle söýginiň maşgalalarymyzda bolmagyny, ýanýoldaşymyzy “Isa Mesihiň Öz Ýygnagyny söýşi ýaly” söýmegi wesýet edýär.

Biziň nikamyz Isa Mesihiň Öz Gelinligine bolan söýgüsini şöhlelendirmek üçin niýetlenendir. Eger Isa Mesihe iman edýän adamlaryň özara gatnaşygynda söýgi, güýç, ylalaşyk we jogapkärçilik bolmadyk bolsady, onda Isa Mesihi tanamaýan adamlar Onuň bilen gatnaşykda bolasy gelmezdi. Biziň nikalarymyzyň näderejede wajypdygyny görýäňizmi? Gürrüň diňe siz barada däl. Gürrüň Hudaýyň Öz söýgüsini tutuş dünýä ýetirmek islegi baradadyr.

Ozal belläp geçişimiz ýaly, öz ýanýoldaşyňyza bolan hakyky söýgi Hudaýdan kabul eden söýgiňiziň bolelinliginden döreýändir. Şeýle çuňňur söýgini emeli usulda döredip bolýan däldir. Şeýle söýgi Biribardan kabul edilmelidir, sebäbi Onuň söýgüsi ynsanyň akyl ýetirerinden juda beýikdir.

Ýöne şu ýerde bir zat belläp geçesimiz gelýär: Hudaýyň nikadaky gatnaşyklara bolan garaýyşlary ýönekeý däldir. Biziň nikamyzda gatnaşygymyzy çürt-kesik bes edesimiz gelen döwürleriniň bolandygyny aýdasymyz gelýär. Şol döwürlerde bar umytlarymyz ýom-ýok bolan ýaly bolup görnüpdi. Emma nikada otuz ýyl bile ýaşamyzdan soň, şu günki günde özümizi iň bagtly är-aýal diýip hasaplaýarys we indiki otuz ýyla umyt bilen garaýarys.

## Ýaşaýyş daragtymy ýa-da ölüm daragty?

Men (Liza) bagda işlemegi halaýaryn, emma Jon beýle däl. Ol bagyň öndürýän hasylyny halaýar, ýöne bu bagyň talap edýän agyr zähmetini halamaýar. Baga seretmek köp zähmeti, yhlasy we wagty talap edýär. Jonuň bagtyndan, biz Whole Foods dükanynyň golaýynda ýaşaýarys, şonuň üçin-de oňa bagda işläp, ellerini hapalamak gerek däl.

Ýöne meniň aýtjak bolýan zadym: nika hem bag kimin köp zähmeti, yhlasy we wagty talap edýär. Eger biz nikamyzyň sagdyn bolmagyny isleýän bolsak, onda “Tiz garbanyş” dükanlaryny unutmaly, edil bagda zähmet çekişimiz ýaly zähmet (bu örän peýdaly zähmet!) çekmeli. Näme üçin? Sebäbi biz zähmet çekip gazanan zadymyzyň gadyryny bilýäris; biz öz nikamyzyň gadyryny bilmeli.

Oňat (käwagt bolsa erbet) habar şundan ybaratdyr: siz öz nikaňyzda “eken” zatlaryňyzyň hasylyny durmuşyňyzyň dürli künjeklerinde orarsyňyz. Biz şu babyň başynda nika konsepsiýasyna ýaşaýyş agajy hökmünde garap geçipdik. Emma munuň tersine, ýagny ölüm agajy ýaly hem bolup bilýändigini bilip goýuň.

Geliň, Erem bagyndaky iki agaja dolanyp baraly.

*Agaçlaryň ikisi-de ýakymly şertlerde ösýärdi. Ýöne olaryň biri ýaşaýyş, beýlekisi bolsa ölüm getirýärdi.*

Hudaýyň nika instituty toprak kimindir, siziň şindiki ýa-da gelejekdäki nikaňyz bolsa agaç kimindir. Nika babatdaky ilkibaşdaky meýilnama siziň nikaňyzyň ösüp biljek oňat topragy kimindir. Ýöne onuň haýsy tarapa ösjegi welin size baglydyr. Nikaňyz ýaşaýyş getirýän agaja öwrülermi? Siziň ýanýoldaşyňyz, maşgalaňyz, dostlaryňyz we hyzmatdaşlaryňyz şol agajyň boý aljak döwründe söýgi, şatlyk we parahatlyk duýgularyny duýarlarmy? Ýa-da nikaňyz sustupeslik, diňe özüňi bilmeklik, agyry, ynjamaklyk ýaly “miweleri” hasyl berermi?

Käbirler adamlar nika institutyna kynçylyklaryň gözbaşy hökmünde garaýar. Başgalar bolsa öz ýanýoldaşyny günäkärleýärler. Bu garaýyşlaryň ikisi-de öz ýürekleriniň ahlaksyzlygyny boýun almagy we ony düzetmegi ret edýärler. Siziň ýagdaýyňyzda bu eýýäm beýle däldir diýip umyt edýäris.

Siz şu syýahata ugramazdan ozal kesgitli karara gelmelisiňiz. Siz öz nikaňyzyň Hudaýyň ol babatda niýetleýşi ýaly bolup bilýändigine we boljakdygyna berk ynanmalysyňyz.

Siz: "Men öz gözlerim bilen görenimde ynanaryn" diýip pikir edýän bolmagyňyz mümkin. Emma özgerişlige bolan ynam göze görünýän özgerişliklerden öň gelýändir, sebäbi Hudaýyň ähli wadalary iman arkaly berjaý bolýandyr. Oňat habarlaryň biri şundan ybaratdyr: siziň nikaňyz diňe siz dälsiňiz, ol ilki bilen Hudaýyň hut Özüdir. Siziň bar etmeli zadyňyz – özüňizi ele alyp, Hudaýa Öz işini etmäge ygtyýar bermelisiňiz. Sebäbi siziň nikaňyz Onuň sungat eseridir. Eger siz Oňa onuň üstünde işlemäge ygtyýar etseňiz, nikaňyz ajaýyp sungat eserine öwrüler.

## 1-nji gün. Günde okamak üçin

# NIKANYŇ MÖWSÜMLERI

*Her zadyň öz möwriti bar, gögüň astynda her zadyň öz wagty.*

—Wagyz kitaby 3:1

Bahar, tomus, güýz, gyş – biri-birinden tapawutly dört möwsüm. Her möwsümiň öz şatlyklary we kynçylyklary bolýar. Nika hem ýyl möwsümleri ýalydyr. Siz öz nikaňyzda şeýle möwsümleriň ençemesini başdan geçirersiňiz, käbirlerini bolsa gaýta-gaýta geçirersiňiz. Şeýle möwsümleriň her birinde öwrenmek we ösmek üçin köp mümkinçilikler bar. Awtor we ýygnagyň çopany **Çarlz Swindoll** ýyl pasyllary barada şeýle pikir ýöredýär:

> "Hudaýyň wagtlary we möwsümleri üýtgedýändigi gowy zat, siz hem şeýle pikir edýärsiňiz gerek?... Halypa dymmaýar, Ol muňa biparh garamaýar, -- Ol biziň wagtlarymyzy we möwsümlerimizi üýtgedýär. Şol bir gaýtalanyp durýan zatlaryň, biri-birini çalyşýan möwsümleriň arasyndan täze syrlaryň jogabyny bilmän, täze mukamlary öwrenmän, kör kimin yrgyldap geçmek nähili bidereklik! Möwsümler biziň içki dünýämiziň baýlaşmagy we Hudaýymyzyň ýörelgelerinde has paýhasly bolmagy öwrenmek üçin berlendir. Olar biziň "akar suwlar ýakasynda ekilen agaç kimin" bolmagymyz üçin berlendir.

Öz ýanýoldaşyňyz bilen geçiren iň ajaýyp möwsümiňiz barada näme aýdyp biljeksiňiz? Ol barada gysgajyk gürrüň beriň we onuň siz üçin şeýle aýratyn bolmagynyň sebäbini aýdyň.

__________________________________________________

__________________________________________________

__________________________________________________

Öz nikaňyzda duş bolan iň uly kynçylygyňyz barada näme aýdyp biljeksiňiz? Siz şol kynçylykdan nädip geçdiňiz? Reb size şol arkaly näme öwretdi?

______________________________________________________

______________________________________________________

______________________________________________________

*Ruhlanmak üçin, Wagyz kitaby 3:11; Rimlilere hat 8:28; 2-nji Korintoslylar 2:14-nji aýatlara göz aýlaň.*

Daş-töwerigiňize göz aýlaň. Siziň pikiriňizçe siziň nikaňyz häzir haýsy möwsümde? Şu möwsümden has köp lezzet almak üçin näme edip bilýäňiz?

______________________________________________________

______________________________________________________

______________________________________________________

***Säginiň we dileg ediň:*** *"Ýa Rebbim, ömrümiziň şu möwsüminden has köp lezzet almagymyz üçin näme edip bileris? Bize ähli zady Seniň gözleriň bilen görmäge kömek et. Şu möwsüm arkaly gelejekde orjak oňat hasylymyzyň gadyryny bilmäge kömek et. Rebbimiz Isa Mesihiň ady bilen dileg edýäris, omyn!"*

Ýyllar geçdigisaýy, siziň nikaňyzyň gaýtalanmajak "barmak yzlary" mese-mälim bolýar. Ümsümlikde oýlanmak üçin wagt tapyp, öz nikaňyzy üýtgeşik edýän zatlara baha beriň. Özüňizdäki ýa-da ýanýoldaşyňyzdaky ruhy sylaglar, zehinler, şahsy häsiýet, islegler, maksatlar, tejribe we ş.m. barada oýlanyň.

______________________________________________________

______________________________________________________

______________________________________________________

*Dileg edip, Mukaddes Ruhdan siziň özara gatnaşygyňyzyň özboluşlylygyny aýan etmegini soraň. Ol siz we ýanýoldaşyňyz akaly haýsy islegini amal aşyrmakçy bolýandygyny soraň. Mukaddes Ruhuň size aýan edenlerini ýazyň we soňra olary öz ýanýoldaşyňyz bilen paýlaşyň.*

2-nji gün. Günde okamak üçin

# NIKANY HUDAÝ ÝARATDY

*Nikany sen däl-de, Hudaý ýaradandyr. Onuň Ruhy nikanyň hatda iň owunjak zatlarynda mesgen tutandyr...*

— Malaky 2:15, The Message

Ilkibaşda, beýleki birlikler ýa-da birleşmeler berkarar edilmänkä, nika ýaradyldy. Ýygnagyň çopany we ökde gürrüň beriji Maks Lukadonyň sözleri bilen aýdanyňda: "Hudaý nikany ýaratdy. Muňa hökümet edaralary gatnaşmady, ony jemgyýetçilik guramalary ösdürmedi. Nika Hudaýyň aňynda döredilip ýaradyldy".

Nikany Hudaý ýaratdy, şonuň üçin-de ol Onuň üçin şeýle wajyp durýandyr. Şeýle bir wajyp welin, Ol hatda siziň aragatnaşygyňyzyň her bir ýagdaýyna gatnaşmak isleýär. Hudaýyň Sözünde şeýle diýilýär: "Siz Mukaddes Ýazgylardaky Hudaýyň bize beren ynsanlyk ruhy örän gabanjaňdyr diýlen sözler boş ýere aýdylandyr öýdýärsiňizmi?" (Ýakubyň haty 4:5).

Säginiň we pikir ediň. Siz nikaňyzyň her bir künjegine Hudaýyň Ruhuny çagyrypmydyňyz? Onuň maslahatlary siziň gündeki durmuşyňyz üçin wajypmy? Eger siz Ony diňe käwagt çagyrýan bolsaňyz, onda durmuşyňyz babatda näme diýip bolar?!

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Siziň bir aýratyn hukugyňyzyň bardygyny unutmaň: siz Hudaý bilen islendik wagt islendik ýerde islendik mesele barada gürleşip

bilýärsiňiz. Gorkudan, maddy kynçylykdan, kyn gatnaşyklardan ejir çekýäňizmi? Onda näme üçin Hudaýa dileg bilen ýüzlenmeýärsiňiz? Şu parçalary ünsli okap, Mukaddes Ruhuň size diýýänlerini ýazyň:

Filipililere hat 4:6-7 • Matta 6:25-34 • 1 Petrus 5:7 • Ýakubyň haty 5:13-16

____________________________________________________
____________________________________________________
____________________________________________________
____________________________________________________

Matta 7:7-11 • Ýohanna 14:13-14 • 1 Ýohanna 5:14-15

____________________________________________________
____________________________________________________
____________________________________________________
____________________________________________________

*Biz Hudaýa bil baglaýarys, sebäbi Onuň yradasyna görä näme dilesek, dilegimizi eşidýändigini bilýäris. Onuň ähli dileglerimizi eşidýändigini bilýän bolsak, Ondan dilän zadymyzy aljakdygymyzy-da bilýändiris.*

— 1 Ýohanna 5:14-15

Hudaý siziň nikaňyzyň uruş meýdanyna öwrülmegini islemeýär. Ol onuň siziň Erem bagyňyza, “zowky-sapaly we lezzetli ýeriňize” öwrülmegini isleýär. Siz öz durmuşyňyzda Hudaýyň haýsy zatlary özgertmegini isleýärsiňiz? Şu soraga jogap bereniňizden soň, Ondan şulary soraň: “Haýsy ýalňyşym şeýle ýagdaýyň döremegine sebäp boldy? Men özümde nämeleri üýtgetmeli?”

____________________________________________________
____________________________________________________
____________________________________________________
____________________________________________________

## 3-nji gün. Günde okamak üçin

# ISA MESIHIŇ ILÇILERI

*Biz Isa Mesihiň ilçileridiris. Hudaý erkekleriň we aýallaryň agzalalyklaryny bes edip, olary Onuň ýaraşdyrma işine girmäge ynandyrmak üçin bizi ulanýar. Biz şindi muny Isa Mesihiň adyndan aýdýarys.*

— 2 Korintoslylar 5:20, The Message

Gudratygüýçli Ýaradan Öz häsiýetini, islegini we ýer ýüzündäki ýollaryny dünýä aýan etmek üçin, bizi Özüne hyzmatdaş bolmaklygyň aýratyn hukugyny berdi. Bu her kime aýratynlykda we maşgala jübütlerine degişlidir. Awtor we missioner **Rik Renner** şeýle diýýär:

> "Pawlusyň 2 Korintoslylar 5:20-de aýdýanlaryna laýyklykda, biz Gögüň wekilleri – ilçileridiris. Biz Gögüň wekilleri hökmünde Ýere iberilen ilçilerdiris. Isa Mesihiň ilçileri hökmünde biz Gögüň sesidiris. Onuň ilçileri hökmünde biz Rebbiň hatyrasyna gürlemäge we hereket etmäge ygtyýarlydyrys. Biz Gögüň ilçileri hökmünde Gögüň ygtyýarlygy we baýlyklary arkaly doly goldanylýarys, maliýe üpjünçiligini alýarys, goralýarys we kömek alýarys".

Siz maşgala hökmünde Hudaýyň dünýädäki wekillerisiňiz. Ol siz arkaly ýüzlenip, iman etmedikleri Oňa dolanyp gelmekleri üçin olara ýalbarýar. Siz näderejede özüňize çekiji? Eger siz Hudaýy heniz tanamaýan bolup, hut siz ýaly bir maşgala duşan bolsadyňyz, olaryň gatnaşygyndaky haýsy zatlar sizi Hudaýa ymtyldyrardy? Haýsy zatlar Hudaýdan daşlaşdyrardy?

__________________________________________________________

__________________________________________________________

__________________________________________________________

__________________________________________________________

Isa Mesihiň bedeni bolan imanlylaryň dogry ýaşamadyk ýa-da söýmedik ýagdaýynda Hudaýyň ady harlanýar (ser. Rim. 2:24). Mukaddes Ruh saňa haýsydyr bir zady: garaýşyňy, hereketiňi ýa-da nikaňda Hudaýyň halamaýan zatlary üýtgetmelidigiňi görkezýärmi? Eger şeýle bolsa, nämeleri görkezýär?

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

*Sen höküm edilýändirin öýtme, ruhdan-da düşme. Mukaddes Ruh saňa nämeleri görkezýän bolsa, şolary-da üýtgetmek isleýär. Saňa bolsa özüňi Hudaýa tabşyryp, Ondan kömek soramak gerek.*

Rebbiň has mynasyp wekilleri bolar ýaly, biziň durmuşymyzda ösmeli we öwrenmeli çäklerimiz bardyr. Biz muny nädip amal etmeli? Rebbiň Ruhuna muny etmäge ygtyýar etmeli! Siz Hudaýyň söýgüsini kabul edeniňizden soň, öz ýanýoldaşyňyzy we töweregiňizdäki adamlary söýmek ukybyny hem kabul edersiňiz. Şu aýatlary ünsli okap, Hudaýyň söýgüsini kabul etmek we onda ösmek babatda Mukaddes Ruhuň saňa nämeleri aýan edendigini ýaz

Rimliler 5:5 • Efesliler 3:16-19 • 1 Ýohanna 4:7-17

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

*… Hudaý söýgüdir. Söýgüde ýaşaýan adam Hudaý bilen, Hudaý hem onuň bilen ýaşaýandyr. Şeýlelik bilen, söýgi bizde kämilleşip, kyýamat güni bize ynam berer. Sebäbi biz bu dünýäde edil Mesih ýaly ýaşaýarys.*

— 1 Ýohanna 4:16-17, TLB

# TÄZE ÝÜREK

*Size täze ýürek bererin, içiňize täze ruh salaryn. Daşdan bolan ýüregi göwräňizden çykaryp, size etden bolan ýürek bererin. Parzlarymy berjaý ederiňiz ýaly, Men sizi ruhum bilen dolduraryn; onsoň hökümlerimi doly ýerine ýetirersiňiz.*

— Ezekiel 36:26-27

Siz nika gorky ýa alada bilen ýakynlaşmagyňyz mümkin. Belki, şahsy aladalaryňyz ýa-da medeniýetiňiziň däp-dessurlary size nika ýük kimin garamaga mejbur edýändir. Belki, siz şowsuzlyk zerarly ýüregiňizi gatadansyňyz. Belki, siz hem "Çykgynsyz ýagdaýa düşäýdimmikäm?" diýip soran bolmagyňyz ahmal. Emma şuny bilip goýuň: Hudaý nikaňyzda her bir böwedi ýa päsgelçiligi aýryp, size täze ýürek, ýumşak we Onuň söýgüsine duýgur bir ýürek beresi gelýär. Şeýle ýürek nikaňyzyň güllemegine we Onuň ilkibaşdaky maksadyny amala aşyrmaga kömek eder.

Isa Mesih üçin siziň ýüregiňizden has wajyp bolan hiç bir zat ýokdur. Luka 8:5-15 aýatlary ünsli okaň. Şu parçada Mukaddes Ruh size näme görkezýär? Ol ýüregiňiz barada size nämeleri aýan edýär?

__________________________________________________
__________________________________________________
__________________________________________________
__________________________________________________

*Ekin tymsaly Matta 13:3-23-de we Markus 4:3-20-de hem duş gelýär.*

Sen öz ýüregiňde nämäniň bardygyny özbaşdak bilip bilmeýärsiň. Emma Reb ony aýan etmegi we oňa şypa bermegi başarýandyr.

Biraz sägin-de, şu hakykat barada oýlan.

> ...Reb her bir kalby synaýandyr hem ähli niýet-hyýallary bilýändir. Ony agtarsaň taparsyň....
>
> — 1 Ýyl ýazgylary 28:9

Ynsan ýüregi ähli zatdan hilegärdir. Oňa kim düşünip biler? “Men-Reb her ynsana tutan ýoluna, eden işlerine görä jeza bermek üçin, ynsanyň ýüregini barlaýaryn, pikirlerini synaýaryn”.

— Ýermeýa 17:9-10

Eý, Hudaý, meni barla-da, ýüregimi bil! Meni syna-da, pikirlerimi bil! Gör, men erbet ýoldan barýan bolmaýyn, ebedilik ýoluna meni ugrukdyr.

— Zebur 138:23-24

Sägin-de, dileg et: “Ýa Reb, öz nikam babatda ýüregimde nämeleriň bardygyny maňa görkez. Şypa berip bileriň ýaly, olary aýan et. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin, omyn”. Ümsüm garaş. Onuň saňa nämeleri aýan edýändigini diňle. Olary ýaz-da, ählisini Oňa tabşyr.

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Size Hudaýyň söýgüsini we merhemetini kabul etmegi isleýän täze ýürek gerekmi? Gökdäki Atamyz bize nika babatdaky meýlini amala aşyryp bilerimiz ýaly gujur-gaýrat bermezden, Özüniň bu meýliniň berjaý edilmegini bizden talap etmezdi. Geliň, hut şu pursadyň özünde Oňa dileg edeliň:

“Eý, Gökdäki Atamyz, biz öz nikamyz, maşgalamyz üçin Saňa minnetdardyrys. Öz nikama ýalňyş garamaga sebäp bolýan zatlardan, Seniň ýalkanyşyňdan uzaklaşdyrýan zatlardan meni azat et. Maňa Sen babatda örän duýgur bolan **täze ýürek** ber. Maňa **täze gözler** ber, goý, olar meniň nikama Seniň garaýşyň ýaly garasyn. Men erbet zatlara garaşman, iň ozat zatlara umut edip bilerim ýaly, maňa kömek et. Ähli edýän işlerimizde Seni ilkinji orunda goýmaga kömek et. Rebbimiz Isa Mesihiň ady bilen dileg edýäris. Omyn!”

## 5-nji gün. Günde okamak üçin

# NIKANYŇ BELENTLIGI

*...«Isa olara: "Hemme adamlar nika durmuşy bilen ýaşar ýaly derejede kämil däldir. Munuň üçin belli bir ukyp we merhemet gerekdir.... Emma siz nika belentliginde ösmäge ukyply bolsaňyz, onda öýleniň we durmuşa çykyň" diýdi».*

— Matta 19:11-12, The Message

*Giňeltmek.* Bu söz köpeltmegi, giňeltmegi, ýaýbaňlandyrmagy, güýçlenmegi aňladýar. Nikany ýaradan Hudaý siziň maşgalaňyzy giňelmegiň guraly hökmünde ulanmak isleýär. Eger siz Onuň ussatlyk bilen düzen meýilnamasyna ýol berseňiz, Ol ýanýoldaşyňyz arkaly işläp, siziň Isa Mesihe meňzemegiňize, ähli edýän işleriňizde bereket tapmagyňyza kömek eder.

*Demir demri, adam adamy ýiteldýändir.*

— Süleýmanyň pähimleri 27:17

Nikada gapma-garşylyklar biri-birini özüne çekýär diýen düşünje bar. Belläp geçilmeli zat: biziň tapawutlylygymyz bizi bütewi bir birlik bolmaga ukyply edýär. Emma wagtyň geçmegi bilen, ozal bizi özüne çeken zat indi bizde ýakymsyz duýgulary döredýär.

Ýanýoldaşyňyzyň haýsy häsiýetleri sizi ilkibaşda özüne çekipdi?

Ýanýoldaşyňyzyň haýsy häsiýetleri häzir sizde ýakymsyz duýgulary döredýär? Arabaglanyşygy barmy?

| Meni özüne çekýän 3 zat: | Mende ýakymsyz duýgulary döredýän 3 zat: |
|---|---|
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |

*Ýatda saklaň: siziň tapawutlylygyňyz sizi aýrylyşdyrmak üçin däl-de, birikdirmek üçindir.*

Hudaýyň Ruhy saňa we seniň ýanýoldaşyňa paýhas sözleri bilen sözleýär. Ol size diňe bilelikde dileg eden wagtyňyzda sözlemeýär. Ol köplenç size aýratynlykda, ýöne ikiňiziňem bilmeli zatlaryňyz barada sözleýär. Hudaý tarapyndan gönükdirilen, ýalkanan çözgüde gelmek üçin, Onuň siziň her biriňize beren düşbüligi gerekdir. Şu soraglara jogap bereniňde, dogryňy aýt:

______________________________________________

*Men durmuşymda öz ýanýoldaşym babatda (onuň paýhasyna, gönükdirmesine, sagdyn tankydyna) açykmy ýa-da ýapyk?*

______________________________________________

*Men haýsy zatlarda onuň üçin açyk? Haýsy çäklerde bolsa açyk däl? Näme üçin?*

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

Hudaýyň saňa beren ýanýoldaşy seniň şu günki ýagdaýyňy, häsiýetiňi emele getiren adamdyr. Ýanýoldaşyň sebäpli özüňde oňat tarapa özgeren hasiýetleriňden ýa-da durmuş ýagdaýyňdan bir mysal getir. Hudaý şu özgertmeleri durmuşyňy ulaltmakda nädip ulanýar?

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

*Sen öz durmuşyňy özgerdýändigi üçin ýanýoldaşyňa minnetdarlyk sözlerini aýdyp görüpmidiň? Eger aýtmadyk bolsaň, wagt tap-da, oňa ak ýürekden minnetdarlyk bildir.*

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

*Eger siz şu kitaby "Messenger" hyzmatynyň "Nika baradaky wakanyň" materiallarynyň bir bölegi hökmünde okaýan bolsaňyz, 1-nji wideosapagy görüň.*

1| Nika ilkibaşdan Hudaýyň ideýasydy. Ol nikany ýaratdy. Onuň nika babatda maksady we meýilnamasy bar. Gelip çykyş kitabynyň 1:27-28, 31-i we Malaky 2:15-i ünsli okaň. Hudaýyň nika babatda niýetlän bäş zadyny kesgitläň. Onuň gapdalyndan şeýtanyň nikany bozmak üçin berýän ýalan pikirleriniň bäşisini ýazyň.

| HUDAÝYŇ MAKSATLARY | ŞEÝTANYŇ ÝALANLARY |
|---|---|
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |

2| Hudaýdan bolan nika nikalaşanlaryň durmuşyna täsir edýär. Nikalary göreldeli bolan jübüti mysal getirip bilermisiňiz? Olara öz söýgüsini ýitirmän saklamak nädip başardýar? Öz nikaňyzyň ruhuny goramak üçin, olardan nämeleri öwrenip bilerdiňiz?

3| Isa Mesih şeýle diýýär: "Şeýlelikde, Hudaý bu iki jynsdan bir ten ýaratdy. Şonuň üçin-de, olary aýrylyşdyrmak arkaly Hudaýyň bu sungat işini hiç kim haraplamasyn" (Matta 19:6, The Message). "Bir ten" diýlende nämäni göz öňüne getirýärsiňiz? Şu pikir nikany täze, pozitiw durkda görmäge nädip kömek edýär?

4| Isa Mesih şeýle diýýär: "...Isa olara: "Hemme adamlar nika durmuşy bilen ýaşar ýaly derejede kämil däldir. Munuň üçin belli

bir ukyp we merhemet gerekdir.... Emma siz nika belentliginde ösmäge ukyply bolsaňyz, onda öýleniň we durmuşa çykyň' diýdi" (Matta 19:11-12, The Message). Nikanyň belentligi näme? Biz ony nädip duýup bilýäris?

5| Nika mukaddesdir. Ol iki adamyň: aýal bilen erkegiň arasynda ömürlik baglanyşylýan ähtdir. Siz şu sapagyň dowamynda öz nikaňyz üçin göreşmäge höweslendirip biljek näme eşitdiňiz? Haýsy netijeler size gelejege umyt bilen garamaga tutaryk berýär?

6| Isa Mesih: "Göz bedeniň çyrasydyr" diýip aýdýar (ser. Matta 6:22). Siziň zatlary görme usulyňyz ähmiýetlidir, sebäbi olar wagtyň geçmegi bilen hakykata öwrülýär. Bu aýratyn-da nika babatda şeýledir. Eger sen "men çykgynsyz ýagdaýda" diýen pikirden ugur alsaň, nämeler bolar?

Mukaddes Ýazgylar biziň ruhy söweşe gatnaşýandygymyz barada aýdýar (ser. Efes. 12-13 we 2 Kor. 10:3-4). Ýanýoldaşyňyz bilen siziň araňyzda döreýän kynçylyklara düşünmekde şu aýat nähili kömek edýär?

7| "Nika baradaky waka" atly kitap adaglananlara ýa-da heniz öýlenmedikler (durmuşa çykmadyklar), şeýle-de eýýäm durmuş guranlara kömek etmek üçin niýetlenendir. Siz şu agzalan toparlaryň haýsysyna degişlidigiňize garamazdan, şu kitapdan nämeleri öwrenmek isleýärsiňiz?

Eger siz şu wagt maşgalaly bolsaňyz, "hawa" diýmezden öň, nämeler barada bilmek islärdiňiz? Öz toparyňyzda heniz durmuş gurmadyklar bar bolsa, olara nähili paýhasly maslahatlary berip bilýärsiňiz?

## BABYŇ JEMLERI:

- Hudaý ynsan birleşmeleriniň arasynda ilki bilen nika birikmesini ýaratdy. Ol onuň kesgitlemesini aýdyň berdi. Bu kesgitleme üýtgewsizdir.
- Dogry nika ýaşaýyş agajyna meňzeýär. Biz Hudaýyň söýgüsini başgalara aýan edýän ilçiler bolmalydyrys. Hudaý şeýle ilçiler arkaly Erem bagynda birwagtlar weýran edilen ähli zatlary dikeltmegi teklip edýär.
- Hudaýy nikaňyzyň her bir çägine gatnaşmaga çagyryp, ony goraň. Şonda Hudaý Onuň söýgüsini kabul edip, başgalara berip bileriňiz ýaly täze ýürek berer, nikaňyza Onuň nukdaýnazaryndan garap bileriňiz ýaly göz berer.
- Diňe özüňi bilmeklik nikada iň uly kynçylyklary döredýän häsiýetdir. Bu häsiýet Hudaýyň siziň nikaňyz babatda niýetlän ajaýyp zatlaryndan lezzet almaga böwet bolýar.
- Nika edilýän hüjüm Hudaýyň Öz halky bilen bolan gatnaşygyna edilýän hüjümdir.
- Hudaý nikany biziň durmuşymyzyň her bir çägini giňeltmek üçin ýaratdy.



IKINJI BAP

# Başlanyňyzda, soňy barada oýlanyň

## 1-nji gün

Siz söýgi baradaky kinofilmleriň we kitaplaryň söýginiň diňe ilkinji tapgyryny beýan edýändigine üns beripmidiňiz? Özüňiziň iň söýgüli kinoňyz ýa-da kitabyňyz barada pikir edip görüň. (Biz munuň käbir adamlar üçin aňsat, başgalar üçin kyn boljakdygyna düşünýäris). Onuň sýužeti nähili? Baş gahryman öz söýgülisiniň daşynda perwana dek pyrlanyşyny göreniňizde duýgularyňyz dartgynlaşýar gerek?! Söýgüliler ilkinji posalaryna ymtylanda haýsydyr bir päsgelçilik döräp, olaryň ykbalyny üýtgedýän ýagdaýyň şaýady bolanyňyzda, siz oturgyjyňyza "çüýlenen" ýaly bolýarsyňyz. Şeýle wakalarda wagtlaýyn kynçylyklar: garşy durmaklyk, uly dawalar, tötänleýin şikesler hem bolýar. Ýöne biz olaryň nähili tamamlanjagyny eýýäm bilýäris. Söýgüliler olary biri-birinden jyda düşüräýjek kynçylyklardan üstün gelmäniň ýolunyň tapýarlar we waka "olar ömürleriniň ahyryna çenli bagtly ýaşadylar" diýen jümle bilen tamamlanýar.

Biz olaryň soňra bagtly ýaşandyklaryny bilýäris, ýöne nädip? Ajaýyp başlangyç wakanyň iň aňsat bölegi. Kyn işler wakanyň ortasynda we soňunda duş gelýär.

Biziň medeniýetimizde söýgi wakalarynyň başlanyşyna has köp üns berilýändigi mese-mälim zatdyr. Şeýle wakalarda söýgüliler öz toýlaryny meýilleşdirmek üçin birgiden wagty sarp edýärler, emma toý dabarasy tamamlanandan soň başlanjak durmuşlary barada maslahatlaşmaýarlar. Durmuşa çykýan gyz ajaýyp toý lybasyny saýlamak üçin gaty köp wagty sarp edýär, emma maşgala gurmak boýunça maslahata sanlyja sagat sarp edýär. Netijede, öýlenýän ýaşlar toý dabarasy bilen baglanyşykly şatlykly aladalar tamamlanandan soň hakyky durmuşyň hakyky kynçylyklary bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Toý günleri ajaýyp bolup, umytdan, şatlykdan we dabaralardan doly bolýar. Emma ýaşlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ajaýyp we umytdan doly bolmagy üçin, olar toýdan öň görkezen yhlaslaryny toýdan soňky durmuşlarynda hem amal etmelidir. “Ömürleriniň ahyryna çenli bagtly ýaşadylar” diýen düşünje biziň büdreýän düşünjämiz däl. Bu biziň seresaplylyk bilen ýönelip, ahyrda ýetmeli ýerimizdir.

Daş-töweregiňize göz aýlap, ynsanyň oýlap tapan we ýasan owadan bir zadyny saýlaň. Bu bir jaý, ulag ýa-da oturan oturgyjyňyz-da bolup bilýär. Haýsy zady saýlasaňyz-da, ol pikirlenilip, ussatlyk bilen edilen işiň netijesidir. Ýöne siz bu zadyň iki gezek döredilendigi barada oýlanypmydyňyz? Hawa, her bir zat iki gezek: birinji gezek aň-hyýalda, ikinji gezek bolsa hakykat ýüzünde döredilýär. Her bir zat maddy görnüşe geçmezden ozal aň-hyýalda döreýär. Ilkinji ädim dörediljek zadyň ahyrky görnüşini anyk görmekligi talap edýär. Ikinji ädim bolsa şol dörediljek zada sarp ediljek materialary we iş güýjüni talap edýär. Biziň döreden her bir zadymyz: isle nahar, isle-de depesi asmana uzap gidýän beýik bina – tapawudy ýok, ilki biziň aňymyzda, soňra bolsa maddy görnüşde döreýär.

Siz jaýyň çyzgylaryny taýynlamazdan, öý gurmagy arzuwlap-da bilmezdiňiz. Ýogsa bu gaty bulam-bujarlyk dörederdi. Owadan

jaýlaryň her biri oňat işlenip düzülen jaý çyzgylaryndan başlanýandyr. Jaýlar degişli meýilnamalar işlenilip düzülenden soň tutanýerli zähmet we oňat gurluşyk materiallary arkaly bina edilýändir.

Jaýyň taslamasy onuň çykdajylaryny kesgitlemekde hem wajyp orny eýeleýändir. Jaý gurluşygynyň çykdajylaryny bilmezden ony başlamak ýerliklimikä? Isa Mesih bize öz durmuşymyzy gurmagy öwredende bu babatda şulary aýdypdy:

> “Aýdaly, araňyzdan biri minara gurmak isleýär. Ol ilki oturyp, muny tamamlamaga pulunyň ýetip-ýetmejekdigini hasaplamazmy? Sebäbi minaranyň binýadyny tutup, soň işi tamamlap bilmese, muny görenleriň hemmesi oňa güler. Olar: ‘Bu adam muny gurmaga başlady, emma tamamlap bilmedi’ diýerler” (Luka 14:28-30).

Jaýyň gurluşygy babatdaky hakykat nika “gurluşygyna” hem degişlidir. Şunlukda, siz nähili nikany gurýarsyňyz? Siz çykdajylary hasapladyňyzmy? Nikanyň gurluşygy üçin gerek boljak çykdajylary etmäge taýýarmysyňyz?

Hudaý biziň nikamyzyň agyryda ýa-da masgaraçylykda tamamlanmagyny islemeýär. Ol nika doly bina edilmänkä, ondan el üzmegimizi islemeýär. Siz ýaňy-ýakynda nikalaşan bolsaňyz ýa-da eýýäm köp ýyl bäri nikada kynçylyklar bilen göreşip gelýän bolsaňyz – tapawudy ýok, Hudaýyň meýilnamasyndan peýdalanmak giç däldir. Biz Hudaý arkaly görnüşleri, gurallary we Onuň şan-şöhratyny şöhlelendirýän nikany bina etmek üçin gerek bolan gujur-gaýraty alýarys. Ajaýyp hakykat şundan ybarat: Hudaý siziň wakaňyzyň – Özüniň ajaýyp sungat eseri bolan nikaňyzyň bagtly bolmagyny isleýär. Dogrusy, Ol muny sizden-de köp isleýär.

Şu bapda bagtly ýaşamagyňyz üçin nika meýilnamasyny düzmäge kömek etjek hakykatlar bar. Biz nikamyzyň irki döwründe eden hereketlerimiz barada siziň bilen paýlaşmakçy. Bu hereketler nikamyzyň berk binýadyny esaslandyryp, onuň durmuşyň dürli möwsümlerinde berk durmagyna ýardam berdi. Şeýle-de biz sizi bagtly we ömürlik nika

eltjek meýilnamany düzmekde gerek bolan tärler we ugrukdyrmalar bilen üpjün ederis. Biz esaslar bilen başlap, amallar bilen-de tamamlarys. Bu bap diňe ýaňy-ýakynda öýlenenler ýa-da heniz öýlenmedikler üçin däl. Eý, nika weteranlary, siz-de öz aragatnaşyklaryňyza ter garaýyş bilen garamak üçin, bu bapdaky maslahatlardan peýdalanyp bilersiňiz. Biz bulardan eýýäm peýdalandyk.

## Hudaý başlanda, nädip tamamlajagy barada oýlanýar

Ilkibaşdan: "Biz muny näme üçin edýäris we nirä ýönelýäris?" diýip soramazdan, kimdir biri bilen äht baglaşmak gaty akmaklykdar. Her bir ähtiň degişli maksady we görnüşi bolmalydyr. Mysal üçin, Hudaýyň Ybraýym pygamber bilen eden ähtini alyp göreli. Ol Ybraýym bilen äht baglaşmazdan ozal onuň maksadyny we ahyrky görnüşini eýýäm anyk bilýärdi. Hudaý Ybraýymy näme üçin Öz halkynyň nesilbaşysy edip saýladyka? Biz her gezek muny soramyzda,:"Ybraýymyň Hudaýa bolan imany üçin" diýen jogaby eşidýäris. Hawa, Reb bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin iman gerek, ýöne Hudaý Ybraýymy başga sebäbe görä saýlapdy. Ol Ybraýymyň öz nesline Rebbiň ýolundan ýöremegi öwretjekdigini bilýärdi. Reb şeýle diýdi:

> "Dogruçyllyk hem adalatlylyk bilen *Rebbiň ýolundan ýöremekligi ogullaryna we nesillerine tabşyrsyn diýip*, Men Ybraýymy saýladym. Eger olar Meniň aýdanlarymy berjaý etseler, onda Men Ybraýyma beren wadalarymyň hemmesini ýerine ýetirerin" (Gelip çykyş 18:19, nygtama awtordan).

Hudaý hiç perzendi bolmadyk bu çarwadary saýlanda, Ybraýymdan has uzaga seredip, onuň tutuş neslini görüpdi. Hudaý üçin Ybraýymyň "*Rebbiň ýolundan ýöremekligi ogullaryna we nesillerine tabşyrmagy*" gaty wajypdy, sebäbi Ol onuň nesli arkaly adamzady halas etmegi isläpdi. Hudaý Ybraýym bilen Saranyň ýalňyşjakdyklaryny, ýöne asyl niýetleriniň dogrudygyny bilýärdi. Hudaý biziň bilen her haçan äht baglaşanda, giňgerimleýin pikir

edýär, sebäbi Ol eýýäm ertirki güni görýär we bizi şoňa ýetirmek üçin şu gün nämeleri başdan geçirmelidigimizi bilýär.

Hudaýyň Ybraýym bilen baglaşan ähti biziň durmuşymyza ýeter ýaly gerimde ýaýbaňlandy. Ybraýym öz imany arkaly perzentsiz çarwadardan ýyldyzlar kimin san-sajaksyz nesli bolan adama öwrüldi. Birwagtlar öz milletinden aýra düşen sergezdan ähli milletler üçin iman atasy boldy.

> "...Ybraýymdan beýik hem güýçli bir millet dörär. Ýer ýüzüniň ähli milletleri Ybraýymdan pata alarlar. ..." (Gelip çykyş 18:18).

Biziň durmuşymyz Ybraýymyňkydan tapawutlansa-da, şol bir esaslara daýanýar. Hudaý Öz ähtini ýaýratmaga ýardam berjek adamlary agtarýandyr. Siziň wakaňyz diňe siz we siziň ýanýoldaşyňyz bilen çäklenmeýär.

Siziň Hudaý bilen bolan gatnaşygyňyz arkaly aýan bolýan Hudaýyň ähtiniň ýetirýän täsiriniň dolulygyny diňe asman aýan eder. Hudaý siz we siziň çagalaryňyz arkaly her bir adama ýetmek isleýär. Ol siziň täsiriňiziň ýetýän çäklerindäki her bir adama ýetmek isleýär. Bu bolsa siziň Hudaý tarapyndan berilýän görnüşi kabul etmelidigiňizi aňladýar. Bu görnüş sizde tamamlanmaýar we ynsanyň çäkli akyly bilen çäklenmeýär. Hudaýyň siz babatdaky niýetleri gelejekki nesilleri hem öz içine alýandyr.

## 2-nji gün

## Hudaýyň çagalary

> "Nikany sen däl-de, Hudaý ýaratdy. Nikanyň hatda iň owunjak zatlarynda-da Onuň Ruhy mesgen tutandyr. *Ol nikadan näme isleýär? Ol ondan Hudaýyň çagalaryny isleýär...*" (Malaky 2:15, The Message, nygtama awtordan).

Hudaýyň çagalary – ine, Hudaýyň biziň nikamyzdan garaşýanlary. Eýsem Hudaý ýer ýüzünde çagalaryň köpden-köp dogulmagyny isleýärmikä? Hem hawa, hem-de ýok.

Malaky pygamberiň kitabynda Hudaýyň nikanyň çagalary köpden-köp öndürmegini isleýändigi barada aýdylmaýar. Bu ýerde Onuň Hudaý çagalarynyň köp bolanyny isleýändigi barada aýdylýar. Hudaý islendik ýaşdaky çagalary – Ony şöhratlandyryp, Onuň ýörelgesine eýerjek çagalary isleýär. Biz – Onuň ilçileri, şuny unutmaň. Onuň maksady – biz arkaly Özüni aýan etmekden ybarat.

Westminsteriň gysgajyk katehizisinde:”Ynsanyň esasy wezipesi – Hudaýy alkyşlap, Ondan baky lezzet almak” diýip ýazylgy. Biz bu pikiri diýseň halaýarys! Alkyşlamak – bu gündeki durmuşymyzda eşidýän ýönekeý bir sözümiz däl. Mukaddes Ýazgylarda bu sözüň ýygy-ýygydan ulanylýandygy üçin, biz ony haýsydyr bir ruhy we aýdyň bolmadyk zat ýaly kabul edýäris. Alkyşlamak – bu Hudaýy meşhur etmegi aňladýar. Hudaýyň islegi – biziň durmuşymyz, maşgalamyz we mirasymyz arkaly meşhur bolmak. Hudaýyň çagalaryny ýetirşdirmäge nikadan has köp ýardam edýän zat ýokdur diýip hasap edýäris.

Hatda siziň hiç haçan çagaňyz bolmasa-da, Hudaý sizi Öz çagasy etmekde nikaňyzy ulanmak isleýär. Ol sizi özgerdip, Öz şöhratynyň wekili edesi gelýär, sizi Gökdäki Ataňyza kybapdaş etmek isleýär. Siz öz durmuşyňyzy başga adam bilen paýlaşanyňyzda, Hudaýa has-da köp meňzemek mümkinçiligini alýarsyňyz. Biz dogruçyllyk häsiýetiniň lezzetler ummanynda emele gelmeýändigine üns berdik. Şeýle häsiýet maşgala ojagynyň küresinde saplanýandyr.

Men (Jon) nikany gyzgyn peje, durmuşymyzy bolsa gymmatbaha metal erginine meňzedýärin. Köräp duran peç ergine nähili täsir edýär? Ol ony garyndylardan saplaýar. Meniň nika ýüzügim sap altyndan ýaly bolup görünse-de, onuň takmynan 50%-mi başga metallardan ybaratdyr. Eger ony köräp duran peje oklasaň, ol beýleki metallardan saplanar. Biziň nikada duçar bolýan kynçylyklarymyz

hem şeýledir. Bu kynçylyklar: isle ownuk agzalalyklar, isle-de düýpli kynçylyklar – parhy ýok, biziň durmuşymyzdan garyndylary aýyrýarlar. (Käbir garyndylary aýyrmak üçin gaty ýokary derejedäki gyzgynlyk gerek bolýar.)

Nika biziň kemçiliklerimizi rehimsizlik bilen aýan edende, öz ýanýoldaşyňy aýyplamak ap-aňsat. Sebäbi bu ýetmezçilikler durmuş gurmankaňyz göze ilenokdy. Ýanýoldaşymyz "kemçiliklerimizi" ýüze çykarany üçin ondan göwnümiz geçýän bolsa, biz nikamyz arkaly Isa Mesihe has köp meňzäp başlaýandygymyz üçin Hudaýa minnetdar bolmaly. Sebäbi biziň ahyrky maksadymyz Isa Mesihe meňzemek ahyryn!

## Kynçylyklar döwründe maksady agtarmak

Biz peç bilen deňeşdirmäniň şatlykly däldigini bilýäris, ýöne bagta eltýän ýol hem ertekilerdäki ýaly aňsat däldir. Siziň wakaňyz käwagt öýlänki gezelenji däl-de, Ewerest dagynyň çür başyna dyrmaşmaklygy ýatlatmagy ahmal.

Gimalaý daglarynyň garly uçutlaryny boýun egdirmek isleýän gaýduwsyzlar Ewerest dagyna çykmak üçin iki zady ýatda saklamalydyrlar. Birinjiden, olar özleriniň emosional we fiziki mümkinçilikleriniň çäginiň synaljakdygyny bilmelidirler. Bu batyrgaý erkekler we aýallar nähili kynçylyklara duş boljakdyklaryny bilmeýärler, ýöne olar kynçylyklaryň boljakdygyny bilýärler. Ikinjiden, olar öz maksatlaryny – dünýädäki iň beýik daga çykmak maksatlaryny ýatda saklamalydyrlar. Olar üçin ýeňiş deňiz derejesinden 29029 fut (*8854 metr – awtoryň belligi*) beýiklige çykmak arkaly kesgitlenýär. Şeýle anyk maglumatlary bilmezden, syýahatçylar ilkinji kynçylyga duçar bolan badyna yzlaryna dolanarlar.

Nika babatda hem şeýledir. Eger biz synaglaryň öz wakamyzyň aýrylmaz bölegidigini bilsek, duýgularymyzyň, ruhy we fiziki ýagdaýlarymyzyň synalan ýagdaýynda berk durmagy başararys.

Eger gurmaga başlanymyzda soňy barada oýlansak, kynçylyklara duş bolanymyzda sarsmarys.

Isa Mesih ruhy kämillik taglymatynda Hudaýyň Sözüne iman edýänleriň muşakgatlara duçar bolup, yzarlanjakdyklary barada aýdýar. Bu sözler grek dilindäki asyl nusgada “flipsis” we “diogmos” diýip alnypdyr. Flipsis – bu “betbagtlyga, garşylyga, ruhy urgulara sebäp bolýan muşakgatlar, gynanç” diýmegi aňladýar. Diogmos – “kimdir birini kemsitmek we horlamak üçin niýetlenen maksatnama ýa-da iş” diýmegi aňladýar. Bularyň hiçisi-de ýakymly däl, ýöne olar biziň Hudaýa bolan imanymyzda ösmäge ýardam berýär. Resul Pawlus Isa Mesihiň aýdanlaryny gaýtalap, şeýle diýýär:

> “Diňe muňa däl, eýsem muşakgatlarymyza (flipsis) hem begenýäris, sebäbi muşakgatlaryň çydamy, çydamyň erjelligi, erjelligiň hem umydy döredýändigini bilýäris. Şeýle umyt bizi utandyrmaz, sebäbi berlen Mukaddes Ruh arkaly ýüregimiz Hudaýyň söýgüsinden dolup-daşýar” (Rim. 5:3-5).

Pawlus muşakgatlara we ezýetlere begenmelidigimiz barada ýazýar. Näme üçin? Sebäbi ezýetler häsiýetimiziň güýjüni ösdürmäge mümkinçilik berýär. Kynçylyklar bizi Hudaýa has köp meňzemäge ýardam berýän ýagdaýlary döredýär. Biz umyt arkaly teselli tapyp bilýäris, sebäbi Hudaýyň hemişe biziň bähbidimizi araýandygyny bilýäris. Ol bizi örän söýensoň, bize Öz Ruhuny berýär. Onuň Ruhy iň agyr kynçylyklarda-da ýüreklerimizi söýgüden doldurýar.

Mukaddes Ýazgylar şeýle-de Hudaýyň bize ezýetleri ibermeýändigi barada aýdýar. Muşakgatlaryň we ezýetleriň aňyrsynda şeýtan durandyr (ser. Mark 4:15 we Ýakup 1:12,13), ýöne Hudaý onuň betniýet niýetlerini onuň özüne garşy ulanar. Bizi Hudaýdan aýra saljak zatlar Halasgärimiziň elinde bizi Oňa meňzetjek gurala öwrülýär.

Duşmanyň nikany we onuň bilen bagly bolan ähli zatlary ýigrenýändigini ýatda saklaň. Ol biziň nikamyzy bozmak we oňa çendenaşa agram salmak üçin elinden gelenini gaýgyrmaz. Emma

biziň nikamyzyň gelejegi we Hudaýyň ähli kynçylyklarda ýardam berjekdigine bolan ynam duşmanyň hile-pirimlerine garşy durmaga güýç we umyt berýär. Hudaý nikamyza edilýän hüjümleri serpikdirmek bilen çäklenmän, eýsem has güýçlenmegimizi isleýär. Munuň syry nämäniň hatyrasy üçin (Hudaýyň maksady üçin) söweşýändigimizi, kime garşy (şeýtana garşy) söweşýändigimizi we biziň tarapymyzy kimiň (Hudaýyň Ruhy) tutýandygyny bilmekden ybaratdyr. Eger biz Onuň bizdäki işini amal edmezden öň nikamyzdan el üzmesek, imanymyz we umydymyz dogrudan-da kynçylyklarda bekär.

## Isa Mesih üçin “ömürboýy bagtly bolmak”

Isa Mesih hiç bir ynsanyň çekmedik ejirlerini çekdi. Ol, ýagny kämil Hudaý, adalatsyz we zabun ölümiň ejirlerini, kemsitmelerini başdan geçirmek üçin biziň birimiz kimin boldy. Ol Hudaý bilen ýaraşdyrýan ýoly açdy, ýöne gynansak-da, ynsanýetiň aglaba bölegi heniz-de Ony ret edýär.

Isa Mesih şeýle jebir-jepalara we ret edilmä nädip çydap bildikä? Munuň jogaby ýönekeý bolsa-da, örän çuň manylydyr: Ol Özüniň ahyrky maksadyny – “ömürboýy bagtly bolmaklygy” bir salym-da ünsden düşürmeýärdi. Biz Onuň mysalynda öz wakalarymyzyň suduryny görýäris:

> “Geliň, gözümizi ylgawymyzyň Başlygy we Amal edijisi Isa Mesihe dikeliň. Onuň muny nädip edendigine üns beriň. Ol Öz ymtylýan maksadyny – ajaýyp pellehana ýetip, Hudaý bilen bolmaklygy bir salym-da ünsden düşürmändigi üçin ähli zada: haça-da, kemsidilmä-dä, islendik zada döz geldi” (Ýewreýlere hat 12:2, The Message).

Isa Mesih nirä barýandygyny bilensoň, ähli zada döz geldi. Ol jebir-jepalaryndan üstaşary öňe seredip, berlen wadany görýärdi:

Mukaddes Ýazgylaryň English Standard Version terjimesinde “Ýewreýlere hat” 12:2-nji aýady şeýle terjime edilen:

> "...Geliň, gözümizi imanymyzyň gözbaşy we kämilleşdirijisi Isa dikeliň. Ol *gelejekdäki şatlyga gowuşmak üçin*, masgaraçylygy hiç saýyp, haçdaky ölüme döz geldi..." (Ýewreýlere hat 12:1-2, ESV, nygtama awtordan).

Düşündiňizmi? "Özüne niýetlenen şatlyga derek". Isa Mesih haça şatlandymyka? Elbetde ýok. Haça çüýlenjek gününiň öňýanyndaky gije Ol Atasyna ýalbaryp, goşmaça bir çykalga tapmagy sorady. Ýöne Isa Mesihde jübütleriň köpüsinde bolmadyk bir ukyp bardy: Ol ahyrdaky zatlary görýärdi. Ol ýagdaýlardan we kynçylyklardan üstaşary seredip, Onuň çözgüdi arkaly açylýan güýji we wada berlen zatlary görýärdi. Isa näme görýärdi? Biz munuň jogabyny "Efeslilere hatyň" 5-nji babynyň 25-27-nji aýatlarynda tapyp bilýäris.

> "Ol (Isa Mesih) Öz ýygnagyny suw bilen ýuwup, Hudaýyň sözi bilen tämizledi, ony Özüne mukaddes halk edinmek üçin, janyny gurban etdi. Ol muny Öz huzuryna tegmiltsiz, ýygyrtsyz, birkemsiz, ýagny *şöhratda mukaddes hem müýnsüz bir ajaýyp ýygnagy getirmek* üçin etdi" (Efesliler 5:25-27, nygtama awtordan).

Biz Isa Mesih üçin bagtly jemleme bolup durýandyrys. Biz Onuň gelejekdäki şatlygydyk. Isa Mesih Öz gelinligini, ýagny bizi Özi bilen ýaraşdyrmak üçin, haça döz geldi. Indi Ýygnak öz aýyply geçmişinden utanman, Onuň bilen duşuşyp biler, sebäbi ol Isa Mesih arkaly indi täze ýaradylyş boldy. Ine, biziň nikalarymyzda hem şeýle çydamlylyk, rehimlilik we şertsiz söýgi bolmalydyr. Munuň üçin bolsa ähli kynçylyklarymyzda bizi goldajak görnüşlerimiz we gelejege bolan umydymyz bolmalydyr. "Ýewreýlere hatyň" awtory bize ündew berip, şeýle ýazýar:

> "Siz aryp, imanda gowşaýandygyňyzy duýan wagtyňyzda, günäkärler tarapyndan şeýle garşylyga döz gelen Isa baradaky wakany gaýta-gaýta okaň. Bu siziň ruhuňyz üçin uly goldaw bolar" (Ýewreýlere hat 12:3, The Message).

Biziň hemmämiz wagtal-wagtal gowşaklyk duýýarys. Ine, hut şonuň üçin-de, hatyň awtory "eger" diýip däl-de, "wagtyňyzda"

diýip ýazýar. Beýik nika beýik imany talap edýär, sebäbi wepaly bolmaklyk imandan doly bolmaklygy aňladýar. Onuň taryhyny ýene-de bir gezek okaň. Siziň şindiki kynçylyklaryňyz her nähili bolsa-da, Onuň haçda döz gelen kynçylyklary bilen deňeşdirilende hiçdir. Siz öz ýanýoldaşyňyza wepaly bolmagyň özüňize kyn düşýändigine duýanyňyzda, Isa Mesihiň size nähili wepalydygyny ýada salyň. Onuň siziň bilen ýaraşmak üçin ähli zada döz gelendigini unutmaň. Onuň göreldesi sizi ruhlandyrar.

### 3-nji gün

## Oňat zatlara umyt baglamak

> ...Men Hudaýdyryn, Menden başga Hudaý ýokdur. Owaldan ahyra boljagy, heniz bolmadyklary aýan edýärin (Işaýa 46:9-10).

"Biziň Hudaýymyz ýaly hiç kim ýok" – diýen jümle gaýta-gaýta aýdylyp, lenç edilen bolsa-da, biz köplenç onuň güýjüni we hakykatyny unudýarys. Biz Hudaýyň çagalary hökmünde Oňa meňzemäge we Onuň tebigatyny kabul etmäge çagyrylandyrys. Biz ahyrda näme boljagyny aýdyp, iman arkaly öz durmuşymyzy, çagalarymyzyň durmuşyny, öz maşgalamyzy gurnap bilýäris.

Biz indi uzak we bagly durmuşyň duýdansyz ýerden peýda bolman, eýsem düşünje bilen gurnalýandygyny bilýäris. Onsoň şeýle sorag ýüze çykýar: "Uzak we bagtly ýaşamak üçin, men näme etmeli?" Siz şu aýatlary gaýta-gaýta okan bolmagyňyz ahmal, ýöne ony ýene-de bir gezek okaň:

> "Iman umyt edýän zatlarymyza bil baglamak we görmeýän zatlarymyza ynanmakdyr... Biz älem-jahanyň Hudaýyň buýrugy bilen ýaradylandygyna, şeýle hem, görünýän zatlaryň görünmeýän zatlardan dörändigine iman arkaly düşünýäris" (Ýewreýlere hat 11:1,3).

Biziň maksadymyz gelejekdäki uzak we bagtly durmuşy gurmakdyr, iman bolsa munuň hakykata öwrülmegi üçin gerek bolan gurluşyk materialydyr.

Biz Hudaý üçin heniz hiç bir mynasyp hereket etmänkäk, Ol bize eýýäm ynanýardy. Onuň Özüne bolan ynamy güýçli bolansoň, Ol bize hem ynanýar. Hudaý Özüniň güýjüniň biziň durmuşymyzda nähili sepgitlere ýetirip bilýändigini bilýär. Bize Hudaýyň çäksiz güýjünden lezzet almaga päsgel berýän zat ynamsyzlykdyr. Ynamsyzlygyň köki bolsa tekeplikdir.

Tekepbirlik men-menlik etmek ýa-da çendenaşa öz güýjüňe daýanmak arkaly aýan bolýar. Tekepbirligiň has inçe görnüşi hem bardyr. Ol öz-özüňi ýigrenmek, halamazlyk ýaly häsiýete bukulýandyr. Tekepbirlik her nähili görnüşi kabul etse-de, onuň asly şundan ybarat: tekepbirlik Isa Mesihiň haçda bitiren işi arkaly Hudaýyň halas edýän güýjüniň berýän ähli zatlaryny ret edýär. Isa Mesih sizi üýtgeşik şahsyýet etmek üçin Özüni gurban etdi. K.S.Lýuis şeýle ýazýar: “Biz ‘adaty adamlar’ diýip atlandyrylýanlar hökmünde hemme zada kaýyl bolup bileris, emma Ol biz babatda bütinleý başga meýilnamany amal edesi gelýär. Bu meýilnamadan el üzmek pespälligi däl-de, ýaltalygy we gorkaklygy aňladýar. Şeýle meýilnama eýermek şöhratparazlyga ýa-da özüňi beýgeltmek keseline ýolukmaklygy aňlatmaýar. Oňa eýermek – Hudaýa gulak asmaklygy aňladýar”. Biz Hudaýyň bize teklip edýän täsin durmuşyny kabul edýäris we özümiz bardaky pikiri Onuň üpjün etme derejesine çenli galdyrýarys.

Siz özüňiziň beýik nika mynasypdygyňyza ynanýarsyňyzmy? Ýa-da siziň aňyňyz:

*Meniň ýüküm juda agyr.*
*Men erbet maşgalada doguldym.*
*Meniň ene-atam muny başarmadylar.*
*Men eýýäm gaty köp ýalňyş etdim.*
*Men öz ýeten derejäme kanagat etmeli.* – diýen ýaly jümlelerden dolumy?

Siz Hudaýyň kyn zatlary söýýändigine eýýäm üns beren bolsaňyz gerek. Ýöne iman ýetmezçiligi durmuşyňyzdaky Onuň güýjüniň täsirini çäklendirýändigini unutmaň. Onuň beýikligi baradaky aýanlyk bizi Oňa bil baglap, Oňa gulak asmaga ruhlandyrýar. Gulak asmaklyk Hudaýyň biziň üçin taýýarlan iň oňat zatlaryna eltýän gapyny açýar. Işaýa pygamberiň kitabynda (55:8,9) şeýle ýazylandyr:

> “Meniň pikirlerim siziň pikirleriňiz däl, siziň ýollaryňyz Meniň ýollarym däl - muny Reb aýdýandyr. - Gökler ýerden nähili beýiklikde bolsa, Meniň ýollarym-da siziň ýollaryňyzdan, Meniň pikirlerim-de siziň pikirleriňizden beýikdir”.

Hudaýyň sizden has akylly, has başarnykly we has güýçlüdigi bilen ylalaşsaňyz gerek. K.Lýuis: “Biz hemişe Hudaýda özümizden has üstün zatlary tapýarys” diýip ýazýar. Eger siz beýik nika üçin zerur bolan materiallary almakçy bolsaňyz, onda munuň şeýledigine ynanmalysyňyz.

Biz öz nikamyzyň güýjüni her nähili göz öňüne gertirsek-de, Hudaýyň nikamyz babatdaky arzuwlary biziňkä garanda has gerimlidir. Ol nikamyz barada pikir etmek bilen çäklenmeýär. Onuň ol babatda beýik meýilleri hem bardyr.

“Çünki siziň üçin niýetlän meýillerimi Özüm bilýärin. Muny Reb aýdýandyr. Bular size ýamanlyk etmek däl-de, umytly geljek bermek üçin parahatlyk niýetleridir” (Ýermeýa 29:11).

Şeýle wada bize iki saýlawy berýär: bu sözleriň hakykatdygyna ynanyp, Hudaýyň nikaňyz babatdaky görnüşlerini kabul etmek ýa-da Onuň ýalançydygyny çaklamak. Hudaý siziň nikaňyzyň gelejegine seredende, onda Öz Oglunyň beýanyny görýär. Bu görnüş diňe iman we tabynlyk arkaly Onuň merhemetini kabul edeniňizde amala aşar. Biz uzak we bagtly ýaşamagy meýilleşdirýän bolsak-da, ol biziň öz güýjümiz bilen çäklenmeýär. Şeýle durmuş Hudaýyň Ruhy arkaly bizde hereket edýän söýgüsiniň beýanaty bolup durýandyr.

Siz: “Hudaý biziň nikamyzdan el üzdi. Indi hiç umyt ýok, gelejegimiz-de ýok. Söýgi gutardy” diýip pikir etmegiňiz mümkin.

Belki, siz öz güýjüňize daýanyp hereket etmäge synanyşanyňyz üçin şeýle diýýänsiňiz? Nikaňyz babatdaky arzuwlaryňyzy we güýjüňizi Hudaýyňka çalşyp görüň. Siz Oňa bil baglanyňyzda, Ol siziň arzuwlaryňyzy alyp, olary ýaşaýyşdan doldurar we ýüregiňizde Öz aýanlygyny eker.

Bu, eý, ärler, Onuň sizi öz aýalyňyza bolan söýgüden doldurjakdygyny aňladýar. Siz aýalyňyzy Isa Mesihiň Öz ýygnagyny söýşi dek söýüp, diňe özüňizi söýmegi bes edersiňiz. Size bolsa, eý, aýallar, öz äriňizi sylar ýaly güýç berer. Şunlukda, siziň ikiňiz-de nikanyň belentliginde ösüp bilersiňiz.

Mukaddes Ýazgylar iman etmezden Hudaýy hoşnut edip bolmaýandygy barada aýdýar (Ýewreýler 11:6). Hudaý näme üçin imany şeýle söýýärkä? Sebäbi biz Oňa bolan imanymyz arkaly Ol ýaly bolmaga güýç alýarys. Biziň üçin bolsa Hudaýa meňzäp ýaşamakdan has gowy ýaşaýyş ýokdur. Ol siziň lezzetiňizden lezzet alýar, biz wagtlaýyn bir bagt barada aýtmaýarys. Biz uzakwaglaýyn şatlyk, kanagatlanma we lezzet barada aýdýarys. Hudaý siziň nikaňyz üçin iň oňat zatlary isleýär, Onuň iň oňat zatlary bolsa diňe Onuň dolduryan birikmelerinde döräp bilýär.

## Taslama

Iman bilen umydy köplenç şol bir zatdyr diýip hasaplaýarlar, ýöne olar biri-birinden tapawutlanýadyr. Iman beýik nikanyň gurluşyk materialy bolsa, umyt onuň çyzgysydyr. Başga sözler bilen aýdanyňda, umyt galyba meňzeş, iman bolsa onuň içini dolduryan zatdyr. Umytsyz iman şekilsiz madda ýaly bolup, çyzgysyz hiç bir derde ýaramaýan gurluşyk material kimindir.

Ýadyňyzdamy, Hudaý ähti kabul ediji hökmünde Ybraýymy hut Özi saýlapdy. Ol muny Ybraýymyň öz neslini Rebbiň ýoluna

gönükdirmegi üçin edipdi. Hudaý Ybraýym bilen äht baglaşanda, onuň hiç perzendi ýokdy. Emma Hudaý şonda onuň beýik milletiň atasy boljakdygyny aýdypdy.

Ybraýymyň imany juda güýçlüdi. Mukaddes Ýazgylar ol barada: "Hudaýyň beren wadasyna şübhelenip, imansyzlyk etmedi" diýip ýazýar (Rim. 4:20). Emma muňa garamazdan, Gelip çykyş kitabynyň 15-nji babynda onuň iman çägine girmezinden öň lapykeçlik bilen göreşendigi barada aýdylýar.

> "Şu wakalardan soň Ybrama görnüş arkaly [gije] Rebbiň sözi aýan boldy. Reb oňa şu sözleri aýtdy: 'Ybram, gorkma! Men seniň galkanyňdyryn, seniň sylagyň juda uly bolar». Ybram: «Eý, Hökmürowan Reb, Sen maňa näme berjek? Meniň henizde perzendim ýok. Hojalygym damaskly Eligezere miras galar. Sen maňa perzent bermänsoň, hojalygymdaky gulum maňa mirasdar bolar' diýdi. Ybrama Rebbiň şu sözi aýan boldy: 'Ol seniň mirasdaryň bolmaz, öz biliňden önjek seniň mirasdaryň bolar' diýdi. Soňra Reb Ybramy daşary çykaryp: 'Asmana seret. Sen şol görünýän ýyldyzlary sanap bilseň sanaý. Seniň şonça-da nesliň bolar' diýdi. Ybram Rebbe iman etdi we Reb ony dogry hasaplady" (Gelip çykyş 15:1-6).

Hudaý Ybraýyma täze iman ölçegini berer diýip pikir edip bolardy. Ýöne Hudaý muňa derek mäkäm ýapyşar ýaly Ybraýyma görnüş berdi. Bu görnüş oňa umyt bermek bilen imanyny güýçlendirdi. Hudaý Ybraýyma çadyrdan çykyp, asmandaky ýyldyzlary sanamagy teklip etdi. Gijäniň asmany onuň imanyna ýyldyzlar çyzgysyny çekip berdi we asmandaky san-sajaksyz ýyldyzlar onuň aňynda çagalarynyň ýüz keşplerine öwrüldiler. Hudaý Ybraýyma asmandaky ýyldyzlar deý san-sajaksyz nesliniň boljagyny aýtmak bilen çäklenmän, oňa üýtgewsiz, janly bir şekil berdi. Bu ýyldyzlar şekili arkaly Hudaýyň görnüşi Ybraýymyň aňynda möhürlendi.

Hudaý siziň nikaňyz babatdaky Öz şekilini hem şut şeýle tärde aňyňyzda möhürläsi gelýär, sebäbi görnüşiň bolan ýerinde umyt

bolýandyr. Resul Pawlus hem hut şu sebäbe görä, Hudaý baradaky bilime garşy çykýan her bir pikiri ýesirlige almaly diýip aýdýar (2 Kor. 10:4-5). Biz öz aňymyzyň şekil çekiljek kendir matasyny goramalydyrys, sebäbi ol biziň häsiýetimizi we hereketlerimiziň gymmatlygyny kesgitleýär. Goý, siziň hyýalyňyz umyt üçin çyzgy tagtasy kimin bolsun.

Hudaý bizi umytdan doldurjakdygyny wada berdi, ýöne oňa nädip ýetmeli? Biz dileg edenimizde, Mukaddes Ruh bizi akyl ýetirip bolmajak umytdan doldurýar:

> "Mukaddes Ruhuň güýji bilen umydyňyzyň artmagy üçin, umydyň gözbaşy bolan Hudaý imanyňyz arkaly, goý, sizi şatlykdan we parahatlykdan pürepür etsin diýip dileg edýärin" (Rim. 15:13).

Hudaý umydyň gözbaşydyr. Eger biz dilesek, Ol bizi öz nikamyz üçin isleýän zadymyzdan: şatlykdan we parahatlykdan doldurar. Biz Hudaýa tabyn bolup, Oňa baranymyzda, Onuň Ruhunyň güýji arkaly ynamly umytdan dolýarys. Nähili ajaýyp wada!

"Süleýmanyň pähimleri" kitabynda gökden aýanlyk bolmasa, heläk boljakdygymyz barada aýdylýar (Sül. 29:18). Dogrudan-da, Hudaýyň aýanlygyndan mahrum bolan nika ýaşaýyşdan mahrum bolýandyr. Şonuň üçin-de, geliň uly arzuwlary etmekden gorkmaly. Siz öz arzuwyňyzyň we maksadyňyzyň meýilnamysyny düzeniňizde, ýürekleriňiziň Hudaýyň maksady üçin açyk bolmagy üçin Oňa dileg ediň.

## 4-nji gün

## Hytaý restorany

Biz ýaňy öýlenen döwrümizde, gelejegimiz barada gürleşmek üçin barýan aýratyn bir ýerimiz bardy. Ol öýümiziň golaýyndaky bir kiçijek hytaý restoranydy. Biz koleji ýaňy-ýakynda tamamlapdyk.

Pulumyz gaty az bolansoň, ikimiz üçin bir muşu towugyny, onuň ýanyna goşmaça berilýän blinçik we garaly sousyny alýardyk. Restoran sadady we ýuwaşdy, ýöne hytaý däplerinde bezelen bu restoranda bir käse çaýyň başynda ýaş jübütlere uzak ýurtlar barada arzuw etmek gorkuly däldi.

Şol döwürde biz köp zatlary bilemzokdyk, ýöne bir zady welin ynamly bilýärdik: biz Hudaýa tutuş kalbymyz, aňymyz we güýjümiz bilen hyzmat etmek isleýärdik. Biz oňat maşgala durmuşyny gurmagy jan-tenden isleýärdik. Has anygrak aýdamyzda, biz durmuş ýolunyň nirä äkitjekdigini bilmesek-de, ondan nähili ýöremek isleýändigimizi anyk bilýärdik. Hudaýyň biz arkaly täze mirasyny ykrar edip bileri ýaly ýaşamak isleýärdik.

Men (Jon) ajaýyp maşgalada önüp-ösdüm. Meniň ata-enem altmyş ýyldan gowrak bile ýaşadylar. Kakam maşgalany tüýs ýürekden söýýärdi we gerek zatlaryň bary bilen üpjün edýärdi. Ejem bolsa göreldeli öý bikesidi. Kakam bilen ejem oňat maşgala gurmagyň we dogry ýaşamagyň nusgasy boldy. Men olara ömrümiň ahyryna çenli minnetdardyryn.

Men (Liza) bütinleý başga maşgalada önüp-ösdüm. Jonuň ata-enesi meniňkiler bilen deňeşdireniňde, gaty ajaýyp adamlardy. Meniň maşgalam arakhorlyk, zyna, zorluk, biwepalyk, gysgançlyk, ýitgiler we aýrylyşmaklyk ýaly zatlar arkaly weýran edilendi. Jon bilen ýaňy durmuş guran döwrümizde, meniň tejribesizdigim we berk sagdyn maşgalanyň nämedigini bilmeýändigim mese-mälimdi, ýöne men şeýle maşgalanyň agzasy bolmagy gaty küýseýärdim.

Biz şol hytaý restoranynda gürrüň edenimizde, başga maşgala gurmak isleýändigimize düşünýärdik. Jonuň ata-enesine bolan çäksiz hormatymyza garamazdan, olaryň maşgala nusgasy bize laýyk gelenokdy. Biziň ikimiz-de öz nikamyz üçin olarda gören zadymyzdan has köp zady – Hudaýyň çagyryşyny isleýändigimize düşünýärdik. Nikanyň manysy diňe ömürboýy bile bolmakdan däl, eýsem öz nikamyz arkaly baky mirasy gurmakdan hem ybaratdyr. Bu

miras çagalarymyzy, olaryň çagalaryny we ençeme başga adamlaryň durmuşyna ýetiriljek täsiri öz içine alýardyr.

Biz öz maşgalamyzyň görnüşini çekip başladyk. Biz biri-birimize soraglary berip, esaslary kesgitleýärdik we oňardygymyzdan arzuw edýärdik. Biz hemme zatdan öňürti Hudaýa hyzmat etjekdigimizi we ähli çözgütlerimizde Oňa sarpa goýjakdygymyzy karar etdik. Galan zatlaryň ählisi bolsa şu kararymyzdan süzülmelidi.

Maşgala durmuşymyzyň otuz iki ýylynyň dowamynda köp möwsümleri başdan geçirdik. Şeýle möwsümleriň käbirinde bizi diňe Hudaýa sarpa goýmalydygymyz baradaky çözgüt birikdirýärdi. Käwagt men (Liza) Jony söýmeýändigimi duýýardym, Jon hem men babatda söýgi duýgularynyň ýokdugyny aýdýardy. Jon tutuş durky bilen hyzmatyna berlip, ýygy-ýygydan başga ýerlere iş saparlary bilen gidýärdi, meni ýaş çagalarymyz bilen öýde ýeke galdyrýardy.

Dogrymy aýtsam, men gelejekdäki söýgä umyt baglamaýardym. Meniň kalbym weýran ediji möwsümiň ýaralarynyň tyg yzlaryndan doludy. Men özümi emosioanl we fiziki taýdan terk edilen ýaly duýýardym. Eger meniň üçin aýrylyşmak mümkinçiligi bolan bolsady, men muny höwes bilen ederdim. Meniň öz nikamyz barada hiç görnüşim ýokdy, diňe bolaýjak zatlaryň çala sudury bardy. Men şol döwürde hatda: “Eý, Hudaý, eger Sen maňa asmanda Jon bilen ýaşamajakdygymy wada berseň, men öz nikamyzy bozmaryn” diýip pikir edipdim. Men özümi örän ýalňyz duýýardym, ýygnak hyzmatçylarynyň aýallaryna bolsa öz agyrysyny başgalar bilen paýlaşmak kyn bolýar.

Men (Jon) hem şol döwürde umytsyzlyk bilen göreşýärdim. Men özümi Lizanyň nazarynda hemme zatlary nädogry edýän ýaly duýýardym, özüme pes baha berýänligimde ony günäkärleýärdim, maňa onuň hormaty ýetmezçilik edýärdi, onuň meniň bilen gödek gürleşmegi päsgel berýärdi. Biz tizlik bilen aşaga togalanýardyk, söýgini, hormaty we mähremligi dikeltmegiň ýoluny görmeýärdik.

Şol möwsümiň emosional we ruhy agyrysy çekip çydardan çökderdi. Bu örän erbet wagtdy, ýöne ol bir möwsüm dowam etdi, möwsümler bolsa üýtgäp durýar. Agy wagty uzak gije dowam edip bilýär, ýöne Hudaýyň wadasy irden şatlygyň gelýändigi barada aýdýar (ser. Zebur 29:6). Şu wagt şol döwür bolmadyk ýaly, biziň bilen däl-de, başga bir maşgalada bolan ýaly bolup görünýär. Hudaýyň merhemeti arkaly biz Oňa sarpa goýmak maksadymyza sadyk galypdyk. Öz egoizmimiz barada çyn ýürekden toba etmek we Hudaýyň danalygyna gulak asmak arkaly biz nikamyzyň we söýgimiziň berkäp, belent güýje çenli ösendigini görýäris.

Biziň durmuşa bolan garaýşymyz bizi höweslendiren güýçleriň biri bolup, şol kyn möwsümden geçmäge ýardam berdi. Biz öz durmuşymyza ýetmiş, segsen ýyl aralygyndaky wagt kimin garaman, oňa bakylyk nukdaýnazaryndan garaýarys. Bakylyk bilen deňeşdireniňde, ýetmiş ýa-da segsen ýyl bir pursatdyr. Mukaddes Ýazgylar biziň Isa Mesihiň haçyna bolan garaýşymyzyň bakylygy nirede geçirjekdigimizi kesgitleýär diýip aýdýarlar. Emma biziň mesihilik durmuşymyz bu bakylygy nähili geçirjegimizi kesgitleýändir. Resul Pawlus şeýle ýazýar:

> "...Biz Rebbiň ýanynda mesgen tutup bilerimiz ýaly, bedenden aýrylanymyzy gowy görýäris.... Çünki ýagşy bolsun, ýaman bolsun, parhy ýok, bedendekäk eden işlerimize laýyk paýymyzy almak üçin, hemmämiz Isa Mesihiň höküm kürsüsiniň öňünde durmalydyrys" (2 Kor. 5:8,10).

Resul Pawlusyň muny imanlylara ýüzlenip diýýändigi mälim zat, sebäbi imansyzlar bedenlerini taşlanlaryndan soň Hudaýyň huzuryna düşmeýärler. Pawlus Isa Mesihiň halas edýan merhemetiniň güýji arkaly Hudaýyň maşgalasyna goşulan adamlara ýüzlenýär. Biz Onuň huzurynda durup, ähli çözgütlerimiz we imanly hökmünde öz durmuşymyzda eden hereketlerimiz barada hasabat bereris. Isa Mesihiň çykarjak karary bizi ýa baky sylaglara, ýa-da baky

ýitgilere elter. Ýa biziň durmuşymyzyň tutuş zähmeti köýer, ýa-da baky sylagy alarys, hatda bakylykda Isa Mesih bilen şalyk süreris. Şu taglymat binýadyny bilmeklik bize ilkibaşdan saýlan ugrumyzy saklamaga ýardam berdi. Biziň hiç haýsymyz Isa Mesihiň tagtynyň öňünde durup, Onuň sungat eserini, ýagny nikany näme üçin haraplandygymyz barada hasap beresimiz gelmeýärdi (Kazylyk ýeri barada Jonuň "Bakylyk arkaly hereketlendirilýän" atly kitabynda okap bilersiňiz).

Hudaýa sarpa goýmak maksadyndan soňra ikinji maksadymyz ýolumyzyň ahyrynda onuň başyndaka garanda biri-birimiz has köp söýmekdi. Bu maksat bizi kynçylyklary ýeňip, öňe gitmäge, hatda söýgi duýmanymyzda-da biri-birimizi söýmäge mejbur edýärdi. K.S. Lýuis şeýle ýazýar:

> "Söýgi... – bu erk tarapyndan goldanylyp, endigiň berkidýän mäkäm birikmesidir; ol (mesihi nikalarda) är-aýalyň Hudaýdan diläp alýan merhemeti arkaly güýçlendirilýär. Olar hatda biri-birini halamaýan döwürlerinde-de biri-birine bu söýgini duýýarlar".

Biri-birimizi halamadyk döwürlerimiziň bolandygyny belläp geçmeli. Ýöne şol kynçylyklary ýeňip geçmegimiz üçin, Hudaý bizi Öz merhemeti bilen gurşady. Ol siziň nikaňyz babatda hem şeýle eder. Şu gün biz biri-birimizi halaýarys we biri-birimizi toý tutan günümizdäkiden-de köp söýýäris. Hawa, bu hakykatdan-da şeýle! Biz bu söýginiň her onýyllykdan has-da berkäp güýçlenjegine sabyrsyzlyk bilen garaşýarys.

## Hudaý ýazyp alýar

Biz restoranda salfetkalarda öz arzuwlarymyzy ýazanymyzda, heniz bolmadyk çagalarymyzy nähili terbiýelejekdigimiz barada gürrüň edýärdik. Biz olaryň tertibi, olara nämeleri rugsat edip-etmejekdigimiz, hojalykdaky jogapkärçilikleri we jaýdaky otaglary

nädip paýlajakdagymyz barada maslahatlaşýardyk. Biz miras we çözgütlerimiziň çagalarymyzadyr agtyklarymyza nähili täsir etjekdigi barada gürrüň edýärdik. Öz ruhy we maliýe mirasymyzy olara galdyrmak biziň üçin diýseň wajypdy (ser. Sül. 13:22).

Biz gelejekki öýümizi göz öňüne getirýärdik. Onuň uly we owadan bolmagy wajyp däldi. Biz onuň myhmansöýer we rahat bolmagyny, adamlaryň oňa girip, özlerini howpsuzlykda duýmaklaryny isleýärdik. Biz onuň şatlyk-şagalaňdan doly bolmagyny, çagalarymyzyň oňa öz dost-ýarlaryny getirmeklerini isleýärdik.

Şeýle-de biz öz wezipämizi, onuň nika gatnaşyklaryna nähili täsir etjekdigi barada maslahatlaşýardyk. Biz maşgalada erkegiň we aýalyň orny barada geňeşýärdik. Biz bergä batmaz ýaly, puly nädip sowjakdygymyz barada pikir alyşýardyk. Biz tä elimizdäki salfetkada edilen bellikler öz gurmak isleýän durmuşymyzyň çyzgysyna öwrülýänçä, gürleşip oturypdyrys.

Biz öz meýilnamamyzy kagyz bölegine ýazýarkak, Hudaý hem ony bir ýere ýazýandyr diýen pikir bize ýaraýardy.

> Onsoň Rebden gorkýanlar biri-birilerine şeýle diýýärler: “Reb üns berip diňleýär. Rebden gorkup, adyna hormat goýýanlar hakynda Onuň öňünde bir ýatlama kitabyna ýazylýar” (Mal. 3:16, NKJV).

Durmuş guran döwrümiziň ilkinji günlerinde biz köp zatlar barada gürleşýärdik. Biziň aýdan ähli zatlarymyz Hudaýyň ýadyndady we hatda biz öz meýilnamamyzy unudan wagtlarymyzda, Ol olaryň baryny amal etdi. Hudaý Ondan gorkýanlaryň gürrüňlerini ýazýar. Siz nika durmuşyňyzy meýilnamasyny ýazanyňyzda ony döreden Ýaradana hormat goýsaňyz, Gökler meýilnamaňyzy hasaba alýarlar.

## 5-nji gün

## Öz aýanlygyňyzy ýazyň

> “Aýanlygy ýaz, habarçy bir nazarda okar ýaly, ony düşnükli hem aýdyň edip ýaz” (Hab. 2:2, ESV).

Ýene-de gaýtalaýarys: öz nikaňyzyň aýanlygyny ýazmak hiç haçan giç däldir. Aýanlygyňyz aýdyň we düşnükli bolýança, ony gaýta-gaýta ýazyp, täzeden göçürmäge gorkmaň. Aýdyň görnüş size pellehana ýetmek üçin gerek bolan güýji berer.

Öz ýanýoldaşyňyz (ýa-da gelejekki ýanýoldaşyňyz) bilen nikaňyzyň aýanlygy barada gürleşmek üçin wagt tapyň. Eger siz heniz öýlenmedik ýa-da durmuşa çykmadyk bolsaňyz, onda şu wagtdan öz görnüşleriňizi ýazyp başlaň. Arzuw edip biler ýaly ýer tapyň. Öz arzuwlaýan we garaşýan zatlaryňyz babatda anyk boluň. Ähli gymmatlyklaryňyzy kesgitläň we uludan arzuw etmäge gorkmaň! Siziň bu aýanlygyňyz gelejekdäki durmuşyňyzda ýol görkezýän ýyldyzyňyz bolar.

Nika – bu uly aralykdaky ylgaw ýalydyr, onuň başlangynjyndan pellehanasyna çenli onlarça ýyllar bardyr. Örän köp jübütleriň “gysga” arzuwlary bar. Olar jaý satyn alyp, çagalary ýetirşdirmegi arzuwlaýarlar. Bular, dogrudan-da, beýik maksatlar, ýöne olar uzaga äkitmez. Bulardan has uly zatlar bardyr. Arzuw etmekligi bes etmäň!

Ylgaw ýaryşyna ýanýoldaşyňyz bilen gatnaşýandygyňyzy unutmaň. Siz biri-biriňiz bilen ýaryşýan dälsiňiz. Tutuş aralygy ýekelikde geçmek mümkin däldir, şonuň üçin-de toparda işlemek gaty wajypdyr. Eger siziň maşgala durmuşyňyz ilkibaşda kynçylyklardan doly bolan bolsa, onuň öňünden soňunyň has wajypdygy baradaky pikir, goý, size teselli bolsun. Meýilnamany düzmeklik pellehanany çyzmaga kömek eder. Ymtylar ýaly, aýanlygyňyz bolmalydyr.

> “Aýanlyk bellenen wagt üçindir,ol soňky günleriňiz hakda aýdýar, bu ýalan däl. Haýal bolsa-da, sen oňa garaş, ol wagt hökman geler, eglenmez” (Hab. 2:3-4, ESV).

Hudaýyň ylhamyndan alnan aýanlyk öňüňize düşüp, ony amal etmegiň ýoly bilen äkider. Eger siz öz aýanlygyňyzy elmydama gözüňiziň öňünde saklasaňyz, ol sizi aldamaz. Hudaýyň aýdanlarynyň hakykat däl ýaly bolup görünjek döwürler geler. Siziň ýoluňyz öz islemedik ýa-da garaşylmadyk ýerlere eltmegi mümkin. Öz ýoluňyzy Hudaýa tabşyryň, çünki Ol bu ýoly tamamlamak üçin size nähili kömek etmelidigini bilýär. Aýanlyk Berijiniň güýji sizi mätäçlik pursatlarynda berkider. Ýöne siz bu aýanlygy saklamalysyňyz.

Goý, siziň meýilnamaňyz diri, dem alýan we sazlaşykly bolsun. Bu onuň esasan-da iki zatdan ybarat bolmalydygyny aňladýar:

**Anyk kesgitlenilen esaslar**

Siziň aýanlyklaryňyza zerur şekili berjek anyk ynamlar we bagyş edilmeler gerekdir, mysal üçin: “biziň nikamyz Hudaýa sarpa goýar” ýa-da “biz ilki bilen biri-birimiziň mätäçliklerini kanagatlandyrmaga ymtylarys”. Bu siziň özara ylalaşjak çözgütleriňiz, siz olar barada gaýtadan maslahat etmersiňiz. Olar üýtgewsiz we hökmany bolmalydyrlar.

**Ösmek üçin ýer**

Oňat meýilnama hemme soraglara jogap bermeýär. Ol diňe aýdyňlygy berýär. Öňde nämeleriň garaşýandygyny diňe Hudaý bilýär, ýöne siz Onuň Ruhunyň ugrukdyrmasy arkaly Onuň niýetleriniň käbir taraplaryny kem-kemden açyp bilersiňiz. Wagtyň geçmegi bilen siziň aýanlygyňyz göwrümini giňelder we täze kesgitlemä eýe bolar. Ol her möwsümiň aýratynlyklaryny we kynçylyklaryny öz bähbidi üçin ulanyp başlar. Bu üýtgew çäkleri öz içine çagalaryňyzy ýetişdirýän döwri, kär ýa-da çagyryşynyň derejesini ösdürýän döwürlerinde birek-biregi goldamaklygy alyp biler.

**Öz nikaňyzyň meýilnamasyny ýazmak üçin ýerine ýetirilmeli amaly bäş ädimi teklip edip bilýäris:**

*1. Hudaýa dileg ediň.*

Öz söhbetdeşligiňizi, pikirleriňizi, umytlaryňyzy Öz Ruhundan doldurmagy üçin Hudaýa dileg ediň. Ondan umyt çarçuwalaryny bermegini soraň. Ol bu çarçuwanyň imanyňyzdan dolmagyny isleýär.

*2. Ylham toplaň.*

Aýatlary, makalalary, taryhy ýazgylary, suratlary, aýdymyň sözlerini, žurnaldan alnan makalalary, garaz, özüňizi berkidýän, kuwwatlandyrýan zatlary toplaň.

*3. Arzuw edip bilýän ýerleriňize gidiň.*

Munuň gymmat we meşhur ýer bolmagy hökman däl. Bu siziň öýüňiziň golaýyndaky kafe ýa-da seýilgähdäki oturgyç-da bolup biler.

*4. Öz maksatlaryňyzy kesgitläň.*

Uludan arzuw ediň! Özüňizi şindiki ýa-da geçmişdäki ýagdaýlar bilen çäklendirmäň. Pul, çagalaryň terbiýesi, maşgala durmuşynyň ösüşi, şahsy ösüş, ruhy ösüş, rahatlyk, dynç alyş, wezipe ösüşi, öýdäki borçlar, ýygnagyň we şäheriň durmuşyna gatnaşmak ýaly mowzuklar barada pikir ediň.

*5. Öňde goýlan maksatlara ýetmegiň usullaryny kesgitläň.*

Öz aýanlygyňyzy ýazan badyňyza, öz ýagdaýyňyzy kesgitläp başlaň: öz bolmak isleýän ýeriňizden nähili uzaklykda ýaşaýarsyňyz? Şindiki ýagdaýyňyza baha beriň we maksadyňyza äkitjek ýoluňyzda sizi gorajak standartlary, ädimleri we üýtgeşmeleri jikme-jik düzüň.

Siziň meýilnamaňyz durmuşyň köp möwsümleri üçin ýaramly bolar. Maksadyňyzy ýatda saklap, şu soraglara jogap beriň:

*Biziň nikamyz:*
*heniz çaga dogulmanka;*

*kiçi çagalary ýetişderen döwrümizde;*
*ýetginjekleri terbiýeläýän döwrümizde;*
*çagalarymyz özbaşdak durmuşa gadam basan döwründe;*
*agtyklarymyza guwanjak döwrümizde;*

*iň soňky möwsümimize bile gadam basan döwrümizde nähili bolar?*

Eger siz heniz maşgala gurmadyk bolsaňyz, duşuşýan ýa-da adaglanan bolsaňyz, gelejekde gurmak isleýän nikaňyzy göz öňüne getiriň.

Siz maliýe, çagalary terbiýelemek we başga çäklerde maksatlary goýýarsyňyz. Bu maksatlar uly bolup, siz olary gündelik standartlaryňyz, çözgütleriňiz we endikleriňiz bilen goldarsyňyz. Şu soraglara nähili jogap berjekdigiňiz barada oýlanyň:

*Bir aýlyk býujetini haçan we nädip düzersiňiz?*
*Siz öz dynç alyş rugsadyňyzy nirede we nädip geçirersiňiz? Siz ony nädip meýilleşdirersiňiz?*
*Boş wagtyňyzy bilelikde nähili geçirersiňiz?*
*Öz ýanýoldaşyňyz bilen söýgi duşuşyklaryny nädip dowam edersiňiz?*
*Ýanýoldaşyňyz bilen dörän agzalalyklary nädip çözersiňiz?*
*Öz çagalaryňyz bilen wagtyňyzy nädip geçirersiňiz?*
*Öz çagalaryňyzy nädip terbiýelärsiňiz?*

*Siziň heriňiz öýden daşarda hünärmenlik derejesini ýokarlandyrmak isleýärmi? Eger "hawa" bolsa, onda bu durmuşyň dürli möwsümlerinde nähili amala aşar? Siz hünärmenlik derejesini ösdürmekde we beýleki esasy maksatlarda biri-biriňizi nähili goldarsyňyz?*

*Siz nähili bilimi almakçy? Siz öz çagalaryňyza nähili bilim bermekçi?*

*Siziň çagalaryňyz üçin dynç alşyň haýsy mümkinçilikleri elýeter bolar?*

*Siz olaryň gyzyklanmalaryny we zehinlerini ösdürmäge nähili ýardam berersiňiz?*

*Siz öz fiziki ýagdaýyňyzy nähili saklarsyňyz? (Fiziki maşklar, dynç almaklyk, sagdyn iýmitlenme we ş.m.)*

*Siz Hudaýy tanamakda öz çagalaryňyza nähili öwüt-ündew berersiňiz?*

*Siziň nikaňyz we maşgalaňyz töweregiňizdäki adamlara nädip peýda berip biler? (Siziň ýygnagyňyza, etrapçaňyza, iş ýerleriňizde we ş.m.).*

Siz danalykda ösüp, tejribäňiziň artygysaýy meýilnamaňyzyň käbir ýerleriniň üýtgedilmeginiň ahmaldygy barada ýokarda belläp geçipdik. Bu adaty ýagdaýdyr. Esasy zat – çarçuwasyny çyzyp, gelejekki durmuşyňyz üçin binýat hökmünde hyzmat etjek stardantlaryňyza özüňizi bagyş etmekdir.

## Ewerest dagyna çykmak

Uçara münýän är-aýal jübütini göz öňüne getiriň. Olar şatlanyp, syýahata ugraýarlar, ýöne barýan ýerleri barada hiç zat bilmeýärler. Olar diňe bu uçaryň özlerini ajaýyp wakalaryň jümmüşine alyp barýandygyny bilýärler. Olar ýyly ýurtlara barýandyrlar öýdüp, diňe suwa düşülýän geýimlerini we öýlän salkynynda geýer ýaly birki sany ýyly eşiklerini alýarlar. Uzak wagtlap uçanlaryndan soň, olar bellenilen ýere baryp ýetýärler, birdenem, Nepalda gonandyklaryny bilýärler. Olar tropiki ýurtlara ugraýandyrlar öýdüpdiler, hakykatda welin olara Ewerest dagynyň çür-başyna çykmaklyk garaşýardy. Olar şeýle howply we töwekgel syýahata taýýar bolmansoňlar, bada-bat öýlerine dolanýarlar.

Köp adamlar nikany deňizýakasyna syýahat kimin kabul edýärler. Aslynda welin nika dagyň çür-başyna çykmaklyga meňzeýär. Bu hem sylag, hem-de lezzetli, ýöne işiň özi welin agyr zähmetdir. Bu deňeşdirme gülkünç ýaly bolup görünse-de, statistikanyň görkezişi ýaly, nika soýuzlarynyň ölümi Ewerest dagyny boýun egdirýän alpinistleriňkä garanda ýigrimi bäş esse köpdür.

Ewerest dagyna çykýanlar näme üçin är-aýal jübütlerinden has üstünlikli bolýarka? Sebäbi alpinistleriň öz syýahatlary barada görnüşleri bar we olar özlerine nämeleriň garaşýandygyny bilýärler. Olary sowuk howa, kislorod ýetmezçiligi, çapgynly ýeller gorkuzmaýar. Gynansak-da, är-aýal jübütleriniň köpüsi real däl umytlardan we görnüş ýetmezçiliginden ýaňa ýeňlişe sezewar bolýarlar. Öz meýilnamaňyzy işläp düzmek üçin şu pursat wagt tapmak ýerliklidir.

## Oňat etmek

Siziň wakaňyz ýaýbaňlandygyça, Hudaý görnüşiňiziň çäklerini giňelder we oňa ajaýyp suratlary goşar, ýöne Ol hiç haçan siziň nikaňyzy zaýalamaz. Synaglar bolar, olar Hudaýyň siziň wakaňyzy heläklemäge synanyşýan ýaly edip görkezip biler; siz Hudaýdan öýke-kine edip, Oňa gaharlanmagyňyz mümkin. Ýöne bir zady bilip goýuň: siziň synaglaryňyzyň gözbaşy Hudaý däldir, sebäbi Ol hemme zady biziň peýdamyza edýändir (ser. Rim. 8:28). Onuň merhemeti we Ruhy bizi hiç haçan ýeke galdyrmaz, Ol biziň güýjümiziň çatmajak synaglaryň bolmagyna ýol bermejekdigine söz beripdi.

> "...Hudaý sadykdyr! Ol siziň güýjüňiziň çatmajak synagyny bermez. Siz synaga düşeniňizde, Hudaý çykalga-da açar, synagdan üstün gelmek üçin gujur-gaýrat-da berer" (1 Kor. 10:13).

Wagtal-wagtal hemme zat dargaýan ýaly bolup görner, ýöne siz umydyňyzy berk saklasaňyz, islendik gaý-tupanlardan üstün

gelersiňiz. Hemme zat aýdylyp, edilenden soň, siz Mugallymyň size ýüzlenip, şeýle diýýänini eşidersiňiz:

> “Oňat edipsiň, eý, ýagşy we sadyk hyzmatkär!” (Mat. 25:23, NIV).

Mugallym “ajaýyp edipsiň” diýmän, “oňat edipsiň” diýmegi gyzykly gerek?! Biziň hiç birimiz durmuşymyzy ajaýyp ýaşap bilmeýäris. Ýöne biz ony *oňat* ýaşap bilýäris, nika babatynda hem şeýledir. Bu biziň nikada sagdyn ýaşap, tabyn bolmagymyzy aňladýar; Hudaýyň biz üçin taýynlan oňat zatlaryny almak üçin, biz öz ýalňyşlarymyzdan netije çykarmaly, Hudaýyň merhemeti arkaly öňe hereket etmeli. Eger siz şeýle ýaşamagy karar etseňiz, nikaňyz saklanmak bilen çäklenmez, ol pajarlap öser. Hudaý siz barada soňuna çenli alada eder.

> “Biz siziň her biriňiziň umydyňyzyň amala aşmagynyň iň soňky pursadyna çenli hyzmatda gaýratlylyk görkezmegiňizi dileýäris. Ýaltalyga ýüz urmaň, gaýtam, iman hem sabyr-takat arkaly Hudaýyň wadalaryna gowşanlaryň göreldesine eýeriň” (Ýewreýlere hat 6:11-12, ESV).

Hudaý biziň nikada Onuň wadalaryny miras almagymyzy isleýär. Onuň Ruhunyň berýän umydyna bil baglaň. Ýanýoldaşyňyz babatda sabyr-takatly boluň. Öz nikaňyza ynanyň. Siz iki sany kämil bolmadyk adam arkaly Hudaýyň nämeleri edendigini göreniňizde, haýran galarsyňyz. Hudaý nikalary bina etmegi juda isleýär, Ony wakanyň başlanyşy dal-de, onuň nädip tamamlanýandygy has köp gyzyklandyrýar.

## 1-nji gün. Günde okamak üçin

# AJAÝYP SUNGAT ESERINIŇ DÖREDILIŞI

*“Sebäbi Hudaý bizi Isa Mesih arkaly ýaratdy. Ol bizi owaldan taýýarlap goýan ýagşy işlerini etmegimiz üçin ýaratdy”.*

— Efesliler 2:10

Hudaýyň ýaradan ähli zatlarynyň, şol sanda nikanyň hem öz maksady bardyr. Hudaý Öz Ruhunyň gatnaşmagy arkaly siziň nikaňyzy Öz merhemetiniň ajaýyp sungat eserine öwresi gelýär.

Siz heniz öýlenmänkäňiz, durmaşa çykmankaňyz ýa-da adaglanmankaňyz, öz nikaňyzy nähili göz öňüne getirýärdiňiz. Siz göreldeli nikanyň haýsy alamatlaryny ýüregiňizde we aňyňyzda saklaýardyňyz?

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

Siziň nikaňyz arzuwlan nikaňyzdan nähili tapawutlanýar?

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

Hudaý nikany äht bolmagy üçin niýetläpdi. Bu äht ömürlik, ýagny “tä ölüm aýra salýança” baglaşylýar. Bu ähtde taraplaryň her biri beýlekisine tabyn bolup, özündäki ähli zatlary berýär. Bir ýoldaşyň kynçylygy beýleki ýoldaşynyň kynçylyklary bolýar, olaryň hersi ýoldaşyny gorajakdygyny we mätäçlikleriniň öwezini doljakdygyny wada edýär.

Awtorlar we spikerler Bob we Odri Meýsnerler äht baradaky aýanlyklary bilen paýlaşyp, şeýle diýýärler:

> “Äht – Hudaýyň işi. Mukaddes Ýazgylar ähtde ýaşamaklygyň ýalkanyşlary barada aýdýarlar. Olar öz içine şulary alýar:

> Hudaýyň merhemetini, pul serişderiniň azatlygyny, howpsuzlygy we ynamy, uzak ömri, saglygy we dogruçyllyk häsiýetlerini!... Hakyky ähtiň şertlerinde öz ýalňyşlaryňy boýun almak we durmuş kynçylyklaryna garşy durmak aňsat, sebäbi biz öz dogruçyllygymyz sebäpli ret edilmejekdigimizi bilýäris. Kynçylyklardan bile geçýän döwrümizde şowsuzlyklary ýeňip geçerimiz ýaly, ýanýoldaşymyza-da söýgüde hakykaty aýtmak aňsatdyr. Isa Mesihde bolan ýaşaýşyň iň oňat ähti, ine, şeýledir!".

Hudaý siziň ähtiňiz barada näme diýýär? Öz-özüňden: "Men nikada ähte görä ýaşaýarynmy? Şeýle nikada ýaşamak üçin men nämeleri etmäge taýýar?" diýip sora. Dileg edip, Mukaddes Ruhuň galtaşmasyny we güýjüni sora.

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Siziň ähte görä bolan nikaňyz üçin Hudaýyň beýik maksady bar. Bu maksat är-aýalyň özünden has uzaklara uzaýandyr. Hudaý Ybraýym bilem Saranyňky ýaly, siziň-de nikaňyz söýgini we hakykaty uzak gelejege ýaýbaňlandyrmagyny isleýär. Özüňizden we Rebden: "Meniň nikam kime täsir edýär? Onuň täsiri nähili?" diýip soraň.

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Säginiň we dileg ediň: "Eý, Mukaddes Ruh, Seniň ähtiň meniň çagalaryma, agtyklaryma we meniň täsirimdäki adamlara hem ýeter ýaly, onuň çäklerini nädip giňeldip bilerin?"

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

*Hudaýyň huzurynda ünsüm boluň. Onuň häzir we gelejekde aýtjak zatlaryny diňläň. Onuň aýdýanlaryny ýazyň we Oňa gulak asmakda merhemetini diläň.*

## 2-nji gün. Günde okamak üçin

# KÜREDE EREDILEN

*"Mähribanlarym, durmuş juda kynlaşanda, Hudaý sizi taşlandyr öýtmäň. Tersine, Mesihiň çeken ejirlerine şärik bolýan ýaly şatlanyň. Bu ruhy saplanyşdyr, onuň şöhraty uzak garaşdyrmaz".*

— 1-nji Petrus 4:12-13, The Message

Nika – bu ruhy arassalanyşdyr, Hudaý bolsa Arassalaýjydyr. Kynçylyklaryňyzyň gözbaşy Ol däldir, ýöne Ol siziň we ýanýoldaşyňyzyň Isa Mesihe köpden-köp meňzemegiňiz üçin, şol kynçylyklary ulanýar.

Geliň, dogrymyzy sözläli: kynçylyklary hiç kim halamaýar. Eger olardan sowa geçip bolýan bolsady, hut şeýle-de ederdik. Ýöne kyn ýoluň öz manysy bardyr.

Wagt tapyp, kynçylyklaryň aýratynlyklary baradaky hakykat barasynda oýlanyň. Biz Mukaddes Ýazgylardan birnäçe aýatlary saýlap, olary nika babatynda ulandyk.

> "Emma Ol [Hudaý] meniň [we ýanýoldaşymyň] ýöreýän ýolumy bilýär, meni synaga salanda, altyn deý päk çykaryn".
>
> — Eýýup 23:10, TLB.

> "Eý, Hudaý, Sen bizi [meni we ýanýoldaşymy] synap barladyň, kümşüň arassalanyşy dek bizi sapladyň. ...Biz otdan geçdik, suwlardan geçdik, Sen bizi bolelinlige ýetirdiň".
>
> — Zebur 65:10,12, TLB.

> "Eý, doganlar (ärler we aýallar), her hili synaglara duçar bolanyňyzda, muny uly şatlyk bilen kabul ediň. Sebäbi imanyňyzyň synalmagy bilen çydamlylygyňyzyň artýandygyny bilýänsiňiz. Her bir işde ahyryna çenli çydaň, şonda kemsiz-köstsüz, berk we kämil bolarsyňyz".
>
> — Ýakup 1:2-4, The Message.

> “...Synaglar siziň imanyňyzyň hakykydygyny görkezer. Bu altynyň otda synalyp saplanyşy kimindir, siziň imanyňyz bolsa altyndan has gymmatlydyr. Şeýlelikde, siziň imanyňyz köp synaglardan geçip aýan bolanda, size [we ýanýoldaşyňyza] öwgi we şan-şöhrat getirer”.
>
> — 1 Petrus 1:7.

Şu döwürde öz ýanýoldaşyňyz bilen geçýän jebirler küresini (kynçylyklaryňyzy) gysgaça beýan ediň.

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Mukaddes Ruh siz, ýanýoldaşyňyz ýa-da düşen ýagdaýyňyz barada ýokardaky aýatlar arkaly size näme görkezýär?

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Siz öz ýanýoldaşyňyz babatda nämedir bir zat nädogrudyr diýip pikir etseňiz, durmuşyňyzda hiç zat özgermez. Özgerişlkler diňe özüňizde haýsy zatlary üýtgetmelidigini bileniňizden soň başlanar. Säginiň we dileg ediň:” Eý, Mukaddes Ruh, meniň ýüregimde we aňymda nämeler bolup geçýär? Sen nämäni üýtgetmek isleýäň? Men özüm babatda nämede ýalňyşýaryn? Seniň sesiňi eşitmäge we Saňa tabyn bolmaga kömek et. Isa Mesihiň ady bilen dileýärin”.

Mukaddes Ruhuň men barada açyp görkezýän hakykaty:

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Mukaddes Ruhuň meni şu hereketleri etmäge gönükdirýär:

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

# IMAN, UMYT WE TABYNLYK

*"Mukaddes Ruhuň güýji bilen umydyňyzyň artmagy üçin, umydyň gözbaşy bolan Hudaý imanyňyz arkaly, goý, sizi şatlykdan we parahatlykdan pürepür etsin".*

— Rimliler 15:13.

Iman ajaýyp nikanyň gurluşyk kerpiçlerini üpjün edýär, umyt bolsa ony gurmagyň çyzgysy bolup durýandyr. Hudaý – umyt gözbaşy, Ol size we ýanýoldaşyňyza ynanýar. Eger siz Oňa bil baglasaňyz, Ol size öz arzuwlaýan nikaňyzy gurmak üçin Öz çyzgysyny we gujur-gaýrat berer.

Ýygnagyň çopany F.B.Maýer özüniň "Ybraýym ýa-da iman tabynlygy" atly kitabynda şeýle ýazýar:

> "Iman – bu mesihi durmuşynyň seýrek anbar-müşkleriniň we ajaýyp öwüşginleriniň ählisini özünde jemleýän kiçijik tohumdyr. Ol Hudaýyň özüne galtaşyp, pata bererine garaşýar. Eger adamda iman bar bolsa, onda onuň içindäki zatlaryň ösmegi we ýaýbaňlanmagy diňe wagt meselesidir. ...Iman bizi Hudaýyň Ogly bilen baglanyşdyryp, Onuň bilen baky birikdirýär we Onuň häsiýetiniň bütin şan-şöhraty bize degişli edilýär".

Şunlukda, iman näme? Ol nireden peýda bolýar? Onuň durmuşyňdaky ösüşini nädip görüp bolýar? Şu aýatlar barada oňat oýlanyp, Mukaddes Ruhuň size aýan etjek zatlaryny ýazyň:

Rimliler 1:11-12; 10:17; 12:3 • Ýewreýler 11:1, 6 • Efesliler 2:8 • Koloseliler 2:6-8

__________________________________________________

__________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

Iman bilen birlikde bize umyt hem gerekdir. Umyt Hudaýyň nika birikmesini bina etmek üçin berlen çyzgy kimindir. Säginip, dileg ediň: “ Ýa Rebbim! Meniň we ýanýoldaşymyň kalbyna nikamyz üçin Öz çyzgyňy sal. Ybraýyma gijeki asmanyň görnüşini berşiň ýaly, bize hem düşnükli we baky ýatda galjak şekili ýüreklerime sal. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýäris”. Rebbiň size aýan etjek zatlaryna serediň, olary diňläň we ýazyň.

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

Iman bilen umydy almak üçin bir päk ahlaklylyk bardyr. Onuň ady tabynlykdyr. Tabynlyk şeýle diýýär: “Ýa Rebbim, men sensiz hiç zat edip bilemok, Seniň bilen bolsa ähli zady başarýaryn”. Eger siziň ýüregiňizde tabynlyk höküm sürýän bolsa, onda Hudaýyň siziň nikaňyz üçin taýynlan ähli gowulyklarynyň gapysy siziň üçin giňden açykdyr!

XIX asyrda ýaşap geçen ýygnagyň çopany Endrýu Morreý öz kitabynda şeýle ýazýar: “Isa Mesih ýer ýüzüne tabynlygy gaýtarmak üçin, bizi oňa şärik edip, bizi halas etmek üçin geldi... Onuň tabynlygy – biziň gutulyşymyz. Onuň gutulyşy – biziň tabynlygymyz...Diňe Isa Mesihiň Özüniň tabynlygynda bolmagy arkaly biz hakykatdan-da tabyn bolýarys”.

Şu aýatlar barada oýlanyň. Hudaý size nämeleri aýan edýär?

Matta 11:28-30 • Ýohanna 13:1-17 • Filipililer 2:1-11 • Ýakup 4:6 • 1 Petrus 5:5

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

*... Iňňän pes göwünli hem ýumşak boluň. Sabyr-takatly bolup, mähir-muhabbet bilen biri-biriňize çydaň. Özara parahatlykda ýaşap, Mukaddes Ruhuň birligini goramaga dyrjaşyň.*

— Efesliler 4:2-3

# BILELIKDE ULY ZATLARY ARZUWLAŇ

*Iki adam bir adamdan ýagşydyr, çünki zähmetleri üçin ýagşy muzd alýarlar. ...Biriniň ýeke kişiden üstün çykmagy ähtimal, ýöne iki kişi oňa garşylyk görkezer. Üç tar ýüp aňsatlyk bilen üzülmez.*

— Wagyz kitaby 4:9, 12

Ýaşamak we nika belentliginden lezzet almak – Hudaýyň her bir erkek we aýal üçin niýetlän maksadydyr. Eger siziň nikaňyzda Onuň Mukaddes Ruhy höküm sürýän bolsa, siz belentlige alyp barýan ýoldasyňyz!

Uludan ýaşamak isleýärsiňizmi? Uludan arzuw etmek üçin wagt tapyň. Şu babyň ahyrynda öz nikaňyzyň görnüşini çekmek üçin zerur zatlaryň ählisi sizde bolar. Häzir bolsa şol aýratyn pursada taýýarlanyň.

Öz ýanýoldaşyňyz bilen bile bolup, arzuw etmegi halaýan ýerleriňiziň birnäçesini aýdyň.

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

*Öz jogaplaryňyz barada maslahatlaşyň. Soňra romantiki duşuşyga gitjek ýeriňiz barada pikir ediň.*

Umumy arzuwlar size ýüregiňizi biri-biriňize açmaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, olar Hudaýyň güýji, danalygy, hoşniýetliligi we ugrukdyrmasy arkaly edip biljek beýik işleriňizi göz öňüňize getirmäge mümkinçilik berýär. "Ymtylyşlaryňyz has netijeli bolar ýaly, jübüt hökmünde bilelikde näme edip bilýäňiz? – diýip, Bill we Pem Farrel soraýarlar. – Erjel boluň....Siz dogrudan-da öz

arzuwyňyza eltýän ýoldadygyňyza bilmek üçin, arzuwyňyzy nädip hasyl etmelidigini düşündirýän maksatlary ýazmaly. Bu maksatlar anyk...hakyky durmuşa laýyk gelýän... we Hudaýyň güýji bilen ýetilýän bolmalydyrlar".

Biz maksatlary meýilleşdirmeklik barada ertir okajak parçamyzda has giňişleýin gürrüň ederis. Şu wagt siziň ýüregiňizde nähili arzuwlar bar? Özara gatnaşyklaryňyz üçin, çagalaryňyzy terbiýelemek we pul ýagdaýynyň durnuklylygy üçin, bilim, wezipe ýokarlanmasy, satyn almaklyk ýa-da jaý gurmaklyk, pensiýa üçin nämeleri isleýändigiňiz barada pikirleniň.

**Meniň öz nikam babatdaky iň uly arzuwlarym:**

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Öz arzuwlaryňyz barada biri-biriňiz bilen gürleşip bolanyňyzdan soň, olary ýazyň.

**Meniň ýanýoldaşymyň nikamyz babatdaky iň uly arzuwlary:**

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Arzuwlaryňyzyň gabat gelýän ýerleri barmy? Olaryň näme umumylygy bar? Olar barada maslahatlaşyň.

**Biziň öz nikamyz babatdaky iň uly arzuwlarymyz:**

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

*Ýatda saklaň: "Siz bilýänsiňiz, Hudaý her bir haýyşymyzdan, oýlanyşymyzdan hem has ýokary zatlary etmegi başarýandyr! (Efesliler 3:20, The Message). Öz arzuwlaryňyzy dilegde Rebbe tabşyryň we olara ýetirjek anyk ädimleri görkezip başlamagyny Ondan soraň.*

## 5-nji gün. Günde okamak üçin

# ÖZ AÝANLYGYŇYZY ÝAZYŇ

*"...Aýanlygy ýaz,... ony düşnükli edip daş böleklerine ýaz..."*.

— Habakuk 2:2, KJV

Indi, bile arzuw edip başlanyňyzdan soň, öz aýanlygyňyzy ýazyň. Aýanlyk – bu öz nikaňyz üçin, Hudaýyň ugrukdyrmasy we merhemeti arkaly özüňiziň we ýanýoldaşyňyzyň bolup biljek adamy üçin realistik arzuwly bolmagy aňladýar.

Awtor, professor we maşgala meseleleri boýunça konsultant **H. Norman Raýt** aýanlyk babatdaky gymmatly nukdaýnazaryny şeýle beýan edýär:

> "**Aýanlyk** – bu häzirki wagtda bolup geçýän zatlar barada ýiti düşünjäniň we geçmişden dogry netijäni çykaryp bilmekligiň bolan ýagdaýynda gelejegi öňden görüp bilmekligi aňladýar. Şeýle-de, aýanlyk – bu görünmeýän zatlary görünýän zatlara öwürmeklik diýip aýtsa-da bolýar. Bu aňyňda boljak zatlary ýa-da olaryň bolmalysynyň suratlarynyň aňda bolmagyny aňladýar. Aýanlyk – bu heniz bolmadyk zatlaryň, şertleriň keşbidir. Bu ünsüňi geçmişde ýa-da häzirki wagtda jemlemän, gelejege gönükdirmekdir. Aýanlyk – bu Hudaýyň güýji we gönükdirmesi bilen iň oňat gelejegi döretmeklikdir".

Üstünlikli nikanyň aýanlyklarynyň absolýut esaslary bardyr. Öz ýanýoldaşyňyz bilen hemişe we her dürli ýagdaýda üýtgewsiz we birkemsiz saklamak isleýän standartlaryňyzyň birnäçesini ýazyň.

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

*Bu sanawda şeýle çözgütler bolup biler: dawa-jenjelden gaça durmak, karzyna pul almazlyk, hemişe bagyşlamak, birek-biregiň mertebesini peseltmezlik we başg.*

H. Norman Raýtyň aýanlyk baradaky kesgitlemesini gaýtadan okaň. Ol size näme barada aýdýar? Siz öz nikaňyz üçin golaý gelejek üçin haýsy maksatlary goýýarsyňyz? Siz öz ýanýoldaşyňyz bilen geljek ýyl haýsy zatlara ýetesiňiz gelýär?

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Siziň öz nikaňyz üçin nähili aralyk aýanlygyňyz bar? Siz indiki bäş-on ýylda nähili maksatlara ýetesiňiz gelýär? Ýatda saklaň, siz anyk we realistik maksatlary goýup, ünsüňizi görýän zadyňyzda jemlemelisiňiz.

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Siziň öz nikaňyz üçin nähili uzakwagtlaýyn aýanlygyňyz bar? Siz indiki ýigrimi-otuz ýylda nähili mäksatlara ýetesiňiz gelýär? Pensiýa çykmaklyk, agtyklaryň dogulmagy, ýygnak hyzmaty, boş wagtyňyzda güýmenjek zatlaryňyz, syýahat ýaly we beýleki zatlary hasaba alyň.

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

*“Meniň meýilleşdirýän zadym bada-bat bolmaz. Haýal bolsa-da, aýanlygyň berjaý boljak wagty kesgitli we hökman geler. Haýal ýaly bolup görünse-de, ruhdan düşmäň, sebäbi hökman berjaý bolar, ýatyrylmaz. Sabyrly bol! Ýekeje gün-de eglenmez!”*

— Habakuk 2:3, TLB

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

*Eger siz şu kitaby "Messenger" hyzmatynyň "Nika baradaky wakanyň" materiallarynyň bir bölegi hökmünde okaýan bolsaňyz, 2-nji wideosapagy görüň.*

1| Öýlenen jübütleriň köpüsi zoraýakdan ýaşaýarlar. Emma Hudaý nikanyň zordan ýaşalmagyny däl-de, onuň pajarlap ösmegini isleýär! Birnäçe minudyň dowamynda biri-biriňiz bilen gürleşiň. Nika babatdaky aýanlygyň är-aýalyň çäklerinden çykmagy näme üçin şeýle ähmiýetlikä?

2| Siziň nikada kynçylyklara duşjakdygyňyz şübhesizdir. Siz öz ýanýoldaşyňyz bilen iki adamyň bütewi bir tene öwrülme işine gatnaşýarsyňyz ahyryn. Ýewreýlere hatda (12:2,3) bize kynçylyklar bilen iş salyşmagyň meýilnamasy berilýär. Şu parçany ünsli okaň. Bizi peçde saplanan altyn ýaly arassa etmek üçin, Hudaýyň nämeleri edýändigini kesgitläň.

*Geliň, gözümizi imanymyzyň gözbaşy we kämilleşdirijisi Isa dikeliň. Onuň muny nädip edendigini bir görüň-ä! Ol Öz ymtylýan maksadyny gözden salmandygy sebäpli, Hudaýdaky ajaýyp pellehanasy sebäpli, ýolundaky ähli zatlara: haçdaky ölüme, masgaraçylyga, islendik zada döz geldi. Şonuň üçin-de, Ol şindi hormat ýerinde – Hudaýyň tagtynyň sagynda oturdy. Imanda gowşaýandygyňyzy duýanyňyzda, günäkärler tarapyndan köp duşmançylyga sezewar edilen Adam baradaky şu wakany gaýta-gaýta okaň. Ol siziň köňlüňize goldaw berer!*

— Ýewreýlere hat 12:2-3, The Message.

3| Tekepbirlik bizi Hudaýyň biz üçin taýýarlan ähli gowulyklaryndan lezzet almaga päsgel berýär. Siz tekepbirligiňize nikaňyz babatdaky aýanlygyňyzy çäklendirmäge nädip ýol berip bildiňiz? Hudaýyň siz üçin niýetlän nikasynda ýaşaryňyz ýaly, siz nähili üýtgeşmeleri girizmeli?

4| Bagtly, sagdyn we belentlige ösýän nikalaryň aýanlygy bolýar. Oňat aýanlygy anyk we realistik meýilnama bilen goldap bolýar. Är-aýal jübütleriň hersi öz ýoluny gurýar, är-de, aýal-da özlerini ony berjaý etmäge bagyş edýärler. Nikada jikme-jikleýin aýanlygyň gerek bolan çäklerini aýdyň. Anyk meýilnamany ýazmak näme üçin wajyp we peýdaly? Öz aýanlygyňyza wagtal-wagtal göz aýlap, oňa düzedişleri girizmek näme üçin wajyp?

**Liderlere:** öz toparyňyza Habakuk 2:2,3-i, Süleýmanyň pähimleri 29:18-i okamaklaryny haýyş ediň.

5| Mattanyň Hoş habarynda (25:23) ýagşy we sadyk hyzmatkär öz hojaýynynyň mülküni oňat dolandyrdy. Nikada oňat ýaşamak kem-köstsüz ýaşamaklygy aňlatmaýar. Nikada kem-köstsüz ýaşamak umydy sizi onda oňat ýaşamakdan nädip saklap bilýär? Biziň standartlarymyza laýyklykda, “oňat” diýmek nämäni aňladýar? Ol biziň gatnaşyklarymyz we ýalňyşlara bolan garaýşymyz babatda nähili bolýar?

## BABYŇ JEMLERI:

- Siziň nikaňyzyň wakasy diňe siz barada däl. Ol siziň öz nika durmuşyňyzyň dowamynda galtaşýan adamlaryňyzyň durmuşyny hem öz içine alyp, gelejekki nesiller üçin miras galdyrýandyr.
- Nika erkek bilen aýalyň kämilleşip, Isa Mesihiň keşbine öwrülip bileri ýaly, ajaýyp şertleri döredýändir. Bu ýagdaý Hudaýy şöhratlandyryp, Ony tanymal edýär.
- Iman – bu heniz hakykata öwrülmedik ajaýyp nikanyň gurluşyk materialydyr. Iman – bu çyzgy ýa-da Hudaý tarapyndan berlen aýanlykdyr; nika şu çyzga – aýanlyga görä bina edilýändir.
- Tabynlyk Hudaýyň biziň üçin taýýarlan ähli gowulyklary üçin gapyny açýandyr. Biz Hudaýyň niýetlän nikasynyň belentligini we giňligini görüp bilerimiz ýaly, tabynlyk arkaly Onuň merhemetini (güýjüni) alýandyrys.
- Nikaňyzyň şindiki ýagdaýyna garamazdan, ol baky bagtly nika öwrülip bilýändir.
- Öz nikaňyz üçin aýanlygy: diri, dem alýan meýilnamany ýazyň. Bu meýilnama wagtyň geçmegi bilen ýaýbaňlanar, ol umytlaryňyzy, arzuwlaryňyzy we gürrüňsiz berjaý edilmeli esaslary öz içine almalydyr.



ÜÇÜNJI BAP

# Palubany arassalamak

*Palubany arassalamak – gämide haýsydyr bir ýagdaýa ýa-da maksada taýýarlanmak we päsgelçilik döretjek zatlaryň, böwetleriň ählisini aýyrmak.*

## 1-nji gün

Bu deňiz adalgasy asyl manysy boýunça gämide berilýän buýrukdy. Bu buýruk söweşe taýýarlanmagyň öňýanynda berilýärdi. Palubany arassalamak barada buýruk berlende, deňizçier gurallary, ýüpleri we beýleki zatlary – umuman gämide erkin hereket etmäge päsgel berýän zatlaryň baryny aýyrmalydygyny bilýärdiler. Biziň günlerimizde bu adalga päsgelçiliksiz hereketlenmä taýýarlanmak babatda ulanylýar.

Geçen bapda biz nika babatda binanyň iş çyzgysynyň adalgalaryny ulanyp gürrüň edipdik. Bu babyň maksady bolsa öňe hereket etmäge we nikanyň belentligine ýetmäge päsgel berýän meselelere garap geçmekdir. Deňizçiler gaý-tupanyň ýa-da söweşiň dowamynda hiç zada büdremez ýaly, palubany arassalanlarynda tanaplary çözýärdiler we artykmaç zatlaryň baryny ýol ugrundan

aýyrýardylar. Sebäbi deňziň parahat wagtynda üstünden ätläp geçip bolýan zatlar söweş ýa-da gaý-tupan wagtynda päsgelçilik döredýärdi.

Biz gelejege tarap ýüzenimizde, ýolda özümizi goldajak ýüki alyp, gark etjek ýa-da labyry geçmişde taşlatjak ýüki gämiden zyňmak baradaky pikiri halaýarys. Juda köp adamlar "palubada büdränlerinde" ýykylmak bilen çäklenmän, eýsem gämiden ýykylyp, deňizde ýitýärler.

Hudaýyň nika üçin niýetleri birkemsizdir. Belläp geçmeli zat: nika – ýanýoldaşlaryň kemçilikleriniň mese-mälim ýüze çykýan ýeridir. Gäminiň öz ugruny bütinleý ýitirerine, ýelkenleriň sal-sal bolaryna, ýüküň ýitenine, gäminiň şikeslenip, tanaplarynyň üzülerine garaşman, biz siziň öz ýoluňyzy ynamly geçmegiňizi isleýäris.

Deňiz obrazlarynyň mowzugyny dowam etdirip, şulary goşasymyz gelýär: özara gatnaşyklaryň esasy meselelerini paýhasly çözmekden ýüz döndersek, düýbi deşilip, deşigine dyky dykylan gämide açyk deňze ugran ýaly bolarys. Bu dyky belli bir wagt gämini suw ýüzünde saklar, emmä basyşyň güýçlenen ýagdaýynda, dyky suwuň zarbyny saklap bilmez.

Biz siziň ýoluňyzy ýitirmegiňizi ýa-da suwda gark bolmagyňyzy islemeýäris. Biz siziň nikaňyzyň her dürli gaý-tapanlara döz geljek gämi bolaryny isleýäris. Siz geçen baby okap, öz nikaňyzyň meýilnamasyny düzeniňizde, uzak ýola ugramazdan öň çözülmeli meseleleriň bardygyna eýýäm üns berensiňiz. Şunlukda, geliň, egoizmde, tekepbirlikde we öýke-kinede kök uran her bir kemçilige garap geçeliň. Geliň, her bir näletden, hereketden mahrum edýän gorkudan azat bolaly, umyt bolsa, goý, biziň labyrymyz bolsun.

## Biziň başlangyjymyz

Biz palubany arassalamagyň näderejede wajypdygyny bilýäris, sebäbi biz öz syýahatymyza ugramazdan öň ony arassalamandyk.

Biz nikalaşmazymyzdan öň özümize berlen maslahatlara gulak gabardyp durmadyk. Biziň maslahatçymyz maşgala agzalalyklaryň we gaý-tupanlaryň hötdesinden nädip gelmelidigini düşündirende, biz: “Dawa-jenjeller? Biz hiç haçan sögüşmeris! Bizi Hudaýyň Özi birikdirdi ahyryn! Bu maslahatlar biz ýalylar üçin däl-de, biri-birini söýmeýänler üçindir. Biz beýle däl. Hudaýyň eli biziň durmuşymyzyň üstündedir” – diýip pikir etdik.

Maşgala durmuşymyzyň birnäçe hepdesinden soň kynçylyklar başlandy. Biziň nähili ýalňyşandygymyza düşünmek üçin wagt-da gerek däldi. Biz durmuş guranymyzda, özümizi kem-köstsüz ýanýoldaşlar diýip hasaplaýardyk, ýöne köp wagt geçmänkä biri-birimiziň kemçiliklerini köpden-köp görüp başladyk. Biz biri-birimizi üýtgetjek bolup dyrjaşýardyk. Netijede, Hudaýyň ýalkan nikasy iki sany güýçli erkli adamyň söweş meýdanyna öwrüldi. Demir demri ýiteltjek bolanda, uçgunlar çar-tarapa syçraýardylar.

Biz öz birikmämiziň aslynda gowşak we dargamaga ýakyndygyny aňmaýardyk. Hawa, biz biri-birimize jan-tenden sadykdyk, ýöne öz-özümize gaty ýokary baha berýärdik. Bu aýratynda sabyr-takatly we geçirimli bolmaly ýagdaýlarda has-da köp bolýardy. Biz boýun almasak-da, her birimiziň örän köp ýetmezçiliklerimiz bardy. Gowy häsiýetlerimiz bolsa geljek kynçylyklara garşy durup biler ýaly berk berkidilmändi.

Biz palubany Hudaýyň arassalamagyna ýol bermän, biri-birimizi özümiz arassalamakçy bolýardyk. Özüni göklerde ýaradylan diýip hasaplaýan är-aýal jübüti lezzetden mahrumdylar. Biz ýygnakda özümizi göreldeli är-aýal kimin alyp barýardyk, öýde welin biziň durmuşymyz WWF Monday Night Raw atly şowhunly gepleşigiň göreş meýdançasyndaky söweşlere meňzeýärdi.

Biz maşgala durmuşymyzyň ilkinji ýylynda “çuňlaşdyrylan söhbetdeşlik” diýen usuly ulanýardyk. Günleriň birinde Jon meni (Lizany) gürrüňi gutarmazdan otagdan çykarasy gelmedi. Şonuň üçin-

de ol maňa geçip oturmagymy sorady. Men bolsa aýdanlaryma soň ökünjek ýakymsyz zatlary oňa aýtmakdan saklanmak üçin, otagdan çykasym geldi. Jon meniň ýerime geçip oturmagymy talap etdi, ýöne men eýýäm turup, gapa tarap ýönelipdim. Onsoň ol gürrüňi tamamlamak üçin, meni güýç bilen ýerimde oturtmakçy boldy. Netijede, men aýagymyň üstünde saklanyp bilmän, ýere oturdym.

Men aýagyma galanymda bolsa, elimde torşer bardy. Meniň ärim gözlerine ynanman, maňa seredýärdi. Ol aňka-taňka bolup, menden: “Sen näme etmekçi bolýaň?” diýip sorady.

Men: “Bilemok” diýip zordan gürledim.

Şu wakanyň gelşiksizligi sebäpli biz özümize gelip, parahat gürleşip bildik, ýöne meseläniň köki şonda-da çözülmän galdy.

Şu wakadan birnäçe gün soň men joram bilen nahar başynda duşuşdym. Onuň durmuşa çykanyna birnäçe ýyl bolupdy, şonuň üçin-de men oňa ýüregimi açyp, ärim bilen bolýan agzalalyklar barada aýdyp bilýändigimi duýdum. Ýöne torşerli wakany jikme-jik gürrrüň bermezden, men wakany uzakdan başladym. Men ondan: “Äriň bilen sögüşeňde, sen, heý-de, birdenkä eliňe bir zat alypmydyň?” diýip soradym.

Ol men bir bolmajak zat barada soraýan ýaly, meniň ýüzüme geň galyp seretdi-de: “Ýok” diýip jogap berdi.

“Menem alyp göremok” diýip çalt jogap berdim.

Men, elbetde, ýalan sözläpdim. Joram bu geň soragym arkaly meniň kömege mätäçdigimi duýan bolmagam ahmal. Ýöne biziň ikimiz-de hemme zat gülalla-güllik kimin hereket edensok, meseläni gozgamaga bognumyz ysmady.

Biz Jon bilen ikimiz özümizi gidere ýerimiz ýok kimin duýýardyk. Kynçylyklar toplanyp, has çylşyrymlaşýardylar, ýöne biz kime ýüz tutjagymyzy bilmeýärdik. Biz ýygnakda öz agzalalyklarymyzy görkezmeýärdik we agyrymyzy gizleýärdik. Biz gatnaşyklarymyzyň

barha çat açýandygyny bilýärdik, ýöne bu babatda näme etmelidigini bilmeýärdik. Umytsyzlykdan we utançdan ýaňa biziň gatnaşyklarymyz gitdigisaýy erbetleşýärdi. Ahyrda öýdaki dartgynlyk soňky nokadyna baryp ýetdi.

Dartgynlyk iň soňky nokadyna ýetip, ýaryldy. Biziň sögüşimiz şeýle bir dartgynlaşdy welin, men (Jon) Lizany urdum. Şu wagta çenli meniň güýç ulanan ýagdaýlarym bolýardy, men ony itekläp bilýärdim, ýöne bu gezek welin men ony ilkinji gezek urşumdy. Men edenlerime akyl ýetirip, öz edenlerimden hopukdym, utanyp, gara ýeriň teýine girmäge taýýardym. Liza maňa gaýtargy berip, wannada gulplandy. Şol gije biziň ikimiz-de haýsydyr bir zady ýitiren ýaly duýgusy bilen ýatmaga gitdik.

Ertesi gün biz adatdakysy ýaly işe jemlenýärdik. Liza gürlemeýärdi we menden mese-mälim daşlaşypdy. Biziň gatnaşyklarymyzdan mukaddeslik we ynam ýitene meňzeýärdi. Biziň ikimiz-de uzakly gün işleýärdik. Iş hepdesiniň ahyryna biziň aramyzdaky aralyk has-da ulalypdy. Liza şol döwürde satuw ulgamynda işleýärdi. Ol özüne degişli etrapçadaky dükanlary barlap, işde bilgeşleýin eglenip başlady, meniň bilen gepleşmekden gaça durýardy. Liza öýe gelenden soň hem meniň bilen gürleşmekden ýa-da naharlanmakdan ýüz dönderýärdi, ol göni ýataylýan otaga geçip, okamaga başlaýardy. Men onuň bilen gürleşip, ýaraşmak üçin dynç alyş günlerine sabyrsyzlyk bilen garaşýardym.

## Meniň kasamym

Men (Liza) ýaşlykda eger ärim maňa el galdyrsa, men ondan aýrylaşaryn diýip öz-özüme kasam edipdim. Men kyn maşgalada önüp-ösdüm. Zorluk ýagdaýyna gaýtadan düşmek pikiri meni örän eýmendirýärdi. Jon meni uranda, şol kasamym derrew hakydama gelip, men tutuş gelejegimi üýtgetjek çözgüt bilen ýüzbe-ýüz galdym.

Men öz nikamy saklap bilerinmi? Men maňa el galdyran adamy söýüp, özümi oňa bagyş edip bilerinmi?

Meniň işdeşlerim meni bir zadyň gaty ünjä goýýandygyny aňýardylar. Ýolbaşçylarymyň biri bolup geçýän ýagdaýlary aňlady. Ol Jondan hiç zat soramazdan, haýal etmän ondan aýrylmagy maslahat berdi. Men Jony öýden çykarmak üçin dynç alyş günlerine garaşýardym. Öz işdeşlerim bilen edýän gürrüňlerimdem daşary men D-r Jeýms Dobsonyň "Söýgi rehimsiz bolmalydyr" diýen kitabyny okaýardym. Bu kitap meni ýagdaýy aýgytly pursada itermäge has-da höweslendirdi.

Şol agşam Jon öýe gelende, girip bilmedi. Men gapyny ildirgije gulplapdym, ony diňe içinden açyp bolýardy. Ol öýe girip bilmedi. Şol döwürde el telefonlary ýokdy. Jon penjiräniň aşagynda durup: "Liza, men bärde. Ýalbarýaryn, meni öýe salsana!" diýip gygyrmaga başlady. Ahyrsoňy men penjiräni açyp, onuň bärdedigini bilýändigimi we onuň ýatmak üçin başga ýer gözlemegini isleýändigimi aýtdym. Jon öz gulaklaryna ynanmady. Birnäçe wagtdan ol öýe girip bilmejekdigine göz ýetirdi. Ol dostunyň öýünde galyp, agyz beklemek we Hudaýa dileg etmek kararyna geldi.

Ýeke galanymdan soň, menem Hudaý bilen çynlakaý gürleşmegi karar etdim. Men öz dilegimi şeýleräk başladym: "Bolýar, Hudaý, Seniň üçin birnäçe pikirlerim bar. Häzir, uzaklykda, Jon özüni men babatda näderejede erbet alyp barandygy barada aýanlyk almaly. Belki Sen oňa nähili erbet oguldygyny görkezip, ony ýyldyrym çakmasy bilen gorkuzarsyň. Ýöne ony öldürme, sebäbi mende ýeterlik ömür ätiýaçlandyryşy ýok ahyryn".

Ýöne men Jon barada näçe dileg etsem-de, Hudaý maňa diňe meniň özümi görkezýärdi. Hudaýy Jon baradaky gürrüň gyzyklandyrmaýardy. Ol meniň ýürek ýagdaýymy derňäsi gelýärdi. Ol maňa şeýle diýdi: "Liza, seniň nikaňa adatdan daşary güýjüň goşulmagy gerek. Eger sen muny isleýän bolsaň, adatdan daşary

hereket etmeli bolarsyň. Bu bolsa Jon bagyşlanylma mynasyp bolmasa-da, ony bagyşlamalydygyňy aňladýar".

Hudaý: "Liza, sen onuň bilen haklaşmak isleýärsiň" diýip sözüni dowam etdi.

## Haklaşmak

Jon bilen döreýän sögüşlerimizde biz diňe haýsydyr bir zat üçin göreşmeýärdik. Biz bizi-birimizi kemsitmek ýa-da abraýyny peseltmek üçin, nikamyzyň birnäçe aýynyň dowamynda toplanan ok-ýaraglary ulanýardyk. Ýalňyşlaryň, ýazgarmalaryň we agyry-ynjynyň gitdigisaýy artýan sanawy biziň agzalalyklarymyzyň esasy bolup durýardy. Hatda sähelçe dawalar hem söweşlere öwrülip, akyla sygmajak möçberlere baryp ýetipdi.

Men şol uzaga çeken sögüşlerde iň uly jenaýatçym. Men Jony ozalky edenleri üçin bagyşlamak islemeýärdim. Öz gatnaşyklarymyzda saklaýan agyry-ynjym zerarly men Jony bagyşlamak islemeýärdim. Eger ony bagyşlaýsam, emosional we fiziki ýagdaýym howp astyna düşer öýdýärdim. Emma Hudaý maňa Jonuň kämillikden uzakdadygyna garamazdan, meniň ony bagyşlamagyma mynasypdygyny aýtdy.

Men ýene-de Hudaýyň ünsüni Jona gönükdirmäge synanyşdym, ýöne bu niýetim başa barmady. Men Hudaýa ýalbaryp, Oňa şeýle diýýärdim: "Näme üçin hemişe diňe men özgermeli? Sen Jona hem şeýle diýýänsiň diýip umyt edýärin. Sebäbi, Sen diýmeseň, ol özgermegiň pikirini-de etmez".

Emma Hudaý meniň ýüregimiň nädogrulygyny aýan etmegini dowam etdi. Soňra tekepbirlik bilen egoizm özleriniň ýigrenji başlaryny galdyrdylar. Men adamlar meni dynç güni ýygnakda Jon bilen el tutuşyp oturanymy görmeseler, näme diýjekleri barada pikir edýändigime göz ýetirdim. Men Jona öýe gelip, eşiklerini

çalşyrmaga we sypaýyçylygy saklamak üçin oňa özüm bilen ýygnaga gitmäge rugsat ederin diýen karara geldim. Meni ne Jon, ne-de biziň gatnaşyklarymyz gyzyklandyrýardy. Meni diňe adamlaryň biz barada etjek pikirleri gyzyklandyrýardy. Meniň Hudaýyň merhemetine şeýle intizar bolan wagtymda tekepbirlik meni merhemet arkaly özgermekden saklaýardy.

Ahyrsoňy men razy bolup, Hudaýa öz ýüregimden ýer berdim. Goý, Jon erbet ýalňyş goýberen bolsun diýeli, ýöne özümiň-de ýalňyş hereket edendigimi boýun almagy karar etdim. Men Hudaýa tabyn bolan badyma, Onuň merhemeti meni doldurdy. Tabynlyk hemişe merhemetiň gapysyny açýandyr.

> "Hudaý tekepbirlere garşydyr, emma pespäl adamlara merhemet edýändir" (1 Pet. 5:5).

Men Jony özgerdip bilmejikdigime göz ýetirdim. Muny diňe Hudaý başaryp bilýärdi. Ýöne men Hudaýa özümi özgertmäge rugsat berip bilýärdim.

Şol dynç güni Jon öýe bütinleý başga adam bolup geldi. Nikamyzyň ilkinji ýyllarynda Hudaýyň Jon bilen gürleşen şol döwründen bäri otuz ýyl ýaly wagt geçse-de, ol maňa gaýdyp el galdyrmady. Biz gatnaşyklarymyzy doly dikeldip, ýaraşmak üçin tabynlykda umyt bilen Hudaýa we biri-birimize tarap öwrülen badymyza, biziň nikamyz özgerdi.

## Wakanyň ahlaky netijesi

Biz şol döwrüň ýaralary bir gijäniň dowamynda bitdi diýesimiz gelýärdi, ýöne bu beýle däldi. Biz tä Hudaýy sylap, bile ýaşamagy öwrenýänçäk, nikamyzyň indiki iki ýyly emosional taýdan durnuksyz bolup, göreşden doly boldy. Biz Lizanyň ýolbaşçysynyň birwagtlar beren "maslahatyny" gaýta-gaýta eşidýärdik.

Biz heniz kämilleşmändik we biri-birimize hüjüm edýärdik, ýöne Hudaý biziň her birimiziň durmuşymyzda hereket edýärdi. Nikamyzyň dördünji ýylynda biz halys ysgyndan düşüpdik. Biz öz ýalňyşlarymyzyň netijesiniň arasynda ýaşaýarys diýsek-de boljakdy. Biziň gatnaşyklarymyzdaky şowsuzlyklaryň hatda fiziki subutnamalary (mysal üçin döwlen sowadyjy ýa-da aýna) hem bardy. Ýöne Hudaý bizden umydyny üzmeýärdi. Ol biziň ýalňyşlarymyzy düzedip, olary palubany arassalamagyň mümkinçiligine öwrüp goýberýärdi. Duşmanyň biziň nikamyzy ýok etmek üçin ulanýan zatlaryny Hudaý gelejegiň binýady üçin peýdaly boljak zatlara öwrüp goýberýärdi.

Biz dawa-jenjellerimiziň bolandygyny hemişe aýdýardyk, ýöne olar barada heniz doly gürrüň bermändik. Şindi hem biz olar barada öz hereketlerimizi aklamak üçin däl-de, size ýagdaýy üýtgedip bolýandygyny görkezmek üçin aýdýarys. Şunuň bilen birlikde-de, biz her bir zorlugyň şowly tamamlanmaýandygyny bilýäris. Biz erkekdir aýallary zorlugyň bolan ýerinde özlerini we çagalaryny howp astynda goýmaga çagyrmaýarys. Eger siz şeýle ýagdaýa düşen bolsaňyz, howpsuz ýeri gözläň. Utanyp oturmaň. Özüňiz barada alada ediň, gerekli kömegi alyň. Biz biraz wagtdan bu barada has giňişleýin gürrüň ederis.

Şol birahat ýyllarynyň dowamynda biziň nikamyz umytsyz ýagdaýdady diýse-de boljakdy. Ýöne häzir, otuz ýyl geçenden soň, biz bilelikdäki durmuşymyzdan öňde-soňda almadyk lezzetimizi alýarys. Biziň ajaýyp maşgalamyz bar, ol Hudaýyň ajaýyp zatlary döredýän güýjüniň subutnamasydyr. Elbetde, biziň başga-da kynçylyklarymyz bolupdy. Ýöne bir zady welin anyk bilýäris: biz söýgini saýlap aldyk, Hudaý hem bizi hemme kynçylyklardan alyp çykdy.

Biz siziň gatnaşyklaryňyzyň häzir nähili ýagdaýdadygyny bilmeýäris, ýöne umydyň bardygy barada sizi berk ynandyrasymyz

gelýär! Öz ýüregiňizi Hudaýa tarap öwrüň we Oňa siziň bilen işlemäge ygtyýar ediň. Siz biri-biriňizi özgerdip bilmeýärsiňiz, Ol welin muny başarýar. Bu işi Oňa tabşyryň. Eger siz ýol berseňiz, Ol sizi ajaýyp tärde özgerdip başlar.

## Zorluk barada söz

Biz munuň aýdyň bolmagyny isleýäris. Eý, är, sen öz aýalyň babatda hiç haçan güýç ulanmaly dälsiň. Mukaddes Ýazgylar oňa näzik bir küýze kimin garamalydygy barada aýdýar (ser. 1 Pet. 3:7). Aýalyňyzyň emosioanal, hatda fiziki hüjümlerine hem gaýtawul bermäň. Eger gerek bolsa, bir gyra çekiliň. Hatda ol fiziki hüjüm edäýende-de, oňa güýç bilen gaýtawul bermäň, bu onuň ynamynyň ýitmegine sebäp bolup biler. Onsoň ol özüni siziň eliňizde howpsuz duýup bilmez. Eger siz aýalyňyzy uran bolsaňyz, derrew Hudaýyň öňünde toba ediň we ondan ötünç soraň.

Eý, aýal, äriňiň tebigy islegi – seni goramak. Hudaý erkeleri hut şu sebäpden güýçli edip ýaratdy. Siz gaharyňyz gelip, äriňizie hüjüm edeniňizde, ten şikeşleriniň ýetmedik ýagdaýynda muny göwne degerlik däl hasap edýän bolmagyňyz ahmal. Emma bu beýle däl, siziň hüjümleriňiz ony ýumurýandyr. Dogrumy ýa dogry däl, ýöne kimdir biri erkekleri urşa öjükdirende, olar şobada dyzap, gaýtawul berýärler. Şonuň üçin-de, geliň, olary öjükdirmäli, biri-birimizdäki erbet zatlary oýarman, tersine, ýagtylyga diňe oňat zatlary çykaraly. Eger siz haçanam bolsa öz äriňiz babatda şeýle eden bolsaňyz, derrew toba ediň we gaýdyp şeýle hereketleri etmäň.

Belki, siziň önüp-ösen maşgalaňyzda dawa-jenjelleriň adaty bolan bolmagy mümkin. Belki, siziň maşgalaňyzda hemmeler biri-birine sögünip, göwne degýän sözleri aýdan bolmaklary, ruhy we ten ýaralaryny salan bolmaklary ahmal. Biz siziň şuny bilmegiňizi isleýäris: şeýle hereketler dawa-jenjelleri çözmegiň dogry usuly

däldir. Durmuşda we maşgalada döreýän kynçylyklary çözmek üçin zerur bolan dogry usullaryň ählisini mesihi maslahatlary berip bilýär. Mesihi ýygnaklarynyň köpüsi şeýle ýagdaýlary kiçi toparlarda öwrenýärler. Zerur bolan ýagdaýynda hünärmeniň maslahatyny ýa-da ruhy kömegi soramaga utanmaň.

Bu ärlere-de, aýallara-da degişlidir: eger siziň ýanýoldaşyňyz siziň ýanyňyzda özüni howpsuzlykda duýmaýan bolsa, ondan biraz wagtlyk aýrylyň-da, onuň ynamyny gaýtarjak boluň. Onuň özüni howp astynda duýýan ýerlerinde ony gürrüňdeşlige mejbur etmäň. Şeýle etseňiz, siz ýagdaýy öňküsinden-de erbetleşdirip, soňra ökünjek hereketleriňizi edäýmegiňiz ahmal.

## 2-nji gün

## Öýke-kine

*Bagyşlamak – tussag edilen adamy azatlyga çykaryp, bu tussagyň özüň ekendigiňi ýüze çykarmakdyr.*

— Lýuis B. Smids

Öz palubaňyzdan ilki bilen aýrylmaly zatlaryň biri-de öýke-kinedir. Öýke-kine örän zäherli bolany üçin, biz şu babyň aglaba bölegini şol baradaky gürrüňe bagyş ederis.

Öz göwnümize degen adamy bagyşlamakdan ýüz öwrenimizde, biz öz-özümizi azatlykdan mahrum edýäris we joşgunly duýgulary böwetleýäris. Olaryň ornuny ar almak isleginden döreýän ahlaksyz lezzet eýeleýär. Bu isleg soňsuz ýola öwrülip, adamy örän betbagt edýändir. Bagyşlamaklyk bolsa öýkeledene-de, öýkeläne-de azatlyk berýändir.

Köp adamlar öýkeleden adamy diňe onuň hem şeýle jebir çeken ýagdaýynda bagyşlamaly diýip hasap edýärler. Siz haçan hem bolsa: “Eger ol özgerse, men ony bagyşlaryn” diýipmidiňiz? Ýöne Hudaýyň Şalygynda bagyşlamaklyk hökmany bolup durýandyr. Bu

ýeke-täk ýaşaýyş ýörelgesidir. Biz näçe köp bagyşlasak, Gökdäki Atamyza şonça-da köp meňzeýäris. Eger biz Onuň belentliginiň wekilleri bolmak isleýän bolsak, onda bagyşlamaklygyň güýjüni kabul etmelidiris.

Resul Pawlus bize şeýle wesýet edipdi:

> “Biri-biriňize sabyrlylyk bilen çydaň. Araňyzda öýke-kine bar bolsa, biri-biriňizi bagyşlaň. Rebbiň sizi bagyşlaýşy ýaly, siz hem bagyşlaň” (Kol. 3:13).

Bu sözleri kabul etmek köplenç kyn bolýar. Ýöne bu teklip däl-de, buýrukdyr. Hudaý göwnümize degen adamlary bagyşlamagy buýurýar, bu hemme ýagdaýlara we adamlara degişlidir. Gürrüň gutardy, nokat!

Biz köplenç özümizi aklap, öz ýalňyş hereketlerimizi delillendirýäris, başga adamlaram biz babatda şeýle ederler diýip tama edýäris. Özümiz welin başga adamlaryň, aýratyn-da ýanýoldaşymyzyň günäsini kynlyk bilen bagyşlaýarys. Bagyşlamagy başarmaýan adam özüniň bagyşlanylandygyny unudýar. Biziň köpimiz özümizi dogruçyl hasaplap, bakylygy dowzahda geçirmäge duçar edilendik. Hudaýyň öňündäki günämiz örän uludyr. Ol munuň netijesini aýyrmak üçin, Özüniň ýeke-täk Ogluny gurban etmeli boldy. Isa Mesih haçda, ýagny jebir-jepalarynyň içinde bize Öz bagyşlanmasyny berdi. Ol bizi heniz Onuň bagyşlanmasyna mynasyp bolmankak bagyşlady. Biz hem başgalar babatda şeýle etmelidiris.

Sizi ýanýoldaşyňyzyň kämil däldigi babatda ynandyrmagymyzyň geregi ýokdur. Kämil adam ýokdur! Ýöne ýalňyşlar bize Hudaýyň merhemetini ýaýratmaga mümkinçilik berýär. Biziň bagyşlamaga bolan islegimiz Isa Mesihiň bizde mesgen tutandygynyň iň uly subutnamalarynyň biridir.

## Ynjadylanlary azat etmek

Biz ýaňy-ýakynda öýlenen döwrümizde men (Liza) hem başgalar ýaly ýalňyşyp: “Men seni özgereniňden soň bagyşlaryn” diýýärdim. Jon tä özgerýänçä, meniň öýke-kinelerimiň sanawy köpelmelidi. Men ony bagyşlamasam, onuň has çalt özgeresi geler öýdýärdim. Emma Jon diňe ýazgyrylmagy, umytsyzlygy we özüne bolan ynamsyzlygy duýýardy.

Ähli zat Hudaý Özüniň nädip bagyşlap bilýändigini görkezenden soň üýtgedi. Onuň bagyşlamasy düzedilen ýalňyşlar üçin berlen sylag däl. Ol ynam bildirilmäniň karary. Hudaý meniň bagyşlanma babatdaky düşünjämi täzeländen soň, dilimiň sözlerini Öz ýüreginiň: “Men seniň özgermek isleýändigiňe ynanýaryn, şonuň üçin-de Men seni bagyşlaýaryn” diýen sözleri bilen çalyşdy.

Şol döwürde men Jony bagyşlamagyň näderejede wajypdygyna düşünmeýärdim. Men soňra öýke-kinämiň onuň özgermegine böwet bolýandygyna düşünip galdym, sebäbi Isa Mesih şeýle diýipdi:

> “Siz kimiň günäsini bagyşlasaňyz, şol bagyşlanar, kimiň günäsini bagyşlamasaňyz, şol bagyşlanmaz” (Ýhn. 20:23).

Bu aýada asyrlarboýy ýalňyş düşünilip, ony gorkuzmagyň we ezýet bermäniň guraly hökmünde ulandylar. Isa Mesih bolsa munuň beýle bolmagyny düýbünden islemeýärdi. Onuň hyzmatynyň işlerini öwrenmek bilen, biz Onuň bu sözleriniň maksadyna we manysyna düşünýäris. Isa Mesih bagyşlanmanyň güýjüne hemmeden çuň düşünýär, sebäbi Ol şol arkaly ýaraşdyryp bolmajaklary ýaraşdyrdy.

Resul Pawlusyň Korintoslylara 2-nji hatynda aýdyşy ýaly (5:17-20), biziň hemmämize ýaraşdyrma hyzmaty tabşyryldy, Hudaý ol arkaly dünýäni Özi bilen ýaraşdyrdy. Biziň wezipämiz Isa Mesih arkaly berlen bagyşlanmany ykrar edip, ony ýaýratmakdyr. Biz özümiz üçin öýke-kinäni saklamagy saýlanymyzda, Hudaýyň umydyny

ykrar etmegi bes edýäris we doganlarymyzy günäkärleýänler bilen bir hatara durýarys. Biz Hudaýyň täze başlangyç bermek isleýän adamlaryny günäkärleýäris. G.L.Borhert Isa Mesihiň sözlerine beren teswirlemesinde şeýle diýýär: “Adamlary azat etmekde bagyşlamanyň aýgytly roluny ykrar etmek gerekdir. Bagyşlama olaryň öňki günälerini ýuwup aýyrýar, müýnürgeme duýgularyndan azat edýär we olaryň ünsüni direlen Isa Mesihiň Mukaddes Ruhuň ýolbaşçylygy arkaly berýän durmuş şatlygyna gönükdirýär”.

Bagyşlamaklyk – Hudaýyň halaýan hereketi. Ýagşy häsiýetleriň biri-de şeýle ullakan pidany talap etmeýär. Ar almaga derek öz gowşaklygyňy saýlap almaklyk aň-düşünjeli hereketdir. Biz özümizi pida edenimizde, Hudaýyň gujagyna düşýäris. Biz bagyşlamagy karar edenimizde, öz duýgularymyza sežde etmekden ýüz dönderip, özümizi Hudaýyň hakykatyna tabyn edýäris. Biz öz ýanýoldaşlarymyzy bagyşlanymyzda, olara Hudaýyň merhemeti arkaly özgermäge bolan çagyryşa düşünip, ony kabul etmäge mümkinçilik döredýäris.

Biz Hudaýyň huzurynda toba edenimizde, Ol bize: “Men Hudaý, Men seniň iki hepdeden ýene-de şuny gaýtalajagyňy bilýärin” diýmeýär. Ol: “Men seni bagyşlaýaryn” diýýär we özgermäge gujur-gaýrat berýär. Ol biziň gelejegimiz barada erbet gürlemeýär. Ol umydy ykrar edýär we her bir söweşde ýeňjekdigimiz barada söz berýär. Geliň, biz hem biri-birimiz babatda şeýle edeli.

## Öz ruhuňy açmak

Öýke-kine bize öz ruhumyzy ýapmaga mejbur edýär. Täze ýaralardan gaça durmak üçin, biz ýüregimiziň daşyna diwar galdyrýarys. Biz bu diwarlar özümizi gorar öýdýäris, aslynda welin olar Isa Mesihiň söýgüsini kabul etmäge we paýlaşmaga bolan ukybymyza päsgelçilik döredýärler. Onuň söýgüsi bolmasa,

biziň durmuşymyzyň maksady we güýji bolmaz. Öz-özüňi gorap saklamaklyk biziň maksadymyza öwrüler, egoizm bolsa hereketlerimize hökümini ýöreder. Ýüreklerimiz kem-kemden daşa öwrülip, durmuşymyz adamlara bolan biperwaýlykdan doly bolar. Bu bolsa Hudaýyň Hoş habaryna bütinleý gabat gelmeýär.

Jelile deňzi we Öli deňiz diýen atlary, belki, eşidensiňiz. Bular Ysraýylda iň uly we iň belli tebigy suw howdanlarydyr. Suw akymy Jelile deňzine demirgazykdan guýlup, onuň günorta taryndan akyp çykýar. Şu durnukly suw akymy arkaly Jelile deňzinde ýaşaýyş bar, onuň çuňluklarynda dürli suw jandarlary ýaşaýar. Deňiz kabul edýän zatlarynyň baryny berýär. Öli deňizden bolsa suw hiç ýere akyp çykmaýar. Şonuň üçin-de, onuň duzly ekoulgamynda maýdaja bakteriýalar bilen kömeleklerden başga janly organizmler ýokdur. Onuň Öli deňiz diýen ady hem şondan döröndir.

Biz öýke-kine saklanymyzda, Öli deňiz ýaly bolýarys. Biziň ýapyk ruhumyz zerarly nikamyz hiç bir gowy işiň amala aşyp bilmejek (pajarlamak barada aýdyp-da oturmaly) gurşawyna öwrülýär. Bagyşlanma arkaly bolsa öz ýüreklerimizi açyp, Hudaýyň güýjüniň bize we biz arkaly akmagyna ýol berýäris.

Bagyşlamagy we ony kabul etmegi ret ermeklik biziň ruhumyzy zäherleýär. Biz garaşsyz däl, diňe Hudaý garaşsyzdyr. Biziň durmuşa bolan ukybymyz töweregimizdäki adamlar bilen sazlaşykly alyş-çalşyga mätäçdir; biz erkin kabul edip, erkin-de bermelidiris.

## Bagyşlamanyň çäkleri

Siz: "Men öz ýanýoldaşymy elmydama bagyşlap gezmeli. Ýöne meniň bagyşlaýyş takadym tükeniksiz däl. Hemme zadyň öz çeni-çaky bolmaly" diýip pikir edýän bolmagyňyz ahmal. Şägirtler-de şeýle pikir edýärdiler:

> “Soňra Petrus Isanyň ýanyna gelip, Ondan: ‘Agam, doganym maňa garşy günä etse, ony näçe gezek bagyşlaýyn? Ýedi gezekmi?’ diýip sorady. Isa oňa: ‘Men saňa ýedi gezek däl, ýetmiş gezek ýedi diýýärin’ diýip jogap berdi” (Matta 18:21-22).

Petrus Isa Mesihe şeýle sorag bilen ýüzlenende, geçirimliligiň iň ýokary derejesini görkezmek isläpdi. Ol Kanunyň astynda önüp-ösüpdi. Kanun şeýle diýýärdi: “Günäkär adama rehim etmäň. Jan ornuna jan, göz ornuna göz, diş ornuna diş, aýak ornuna aýak almak bilen oňa jeza beriň” (Kan.tag.19:21). Şonuň üçin-de Petrus ýedi gezek bagyşlamagy teklip edende, Isa Mesih oňa: “Hawa, Petrus, sen hemmesine dogry düşündiň!” diýer diýip tama edýärdi.

Petrusyň agzaýan ýedi sanyny biz Täze Ähtiň başga ýerlerinde hem duş gelýäris. (Ol günde ýedi gezek bagyşlamagy teklip edipdi, ser. Luka 17:3,4) Şonuň üçin-de, Isa Mesih “ýetmiş gezek ýedi” diýip jogap berende, diňe bagyşlamaklagyň çäklerini giňeltmäge däl, eýsem öýke-kinäniň döwrüni hem gysgaltmaga çagyrypdy. Ol Petrusa çäksiz gezek bagyşlamalydygyny aýdýar.

Isa Mesihiň agzaýan derejesinde günä etmek üçin günde 490 gezek adamyň göwnüne degmeli! Şeýle ýygylykda günä etmek üçin, siziň ýanýoldaşyňyz her 3 minutdan (gijesine hem) siziň göwnüňize degmeli. Bu örän köp günä, ynsanyň edip başararyndan has köpdür. Ýöne ýanýoldaşyňyz bir gije-gündiziň dowamynda size garşy 490 gezek günä edip biläýse-de, siz ony 490-njy gezekden soň bagyşlamaly däl diýlen zat ýok.

Mukaddes Ýazgylarda ýedi san dolulygy, aýratyn hem asman bilen ýeriň arasyndaky dolulugy aňladýar. Isa Mesih 490 sany – ýetmiş köpeldilen ýedini Gökdäki Atamyzyň göreldesine eýerip, doly bagyşlamalydygymyzy görkezmek üçin aýdýar. Günäleriň şeýle sahylyk bilen bagyşlanylmagy biziň Isa Mesih arkaly Hudaý bilen

ýaraşmagymyzyň netijesinde mümkin boldy. Isa Mesihde Ata bilen çagalarynyň arasyndaky özara ugtaşyklyk bardyr. Bize bagyşlama ygtyýary berlendir, sebäbi biz täze ýürekli täze ýaradylyşdyrys. Biziň ýüregimizde Onuň peşgeş beren bagyşlamasy bar. Ruhy taýdan sagdyn bolmagymyz üçin, biz hem töweregimizdäki adamlara bagyşlamany peşgeş bermelidiris.

Biz Isa Mesihiň tükeniksiz gezek bagyşlamagymyzy isleýändigini bilýäris. Ol Petrus bilen gürleşenden soň patyşa barada bir tymsal aýdyp berdi. Bu tymsalda patyşa öz hyzmatkärini bagyşlaýar, hyzmatkäri bolsa öz gezeginde bergidaryny bagyşlamaýar. Isa Mesih bu tymsaly aýdyp berenden soň, şeýle diýdi:

> “Hojaýyny gazaba münüp, bergisini berýänçä, ony gynaýanlaryň eline tabşyrýar. Eger her biriňiz öz doganyny ýürekden bagyşlamasa, gökdäki Atam-da size şeýle eder (Matta 18:34-35).

Eger biz bagyşlamasak, bizi hem bagyşlamazlar. Bu kadadan çykma ýokdur. Biziň bagyşlamamyz Hudaý üçin şeýle wajypmyka? Hawa, örän wajypdyr, sebäbi biz bagyşlanymyzda, Onuň tebigatyny ýüze çykaryp, Oňa meňzäp başlaýarys. Biz özümize, ýagny ynsanlara mahsus bolan bozuk tebigatymyzyň çäklerini böwsüp, Atamyzyň tebigatyna dönýäris. Biz Hudaýyň bagyşlamasy arkaly dikeldildik we öz bagyşlaýan adamlarymyza Onuň dikeldişini geçirmäge çagyryş, hatda buýruk alandyrys. Eger ýanýoldaşyňyz ýygy-ýygydan günäsiniň geçilmesini soraýan bolsa, onda Hudaý sizi ýalkap, Özüniň şypa beriji güýjüni siz arkaly geçirer.

*Öýke-kine barada has giňişleýin okamak üçin, Jonuň* “Şeýtanyň albaýy” *atly kitabyny okaň.*

## 3-nji gün

### Söweş: Jonuň wakasy

Biziň nikamyzda biri-birimizden öýkeläp gezen bir döwrümiz boldy. Ol takmynan bir ýarym ýyl dowam etdi. Şol bir dawalar gaýta-gaýta döreýärdi. Biz hatda çagalarymyzyň ýanynda hem biri-birimize içýakgyç sözleri aýdýardyk. Uly çagalarymyz bolup geçýän zatlara düşünýärdiler we günleriň birinde:"Siz naharyň başynda bir şeýle gürlemän oturyp bilýäňizmi?" diýip soradylar. Agyry we biri-birimizden uzaklaşmagymyz öýdäki dartgynlygyň gözbaşydy, olar biziň nikamyzy we maşgalamyzy dargadýardylar.

Günleriň birinde biz hemişeki äheňimizde sögüşenimizden soň, men (Jon) öýden atylyp çykdym. Men Liza gaty gaharlanýardym we derrew Hudaýa arz-şikaýat etmäge gitdim. Men Onuň huzurynda aglap, Lizanyň ýetmezçilikleri we köre-körlügi barada aýtdym. Meniň göwnüme Hudaý maňa özümi goldamaýan we ýerliksiz ýere tankytlaýan aýaly beren ýalydy. "Men onuň bilen mundan beýläk nädip ýaşaýyn" diýip pikir edýärdim.

Men Hudaýyň maňa jogap berşini hiç haçan unutmaryn. Mukaddes Ruh maňa ýüreginiň awaýandygy barada ýekeje söz-de aýtmady, meniň lapykeçlik ýagdaýyma duýgudaşlyk-da bildirmedi. Ol pyşyrdap: "Oglum, Lizanyň haýsy häsiýetlerini halaýandygyň barada oýlan-da, şolar üçin Maňa şükür et".

Men biraz wagt oýlananymdan soň: "Ol gowy eje" diýip zordan dillendim. Men şu sözleri aýdan badyma köňlümiň jümmüşinde ýaşaýşyň joş urup başlanyny duýdum. Hudaý ýene-de bir zady ýatlamagy sorady. "Eý, Hudaý, Lizanyň nahary tagamly bişirýändigi üçin Saňa minnetdar" diýdim. "Onuň owadanlygy üçin Saňa minnetdar". Sözler akyma öwrülip, men bäşataryň tizligi bilen Lizanyň oňat häsiýetlerini sanap başladym.

Men indi oňa gaharlanamokdym, men özüme gaharlanýardym! Men öz-özüme şeýle diýdim: "Sen barypýatan akmak! Seniň ajaýyp

aýalyň bar, sen bolsa oňa bir deýýus kimin daraşýaň. Ol meniň seçip-saýlanym, çagalarymyň ejesi, Hudaý tarapyndan berlen ýalkanyş. Men bolsa oňa öz çagyryşymy berjaý etmäge böwet bolýan adam kimin garapdyryn".

Men öýden atylyp çykanymda, biri-birimizi göresimiz gelenokdy. Indi bolsa ýanyna baryp, onuň üçin nähili minnetdardygymy aýdasym gelýärdi. Men öýe tarap okduryldym. Men içimden: "Belki, Liza meni mähirli garşylamaz, ýöne men şonda-da oňa Hudaýa onuň üçin örän minnetdardygymy aýtmaly" diýip pikir edýärdim.

Men öýümize girip, Lizanyň ýanyna bardym-da: "Liza, meni bagyşla! Men barypýatan akmak. Ýalbarýaryn, meni bagyşla. Sen ajaýyp eje we üýtgeşik aýal, sen ýüregimiň küýsegi" diýip aýtdym. Men oňa Hudaýyň özüme ýatladanlary barada aýtdym, soňra ony täsin häsiýetleri we ruhy peşgeşleri üçin taryplamaga başladym. Sözler ýüregimdem derýa kimin akyp başlady.

Men gürläp durkam, Liza ýumşap, aglamaga başlady. Men öýde ýokkam, onuň Hudaýa: "Eý, Hudaý, eger Sen Jony gaýtaryp getirseň, ol hem ötünç sorasa, men oňa ýüregimi gaýtadan açaryn" diýip dileg edendigini bilmeýärdim.

## Söweş: Lizanyň wakasy

Şol bir ýarym ýylyň dowamynda hemme zat örän erbetleşdi, men hatda nika ýüzügini dakynmagy bes etdim. Men Jona biziň öýlenendigimizi, ýöne bu näme aňlatsa-da, adaglanmandygymyzy aýtdym. Men özümiň Jony söýmeýändigime ynanyp başladym. Ony bagyşlamagy ret etmek bilen, ondan barha sowaşýardym, biziň gatnaşyklarymyz çykgynsyz ýagdaýdady.

Şol döwürde Jon saparlara köp gidýärdi. Men onuň öýde bolanyndan, bolmanyny gowy görýärdim. Meniň göwnüme durmuş onsuz has aňsat ýaly görünýärdi. Men Jon öýde bolanda,

dyngysyz sögüşleri we dartgynlylygy bilen meni däliredýär diýip hasaplaýardym.

Men umytdan düşüp, Hudaýa ýalbarmaga başladym: "Eý, Hudaý, biz çykgynsyz ýagdaýda, Jon özüni erbet alyp barýar we hiç özgerenok. Eý, Atam, onuň bolşunyň Saňa ýaramaýandygyny bilýärin".

Şeýle ýagdaý dowam edýärdi, men her gün Atama arz edýärdim. Men köşeşenimde bolsa, Onuň maňa:"Liza, saňa Meniň ýeterlikdigimi aýt" diýýärdi.

Soňra men: "Onda Jon babatda nähili?" diýip soraýanymy duýýardym. Men Onuň ýene-de: "Liza, saňa Meniň ýeterlikdigimi aýt" diýip jogap berýändigini eşidýärdim. "Maňa Sen ýeterlik!"

Bu sözler meniň içimde aýdym ýaly ýaňlanýardy. Her gezek dawa-jenjel ýa-da sustupeslik başlananda, men:"Isa Mesih, maňa Sen ýeterlik" diýip dileg edýärdim. Wagtyň geçmegi bilen bu aýanlyk ýüregimde mäkäm ornaşyp, dileglerim özgerdi. "Isa, maňa Sen ýeterlik" diýip başlaýan ysgynsyz tobam Hudaý babatdaky doly kanagatlanma öwrülýärdi: "Eý, Isa, Sen maňa artygy bilen ýeterlik".

Birnäçe wagtdan Hudaý ikimiziň-de ýüreginde Öz işini amal etdi. Jon sapardan gaýdyp geldi, menem ony şatlyk bilen howa menzilinde garşy aldym (şol döwürde men muny başgalara tabşyrýardym). Men ony görýänime begenýärdim, biraz soňra bolsa onuň maňa owadan sowgat getirenini gördüm.

Şol pursat biziň nikamyzyň täze tapgyryny başlady. Gyzykly zatlaryň biri: şu özgerişlikler başlamanka, Hudaý biziň ýüreklerimizi minnetdarlyk arkaly açdy.

Eger biz nikada Isa Mesihiň göreldesine eýermegi karar etsek we Onuň bizi bagyşlaýşy ýaly başgalary bagyşlasak (hatda olaryň bize uly ýamanlyk eden ýagdaýlarynda-da), biz öz nikamyzyň berkeýändigini, hatda pajarlaýandygyny göreris. Biz biri-birimizden ötünç soranymyzda we bagyşlanymyzda, hereketlerimiz arkaly

çagalarymyza görelde bolanymyzy-da bilmän galdyk. Çagalarymyz biziň kämil bolmadyk dünýäniň bikemal ýaşaýjylarydygymyza, ýöne ýüreklerimizde mesgen tutan Hudaýyň kämil bagyşlamasynyň köp günäleriň üstüni örtýändigini düşündiler. Biziň nikamyzy dargatmaga niýetlenen şol günäler netijede çagalarymyz üçin durmuş sapagyna öwrülip, olara Hudaýyň söýgüsini, merhemetini we bagyşlamasyny öwretdiler. Biz bu danalayk sözleriniň maşgalamyzy doldurandygyny gördük:

"Ýazyk bagyşlanylanda, söýgi pajarlaýar..." (Sül. 17:9).

Eger siz öýke-kinäni saklamagy karar etseňiz, onda hemmeler utular, sebäbi söýgi örän näzikdir. Emma biri-biriňizi bagyşlasaňyz, maşgalanyň hemme agzalary utar, sebäbi söýgi berkäp pajarlar.

## Gorky

Öz gatnaşyklaryňyzda garalmaly zatlaryň ýene biri – gorky. Nikamyzyň ilkinji on ýylynda men (Liza) ret edilmeden gorkup, bu duýgy bilen göreşýärdim. Meniň kakam we ilkinji ýygnak çopanym öz aýallaryny taşlap, başga, has ýaş gelinlere öýlendiler. Bu wakalar zerarly men aňymyň hopukdyryjy pikirler bilen gurşalmagyna ýol berdim. Bu pikirler gygyrmaýardylar, ýöne pyşyrdap: "Erkekleriň hemmesi ahyrsoňy taşlap gidýärler. Olary gaty golaýlaşdyrmaly däl. Şeýtseň, olar seni lapykeç edip bilmezler". Şeýle pikirler meni öz ärime mähirli bolmakdan we oňa baglanmakdan saklaýardylar. Jon meni gujaklanda, men biraz wagtdan onuň egnine kakyp, ondan çekilýärdim.

Günleriň birinde, ýene-de onuň gujagyndan çekilenimde, ol gönüläp: "Meniň seni taşlamajakdygyma doly göz ýetireniňde, sen näçe ýaşyňda bolarsyň? Biz ýetmiş ýaşaýançak sen şeýdip ýörjekmi?" diýip sorady. Men doňan ýaly bolup galdym. "Men näçe garaşmaly

hem bolsa garaşjak” – diýip ol sözüni dowam etdi. –“Ýöne şol wagtyň dowamynda biz köp lezzetli pursatlary sypdyrarys”.

Men beýleki erkekleriň eden erbet hereketleri üçin Jony gynaýandygyma düşünip galdym. Şonda men: “Näme üçin Jon şol erkekleriň ýetmezçilikleri üçin kösenmeli? Bu adalatsyzlyk. Men özümi goramakçy bolup, gatnaşyklarymyza päsgel berýän” diýip pikir etdim. Jony gelejekde ýitirip biläýjegim babatdaky gorkym bizi häzirki wagtda talaýardy. Men Jony ýitirmek howpunyň bardygyna garamazdan, ony jan-tenden söýmegi kakar etdim. Sebäbi ony ýarymgöwün söýüp, soňra sypdyrylan zatlara ökünenimden, bu has gowy diýip çözdüm.

Gorky bilen ynamsyzlyk biziň nikalarymyza pajarlamaga päsgel berýärler. Sebäbi gorky bizi geçmişe berk ýapyşyp, gelejekde boljak oňat zatlara ynanmazlyga mejbur edýär. Eger biz Hudaýyň öz nikamyzda täze zady döretmegini isleýän bolsak, onda islendik gorkyny aýgytly ret edip, söýginiň biziň gelejegimiz üçin taýynlan zatlaryny kabul etmeli. Gorky şowsuzlyga garaşýar, söýgi bolsa hiç haçan şowsuzlyga uçramaýar.

Gorky ruhy güýçdür, ol Hudaýyň söýgüsine we durmuşymyzdaky penakärligine garşy durýar. Söýgi we gorky dürli-dürli hereket edýärler. Söýgi görýän zatlarymyz babatda şübhelenmäge we öz ýetip bilmeýän zatlarymyza ynanmaga çagyrýar. Gorky bolsa görýän zatlarymyza ynanyp, görmeýän zatlarymyz babatda şübhelenmäge çagyrýar. Biz şowsuzlyk gorkusyna ýa-da söýgi umydyna duşanymyzda, bularyň haýsysy bilen ýaşajakdygymyzy özümiz çözmeli. Bularyň ikisinem saýlamak mümkin däl. Gorky söýgini gysyp çykarýar, söýgi gorkyny kowup çykarýar.

> “...Kämil söýgi gorkyny kowup çykarýandyr. Kim kyýamat gününden gorkup ýaşaýan bolsa, onuň söýgüsi kämil däldir. Biz Hudaýy söýýäris, sebäbi ilki Ol bizi söýdi” (1 Ýoh. 4:18-19).

Söýginiň özgertmek güýji gorkynyň aldawa salmak güýjünden has uludyr. Diňe Hudaýyň söýgüsini başdan geçirip, gorkyny kowýan kämil söýgini ýüze çykaryp bolýandyr. Hudaýyň söýgüsiniň güýji arkaly öz egoizmiňi unudyp bolýar, sebäbi biz Hudaýyň mätäçliklerimiziň öwezini sadyklyk bilen doljakdygyny bilýäris. Ýöne biz wagtymyzy Hudaýyň huzurynda geçirmesek, Onuň söýmegi başarýan tebigatyny ýakyndan öwrenip bilmeris, sebäbi Onuň sadyklygy Onuň huzurynda aýan bolýar.

Hudaýyň söýgüsiniň asyl tebigatyny öwrenmesek, onda Hudaý we ýanýoldaşymyz tarapyndan ret edilme gorkusynda ýaşarys, bu bolsa jeza bermegiň ýene bir görnüşidir. Hudaýyň bize bolan söýgüsiniň howpsuzlygynda ösmek bilen, biz gorkudan azat bolýarys we ýanýoldaşymyzy jan-tenden söýýäris.

Hudaýyň Sözi şeýle diýýär:

> "Mähribanlarym, biri-birimizi söýeliň, çünki söýgi Hudaýdandyr. Kim söýýän bolsa, Hudaýyň perzendidir, ol Hudaýy tanaýandyr. Kim söýmeýän bolsa, Hudaýy tanaýan däldir, sebäbi Hudaý söýgüdir" (1 Ýoh. 4:7-8).

Gorky berkitmesi bizi şeýle diýmäge mejbur edýär: "Eger ýanýoldaşym maňa biwepalyk etse, men ony hiç haçan bagyşlamaryn". Şeýle kasamlar gelejekde özüňi goramak maksady bilen aýdylýar. Hakykatda bolsa olar bizi şu gün Hudaýyň söýgüsinden saklaýar. Ýanýoldaşymyzyň bizi ynjadýan, ret edýän ýa-da biwepalyk edýän ýagdaýlarynda-da öz ýüreklerimiziň aladasyny Hudaýa tabşyrmaly. Hudaý öz gorkularymyzy Oňa tabyn etmegi soraýar. Eger şeýle etmekden boýun gaçyrsak, onda Oňa biz barada alada etmäge ukyply däldigini aýdýarys.

## 4-nji gün

# Maşgala näletleri

Biz öz nikamyzy gurup başlanymyzda, Hudaýyň bizde we çagalarymyzda täze bir zady amal etmek isleýändigini bilýärdik. Biziň ata-enemiziň we olaryň ata-babalarynyň maşgalasynda berkitmeler: arakhorlyk, ahlaksyzlyk, doga-jady bardy. Bularyň hemmesi bize miras galypdy. Täze mirasy almazdan öň, biz birnäçe nesliň dowamynda tohum-tijimizde kök uran näletlere garşy durmalydyk. Olary diňe dileg we Hudaýyň Sözi arkaly ýeňip bolýandyr.

Dürli jübütleriň näletleriniň aýratynlyklary hem dürli-dürli bolýandyr. Mysal üçin, geçen baplaryň birinde biz özümiziň bütünleý tapawutlanýan maşgalalarda ösüp-ulalandygymyz barada gürrüň beripdik. Men (Liza) ata-enemiňki ýaly maşgalada önüp-ösenime Jonuň ata-enesiniň nähili garajakdygy aladalandyrýardy. Biziň adaglanmagymyzyň hatyrasyna gurnalan dabaraly agşamda meniň kakam lül-gammar bolup, Jonuň kakasynyň göz alnynda onuň aýaly bilen näz-kereşme edýärdi! Kakamy Jonuň ejesi gyzyklandyranokdy, ol ejemi kemsitmek isleýärdi. Soňra Jonuň ejesi maňa biziň gatnaşyklarymyzy gaty alada edýändigini, abraýly maşgalada ilkinji gezek aýrylaşan är-aýal bolmagymyzdan gorkýandygyny aç-açan aýtdy. Men onuň:”Biziň tohum-tijimizde aýrylaşan är-aýal heniz bolan däldir” diýen sözlerini eşitdim.

Men: “Hä, ol maňa şeýle garaýar-ow! Meniň olaryň tohum-tijini biabraý ederimden gorkýar-ow” diýip pikir etdim.

Men şol agşamdan gaýdanymda, iki agyryny: öz ejemiň kemsidilmesini we utanjymy duýýardym. Eger terezini alyp, nikadan öň maşgala goşulýan “erbet’ we “oňat” zatlary çekip görsek, onda “oňat” zatlar Jonuň tarapynda has agyr çykjak ýaly bolup görünýärdi. Meniň tarapymda bolsa diňe erbet zatlar: biwepalyk,

aýrylyşmak we erbet endiklere garaşlylyk bardy. Şeýle zatlar biziň tohum-tijimizde köpdi.

Men Jonuň tarapyndaky “oňat” we öz tarapymdaky “erbet” zatlaryň Hudaýy alada goýmaýandygyna düşünenimde, ýagdaý böwsüldi. Hudaý mukaddes nesil döretmek isleýärdi.

“Eý, şa gyzy, diňle, oýlan hem-de gulak goý,
sen öz halkyňy, ataň öýüni unut.
Şa arzuwlar seniň gözelligiňi,
Ol seniň hojaýynyň, Oňa tagzym et.
Şatlyk-şagalaň bilen getirilýärler,
patyşanyň köşgüne olar girýärler.
Ogullaryň geçer atalaryňyň ornuna,
olary hökümdar bellärsiň tutuş ýeriň ýüzüne.
Men nesilden-nesle yglan etjek adyňy,
şoňa görä, halklar asyrlarboýy
şükürlere beslärler Seni” (Zebur 44:11-12, 16-18).

Şu parçada Isa Mesihiň Öz gelinligi bilen gatnaşygy suratlandyrylýar, emma Hudaý bu suraty maňa wada, geçmişiň ýalňyşlyklary bilen çäklendirilmedik wada hökmünde berýär. Men “Şa gyzy” baradaky parçany okanymda, könlümde bir zat janlanan ýaly boldy. Hudaý maňa Öz Şa gyzyna kimin ýüz tutýardy. Şol pursat meniň aňymda Isa Mesihdäki kybapdaşlygym barada täze düşünje açyldy. Men geçmişiň berkitmelerini ret etdim we gelejekki maşgalam üçin täze umydy kabul etdim.

Men öz çagalarymyň ýerdäki babalarynyň tebigatyny (küntüçiligi, arakhorlugy we ahlaksyzlygy) miras almajakdyklaryna düşündim. Olar ýerdäki kakalarynyň häsiýetini (hudaýhonlygy) kabul etmek bilen çäklenmän, öz Rebleriniň tebigatyny miras alarlar. Men ogullarymyň Rebbiň begleri boljakdygy baradaky Onuň wadasyny kabul etdim.

Biz maşgala näletlerimizi derňäp başlanymyzda, Hudaýyň Sözüniň dogrudan-da hakykata öwrülendigini gördük. Şol günlerde eden dileglerimiz we ykrarlarymyz arkaly Hudaýyň biziň durmuşymyzda tassyk eden wadalary bilen maşgalamyz pajarlap ösýärdi.

## Maşgala näletlerini ýok edýän dilegler

Galatýalylara hat 3:13-de şeýle diýilýär: “Mesih Kanunyň yglan eden näletini Öz üstüne alyp, bizi şol näletden halas etdi”. Siziň maşgalaňyzy nesillerboýy nähili näletleriň köseýändigine garamazdan, Isa Mesihde olaryň güýji gaçýandyr.

Eger siz öz tohum-tijiňizde haýsydyr bir näletleriň bardygyny bilýän bolsaňyz, biz size olardan dynmagyň we nesliňize ýetirýän täsirini togtatmagyň usullaryny öwretmek isleýäris. Şeýle dileg size şeýtanyň berkitmesini Hudaýyň Sözi bilen ýumurmaga kömek eder. Maşgala näletlerinden tötänleýin azat bolup bolmaýar, duşmanyň pyssy-pujurlyklaryny ýüze çykaryp, olary ýok etmek gerekdir. Duşmanyň maksady Hudaýyň berýän parahatlygyny, şatlygyny we rahatlygyny ogurlamakdyr. Ýöne indi Isa Mesihiň berýän ygtyýary arkaly duşmanyňyzyň ýeňlişini görüp bilersiňiz.

Kitaby okamagy dowam etmezden öň, şu dileg üçin wagt tapyň. Eger siz edil şu pursat dileg etmekçi bolsaňyz, bir çolarak ýer tapyp, ýekelikde ýa-da ýanýoldaşyňyz bilen, dost-ýaryňyz ýa-da hyzmatdaşyňyz bilen dileg ediň. Bu şahsy wagtdyr, size şu wagtyň dowamynda Hudaýyň Sözüne doly iman edip, näletleri ret edäýändigiňizi yglan etmelisiňiz.

Aşakda berilýän dileg siziň nikaňyza we maşgalaňyza howp salýan anyk näletlere gönükdirilendir. Biz bu dilegi Mukaddes Ýazgylaryň aýatlaryndan düzdük, sebäbi Hudaýyň Sözi Ruhuň ikiýüzli we kuwwatly gylyjy kimindir. Eger şu dilegde siziň maşgalaňyzdaky näletler agzalmaýan bolsa, onda Mukaddes

Ýazgylardan özüňize degişli aýatlary tapyp, olarda Hudaýyň hakykatyny we wadasyny yglan ediň. Öz tobaňyzy Hudaýyň Sözüne laýyklykda ýazyp, durmuşyňyzdaky näletleri Isa Mesihiň ady bilen ýok ediň. Şu dilegiň ahyrynda bolsa indiki sapaklar üçin käbir salgylanmalary berýäris.

*Gökdäki mähriban Atam!*
*Men Seniň huzuryňa Seniň eziz Ogluň Isa Mesihiň adyndan geldim. Men Seniň derwezeleriňden minnetdarlyk bilen ätläp, howlularyňa öwgüler bilen girýärin. Meni Seniň belent rehim-şepagatyň we söýgiň dolduryar, meni azat etmek üçin durmuşymda amal eden ägirt işiň üçin Saňa minnetdarlyk bildirýärin.*
*Häzir men Reb bilen – Ysraýylyň Rebbi bilen äht baglaşýaryn. Sen Rebsiň, asmanyň we ýeriň Hudaýysyň, Seni söýüp, wesýetleriňi berjaý edýänler söýgi ähtini saklaýan beýik we gudratly Hudaýsyň. Öz guluňyň dilegini eşideriň ýaly, goý, Seniň gulagyň dykgatly bolsun, gözleriň açyk bolsun. Men öz günälerim we atamyň öýüniň eden günäleri barada toba edýärin, Saňa garşy edilen günäleriň ählisi barada toba edýärin. Bizi bagyşla, çünki biz Seniň öňüňde erbet işleri etdik. Biz utanja bürelendiris, sebäbi Saňa garşy günä etdik. Emma Sen, Rebbimiz we Hudaýymyz, merhemetlisiň. Biz Saňa günä etsek-de, Rebbimiz Hudaýa gulak asmasak-da, Öz pygamberleriň arkaly beren kanunlaryňy berjaý etmesek-de, Sen bizi bagyşlaýarsyň. Ýalbarýarys: ýüreklerimizi sünnetle, bizden günäni, geçmişdäki eden-etdiliklerimizi, masgaraçylygymyzy aýyr.*
*Men öz günälerim, ata-babalarymyň günäleri üçin toba edýärin we doga-jady, täleýe garama, pal atma ýaly işeri ret edýärin. (Säginip, Mukaddes Ruhuň diýýänlerine üns beriň. Belki, Ol size ret edilmeli zady has anyk ýatladar. Bularyň bu täleýe garama, ekstrasensleriň seanslary, elhenç kinolar, oýunlar, kitaplar we ş.m. zatlaryň bolmagy ahmal). Men şeýle işlere gatnaşmagy ret edýärin we öz durmuşymdaky, çagalarymyň we agtyk-çowluklarymyň durmuşyndaky näleti ýumurýaryn.*

*Men neşe serişdeleri we alkogol içgileri babatdaky günäm we ata-babalarymyň günäsi üçin toba edýärin. Eý, Atam, ruhy çäklerde günä, erbet gatnaşyklar we zulum üçin açyk gapylaryň hemmesini petikle. Men neşe serişdelerini (eger ulanan bolsaňyz, anyk adyny aýdyň) ulanandygyma toba edýärin we olaryň meniň durmuşymdaky, nesillerimiň durmuşyndaky näletlerini ýumurýaryn. Rebbimiz Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin. Omyn.*

Seksual günä degişli bolan näletleri we ruhy baglanyşyklary indiki bapda anyk atlandyrmak bilen, biz şu ýokarda agzan esaslarymyza daýanarys. Isa Mesihiň haçdaky ýeňşi sebäpli siz şu näletlerden azatsyňyz. Olardan gorkmaň, olar siziň durmuşyňyza ýa-da çagalaryňyzyň durmuşyna geçer diýip howatyrlanmaň. Siz şu gün öz nesliňiz üçin täze mirasy ykrar etdiňiz.

*Öwrenmegi dowam etmek üçin, şu aýatlara göz aýlaň: Zebur 100:4; 2 Ýyl ýazgylary 29:10-11; Nehemýa 1:5-7; Danyýel 9:8-10; Ýeşuwa 5:9; Matta 10:34; Ýewreýlere hat 4:12; 2 Ýyl ýazgylary 29:5-6.*

## 5-nji gün

## Garyndaşlaryň gözegçiligi

Garyndaşlaryň gözegçiligi ýaly mesele ýaş çatynjalara tanyş bolsa gerek, ýöne bu mesele nikada köp wagt bäri ýaşap gelýän maşgalalarda hem ýüze çykmagy mümkindir. Är-aýalyň we olaryň ata-enesiniň arasynda dawa dörände, är-aýal ilki bilen öz ene-atasynyň we ömürboýy tanap gelýän garyndaşlarynyň tarapyny tutýarlar. Biziň hemmämiz ata-enelerimize söýüp, olary çuňňur hormatlamaly. Ýöne durmuş guranyňyzdan soň, hatda ozal ata-eneňiziň maslahatyna eýeren bolsaňyz-da, siziň ilkinji jogakärçiligiňiz siziň ýanýoldaşyňyzdyr.

Biziň nowbahar oglumyzyň toýunyň öňýanynda men (Jon) oňa şeýle diýdim: “Edison, men saňa indi näme etmelidigiň baradaky

maslahatlary diňe olary soranyňda bererin. Mundan beýläk men seniň durmuşyňy dolandyrmaryn. Sen öz öýüňi bina edýärsiň, şonuň üçin-de men seniň öwrenip, ösüp bileriň ýaly, saňa giňişlik berýärin". Edison meniň şeýle garaýşym üçin gaty minnetdar we maslahat gerek bolanda maňa ýüz tutýar.

Meniň oglumy gözegçilikde saklamak ýa-da ony "öz keşbime" öwürmek niýetim ýok. Men onuň Hudaýyň niýetlän adamsy bolmagy isleýärin. Men onuň maşgalasyna gatyşsam, onuň liderlik roluny gowşadyp bilerin. (Dogrymy aýtsam, onuň öz öýüni dolandyryşy meni haýrana galdyrýar. Men onuň ýaşyndakam, muny onuňky ýaly başaramokdym.) Mukaddes Ýazgylar şuny aýdyň aýdýar:

> "...Erkek ata-enesini *taşlap*, aýaly bilen birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar" (Başl. 2:24, nygtama awtordan).

Ata-enäni taşlamak – bu ýerde garry öýüň ygtyýarlygyny taşlamak. Muňa ata-enäniň öz çagasyna ýetirip biljek zyýanly täsiri hem degişlidir. Biz ata-enemizi hökman sylamaly, ýöne olara tabyn bolmazdan hem olary sylap bolýandygyny bilip goýuň. Siz öz maşgalaňyzy we öýüňizi bina edýärsiňiz. Ata-eneňiziň ygtyýary indi çäklendirilendir, şonuň üçin-de olar indi siziň durmuşyňyzy we maşgalaňyzy dolandyrmaly däldir.

Belki, siz öz durmuşyňyza köp gatyşýan garyndaşlaryňyz bilen iş salyşmaly bolýansyňyz. Ozal bir garyndaşymyz "maslahatlary" bilen maşgalamyza täsir etmäge synanyşyp, agzalalyklaryň döremegine sebäp bolýardy. Onuň gatyşmasy bize erbet täsir edýärdi. Biz bu meseläni çözmek islesek-de, hötdesinden gelip bilmedik. Ahyrsoňy biz onuň bilen duşuşyp (biz dogrudan-da ony örän sylaýarys we gowy görýäris), oňa öz pikirimizi çürt-kesik aýtdyk.

Men (Jon) oňa: "Sen biziň maşgalamyza höküm ýöredip bilmeýäň. Biz ýaş maşgala. Biz seni gowy görýäris we sylaýarys, ýöne maşgalamyza höküm ýöretmegiňe ýol bermeris. Biz täsir

etmegiňe ýol bermeris” diýip aýtdym. Ýaňzytmalarymyz we ýumşak düşündirişlerimiz netije bermänsoň, men oňa çürt-kesik aýtmaly boldum. Biziň bagtymyza, bu garyndaşymyz aýdanlaryma dogry düşündi we şondan bäri maşgalamyzda dogry orny eýeleýär.

Biz öz maşgalamyzy dürli hüjümlerden, şol sanda garyndaşlarymyzyň we ýakynlarymyzyň hüjümlerinden hem goramalydyrys. Käwagt bu hüjümler ýüzleý we sada bolup görünýär. Olar äsgermezçilik bilen edilen hereketler görnüşinde bolup bilýärler, ýöne hatda şeýle ujypsyz ýaňzytmalar hem gatnaşyklary weýran etmäge ukyplydyr. Men nikalaşma dabaralaryny geçirenimde, öýlenýän jübütleriň maşgalalaryna we dost-ýarlaryna seredip, şeýle diýýärin: “Eý, Hudaýyň ýaradýan şu nikasyna garşy durýanlar, halyňyza waý! Olara öz täsiriňizi ýetirip, aýrylyşdyrmaga milt edäýmäň. Diňe Hudaýyň şu gün döredýän durmuşy barada aýdyň”.

Edison öýlenende, biz oňa:”Ýa Juliýany, ýa-da bizi” saýlamaga mejbur etmejekdigimizi ýüregimize düwdük. Hakykat şundan ybarat: ol öýlenen güni öz saýlawyny özi etdi, biz onuň çözgüdine diýseň şat! Maşgalada söýgi höküm sürýän bolsa, ol adamlary saýlamaga mejbur etmeýär. Söýgi köne we täze aragatnaşyklaryň arasynda köpri gurup, olary saklaýar. Biz Juliýany söýýäris we oňa öz gyzymyz ýaly garaýarys. Şeýle ýakynlyk diňe onuň maşgalasyny sylaýandygymyz we Edisona öz wakasyny ýazmaga päsgel bermeýändigimiz sebäpli mümkin bolýar.

## Hakykata laýyk gelmeýän umytlar

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda hakykata laýyk gelmeýän umytlar nika bozulmalaryň esasy sebäpleriniň biri bolup durýar. Biziň köpimiz maşgala guranymyzda, dyngysyz lezzete, jyns gatnaşyklaryna we göwneýakymly gatnaşyklara garaşýarys. Biz nikanyň egoizmimizi, ejizligimizi ýüze çykarjakdygyna, ýanýoldaşymyzyň kemçiliklerini görjekdigimize garaşmaýarys. Biziň ýalan umytlarymyz ajylygyň,

nägileligiň gözbaşyna öwrülip, Hudaýyň halaýan maşgalasyny gurmak ukybymyzy ýok edýär.

Hakykata laýyk gelmeýän umytlar käwagt paýhassyz deňeşdirmelerden döreýärler. Biz lezzet almaga gönükdirilen medeniýetde ýaşaýarys, şonuň üçin-de öz maşgalamyzy telewizoryň ekranynda görýän maşgalalarymyz bilen deňeşdirýäris. Kino we telewideniýe bize kynçylyksyz söýgini, agyrysyz owadanlygy, töwekgelsiz ynamlylygy görkezýärler. Olar aragatnaşygyň romantiki taraplaryny görkezip, "golliwud" durmuşynyň göwne ýakymsyz taraplaryny gizleýärler.

Eger siz nikalaşanyňyza birnäçe wagt geçen bolsa, maşgalanyň diňe romantik ýa-da kämil gatnaşyklardan, hiç bir zada jogap berilmeýän günlerden ybarat däldigine göz ýetirensiňiz. Nika – bu agyr zähmet, köplenç gara zähmetdir.

Eger nikaňyzda kynçylyklar bar bolsa, bu aýrylyşmalydygyňyzy aňlatmaýar. Kynçylyklar peýdalydyr, sebäbi olar siziň ösmegiňize ýardam edýär. Olar siziň häsiýetiňizi arassalap, ukyplaryňyzy artdyrýar. Bu gatnaşyklaryň belentlige alyp barýandygyny unutmaň. Her bir adam tä danalyga eltýän zada duşýança, ösüp, paýhasdan dolmagy isleýär.

Hakykata laýyk gelmeýän umytlar meselesine diňe köpçülikleýin habar beriş serişdelerindäki suratlar degişldi däldir. Biz öz maşgalamyzy tanyşlarymyzyň we goňşularymyzyň maşgalalary bilen deňeşdirenimizde hem ýalňyşýarys. Şeýle deňeşdirmeler gaty erbetdir. Biz olaryň şahsy durmuşynda nämeleriň bolup geçýändigini hiç haçan bilip bilmeris. Daşyndan hemme zadyň oňat we şadyýan görünmegi mümkin, ýöne olaryň ikiçäklikde biri-birini ýumurýan bolmagy ahmal.

Öz nika gatnaşyklaryňyzyň möwsümlerini biri-biri bilen deňeşdirmek hem ätiýaçlydyr. Ýanýoldaşlar häzirki möwsümini:

çagaly, ukusyz gijeler, boş wagtlarynyň azalan möwsümini çagasyz ýaşan möwsümleri bilen deňeşdirip bilerler. Logiki nukdaýnazardan munda sagdyn many ýok, sebäbi ozalkysy ýaly ýaşap bolmajakdygy mese-mälim zat. Siz ata-ene bolanyňyzda, siziň boş wagtyňyz kemelip, jogapkärçiligiňiz artýar. Maşgalada çagalaryň dogulmagy durmuşy üýtgedýär, munuň netijesinde gatnaşyklaryňyz hem üýtgeýär. Biz käwagt dereksiz deňeşdirmelere ýol berip, häzirki wagtyň şatlygynyň we lezzetiniň gadyryny peseldýäris.

Teodor Ruzwelt: "Deňeşdirme – şatlyk ogrusy" diýip aýdypdy. Eger siz öz nikaňyzda bagtly bolmak isleseňiz, öz gatnaşyklaryňyzy gowy bolup görünýän beýleki gatnaşyklar bilen deňeşdirmäň. Deňeşdirmeler size şatlyk getirmez. Şatlyk – ähmiýetsiz zat däldir, ony ähmiýetsiz zatlardan alyp bolýan däldir. Şatlyk kynçylyklary ýeňip geçýär, duýgular bilen çäklenmeýär we Hudaýyň tutuş durmuşymyz babatdaky meýilmasyna aň ýetirmäge güýçtapýar.

Şatlyk Mukaddes Ruhuň miwesidir (ser. Gal. 5:22-23), bu onuň ýagdaýlardan däl-de, Hudaýdan gelýändigini aňladýandyr. Ony ynsanyň erki bilen döredip bolýan däldir. Bagt wagtlaýyn ýeňişlerden döreýän duýgy bolsa, şatlyk kynçylyklary ýeňýändir. Ol Isa Mesihdäki ornumyzdan ylhamlanan umytdan dogulýandyr. Eger bize Hudaýdaky şatlyk ýetmezçilik edýän bolsa, nika dolulygy üçin zerur bolan güýç kemlik eder, sebäbi Onuň şatlygy biziň güýjümizdir (ser. Neh. 8:10). Resul Pawlusyň Filipide aýdan sözleri hem munuň ýaňy bolup ýaňlanýar:

> "Rebde şatlanyň. Ýene-de gaýtalaýaryn: şatlanyň! Goý, ýumşaklygyňyz hemmelere belli bolsun. Reb ýakyndyr. Hiç zady gaýgy etmäň. Gaýtam, Hudaýa şükür edip, her bir ýagdaýdaky ähli mätäçlikleriňizi Oňa doga-dileglerde aýdyň. Şonda Hudaýyň parahatlygy ýürekleriňizi we pikirleriňizi Isa Mesih arkaly gorar. Bu parahatlyk ynsan düşünerden juda belentdir" (Fil. 4:4-7).

Nikadaky agatnaşyklaryňyz sizi ünjä goýýan bolsa, öz haýyşlaryňyzy Hudaýyň huzuryna şatlyk we minnetdarlyk bilen getiriň. Ol aladalary parahatlyga çalyşjakdygyny söz beripdi. Gör, nähili ajaýyp alyş-çalyş!

Hakykata laýyk gelmeýän umytlar siziň şatlygyňyzy ogurlarlar, diýmek, nikadaky gatnaşyklaryňyzy gurmak üçin gerek bolan güýjide ogurlar. Şeýle umytlaryň duzagyna düşmekden ägä boluň. Öz gatnaşyklaryňyzda berkitmeleri emele getiren hyýaly umytlary kesgitläň, olara Hudaýyň Sözünden we Onuň siziň maşgalaňyz üçin niýetlän meýlinden has ähmiýetli bolmagyna ýol berendigiňiz üçin toba ediň.

## Siziň gezegiňiz

Gaýrat edip, şu babyň mazmuny barada ýanýoldaşyňyz bilen gürleşmek üçin wagt tapyň. Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyny soraň we öz nikaňyzda aýdyňlaşdyrylmaly zatlary ýazyň. Zerur özgerişleriň käbirleri hereketlere we gatnaşyklara degişli bolar, Hudaý bolsa Öz merhemetiniň güýji bilen size ýardam berer. Beýlekileri bolsa, mysal üçin nesilme-nesil geçýän näletleri dileg edip ýeňip bolar.

Sanawyňyz birnäçe sahypany doldursa-da, ruhdan düşmäň. Bu ýumşuň maksady maşgaladaky gatnaşyklaryň näderejede erbetdigini ýa-da kimiň günäkärdigini anyklamak däl. Onuň asyl maksady siziň öz gelejegiňizi düýpgöter üýtgedip bilmegiňizdir. Meseläni çözüp başlamak bilen, sizi öz maşgalaňyza ajaýyp wakanyň başlangyjyny – gökleriň ýerde açylýan mirasyny berýärsiňiz. Rebbiň size taýynlan zatlaryny almaga päsgel berýän zatlardan palubaňyzy arassalaň. Siziň üçin taýýarlan dilegimiz bilen başlap bilersiňiz. Belki, şu wagt pynhanlyk pursady başlaýandyr.

*Eý, Gökdäki Atamyz, bize täze başlangyjy we mirasy berýändigiň üçin Saňa minnetdarlyk bildirýäris. Biziň gatnaşyklarymyzdan aýyrmaly zatlaryň sanawyny düzmek bilen, gökleriň gurşawyna gurşalmagymyz üçin dileg edýäris.*

*Eý, Mukaddes Ruh, bizi gönükdirmegiňi we ugrukdyrmagyňy haýyş edýäris.*

*Biz Hudaýyň perişdeleriniň biziň daşymyzy gurşamagy üçin dileg edýäris. Goý, olar maşgalalarymyzy nesilden-nesle köseýän duşmanymyzdan ar almaga taýýar bolsunlar.*

*Biz beýik merhemetiň bizi bagyşlamadan dolduryp, bizi özgertmegini dileýäris.*

*Biz aňymyzyň Seniň Sözüňe görä täzelenmegini dileýäris.*

*Biz Seniň söýgüň baradaky aýanlyk üçin dileg edýäris, sebäbi Seniň söýgiň islendik gorkyny kowup çykarýandyr.*

*Biz ynamyň dikeldilmegi we gatnaşyklaryň arassalanmagy üçin dileg edýäris.*

*Biz agzalalygyň bolan ýerine agzybirlik getirmegiň üçin dileg edýäris. Biz Seniň Sözüňe garşy çykmaýan we wadalaryňyň derejesindäki arzuwlary ederimiz ýaly, bizi ylhamlandyrmagyň üçin dileg edýäris.*

*Biz öz öýümize azatlygy aýdýarys. Biz nikamyza we her birimiziň durmuşyna Isa Mesihiň adyndan azatlyk dileýäris. Biz Hudaýyň Şalygynyň biziň içimizdedigini ykrar edýäris. Goý, gökde bolşy ýaly, Hudaýyň islegi nikamyzda we ýerdäki öýümizde amala aşsyn. Isa Mesihiň gudratly ady bilen dileg edýäris. Omyn.*

# MAŞGALA SYNAGY

*“ Imanda mäkäm durup-durmaýanlygyňyzy bilmek üçin, özüňizi synap görüň. Bolup geçýän zatlaryň baryny bolmalysy ýaly kabul edip, gorkmaň. Özüňizi derňäň. Siz eşidip däl-de, hut öz tejribäňiz arkaly Isa Mesihiň sizdedigine göz ýetiriň. Munuň şeýledigini ýa däldigini barlaň. Eger däl, bolsa, onda çäre görüň” .*

— 2 Kor. 13:5, The Message

Öňe gitmek we şindiki ýeriňize nädip düşeniňizi bilmek üçin, käwagt yza seretmek peýdalydyr. Şu maşgala barlagy size nikaňyzda emele gelen üýşmege baha bermäge we ony rejelemäge, zir-zibilden dynmaga kömek eder. Biraz oýlanyp, aşakdaky soraglara jogap beriň.

Öz çagalygyňyzy ýatlaň. Siz öýüňizde bolan umumy ýagdaýy nähili beýan ederdiňiz?

______________________________________________

______________________________________________

*Mysal üçin, parahat, tertipsiz, söýgä gurşalan, söýgi bolmadyk, açyk, ýapyk, sahy, gysganç, gorkudan doly, ajaýyp, ýyly we myhmansöýer, sowuk, zabun.*

Öz ata-eneňiziň gatnaşyklaryny gyçgaça beýan ediň (gatnaşyklary gowy, mähirli, agzybir we ş.m.).

______________________________________________

______________________________________________

Ata-eneňiz agzalalyklary we dawa-jenjelleri nähili çözýärdiler? Olar biri-birine nähili garaýardylar?

______________________________________________

______________________________________________

Siz bezzatlyk edeniňizde, size nähili jeza berýärdiler? Jeza berlenden soň hem size gaharlanýardylarmy ýa-da doly kabul edip, söýgülerini bildirýärdilermi?

________________________________________________________

________________________________________________________

**ŞU SÖZLEMLERI TAMAMLAŇ:**

Men çagalykda şulary halaýardym we öz maşgalamda hem şularyň bolmagyny isleýärin:

________________________________________________________

________________________________________________________

Men çagakam şulary halamaýardym we öz maşgalamda şularyň bolmagyny islemeýärin:

________________________________________________________

________________________________________________________

Jogaplara göz aýlaň we olary öz nikaňyz we öýdäki ýagdaýyňyz bilen deňeşdiriň. Öz öýüňizdäki ýagdaýlaryň we ýanýoldaşyňyz bilen aragatnaşygyňyzda haýsy meňzeş zatlary görýärsiňiz? Siz dawa-jenjelleri nähili çözýärsiňiz? Çagalaryňyzy nähili terbiýeleýärsiňiz? Siz arabaglanyşygy görýärsiňizmi?

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Ýokarda aýdylanlary nazara alyp, siz öz nikaňyzy zir-zibilden arassalamak üçin ýanýoldaşyňyz bilen nämeleri üýtgetmeli diýip hasap edýärsiňiz?

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

*Öz jogaplaryňyz barada ýanýoldaşyňyz bilen gürleşiň. Dileg edip, özgerdilmeli zatlary Mukaddes Ruha tabşyryň.*

# GEÇIRIMLILIK

*“Biri-biriňize sabyrlylyk bilen çydaň. Araňyzda öýke-kine bar bolsa, biri-biriňizi bagyşlaň. Rebbiň sizi bagyşlaýşy ýaly, siz hem bagyşlaň”.*

— Kol. 3:13

Siz öz ýanýoldaşyňyza geçirimlilik edýäňizmi? Biz ýalňyşlar üçin goýulýan ýer – Hudaýyň merhemeti arkaly Onuň keşbine dönmegimiz üçin mimkinçiligiň bolan ýeri barada gürrüň edýäris. Biziň hemmämiz geçirimlilige mätäç, sebäbi hemmämiz ýalňyşýarys. Biz bagyşlamak bilen, gökdäki Atamyzyň göreldesine eýerýäris, ýanýoldaşlara özgermäge güýç berýän merhemetiniň geçirijileri bolýarys. **K.S. Lýuisiň** sözlerini mysal getireli:

> “Mesihi bolmak bagyşlamasyz zatlary bagyşlamagy aňladýar, çünki Hudaý hem meniň bagyşlap bolmajak günalerimi bagyşlady. Bu gaty kyn. Bir ýazygy bagyşlamak kyn däl bolsa gerek, ýöne günde-günaşa gaýtalanýan öjükdirilmeleri bagyşlamak, içýakgyç gaýynenäni, urşugan äri, şumjarýan aýalyňy, egoist gyzyňy, aldawçy ogluňy bagyşlap gezmek – bu mümkin zatmy? Meniň pikirimçe, özümiziň nirededigimize we “Bize ýamanlyk edýänleri bagyşlaýşymyz ýaly, Sen hem biziň ýazyklarymyzy bagyşla” diýen dilegimiziň manysyna düşünsek, bagyşlamak mümkindir. Bagyşlanma diňe şeýle ýagdaýlarda berilýändir. Bagyşlamagy ret etmek – Hudaýyň bize bolan merhemetinden ýüz döndermegi aňladýar. Kadadan çykmanyň ýokdugyna sähelçe-de şübhe ýokdur, Hudaý hut şol aýdýan zatlaryny göz öňüne tutýandyr”.

Size haýsy çäklerde ýanýoldaşyňyzyň bagyşlamasy gerek? Siz haýsy häsiýetleriňiziň üstünde işläp, olary Hudaýyň halaýan häsiýetlerine öwürmeli? Bilýän we üstlerinde işleýän üç çagiňizi aýdyň.

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Ýanýoldaşyňyza bagyşlamanyň gerek bolan üç çägini aýdyň. Siz ony bagyşlaýarsyňyzmy? Eger bagyşlamaýan bolsaňyz, näme üçin bagyşlamaýarsyňyz?

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Eger ýanýoldaşyňyza bolan öýke-kinäni saklamagy karar etseňiz, Hudaýyň Sözüne laýyklykda näme bolar? Matta 6:14-15; 18:21-35; Mark 11:25-nji aýatlary ünsli okap, Mukaddes Ruhuň size aýan etjek zatlaryny ýazyň.

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Hudaýyň bagyşlamasy çäksizdir. Eger size öz ýanýoldaşyňyzy bagyşlamak kyn düşýän bolsa, yzyňyza – öz durmuşyňyza garaň. Öz pikirleriňiz, sözleriňiz, işleriňiz bilen Hudaýy haýsy zatlarda gynandyrypdyňyz? Eger siz öz günäňiziň çuňlugyny we onuň jezasyny çekmek üçin Isa Mesihiň jebirlerini ýatda saklasaňyz, Mukaddes Ruh ýüregiňizi ýumşadar we bagyşlamak üçin merhemet berer.

TOBA WE AZAT BOLMAGYŇ DILEGI

*“Ýa Reb! Öz ýanýoldaşyma garşy öýke-kine saklanym üçin meni bagyşla. Men mundan beýläk onuň kemçiliklerini ýatda saklasym gelenok. Sen meniň günälerimi bagyşlap, olary gaýdyp ýatlamaýarsyň. Maňa hem şeýle etmäge isleg we güýç ber. Men öz ýanýoldaşymy Seniň eliňe tabşyrýaryn. Biziň ýüreklerimize Öz söýgiňi we merhemetiňi guý. Maňa ony çyn ýürekden söýmäge we bagyşlamaga, ýalňyşlaryna geçirimli bolmaga, oňa ösmäge ýol bermegime kömek et. Men oňa saglyk, paýhas, parahatlyk, şatlyk, söýgi, Seniň Sözüňiň aýanlygyny, Seniň bilen ýakyn gatnaşykda bolmagyny dileýärin. Eý, Atam, nikamyza şypa berendigiň üçin Saňa minnetdarlyk bildirýärin. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin, omyn”.*

*Mukaddes Ruhuň huzurynda geçiren wagtyňyz we 1 Kor. 13; Rim. 5:5; Efes. 3:16-19; 1 Pet. 3:8-9 aýatlary okaň we olar barada oýlanyň; Onuň söýgüsiniň we geçirimliliginiň sizde işlemegine ygtyýar ediň.*

## 3-nji gün. Günde okamak üçin

# NÄHILI GARAÝANDYGYŇA BAGLY

*Umuman, eý, doganlar, hakyky, hormata mynasyp, dogry, päk, ýakymly, ajaýyp näme bar bolsa, şol barada oýlanyň. Hawa, ýagşy we öwgä mynasyp zatlar barada oýlanyň....*

— Filipililer 4:8

Siz öz ýanýoldaşyňyz barada pikir edeniňizde, kelläňize haýsy pikirler gelýär? Eger siz onuň ýetmezçilikleri we şowsuzlyklary barada pikir etseňiz, onda maşgaladaky kynçylyklar köpeler. Ýöne siz haýsy zatlar üçin minnetdar bolup bilýändigiňiz barada pikir etseňiz, öz gatnaşyklaryňyzy täze nurda görersiňiz. Tutuş durmuşyňyza, şol sanda nikanyň hem güýji oňa nähili garaýandygyňyza baglydyr.

Öz ýanýoldaşyňyza bolan garaýşyňyz gatnaşyklaryňyza täsir eder. Siz öz ýanýoldaşyňyza, umuman, nähili garaýarsyňyz? Oňa aýdýan sözleriňiz, edýän hereketleriňiz we oňa bolan garaýyşlaryňyz barada oýlanyň.

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

*Rebbe dileg edip, ýanýoldaşyňyza bolan hakyky garaýşyňyzy görkezmegini Ondan soraň. Ol size näme görkezýär? Ol Öz kömegi arkaly nämeleri özgertmegi soraýar?*

Täze garaýyş bilen seredeniňizde, ýanýoldaşyňyzda haýsy gymmatly häsiýetleri görýärsiňiz? Filipililere ýazylan hatyň (4:8) sözleri barada oýlanyň. Onuň haýsy häsiýetleri we başarnyklary üçin Rebbe minnetdalyk bildirip biljeksiňiz? Olaryň on sanysyny ýazyň.

______________________________________________

______________________________________________

*Indiki otuz günüň dowamynda şu sanawdaky zatlar barada oýlanmagy dowam edip we oňa täze häsiýetleri goşuň. Bu häsiýetleri üçin ýanýoldaşyňyza tüýs ýürekden minnetdarlyk bildiriň!*

Gorky aýanlygyň öňüni tutýandyr. Ol ünsümizi ýanýoldaşymyzyň kemçiliklerine, öz-özümize we öz ýagdaýymyza gönükdirmäge mejbur edýär. Gorky ýalan zatlary hakykat edip görkezýär. Siz ýanýoldaşyňyz bilen gatnaşygyňyzda haýsy zatlardan has köp gorkýarsyňyz? Rebden olary aýan etmegini soraň.

*Şu gorkularyňyza Filipililer 4:8-nji aýadyna görä garaň. Olar hakykymy? Oňatmy? Dogrumy? Olar päk we ýakymlymy? Olar üçin Hudaýa alkyş aýdyp bilersiňizmi? Şu barlagdan geçmeýän islendik zady aýryp taşlaň we onuň deregine hakyky zady goýuň.*

Biziň gorkularymyz köplenç tamamyzyň puç bolmagyndan we geçmişiň ýaralaryndan döreýändir. Özümize täze ýaralaryň salynmagyndan gorkup, biz ata-enemiziň, öňki dost-ýarlarymyzyň ýa-da öňki ýanýoldaşymyzyň kemçilikleri üçin ýanýoldaşymyzy köseýäris.

Säginiň-de, şeýle dileg ediň: “Eý, Mukaddes Ruh, bu gorkular nädip emele gelýär? Olar nämä esaslanýar? Men Saňa nädip has köp ynanyp bilerin? Gorkularyň meniň durmuşymdan köki bilen sogrulanyny nädip görüp bilerin?” Ümsüm bolup, diňläň. Ol size nämeleri aýan edýär?

# MAŞGALA NÄLETLERINDEN AZATLYK

*Mesih Kanunyň yglan eden näletini*
*Öz üstüne alyp, bizi şol näletden halas etdi...*

— Galatýalylara hat 3:13

Hudaý biziň maşgalamyzda bütüinleý täze zady edesi gelýär! Ol şeýle diýýär: "Ine, Men bir täze zat edýärin, ol häzir başlaýar, görmeýärmisiňiz? Men çölde ýol, sährada derýalar emele getirerin" (Işa. 43:19). **Joýs Maýer** şeýle diýýär:

> "Isa Mesih zyndanlaryň gapysyny açyp, tussaglary azatlyga çykarmak üçin geldi. ... Belki, siziň gussaly geçmişiňiz bardyr; belki, siz häzir örän kyn ýa-da darykdyrýan ýagdaýa düşensiňiz. Belki, siz erbet ýagdaýa düşüp, ondan çykmagyň hiç umydy ýokdur öýdýänsiňiz. Emma men size batyrgaýlyk bilen şýele diýýärin: siziň gelejegiňizi ne geçmiş, ne-de häzirki wagt kesgitleýär! Täzeden pikir etmäge başlaň! Hudaý bilen hemme zadyň mümkindigine ynanyň (ser. Luka 18:27).

Isa Mesih siziň, ýanýoldaşyňyzyň, çagalaryňyzyň ganynda bolan näletlerden boşatmak üçin örän ýokary bahany töledi. Siziň bary-ýogy etmeli zadyňyz – Onuň ýeňşiniň güýjini ulanmaly. Rebbiň huzurynda ümsüm bolup, dileg ediň: "Eý, Mukaddes Ruh, meniň ganymda, ýanýoldaşymyň ganynda haýsy näletler bar? Ýalbarýaryn, olardan dynyp, azat bolarymyz ýaly, bize olary aýan et".

__________________________________________________

__________________________________________________

__________________________________________________

__________________________________________________

*Mukaddes Ruh näletleri aýan eden badyna olary Oňa tabyn ediň. Şu bapda berilýän dileg sözleri bilen dileg ediň. Hudaýyň bu ýagdaýy böwüsjekdigine ynanyň.*

Biz käwagt öz-özümize wada bermek, kasam etmek arkaly maşgalalarymyza gelýän kynçylyklaryň gapysyny açanymyzy bilmän galýarys. Edilen kasamlar ýüregimiziň daşyna diwar galdyrýar. Göräýmäge, bu kasamlar bizi öýke-kinelerden goraýmaly, ýöne aslynda welin olar bizi tussag edip, dertlerimizi öňküden-de artdyrýar.

> "Sen öz diliňden duzaga düşensiň, öz sözleriň bilen tutulansyň"
>
> — Sül. 6:2.

Säginiň-de, dileg ediň: "Eý, Mukaddes Ruh, men, heý-de, kasam etdimmi? Eger eden bolsam, nähili kasamlary etdim?" Ünsli diňläň. Onuň size aýan etjek kasamlary üçin toba ediň we her dürli gorkulardan boşatmagyny Isa Mesihiň ady bilen diläň.

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

*Biz täze ýaralaryň salynmagyndan gorkup, kasam edip, şeýle sözleri aýdýarys:"Erkege/aýala şeýle etmäge asla ygtýar etmerin.... Eger ýanýoldaşym haçan hem bolsa (meni aldasa, ursa we ş.m.), onda men ...". Eger siz şeýle kasamlary sesli ýa-da içiňizden aýdan bolsaňyň, onda toba ediň. Hudaýyň sizi goramagy üçin we Oňa ynanyp bilmegiňiz üçin dileg ediň.*

> "Seniň garşyňa ýasalan ýarag derde ýaramaz, hökümde garşyňa çykýan her dili aýyplarsyň. Rebbiň bendeleriniň *mirasy* (dogrulyk, howpsuzlyk, garşy çykýanlardan üstün çykmaklyk) şudur.
>
> — Işa. 54:17, giňişleýin düşündiriş we nygtama awtordan.

Isa Mesih bilen araňyzdaky gatnaşyklar sebäpli siz her dürli näletlerden azatsyňyz we ruhy ýalkanyşy miras alýarsyňyz (ser. Efes. 1:3). Mukaddes Ýazgylaryň şu aýatlaryny ünsli okaň we Isa Mesih arkaly size we maşgalaňyza degişli ýalkanyşlaryň bardygyny

biliň: Matta 11:28; 16:19; Luka 10:19; 11:13; Ýohanna 4:14; 7:38-39; 14:27; 15:11; 1 Korintoslylar 1:30; 2 Korintoslylar 5:21; 2 Petrus 1:3-4. Mukaddes Ruh şu aýatlar arkaly size ýene nämeleri aýan edýär?

______________________________________________________________
______________________________________________________________
______________________________________________________________
______________________________________________________________

## 5-nji gün. Günde okamak üçin

# TAMAKINLIGI DOLANDYRMAK

*...Hudaý şeýle diýdi: "Men sizi hiç wagt ýeke taşlamaryn, terk etmerin. Ýok, ýok, ýene-de bir gezek ýok, Men seni goldawsyz goýmaryn, heläk bolmagyňa ýol bermerin (Öz elimi senden aýyrmaryn!). Asla ýol bermerin!"*

—Ýewreýlere hat 13:5, AMP

Haýsydyr bir zady tama etmek – "gelejekde munuň şeýle boljakdygyna berk ynanmak". Adamlardan haýsydyr bir zada garaşanymyzda, olaryň üstünlikleri we oňat häsiýetleri barada duýgularymyz bolýar, biz olara berk ynanýarys. Umuman, biz öz ýakynlarymyzdan, aýratyn hem ýanýoldaşlarymyzdan tamamyz uludyr. Awtor we spiker **Patrik M. Morli** şeýle düşündirýär:

> "Biziň hemmämiz nikamyzdan haýsydyr bir zatlary tama edýäris. Bu tamalar dürli-dürli we käwagt hakykatda bolup bilmejek zatlardyr. Olar şulara esaslanýar: 1) biziň nika babatdaky düşünjämize; 2) kanagatlandyrylmadyk şahsy mätäçliklere. Biziň her birimiziň göreldeli nika barada öz düşünjämiz bar. Olaryň ata-enemiziň gatnaşyklarynyň ýa-da ata-babalarymyz, dostlarymyzyň ata-eneleri, kinoýyldyzlary baradaky wakalaryň, telewizordan, kitaplardan, meşhur adamlardan eşiden zatlarymyzyň täsiri astynda emele gelendir".

Hakykata laýyk gelmeýän tamalar nikanyň islendik çäginde bolup biler. Puluň ähmiýeti bar, aragatnaşyk, hojalykdaky jogapkärçilikler, çagalaryň terbiýesi, dostlar bilen aragatnaşyk, jyns gatnaşyklary, yzyny özüňiz dowam etdirip bilersiňiz. Säginiň we şeýle dileg ediň: "Ýa Rebbim, nika babatda hakykata laýyk gelmeýän zatlary tama edýärinmi? Eger bar bolsa, olary aýan et".

____________________________________________________________
____________________________________________________________
____________________________________________________________
____________________________________________________________

*Mukaddes Ruh size nämeleri aýan edýär? Olary ýazyp alyň we Onuň ugrukdyrmalaryna eýeriň.*

Hakykata laýyk gelmeýän tamalary, umytlary nädip hakykata laýyk getirip bolýar? **Patrik Morli** sözüni dowam edip, şeýle diýýär:

> "Biz başgalara berenimizde, öwezine zat garaşmazdan bermegi öwrenmeli. Biz ýanýoldaşlarymyzdan nämä garaşýandygymyzy olara aýtmaly. Soňra olary diňläp, biziň tamalarymyzyň ödelip boljagyny-bolmajagyny bilmeli".

Biri-biriňizden: "Men senden bolmajak zatlary tama edýärinmi?" diýip soraň. Sözüni bölmän, üns bilen diläň. Onuň aýdanlaryny ýazyň.

____________________________________________________________
____________________________________________________________
____________________________________________________________
____________________________________________________________

*Eger siz ýanýoldaşyňyzdan bitirip bolmajak zatlary tama eden bolsaňyz, oňa zor salanyňyz üçin çyn ýürekden ötünç soraň. Dileg edip, Hudaýdan öz nikaňyza şypa bermegini, hakykata laýyk tama edip bilmegiňiz üçin kömek soraň.*

Ahyrsoňy, biziň tamalarymyz Hudaýda we Onuň Sözünde berlen wadalarda bolmaly. Ol sadykdyr, Ol aldamaz! Şeýle dileg ediň: "Ýa Reb, diňe Seniň bitirip biljek zatlaryňy öz ýanýoldaşymdam tama edýän bolsam, olary maňa aýan et. Şol tamalarymyň ödelmegi üçin, Saňa ynanmaga merhemet ber". Ümsümlikde oýlanyň. Mukaddes Ruh size nämeleri görkezýär?

____________________________________________________________
____________________________________________________________
____________________________________________________________
____________________________________________________________

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

*Eger siz şu kitaby "Messenger" hyzmatynyň "Nika baradaky wakanyň" materiallarynyň bir bölegi hökmünde okaýan bolsaňyz, 3-nji wideosapagy görüň.*

1| Nikada agzalalyklaryň boljakdygy mese-mälim zat. Ýöne esasy zat – biziň olary nähili çözýänligimiz. Şu barada oýlanyň. Är bilen aýal – iki dürli ynsan bolup, bütewi birlige öwrülýärler. Olaryň her biri özboluşlydyr. Şonuň üçin-de, olaryň oýlanyşlary, hereket edişleri we alada edişleri dürli-dürlüdir. Ýanýoldaşlar şol bir meselä, ýagdaýa, adama we mümkinçiliklere dürli garap bilýärler. Siz şu barada ozal oýlanypmydyňyz? Ýoldaşyňyzyň özboluşlylygy size onuň gadyryny bilmekde we ony oňat nurda görmäge nädip kömek edýär?

2| Bagyşlanylmaga mätäç adamlaryň hemmesi muny Isa Mesih arkaly alyp bilerler. Ýöne şeýle bir ýagdaýy göz öňüne getirip görüň: aýdaly, siz Hudaýdan ötünç soraýarsyňyz, Ol bolsa size:"Näbileýin-dä, bagyşlasammykam? Sen gelejekde ýene şeýdersiň-ä. Men ilki seniň özgerendigiňi göresim gelýär". Şeýle sözlerden soň siz özüňizi nähili duýardyňyz? Siz öz ýanýoldaşyňyz ötünç soranda, oňa şeýle jogap beripmidiňiz? Şonda ol özüni nähili duýupdy?

3| Hudaýyň bagyşlanmasy düzedilen ýalňyş üçin berilýän sylag däldir. Ol ynanç bildirilmesidir. Ümsümklikde oýlanyp, şuňa jogap beriň: Hudaýyň şertsiz söýgüsi we bagyşlamasy size güýç berip, özgermegä näderejede höweslendirýär? Ýokarda aýdylanlary nazara alsaňyz, bagyşlamak meselesinde öz ýanýoldaşyňyza nähili garарsyňyz? Bu onuň durmuşynda nähili özgerişlikleri amal eder?

*"Bagyşlama – gatnaşyklardaky agyryny we günä aýlawyny böwüsmegiň ýeke-täk usulydyr. ...Ol günäniň we adalatlylygyň ähli meselelerini çözmeýär.... Ol gatnaşyklaryň täzeden başlanmagyna ýol berýär".*

— Filip Ýansi

4| Gorky – durmuşymyzdaky Hudaýyaň söýgüsine we güýjüne gönükdirilen ruhy güýç. Eger ol saýgarylmasa we çözülmese, ol bizi ysgynsyz edýär, nikanyň belentliginde ösmäge päsgel berýär. Eý, ärler, erkekleriň öz aýallary babatda haýsy gorkulary bar? Eý, zenanlar, aýallaryň öz ärleri babatda haýsy gorkulary bar? Olary ýeňip geçmek üçin, siz haýsy usullary ulanýarsyňyz?

| ÄRLERIŇ GORKULARY | AÝALLARYŇ GORKULARY |
|---|---|
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |

5| Hakykata laýyk gelmeýän tamalar, umytlar nikada öýkekinäniň, gynanmalaryň we lapykeçligiň döremegine sebäp bolýar. Duşman ýanýoldaşlarymyzda nägilelik tohumlaryny ekmek üçin, şowhunlyklar çäklerini we köpçülikleýin habar beriş serişdelerini ussatlyk bilen ulanýar. Filmleriň, sazyň, teleşowhunlaryň, kitaplaryň we internediň biziň nika babatdaky garaýyşlarymyza nähili täsir edýändigi barada ümsümlikde oýlanyň. Öz ýüregimizi we aňymyzy hakykata laýyk gelmeýän tamalardan goramak üçin, haýsy amaly ädimleri edip bilýäris?

**Liderler üçin:** köpçülikleýin habar beriş serişdelerini saýlamakda Mukaddes Ýazgylaryň Filipililer (4:8) aýadyny "süzgüç" hökmünde ulanyň.

6| Siz ýanýoldaşyňyzyň garyndaşlarynyň gözegçiliginde bolmak ýaly kyn ýagdaýlara düşüpmidiňiz? Atlaryny agzamazdan, olaryň biri barada gürrüň beriň. Eger siz şol ýagdaýa çydan bolsaňyz, Hudaýyň muňa nädip kömek edenini gürrüň beriň. Eger şeýle ýagdaý heniz-de dowam edýän bolsa, ýygnak agzalaryndan munuň üçin dileg edip, güýç almak üçin Hudaýyň merhemetini soraň, bu kynçylygy ýeňip geçmekde kömek etmegini soraň.

## BABYŇ JEMLERI:

- Nikanyň palubasyny arassalamak – Hudaýyň siz üçin taýýarlan belentlik ornuna galmagyňyzy aňladýar.
- Bagyşlama – bu öýkeledeni-de, öýkeläni-de azat etmegiň usuly. Hudaýyň merhemeti arkaly biz başgalary erkin we çäksiz gezek bagyşlap bilýäris, Onuň bagyşlamasyny alyp bilýäris.
- Biz öz ýanýoldaşymyzy özgerdip bilmeýäris. Muny diňe Hudaý başarýandyr. Emma biz Onuň bilen işläp bilýäris we özümizi üýtgetmäge ygtyýar edip bilýäris.
- Ýanýoldaşyňyza minnetdarlyk bilen garamaklyk ýüregiňizi söýgi, bagyşlanma üçin açar, Hudaýyň ondaky merhemetini artdyrar. Şonda ikiňizem ösüp, özgerersiňiz
- Siz bagyşlamagy karar edeniňizde, maşgalaňyzyň her bir agzasy utýar, sebäbi söýgi üstünlikli bolmagymyza sebäp bolýar.
- Hudaýyň söýgüsini duýmaklyk gorkynyň perdesini sypyryp, ony durmuşymyzdan kowup çykarýar. Biz Onuň söýgüsine bizde we biz arkaly hereket etmegini ygtyýar etsek, ýanýoldaşymyzyň gorkulary ýok bolup, ähli şowsuzlyklarymyzy we ýetmezçiliklerimizi örter.
- Täze mirasy bina etmezden ozal, siz maşgalaňyzy dolduran näletlerden dynmalysyňyz. Isa Mesihiň haçda bitiren işi her näleti ýok edýändir!
- Nikaňyz her nähili ýagdaýda bolsa-da, Hudaý ony özgerdip bilýär, sebäbi Onuň Özi nikaňyzyň içindedir. Onuň bilen bitirilmejek iş ýokdur!



DÖRDÜNJI BAP

# Aýaga galmak we gurmak

*“Isa olary ýanyna çagyryp: ‘Özüňiz bilýärsiňiz, keseki milletleriň baştutanlary olara hökümdarlyk edýärler, ýokary wezipelileri-de agalyk edýärler. Siziň araňyzda beýle bolmasyn. Araňyzda kim üstün bolmak isleýän bolsa, beýlekileriň hyzmatkäri bolsun. Kim ilkinji bolmak isleýän bolsa, hemmäňiziň guly bolsun. Ynsan Ogly hem Özüne hyzmat edilmegi üçin däl-de, eýsem, başgalara hyzmat etmek üçin, köpleriň ugrunda janyny gurban edip, olary azat etmek üçin geldi’ diýdi”.*

— Matta 20:25-28

## 1-nji gün

Sagdyn nikany gurmagyň ýeke-täk netijeli usuly bardyr. Köp adamlar ony görmeýärler. Biz onda şadyýan we aňsat zadyň ýokdugyny size öňünden duýdurmalydyrys. Ýöne bu usul nikadan isleýän kanagatlanmamyzy, maksadymyzy we söýgimizi almagyň ýeke-täk usulydyr. Siz munuň syryny bilmäge taýynmy? Ol örän ýönekeý: hyzmat ediň. Öz arzuwlaýan nikaňyzy bina etmegiň ýeke-täk usuly – öz durmyşyňy başga adama, ýagny ýanýoldaşyňa hyzmat etmäge bagyş etmek.

Şu kitaby ýapmak ýa-da indiki baba geçmek islegini ýeňip, ony soňuna çenli okajak boluň. Biz köp adamlaryň hyzmat etme konsepsiýasyny adatça şatlyk bilen garşy almaýandygyny bilýäris. Tersine, bu konsepsiýa tukatlandyryp, hatda gamlandyryp bilýär. Özümizi başga bir adamyň gyzyklanmalaryna, isleglerine we ileri tutumlaryna bagyş etmeli diýen pikir bizi gamlandyrýar. Emma Isa Mesih – Hudaýyň Ogly we Şalaryň Şasy hyzmatkär bolmagy saýlap aldy. Biziň iň oňat gyzyklanmalarymyz Onuň tutuş ömrüniň işine öwrüldi. Ol Özüne degişli ygtyýarlyk ornuny taşlap, Hudaý bilen ynsanyň arasyndaky uçudyň üstünden köpri gurmaga başlady. Şindi, bizi Hudaý bilen ýaraşdyrandan soň, Ol biziň iň uly arzuwlarymyzy, isleglerimizi, we şatlyklarymyzy kanagatlandyrmakdan lezzet alýar. Isa Mesih bize adatdan üýtgeşik durmuşda ýaşamak we Oňa meňzemek hukugyny berdi. Isa Mesih hatda Öz janyny biziň üçin gurban edende, bize bolelein durmuşy berdi. Heniz görlüp-eşidilmedik şeýle hereket we hyzmat bize gatnaşyklaryň, aýratyn hem är-aýal gatnaşyklarynyň nusgasy hökmünde berlendir.

Indi, palubany arassalaňyzdan soň, siziň öz arzuwlaýan nikaňyzy gurmak mümkinçiligiňiz bar. Siz arzuwyňyzy – Hudaýyň beren bu lezzetini diňe durmuşyňyzy oňa çalşyp alyp bilersiňiz. Hudaýyň Şalygynda bir zady saklamak üçin, ony meýletinlik bilen bermeli. Nikada isleýän şatlygyňyz, söýgiňiz we kanagatlanmaňyz diňe ýanýoldaşyňyzyň hatyrasyna öz iň oňat gyzyklanmalaryňyzdan geçen ýagdaýyňyzda alyp bilersiňiz.

Siz haçan-da bolsa ähli zady diňe özüne edinmek isleýän mesihileriň iň betbagt adamlardygyna üns beripmidiňiz? Başgalar üçin hiç haçan hiç zat etmeýän kişi adamlaryň iň agsagydyr. Sebäbi hyzmat etmeklik – Isa Mesihiň ruhy DNK-sy, biziň Mesihdäki tebigatymyza goşulandyr. Biz Onuň tebigatyny (muňa hyzmatkäriň durmuşy hem degişlidir) kabul etmekden ýüz dönderenimizde, biz Onuň özgerdiji güýjünden daşlaşýandyrys. Bu güýç dogruçyl durmuşyň we nikanyň ösmegi üçin wajypdyr. Biz ony diňe Onuň

ýaşaýşy ýaly ýaşamaga ymtylsak alyp bileris. Eger biz hyzmat etmesek, öz arzuwlaýan nikamyzy gurup bilmeris.

## Iň kiçisi bolmak

Isa Mesih Öz şägirtleri bilen iň soňky agşamlyk naharynyň başynda olara Özüniň öldüriljekdigini we ret ediljekdigini aýdýar. Şonda olar näme diýdiler? Birinjiden, olar özleriniň Ony ret etmejekdiklerini ynamly aýtdylar. Soňra bolsa aralarynda iň ulynyň kimdigi barada jedel edip başladylar.

Nähili bolgusyz gürrüň! Isa Mesih olara öljek sagadynyň golaýlaýandygyny aýdýar, Onuň iň ýakyn dostlary bolsa aralarynda iň ulynyň kimdigi barada dawalaşýarlar. Isa Mesihiň olara beren jogabyny okaň:

> "Emma siz beýle bolmaň. Araňyzda iň uly iň kiçi ýaly bolsun, baştutan, goý, hyzmatkär kimin bolsun. Haýsysy has uly: saçak başynda oturanmy ýa-da hyzmat edýän? Saçak başynda oturan dälmi? Emma Men siziň araňyzda bir hyzmat edýän kimindirin" (Luka 22:26-27).

Isa Mesihiň bu sözleri olara şarpyk degen ýaly bolan bolmagy ahmal. Şägirtler özlerini beýik bolma meselesiniň gyzyklandyrýandygyny aýan etdiler. Isa Mesih bolsa olara kim uly bolmak islese, başgalara hyzmat etmekde iň gowusy bolmalydygy barada aýdýar.

Emma Isa Mesih bu sada, şol bir wagtyň özünde-de çylşyrymly sözler bilen çäklenmedi. Ol şägirtlerini has-da aljyradyp, özlerini oňaýsyz duýar ýaly eden bir işi etdi. Mukaddes Ýazgylar ol barada şeýle diýýär:

> "Isa Atasynyň ähli zady Öz ygtyýaryna berendigini, Özüniň Hudaýdan gelip, Hudaýa gitjekdigini bilýärdi. Şonuň üçin Ol nahar başyndan turup, donuny çykardy-da, bir ýaglyk bilen bilini guşady. Onsoň bir legene suw guýdy-da, şägirtleriniň aýaklaryny ýuwup, guşanan ýaglygy bilen süpürmäge durdy" (Ýoh. 13:3-5).

Şu parçada ünsi özüne çekýän zat – Isanyň Öz şägirtleriniň aýagyny *näme üçin* ýuwandygy. Biz munuň jogabyny "*bilýärdi'* diýen sözden tapyp bileris. Isa Mesih ähli zadyň Onuň ygtyýaryna berlendigini *bilýärdi.* Şonuň üçin-de, Ol Özüni tabyn edip, iň pes derejeli hyzmatkäriň işini etdi. Isa Mesih muny ýalan pespällikden etmedi. Ol Özüniň gudratly ygtyýarynyň bardygyny aýdyň bilýärdi. Emma Öz ygtýarlygyny şahsy bähbidi üçin ulanman, gaýtam ony hyzmatkäriň akyla sygmajak hereketi üçin binýat hökmünde ulandy.

Birinji asyrda köçelere daş düşemeýärdiler. Özüňe birki sany "Naýk" krossowkasyny alnaýar ýaly dükanlaram ýokdy. Adamlar çaryk geýýärdiler ýa-da aýakýalaňaç gezýärdiler. Şonuň üçin-de, olar islendik wagt hapa ýa-da malyň tezegine basyp, aýaklaryny hapalap bilýärdiler. Biziň döwrümiz şol wagt aýaklaryň näderejede hapalanyp, porsandygyny göz öňüne-de getirip bilmeýär diýip ynamly aýdyp bolar.

Köçeler örän hapa bolansoň, hyzmatkärler we gullar hojaýynlarynyň we myhmanlaryň aýaklaryny ýuwmaga borçludylar. Baý hojalykda gullaryň işi köpdi: ýataklary arassalamaly, nahar bişirmeli, öýleri ýygnaşdyrmaly. Emma aýaklary ýuwmak işi iň pes iş hasaplanylýardy. Kä hojalyklarda bu iş şeýle bir ýigrenji hasaplanýardy welin, ony diňe gyrnaklara etdirýärdiler. Şeýle gyrnaklar aýak ýuwma işinden başga işe mynasyp däl we ýaramsyz hasaplanylýardylar.

Isa Mesih iň pes derejeli hyzmaty görkezdi. Näme üçin? Sebäbi Ol şägirtleriniň Onuň sapagynyň ähmiýetine düşünmeklerini isledi. Isa Mesih hatda Öz donuny – Mugallym derejesiniň nyşanyny çykaryp, hyzmatkärleriň edişi ýaly, bilini ýaglyk bilen guşady. Isa Mesihiň muny tiz wagtda Oňa dönüklik edip, Ony ret etjek adamlara edendigini unutmaň.

> "Isa olaryň aýaklaryny ýuwup bolanyndan soň, donuny geýdi-de, ýene saçak başyna geçip oturdy we olara şeýle diýdi: 'Size näme edenime düşünýärsiňizmi? Siz Maňa 'Mugallym', 'Aga' diýip, dogry

> aýdýarsyňyz, sebäbi Men Şolduryn. Eger Men siziň Agaňyz we Mugallymyňyz bolubam, aýagyňyzy ýuwan bolsam, onda siz-de biri-biriňiziň aýagyňyzy ýuwmalysyňyz. Meniň size edenimi, siz hem biri-biriňize edersiňiz diýip, Men size görelde görkezdim. Men size dogrusyny aýdýaryn, gul hojaýyndan beýik däldir, habarçy-da özüni iberenden beýik däldir. Eger bu zatlara düşünip, olary berjaý etseňiz, bagtly bolarsyňyz" (Ýoh. 13:12-17).

Şägirtleriniň aýagyny ýuwandan soň Isa Mesih donuny geýip, Mugallym ornuna dolandy we şägirtleriniň ömürlerinde unutmajak sapagynyň soňky alamatlaryny görkezdi. Bu ebedi hakykaty dört punktda jemläp bolýar:

1. Reb we Mugallym hökmünde, Men siziň kämil göreldäňizdirin.
2. Men şuny meýletin edýänddigim üçin, şular ýaly ýa-da başga bir işi öz derejäňizden pes saýmaň.
3. Men siziň Mugallymyňyz – araňyzda iň ulyňyz, ýöne iň pes derejeli gul kimin hyzmat etmäge taýýar.
4. Hyzmatda Meniň göreldäme eýerýänleri ýalkaryn.

## Hyzmat etmäge çagyrylan

Isa Mesih Onuň göreldesine eýersek, ýalkanjakdygymyzy aýtdy. Bu öz ýanýoldaşlarymyza hyzmat etmekde Onuň göreldesine eýersek, ýalkanyşlarynyň nikamyzda boljakdygyny aňladýar.

Biz Isa Mesihiň göreldesine eýerip, her agşam ýanýoldaşyňyzyň aýaklaryny ýuwmaga çagyramzok. Bu göreldäniň asyl manysy – Onuň hyzmatynyň göreldesini durmuşymyza ornaşdyrmak. Biz nikada özümize degişli orny eýeläp, biri-birimize hyzmat edenimizde, Isa Mesihiň göreldesini iň oňat tärde görkezýäris. Resul Pawlus şeýle ýazypdy:

> "Öz şahsy islegiňizden ýa-da şöhratparazlykdan hereket etmäň. Tersine, başgalary özüňizden üstün saýyp, pespäl boluň. Isa Mesihiň garaýyşlary sizde hem *bolmalydyr*" (Fil. 2:3,5, nygtama awtordan).

Isa Mesihiň garaýyşlary nähili? Ol Özüne hyzmatkär kimin garamagy saýlap aldy. Ol başgalaryň islegini Öz şahsy isleglerinden ýokary goýdy. Ol bu babatda iň ýokary derejä ýetip, Öz soýýänleri üçin janyny gurban etdi. Biziň köpimiz öz ýanýoldaşlarymyzyň hatyrasyna şeýle etmäge çagyrylamzok, ýöne olaryň hatyrasyna öz egoizmimizi taşlamaga çagyrylandyrys.

Eger hyzmat şeýle beýik bolýan bolsa, eger ol bize Hudaýyň ýalkanyşyny berýän bolsa, adamlar näme üçin ony amal etmeýärlerkä? Bu ynsanyň günäli tebigaty zerarly şeýle bolýandyr, sebäbi ol hemişe Hudaýyň Ruhuna garşy göreşip, bizi ilki bilen öz bähbidimizi aramaga mejbur edýär. Biziň tenimiz onuň isleglerini boýun almagymyzy we olary kanagatlandyrmagymyzy talap edýär. Biz ony her nähili kanagatlandyrsak-da, ynsanyň tebigaty hemişe köpden-köp zatlary isleýändir.

Günäli tebigat bizi hemişe egoizme we nägilelige iterýär. Hudaýyň Ruhy bolsa öz peýdaňa çapman, özüňdäki zatlara şükür edip ýaşamaga gujur-gaýrat berýär. Ýaşamagyň iki täri bar: Hudaýyň Ruhunyň ugrukdyrmasyna görä ýaşamak we teniň doýmaz-dolmaz isleginiň talaplaryna görä ýaşamak. Bularyň haýsysyna görä ýaşajakdygyny her pursat biziň özümiz çözýändiris:

> “Ynsan höwesleri Mukaddes Ruha garşydyr; Mukaddes Ruh hem ynsan höweslerine garşydyr. Olar biri-biri bilen hiç oňuşmaýarlar. Şonuň üçin-de, siz öz islän zadyňyzy edip bilmeýärsiňiz” (Gal. 5:17).

Isa Mesih öz ömrümizi erkin berip bilerimiz ýaly, bizi günäli tebigatdan azat etdi. Gutulyş bize azatlygy köpden-köp almak üçin däl-de köpden-köp bermek üçin berdi. Resul Pawlus şeýle ýazýar: “Eý, doganlarym! Siz azat bolmaga çagyrylansyňyz. Ýöne bu azatlygyňyzy ynsan höwesleriňizi kanagatlandyrmak üçin ulanmaň. Gaýtam, birek-birege söýgi bilen hyzmat ediň” (Gal. 5:13).

Azatlyk bize öz ömrümizi gurban edip bilmegimiz üçin berlendir. Eger biz diňe özümiz üçin ýaşasak, onda Isa Mesihden alan azatlygymyz

puçdur, Isa Mesihiň Öz ölümi arkaly boşadan häsiýetlerimize: egoizme we günä gaýtadan tabyn bolýandyrys. Başgalara, aýratyn-da öz ýanýoldaşlarymyza hyzmat edip ýaşamagy öwrenenimizde, biz Isa Mesihiň biziň üçin açan bolelin ýaşaýşyna şärik bolýandyrys.

## 2-nji gün

## Mukaddes Ruhdan dolanlar

Adamlar nika baradaky aýatlary okamak üçin Efeslilere hatyň 5-nji babyny açanlarynda, adatça 22-nji aýatdan – aýallaryň öz ärlerine tabyn bolmalydyklary baradaky aýatdan okap başlaýarlar. Aslynda welin Pawlusyň öwüt-ündewleri has öň başlanýar. Isa Mesih bilen Ýygnagyň aragatnaşygyny nikanyň nädip görkezmelidigine has oňat düşünmek üçin, geliň, 18-nji aýada garap geçeliň:

"Mukaddes Ruhdan dolup-daşyň" (Efes. 5:18).

Mukaddes Ýazgylaryň grek dilindäki asyl nusgasynda "dolup-daşyň" sözi Mukaddes Ruhdan dyngysyz, arasyny kesmezden dolup-daşmagy aňladýar. Muny bir gezek etmek ýeterlik däl. Eger biz Mukaddes Ruhdan elmydama dolup durmasak, Onuň idegletmesini agtarmasak, onda öz mätäçliklerimiziň ýanýoldaşlarymyzyň kanagatlandyrmagyna garaşarys. Emma bu mätäçlikleri diňe Hudaý kanagatlandyryp bilýändir. Siziň ýanýoldaşyňyz her nähili ajaýyp bolsa-da Hudaýyň ýerini tutup bilmez. Eger ýanýoldaşyňyz durmuşyňyzy maksatdan we manydan, ýagny diňe Hudaýyň berip bilýän ýalkanyşlaryndan dolduryp biler öýtseňiz,lapykeçlige we gaýgylanma uçrap, Hudaýyň söýgüsini görkezip bilmersiňiz. Nika Isa Mesihi diňe Mukaddes Ruhuň durmuşyňyzdaky eýeleýän ornuna görä şöhlelendirip bilýändir. Isa Mesih gutulyşymyzyň Burç daşydyr, Mukaddes Ruh bolsa bizi özgerdýän Kişidir. Eger biz elmydama Mukaddes Ruhdan dolup-daşsak, aňymyzyň täzelenişini we hereketlerimiziň özgerişini görüp bileris. Hudaý şeýle diýýär:

"...öňki durmuşyňyzy, ýalançy höwesler bilen ýoldan çykaran köne ýaradylyşyňyzy çykaryp taşlaň. Muňa derek oý-pikiriňizde we garaýşyňyzda täzeleniň. Hakyky dogrulyk we mukaddeslik bilen Hudaýyň keşbinde ýaradylan täze ýaradylyşa besleniň" (Efes. 4:22-24).

Isa Mesihi Onuň Ruhundan aýry söýmek we hyzmat etmek mümkin däldir. Bu suw gözbaşyna çatylmadyk şlangadan suwy gysyp çykaran ýalydyr. Şlang suwy öz-özünden öndürip bilmeýär, ol diňe geçiriji bolup hyzmat edýär. Edil şunuň mysalynda bolşy ýaly, biz diňe Mukaddes Ruhuň güýjüni kabul eden ýagdaýymyzda ýanýoldaşlarymyzy Hudaýyň isleýşi ýaly söýüp, olara hyzmat etmegi başararys.

Erkliligiň-de, hereketleriň-de öz orny bardyr, ýöne olar aňymyzy täzeläp bilmeýärler, ten höweslerimizi ýeňip bilmeýärler. Biz diňe özümizi Şahsyýete we Mukaddes Ruhuň güýjüne açan ýagdaýymyzda, Onuň täsirini we özgerdiji güýjüni durmuşymyzda duýup bileris. Bu täsir öz ýanýoldaşymyza oňa Isa Mesihiň garaýşy ýaly garamagymyz we maşgaladaky hereketlerimiz arkaly aýan bolýandyr. Gylyk-häsiýeti özbaşdak düzetmäge bolan synanyşyklar Mukaddes Ruhuň gatnaşmadyk ýagdaýynda gynandyrma we lapykeçlige duçar eder.

Biz hilegär we tekepbir hereketler zerarly maşgalasy dargaýan erkeklerden we aýallardan örän köp hat alýarys. Bu adamlaryň köpüsi Mukaddes Ýazgylary bilýärler, ýöne olara söýgi bilen Mukaddes Ruhuň merhemeti ýetmezçilik edýär. Netijede, azatlyk bilen gujur-gaýrat bermeli sözler adamlary ýaralaýarlar, kemsidýärler we ejir çekdirýärler. Şeýle weýrançylyk egoizmiň höküm sürýän ýerlerinde bolýar. Muny diňe Hudaýyň Ruhunyň işine tabyn bolup, nikadaky hyzmaty ret etmedik ýagdaýymyzda ýeňip bolar.

Şu babyň galan böleginde biz nikanyň çäklerinde hyzmatyň näme aňladýandygyna garap geçeris.

Biziň maksadymyz – nikany hyzmat arkaly ugrukdyryp gurmak üçin, Mukaddes Ýazgylary nädip ulanmalydygyny teklip etmek.

Şonuň üçin-de, biz bu baby öňde-soňda eden ýalňyş hereketleri üçin ýanýoldaşyňyzy ýazgarmagyň rugsatnamasy hökmünde ulanmazlygy ündeýäris. Ony öňe gitmegiň usuly hökmünde ulanyň.

Biz şulary är-aýal öz nikalary babatda Hudaýyň meýlini sylamak isleýändirler diýen pikire esaslanyp nygtaýarys. Munuň hemişe şeýle däldigini bilýäris. Ýagdaýyň nähilidigine garamazdan, şuny ýatda saklaň: siz öz ýanýoldaşyňyzy özgerdip bilmeýärsiňiz. Eger ony özgertmäge synanyşsaňyz, muny diňe Hudaýyň ýoly arkaly ediň. Öz ýüregiňizi Mukaddes Ruhuň täsiri üçin açyň. Goý, Mukaddes Ruh ýanýoldaşyňyz babatda diňe Onuň başarýan zatlaryny etsin.

## Şahsyýetler we orunlar

Hyzmatyň nikada bitirýän işine düşünmek üçin, Erem bagyna dolanmagymyz gerek:

> "...Hudaý Öz keşbinde ynsany ýaratdy, hawa, Hudaý ony Öz keşbinde ýaratdy; olary erkek we aýal edip ýaratdy" (Gelip çykyş 1:27).

Erkekler hem, aýallar hem Hudaýyň keşbinde ýaradylyp, Hudaýyň tebigatyny görkezýärler. Erkekler bilen aýallar biri-birinden tapawutlanýarlar, emma Hudaýyň tebigatyny ýerde görkezmekde olaryň ikisi hem deň derejede ähmiýetlidir.

Är we aýal – rollar. Rollaryň ikisem özboluşly bolup, Mukaddes Ýazgylar olaryň aýratynlygyny aýdyň düşündirýär. Emma bu rollar Hudaýyň biz babatda ilkibaşda niýetlän meňzeşligimize gabat gelmeýär. Biz Hudaýyň keşbini ýerde görkezmek üçin ýaradylandyrys. Günä Hudaýyň bu niýetini bozupdy, emma Isa Mesihiň gurbanlygy ony dikeltdi. Biziň Isa Mesih arkaly halas bolmagymyz ilki bilen şol meňzeşligimizi özgertdi.

Siziň meňzeşligiňizi rol, mysal üçin äriň, aýalyň, hünärmeniň, hyzmat edýäniň, ata-enäniň ýa-da dostuň roly görkezmeýär. Sebäbi roluňyzyň üýtgemegi bilen (mysal üçin siz ozal maşgala gurmadyk

adamlardyňyz, soňra bolsa öýlendiňiz ýa-da durmuşa çykdyňyz) siziň meňzeşligiňiz üýtgemeýär. Erkekler bilen aýallar nikalaşmankalar hem, nikalaşanlaryndan soň hem Hudaýyň nazarynda deň derejede gadyrlydyr.

Gynansak-da, köp adamlar (aýratyn-da aýallar) durmuş guranlaryndan soň öz gadyrlarynyň üýtgeýändigini duýýarlar. Aýallar öz ärlerini sylap başlasalar, maşgalada ikinji derejeli adama öwrülip, ähmiýetleri peseler, gadyrlary gaçar öýdüp gorkýarlar. Netijede, söýgüde we hyzmatda ösmäge derek, aýal kem-kemden yza galaklygyň guluna öwrülýär.

Şeýle ýagdaý är üçin bähbitli bolup görünse-de, aslynda beýle däldir. Egoizme durmuş ýörelgesi hökmünde ýol berlen ýagdaýynda, är-aýalyň ikisem utulýandyr. Öz aýalyna nikadaky deň derejeli ýoldaşy hökmünde garamaýan erkek nikasyny ýakynlykdan mahrum etmek bilen çäklenmän, ösmek mümkinçilikleriniň iň ulusyny ýitirýändir. Erkekler öz aýallaryna Isa Mesihiň Öz ýygnagyna hyzmat edişi ýaly hyzmat etseler, Onuň keşbine has köp meňzeýärler. Unutmaň: Isa Mesih ugrukdyrýan we söýýän adamlaryna hyzmat edip, Özüniň Başdygyny görkezdi.

Söýgi, hormat we mertebe ýanýoldaşlaryň ikisi üçinem ähmiýetlidir. Ýanýoldaşlaryň ikisem ähmiýetlidir we biri-birine hyzmat etmelidirler. Nika şu nukdaýnazardam garalsa, özümize ilkibaşdan ynanylan ygtyýarlyk güýjüni – Hudaýyň hormatlanma sylagyny erkeklerde hem, aýallarda hem dikeldip bolar.

## Eýe bolmak ýa-da agalyk sürmek

> “Hudaý erkege we aýala: ‘Örňäp, köpelip, ýer ýüzüni dolduryň we oňa eýeçilik ediň; balyklaryň, guşlaryň we ýer ýüzünde hereket edýän bütin jandarlaryň üstünden höküm sürüň’diýip pata berdi. Hudaý Öz ýaradan zatlarynyň juda gowudygyny gördi. Şeýdip, gije geçip, daň atdy. Bu altynjy gündi” (Gelip çykyş 1:28,31).

Ilkibaşda är bilen aýal bäsdeş däldiler. Olar ýürekleri bir bolan iki dürli adam – ýakyn işdeşler we hyzmatdaşdylar. Olar ýer ýüzüni doldurmak we oňa eýeçilik etme hukugy berlipdi. Hudaý olara köpelip örňemegi tabşyryp, galan zatlaryň hemmesini olara ynanypdy.

Eýeçilik höküm sürýän häkimiýet, abraý ýa-da gözegçilik bilen baglanyşyklydyr. Ol täsir ediş çäkleri we ygtyýarlyk barada habar berýär. Biz Isa Mesihiň Öz şägirtleri bilen geçiren soňky gijesiniň taryhyndan erkege we aýala ygtyýarlyk başgalara hyzmat etmek we olaryň ösmegine ýardam bermek üçin berilýändigini bildik.

Jynslaryň arasyndaky göreş günä dünýä aralaşandan soň başlandy. Hudaý bilen ynsanyň arasyndaky ägirt gorpuň döremegi zerarly eýeçilik höküm sürmeklige we hile-mekirlige öwrüldi. Hudaýyň beren güýjüniň ýoýulmasy Onuň ajaýyp birleşme, ýagny nika baradaky niýeti bilen göreşmegini dowam edýär. Nika köpelmäniň guraly bolmaga derek, agzalalygyň guralyna öwrüldi.

Hudaýyň ilkibaşdaky meýline görä, nika söweş meýdanyna dälde, bütewülik meýdanyna öwrülmelidi. Nika dürli geçmişi, güýçli taraplary bolan iki ynsany birikdirip, soňra bu tapawutlylyklary köpelme mümkinçiligini döretmek üçin ulanýar. Bu barlyşdyryp bolmajak zatlary barlyşdyrmak boýunça Hudaýyň meýliniň bir bölegidir. Isa Mesih şeýle diýipdi:

> “Ynsan Ogly ýitenleri agtarmaga we halas etmäge gelendir” (Luka 19:10).

Biz bu aýada diňe Hoş habar manysynda düşünýäris, aslynda welin onuň manysy has giňdir. Isa Mesih diňe ýitenleri däl, eýsem ýitirilen zatlary hem halas etmäge geldi. Günä dünýä aralaşandan soň biz Hudaý bilen aragatnaşygy ýitirdik. Mundan başga-da, biz özara gatnaşygymyzyň bütewüligini ýitirdik. Bu gatnaşyklar doganyň dogan bilen, ata-enäniň çaga bilen, äriň aýal bilen gatnaşyklaryny öz içine alýandyr. Biz beýleki ýaradylanlaryň ähli̇si bilen özara gatnaşygynyň ajaýyplygyny ýitirdik.

Isa Mesihiň halas ediş işi bize Göklere ýetýänçäk ýaşamak mümkinçiligini bermek bilen çäklenmeýär. Ol boleleinligi bu dünýäde berip, weýran edilen zatlary dikeldýär. Biz bozulan gatnaşyklaryň hemmesini haç arkaly dikeldip bilýäris. Bu bolsa biziň nikamyz üçin şypany şu wagt alyp bolýandygyny aňladýar. Erkek bilen aýal ýene-de bütewi bir jan-ten ýaly ýaşap bilýärler.

Biziň ýüreklerimiz bir bolup, bir maksada okduralanymyzda, köpelýäris, sebäbi Hudaý agzybirligiň bolan ýerini ýalkaýandygyny aýdýar (ser. Zebur 132). Biziň janlarymyzyň duşmany Hudaýyň ýalkanyşlarynyň bize ýetmegini, biziň köpelmegimizi islänok. Şoňa görä-de, ol biziň nikamyzy dargatmak üçin elinden gelenini gaýgyrmaýar. Agalyk sürmekligiň ýalanyna garşy göreşip, eýeçiligiň hakyky tebigatyny kabul etmek bilen, biz Hudaýyň isleginiň ýerde amal bolşuny görmek üçin Onuň bilen hyzmatdaşlyk edýäris.

Indi bolsa erkek bilen aýalyň nikadaky hyzmatlarynyň dürli rollary baradaky anyk pikir alyşmalara geçeliň. Hudaýyň meňzeşlik perspektiwasyna, gymmatlyklaryna we eýe bolmaklyga düşünmese, ynsan aňsatlyk bilen ýalňyşýar we Gökleriň ykrar eden rollary bir ýanýoldaşy beýlekisinden ýokary goýýar diýen ýalňyş pikire eýerýär. Hudaýyň birinji ynamdarlyk hakyny we rollary öwreneniňizden soň, är bilen aýalyň rollarynyň nädejede saldamlydygyny, gymmatlydygyny we wajypdygyny görersiňiz diýip umyt edýäris

## 3-nji gün

### Eý, är, aýalyňa hormat goý

"Eý, ärler, edil şunuň ýaly, sizem öz aýalyňyza hormat goýuň, onuň bilen özara düşünişip ýaşaň. Siz olaryň özüňizden ejizdigini bilýänsiňiz, emma olar hem siziň bilen Hudaýyň beren ýaşaýşyny deň miras alandyrlar. Doga-dilegleriňiziň bökdelmezligi üçin şeýle ediň" (1 Pet. 3:7).

Sylaşyk ikitaraplaýyn bolýandyr. Mukaddes Ýazgylar är-aýalyň birek-birege hormat goýmalydygyny aýdyň aýdýar. Aýalyň roly barada biz biraz soňra gürrüň ederis, häzir bolsa ärleriň roly barada gürrüň edeliň.

Eý, är, aýalyňyň orny seniňkiden pes däl. Ol hem Isa Mesihdäki mirasyňa şärikdir, sen oňa hormat goýmalysyň. Petrus onuň ejizligi barada aýdanda, onuň beden ejizligini göz öňüne tutýar. Ol muny onuň danalygy, syzgyrlygy we ruhy güýji barada aýtmaýar. Aýalyňyň beden "ejizligi" ony senden has gadyrsyz etmeýär. Bu onuň ştangany sen ýaly birnäçe gezek galdyryp bilmeýänligini aňladýar. Petrusyň teswiri – mertebe baradaky jarnama däl-de, durmuşda gören gözegçiligidir. Bu ähmiýetli zatdyr, sebäbi biz sylag-hormata mynasap saýmaýan adamlarymyza hyzmat etmekden saklanýarys. Öz aýalymyz üçin jan bermek üçin, biz ilki onuň görnükli gymmatlylygyny saýgarmaly.

Biz muny saňa öz aýalyňy kemsitmek ýa-da gadyryny gaçyrmak isleýänsiň diýip aç-açan aýdamzok-da, hemme zadyň aýdyň bolmagy üçin aýdýarys. Erkekler we aýallar Hudaýyň keşbine görä ýaradylandyr, şonuň üçin-de, erkek aýala hormat goýmanlarynda, onuň gadyryny bilmänlerinde, ony goramanlarynda, bärde – ýer ýüzünde Gökdäki Atamyzy biabraý edýär.

Hudaý başda adama ýekelik ýagşy däl diýdi (ser. Gel. 2:18). Ol birinji meselä – adamyň ýekeligine jogap hökmünde How enäni ýaratdy. Aýal – bu ikinji ýaradylyş däl-de, Hudaýyň jogabydyr. Saňa Hudaýyň bendesi hökmünde aýalyňy söýmek, goldamak, yhlas etmek we hyzmat etmek mümkinçiligi ynanylandyr.

Petrus erkekler öz aýallaryna düşünje bilen garamalydyklary barada hem ýazýar. Biz özümizden tapawutlanýanlara düşünjek bolmaly. Hemme erkekler biri-birinden tapawutlanýarlar, hemme aýallaram tapawutlanýarlar, erkekler bilen aýallar bolsa biri-birinden bütinleý tapawutlanýandyrlar. Men (Jon) özümden tapawut-

lanýandygy üçin, Liza hormat goýmagy bes etmeli däldirin. Men onuň başgadygyna begenýärin we näme tapawudynyň bardygyny bilmäge ymtylýaryn.

Eger Liza ikimiz meňzeş bolan bolsadyk, durmuşymyz birsydyrgyn we ýürekgysganç bolardy. Biziň tapawutlyklarymyz käwagt kynçylyklary döredýänem bolsa, olar peýdalydyr. Sebäbi şolar arkaly öz gowşak ýerlerimizi ýüze çykaryp, olary berkidýäris. Maňa Lizanyň menden tapawutly bolany gerek. Men ony sylaýaryn we ony nämeleriň gyzyklandyrýandygyny bilmäge ymtylýaryn. Şeýtmek bilen, men özüme we maşgalama peýda getirýärin.

1-nji Petrus 3:7-de aýdylýanlara üns beriň: eger öz aýalyňa hormat goýmasaň, bu doga-dilegiň üçin bökdençlik döreder. Aýalyň abadanlygy Hudaý üçin şeýle wajyp bolansoň, Ol ony sylap, oňa düşünmekligi doga-dileglerimiziň esasy şerti edip goýdy!

## Maşgalabaşy

> “Mesih imanlylar ýygnagynyň başy bolşy ýaly, är hem aýalyň başydyr. Mesih Öz bedeni bolan ýygnagyň Halasgäridir” (Efes. 5:23).

Bu aýatda artykmaçlyk ýa-da kemterlik barada aýdylmaýar. Ol Isa Mesih bilen Onuň Gelinliginiň gatnaşygyny suratlandyrýar, sebäbi hut şeýle gatnaşyklar nika gatnaşyklarynyň nusgasy bolup durýandyr. Ärler şeýle sazlaşykly meňzeşlikde Isa Mesih bilen bagly bolansoňlar, nikada şu roly öz üstlerine alýarlar. Isa Mesihiň edişi ýaly, olaryň-da hyzmat arkaly lider bolmak ýaly ajaýyp jogapkärçiligi bar. Şeýle jogapkärçilik imansyz dünýä Isa Mesihiň tebigatyny görüp bilýär. (Siz Isa Meshiň Ýygnagy Öz Gelinligi diýip atlandyranda, ony näderejede söýýändigine göz ýetireniňizde, Hudaýyň aýaly kemsidip, oňa ikinji derejeli orny bermegi niýet etmändigine düşünersiňiz).

Nikada baş bolmaklyk derejesi äre öz aýalyny dymdyrmak üçin berlen däldir. Tersine, akylly är öz aýalynyň maslahatlaryny ret edesi

gelmez; ol aýalynyň sözleriniň karara gelmekde örän ähmiýetlidigine düşüner.

Nikalaşanymyzyň ilkinji ýyllarynda men (Jon) günde bir ýarym sagat töweregi dileg edýärdim. Liza şol döwürde uzakly gün işleýärdi, meniň göwnüme ol örän az, içinden ýa-da maşynyny sürüp barýarka gysgajyk dileg edýän ýalydy. Käbir meselelerde pikirlerimiziň gabat gelmedik ýagdaýynda men köp dileg edýänligim sebäpli bu meseläni özbaşdak çözüp bilýändirin diýip ýalňyşýardym. Ýagdaýlaryň ýarysynda diýen ýaly men öz bilenimi edýärdim, soňra bolsa Lizanyň mamla bolup çykýandygyny görýärdim.

Dogrymy aýtsam, bu ýagdaý meni gamlandyrýardy. Men uzak wagtlap dileg etsem-de, näme üçin onuň pikiri dogry bolup çakýarka? Şonuň üçin-de men dileg edip: “Eý, Hudaý, men her gün irden bir sagat ýarym dileg edýärin, Liza bolsa suwa düşende on minut dileg edýär. Emma muňa garamazdan, ol köp ýagdaýlarda mamla bolup çykýar”.

Reb jogap berip: “Töwerek çyz” diýdi. Soňra: “Tutuş töweregiň içine X-atanaklar çyz” diýdi. Men töweregiň içini atanaklardan dolduranymda, Ol maňa: “Indi bolsa ortasyndan dik çyzyk geçir” diýdi.



Soňra Hudaý şeýle diýdi: “Atanaklaryň ýarysy tegelegiň bir tarapynda, beýleki ýarysy hem ikinji tarapynda ýerleşýär. Jon, sen öýlenmänkäň, sen Men arkaly dolup, bitin tegelek bolýardyň. Ýöne Liza öýleneniňden soň, sen onuň bilen bir ten bolduň. Indi bir tegelek ikiňizi aňladýar: sen bir tarapynda , Liza ikinji tarapynda”.

“Atanaklaryň näme aňladýandygyny bilýärmiň?” – diýip, Hudaý sözüni dowam etdi. – “Olar paýhasly çözgüt etmek üçin saňa Menden gerek bolan maglumatlary aňladýarlar. Sen çözgüdi kabul edeniňde, maglumatlaryň diňe ýarysyny ulanýarsyň. Öz aýalyňdan Meniň oňa berýän maglumatlarymy almagy öwren-de, maşgalabaşy hökmünde çözgüdi kabul edeniňde, ikiňize berýän maglumatlarymy ulanyň.”

Bu aýanlyk meniň aňymy düýpgöter özgerdip, maşgalabaşy bolmanyň nämedigini görkezdi. Şol ýagdýdan soň mende öz roluma daýanyp, Lizanyň maslahatyna äsgermezçilik etme islegi gaýdyp döremedi.

## Lider hyzmatkär

Ýene gaýtalaýarys: äriň roly agalyk sürmeli däldir. Agalayk sürmek liderlikden örän tapawutlanýandyr. Liderlik saýlawyň mynasyp bolmagyny talap edýär, agalyk bolsa diňe özüniňkini dogry hasap edýär. Eger erkek öz maşgalasynda Hudaýdan gorkýan lider bolmak isleýän bolsa, ygtyýarlyk orny eýelemegiň nämedegine düşünmelidir. Geliň, Isa Mesihiň sözlerini ýatlaly: “...araňyzda iň uly iň kiçi ýaly bolsun, baştutan, goý, hyzmatkär kimin bolsun” (Luka 22:26). Erkek maşgalabaşy hökmünde lider hyzmatkär bolmalydyr.

Erkek aýal üçin islendik buýrugy ýerine ýetirilmeli başlyk däldir. Ol hemme zady aýaly bilen bile etmeli liderdir, hakykatda, eger ol paýhasly bolsa, aýalyna onsuz hiç zady başarmaýandygyny gaýta-gaýta aýdar. Men (Liza) özümiň ärime gerekdigimi eşitmegi halaýaryn. Men özümi şeýle gujurly duýup, onuň islendik islegini amal etmäge taýýar bolýaryn. Eger men hemme zady başarýan aýal bolup bilmesem, onda şeýle aýal bolmagy hökman öwrenerin. Jon meni ähmiýetli saýanda, men edil gül ýaly açylýaryn.

Eý, är, aýalyňa hyzmat etmek – onuň islän zadyny amal etmegi aňlatmaýar. Aslynda bu onuň üçin janyňy bermäge taýýar bolmagy

we kabul edilýän çözgütlerde onuň bähbidini aramagy aňladýar. Isa Mesihiň bizi gönükdirişi ýaly, biz hem öz aýalymyzy gönükdirýäris. Biz käbir zatlary halamasak-da, Isa Mesihiň biziň bähbidimiz üçin edýän işleri köpdür. Aýalyňyzyň bahbidiniň siziň islegleriňiz bilen gabat gelmeýän ýagdaýlaryň boljagy gürrüňsizdir. Şeýle ýagdýlarda biz Isa Mesihiň göreldesinden oňaýlysyny we amatlysyny saýlaman, iň oňadyny saýlamalydygyny bilýäris. Aýalyňyzyň iň oňat bahbitlerini kesgitlemegiň usuly – söýgi bilen hormat. Isa Mesihiň Öz Ýygnagyny söýşüni we sylaýşyny ýatda saklaň.

Isa Mesih Öz şägirtleriniň aýaklaryny ýuwandan soň, öňküsi ýaly olaryň Rebbidigini aýdyň görkezdi. Ol Öz ygtyýarlyk ornundan dänmedi. Emma Ol Öz hereketi arkaly ygtyýarlygyň düýpgöter täze manysyny mälim etdi. Onuň beren sapagyndan biz ygtyýarlygyň birek-birege hyzmat etmek üçin berilýändigini bilýäris. Eý, erkekler, biz öz maşgalabaşy ygtyýarlygymyzy ilki bilen aýalymyza ýarajak oňat şertleri döretmek üçin ulanmalydyrys. Biz maşgalabaşy hökmünde lider hyzmatkär bolmak jogapkärçiligini alýandyrys. Şeýle etmek bilen, biz özümizi aýalymyza tabyn ederis.

> “Isa Mesihe hormat goýmak bilen biri-biriňize tabyn boluň” (Efes. 5:21).

Resul Pawlusyň Efesliler 5:18-de “Mukaddes Ruhdan dolup-daşyň” diýen wesýeti ýadyňyzdamy? Ol sözüni dowam edip, Mukaddes Ruhdan dolan adamyň özüni alyp barşy: ruhy aýdymlary aýdyşy, şükür edişi barada ýazýar. Soňra, 21-nji aýatda “biri-biriňize tabyn boluň” diýip aýdýar.

Bu sözleri adatça Pawlusyň nika baradaky gürrüňiniň başyna degişli edýärler. Timoti we Keýti Keller özleriniň “Nikanyň asyl manysy” atly kitabynda, ine, şeýle diýýärler:

> *“Mukaddes Ýazgylaryň iňlis dilindäki terjimesinde 21-nji aýady adatça aýratyn sözlem hökmünde goýýarlar. Şeýle edilende,*

*Pawlusyň aýratyn nygtap aýdýan wajyp zatlary okyjy üçin ýitirilýär. Grek dilindäki asyl nusgada 21-nji aýat uzyn sözlemiň ahyrynda dur. Pawlus bu sözlemde "Mukaddes Ruhdan dolupdaşýan" adamyň käbir häsiýetlerini beýan edýär".*

Soňra olar şeýle dowam edýärler:

*"Mukaddes Ruhdan dolmagyň soňky derejesini şu soňky sözlem beýan edýär. Bu ýerde tekepbirlikden we özdiýenlikden bütinleý azat bolmak barada aýdylýar. Şeýle-de, munuň adamy başgalara tabynlyk bilen hyzmat etmäge alyp barýandygy barada aýdylýar".*

Nika kontekstinde bu Mukaddes Ruhdan dolan äriň (munuň ähmiýeti barada ozal aýdypdyk) öz ikinji ýarymyna tabyn bolýandygyny aňladýar. Köp adamlar tabynlygy diňe aýala degişli edýärler, ýöne Pawlus är-aýalyň biri-birine tabyn bolmalydygyny aýdyň aýdýar. Şu ýerde ulanylan "tabyn bolmak" grek sözüni resul Pawlus başga ýerde aýalyň öz ärine tabyn bolmalydygy barada aýdanda hem ulanýar. Bu söz tabyn bolmagy ýa-da subordinasiýany aňladýar. Biz şu wagt nika kontekstine garaýarys, şonuň üçin-de, hawa, aýal ärine maşgalabaşy hökmünde tabyn bolmalydyr. Emma erkekden aýalyna tabyn bolmagyň başga görnüşi talap edilýär.

Resul Pawlus Isa Mesihe hormat goýmak bilen biri-biriňize tabyn bolmalydygymyz barada aýdýar. "Hormat goýmak" – grekçe "fobos" – galpyldadan, çuňňur hormatdan doly gorkyny aňladýar. Şonuň üçin-de, bu aýady has dogrusy şeýle terjime edip bolar: "Isa Mesihiň huzurynda çuňňur hormatdan galpyldap biri-biriňize tabyn boluň".

Birwagtlar men (Jon) Liza gowy garamaýardym. Şonda Hudaý maňa ýüzlenip, şeýle diýdi: "Jon, Liza ilki bilen Meniň gyzym, onsoň seniň aýalyň". Bu sözler meniň kalbymy galpyldadan doldurdy!

Eý, är, Hudaý elmydama ýanyňdadyr. Ol seniň öz aýalyň bilen nädip gürleşýäniňi, Onuň gyzyna nähili garaýanyňy bilýär. Ol seniň sözleriňiň asyl manysyny we ýüregiň niýetlerini içgin bilýär.

Öz gelinligiňe bolan garaýşyň we hereketleriň arkaly Oňa hormat goýýarmyň? Eger sen ony biabraý edýän bolsaň, onda sen onuň Atasyny biabraý edýänsiň. Öz aýalyň barada galpyldy we hormat bilen alada et.

Resul Pawlus erkek öz aýaly üçin janyny gurban etmek arkaly oňa tabyn bolýandygy aýdýar. Başga sözler bilen aýdanyňda, erkek özüni aýalynyň iň oňat bahbitlerine tabyn edýär.

> “Eý, ärler, Isa Mesihiň imanlylar ýygnagyny söýşi ýaly, siz hem öz aýalyňyzy söýüň. Ol Öz ýygnagy.... üçin, janyny gurban etdi” (Efes. 5:25).

Isa Mesih ygtyýarly wezipesini hiç haçan Öz bähbidi üçin ulanmady. Ol ygtyýarlygyny bize güýç bermek üçin ulandy. Biz hem öz ygtyýarlyk wezipämizi aýalymyzyň bähbidi üçin ulanmaga çagyrylandyrys. Isa Mesih Öz Gelinligini şöhratlandyrmak we mukaddes etmek üçin Öz janyny gurban etdi. Gelinliginiň dabaraly täji Isa Mesih üçin iň uly şatlykly we bagtly tamamlanyşdyr. Isa Mesihiň ýörelgesine eýereniňizde egoizme hiç ýol ýokdur. Siziň är hökmünde etmeli işiňiz – aýalyňyza ömürboýy hyzmat etmek. Şeýle hyzmat oňa we tutuş dünýä Isa Mesihi aýan etmegiň hatyrasy üçin edilýändir. Eger siz aýalyňyz üçin şeýle lider bolsaňyz, ol Hudaýyň size beren ygtyýarlygyna aňsat we höwes bilen tabyn bolar.

### 4-nji gün

## Eý, aýal, äriňi golda

> “Eý, aýallar, äriňize düşüniň we oňa Rebbe tabyn bolşuňyz ýaly tabyn boluň. Mesih imanlylar ýygnagynyň başy bolşy ýaly, är hem aýalyň başydyr. Mesih Öz ýolbaşçylygyny agalyk arkaly däl-de, alada bilen edýändir. Ol Öz bedeni bolan ýygnagyň Halasgäridir. Şonuň üçin imanlylar ýygnagynyň Mesihe tabyn bolşy ýaly, aýallar-da ähli zatda öz ärine tabyn bolsunlar” (Efes. 5:22-24, The Message).

Resul Pawlusyň ärlere we aýllara “Isa Mesihe hormat goýmak bilen biri-biriňize tabyn boluň” (Efes. 5:21) diýip aýdanlary ýadyňyzdamy? Indiki aýatda ol mundan artyk zatlary ýazýar: “Eý, aýallar, Rebbe tabyn bolşuňyz ýaly, äriňize hem tabyn boluň” (Efes. 5:22). Köp adamlar bu öwüdi aýallar üçin mahrum etme diýip hasaplaýarlar, aslynda welin bu beýle däl.

Nikada agalyk bolmansoň, aýal äriniň jogapkärçiligini egindeşi kimin deň derjede paýlaşýar. Bu äriniň maşgalabaşy bolmagyna garşy çykmaýar, sebäbi är bilen aýalyň maşgalada we onuň töweregindäki zatlarda ygtyýarlyklarynyň we täsirlerini derejeleri deňdir. Ygtyýarlyk şeýle diýýär: “Men ygtyýarlygy we täsiri seniň bähbidiň üçin ulanaryn, sen bolsa meniň bähbidim üçin ulanarsyň”.

Aýalyň öz ärini goldamagy hyzmatyň bir görnüşidir. Eý, aýal, saňa äriň ýüregi ynanyldy. Onuň ýüregini söýgüde we sylag-hormatda hakykat sözleri bilen goramaklyk – iň beýik hyzmatlaryň biri bolup biler. Äriňize öz ýüregini beýan etmäge kömek edip, oňa hyzmat etmegi öwreniň. Alňasaklyk bilen netije çykarmaň, onuň durmuşyny aragatnaşyk bilen baýlaşdyryp, oňa aýanlykda ösmäge we maksada ýetmäge kömek ediň.

Aýallar fiziki taýdan gowşakdyr, ýöne erkeklere köplenç ýürek kesellerine uçramak howp salýar. Aýallar erkekleriň ýüregini goramaga, erkeklerem aýallary goramaga çagyrylandyrlar. Erkekler aýallarynyň güýç ýetmezçiliginiň öwezini doldurýarlar. Eýsem ýüregi goramak tabşyrygyndan has ajaýyp tabşyryk barmy näme?!

Är hyzmat edip, öz janyny aýaly üçin gurban etmäge taýyn wagty, aýaly oňa maşgalabaşy hökmünde sarpa goýmak bilen jogap berýär. Şeýdip, ol Isa Mesihiň söýgüsini dünýä aýan edip bilýär. Onuň ärine bolan söýgüsi, sylag-hormaty Isa Mesih arkaly ugrukdyrylmanyň nämedigini görkezýär. Hudaý aýala maşgalada ikinji derejeli agza bolany üçin ärine tabyn bolmagy buýurmady. Hudaý är-aýaly Ýygnagyň nähili bolmalydygyny görkezmäge çagyrýar. Biz

oňat, sadyk, söýýän we geçirimli Rebbiň we Halasgäriň dolandyran ýagdaýynda, nika arkaly durmuşyň nähili bolmalydygyny görkezmäge mümkinçiligimiz bar. Şeýle ajaýyp zatlary ýigrenji we ökünçden doly rola öwürmäge duşmana ygtyýar etmeklik nähili betbagtlyk! Reb aýala maşgaladaky roluny bermek bilen, Oňa bil baglap bolýandygyny görkezmegi gyzlaryndan haýyş edýär.

Hudaý aýaly güýçli we ukyply edip ýaradanyny bilýär. Ol ugrukdyrmak, kazylyk, pygamberlik, töwellaçylyk etmek üçin, hatda Özüniň ýeke Ogluny bagrynda göterip, iýmitlendirmek üçin taryhyň dowamynda aýallary saýlaýardy. Aýallary öz ärlerine tabyn bolmaga çagyrmak bilen, Hudaý olary gowşak ýa-da kem hasaplanok. Tersine, Ol: "Men seniň güýçlüdigiňi we ukyplydygyňy bilýärin, sebäbi sen Meniň gyzymsyň. Ýöne nikanyň baky tymsalynda Maňa tabyn bolmaklygyň ýagşylygyny görkezmek üçin biri gerek. Eý, gyzym, Meniň seždä mynasypdygymy başgalara görkezmek üçin, sen goldaw we tabynlyk rollaryny öz üstüňe meýletin aljakmy?"

## Liderligiň agramy

Hudaýdan tapawutlylykda, ärler kämil däl. Olar hemişe dogry çözgütleri kabul etmeýärler, hemişe aýallaryna bolmalysy ýaly hyzmat etmeýärler. Ärlerini goldap, olara hormatlamak isleýän aýallaryň lapykeçligi hem hut şundan döreýändir. Wagtyň geçmegi bilen, olar ähli zady öz ellerine almak meýlini duýýarlar. Äriniň liderlik ornuna garşy durmaklyk olara azatlyk beräýjek ýaly bolup görünse-de, olar ýüreklerinde agyrydan başga zat duýmaýarlar.

Biziň nowbahar oglumyz heniz bäbekkä, men (Liza) köp sagatlap işleýärdim, gün tertibim gaty dartgynly bolany üçin, men köplenç dynç günleri hem işlemeli bolýardym. Men işde şahsy we hünär kynçylyklaryna duşýardym, şol bir wagtyň özünde-de göreldeli eje we aýal bolmaga dyrjaşýardym. Şol wagtda Jon geçiş döwründedi. Men iş zerarly, oglumy az görýänligim zerarly dartgynlylyk duýýan döwrümde

Jon ýarym gün işleýärdi, dileg edýärdi, agyz bekleýärdi, dostlary bilen gatnaşýardy we golf oýnaýardy. Men uly basyşy duýup, ähli zatda ony günäkärleýärdim. Men hemme zady öz elimde saklaýan ýaly duýýardym, ýöne meniň barmaklarym gowşap, açylmaga golaýdy.

Men Jonuň-da meniň bilen tolgunmagyny isleýärdim, ýöne ol beýle etmeýärdi. Men gorkularymy we howatyrlanmalarymy hemişekim ýaly onuň bilen paýlaşanymda, ol maňa: “Liza, aladalaryňy goýber-de, olary Hudaýa tabşyr” diýdi.

Men: “Asla beýtmen! Eger men aladasyny etmesim, hiç iş-de edilmez” diýip pikir etdim. Dartgynlyk gitdigiçe artyp, meni öňküden-de güýçli basýardy. Günleriň birinde suwa düşüp durkam, Hudaýa agyr ýagdaýymdan zeýrendim. Men Jona hiç zat ynanyp bilmeýänligimden zeýrenýärdim. Hatda zir-zibili dökmelidigini hem Jona men ýatladyp durmalydym. Onsoň men oňa uly işlerde nädip bil baglaýyn? Men gözegçiligimi näme üçin gowşadyp bilmeýänligimi aklamaga synanyşyp, uzak wagtlap zeýrendim. Şonda Hudaý ýumşaklyk bilen: “Liza, seniň pikiriňçe, Jon gowy lidermi?” diýip sorady. Men:”Ýok, beýle pikir edemok, men oňa ynanyp bilmeýän!” diýip ynamly aýtdym.

Hudaý şonda maňa şeýle diýdi: “Liza, oňa ynanmak hökman däl. Esasy zat – Maňa ynan! Sen Jonuň maşgalabaşy hökmünde öz wezipesiniň hötdesinden gelmeýän ýaly duýýarsyň. Sen muny özüňiň has oňat başarjakdygyňy duýýarsyň. Seniň duýýan dartgynlygyň we birahatlygyň maşgalabaşynyň işlerini öz üstüňe alanlygyň zerarly döredi. Bu seniň üçin agyr boýuntyryk, Jon üçin bolsa dabaraly don ýalydyr. Munyňy goýbolsun et”.

Men öz dartgynlylygymyň sebäbine bada-bat düşündim. Özümiň berjaý etjek bolýan maşgalabaşy wezipesi meni agyr boýuntyryk kimin basýardy, sebäbi men özüme degişli bolmadyk jogapkärçiligi öz üstüme alypdym. Meniň ärim üçin bu jogapkärçilik agyr däldi, sebäbi Hudaý oňa maşgalabaşy bolmaga ak pata beripdi.

Men dogrudan-da maşgalada liderlik orny üçin göreşendigimi boýun aldym. Ärimi goldap, oňa ynanmaga derek, ony pylçap, ýere çalan ýaly edipdirin. Ol bolsa öz gezeginde, ygtyýarlygyny maňa berdi, menem ähli zady bulaşdyrdym.

Perişan halda duşy öçürip, desmaly aldym-da, Jonuň ýanyna ylgadym. Ol ýatylýan otagymyzda oturan eken. Men aglaýardym we ötünç soraýardym: "Men saňa hemme zatda garşylyk görkezenime gaty ökünýärin. Men saňa ynanmaga gorkýardym. Eger isleseň, men ertiriň özünde işimi taşlaýyn. Men ýene-de seniň ýanyňda bolasym gelýär" diýip aýtdym.

Jon: "Men işiňi taşlanyňy islämok. Meniň pikirimçe mesele munda däl. Ýöne özüňi gözbaş hökmünde alyp barmak pikiriňden el çekmelidigiňi welin anyk bilýärin" diýdi.

Ol mamlady. Men gözbaş däldim. Hudaý gözbaşdy. Şu hakykaty ünsden sypdyranym üçin, men dartgynlyk ýagdaýyna düşüpdim we ärimi goldamagy bes edipdim. Biz ýene-de gürleşip oturdyk we men Jona: "Men seniň arkaňda duraryn we seni goldaryn. Men saňa ynanýaryn" diýip söz berdim.

Şol wagt men oňa nädip goldaw berjegimi we ynanjagymy anyk bilmeýärdim. Men diňe bir zady anyk bilýärdim: nädip we nähili boljagynyň jikme-jiklerini bilmegimden, Jona goldawymyň gerekdigi has wajypdy. Men öýümizde hemme zadyň bulam-bujardygyna düşündim. Men Hudaýyň bu bulam-bujarlygy rejelemegini isleýärdim. Jon hem öz gezeginde liderlik ornuny elinden sypdyryp, menden arany açandygy üçin ötünç soraýardy. Biz söýgi, goldaw we biri-birimize kömek etmek barada äht edişdik.

Şol gije men köp ýyllaryň dowamynda ilkinji gezek arkaýyn ýatyp, örän rahat uklapdyryn. Gulçulyk boýuntyrygy boýnumdan çykarylypdy.

Her gezek Hudaýyň biz üçin niýetlemedik zatlaryny öz üstümize alanymyzda, gulçulyk boýuntyrygyny dakynýarys. Emma Hudaýyň

hut biz üçin niýetlän zatlaryny alanymyzda welin, olar biziň egnimizde dabaraly don – ygtyýarlyk nyşany we gorap, ekleýän güýç kimin bolýar.

Öz üstüme maşgalabaşynyň jogapkärçiligini almak bilen, men agyr boýuntyrygy dakyndym, Jon bolsa dabaraly donundan mahrum boldy. Netijede baş çykaryp bolmajak bulam-bujarlyk döredi. Men Hudaýyň bellän tertip-düzgünini kabul edenimde, boýnumdaky boýuntyryk gaçdy, Jon bolsa Hudaýyň beren liderlik donuny geýdi. Bu don meni hem örtdi, sebäbi ol Jonuň garamagyndaky ähli adamlary örtýär we goraýar.

## 5-nji gün

## Öz rollaryňyzy rejelemek

Mukaddes Ýazgylar erkegiň we aýalyň nikadaky rollary barada köp zat aýtsa-da, aýtman goýan zatlary-da köpdür. Hudaý Adam ata we How enä örňäp-köpelmegi we ýer ýüzüni doldurmagy buýursa-da, munuň jikme-jiklerini aýtmady. Edil şeýle tärde, Hudaý bizi çäklendirmezden, bize nikanyň çäklerini anyk aýtdy. Ol bize nikanyň çäklerini çyzyp berdi we nädip hyzmat etmelidigimizi görkezse-de, munuň her ädimini jikme-jik aýtmaýar.

Bu uly ýer paýy kimindir: biz ol ýerde islän zadymyzy gurup, ondan lezzet alyp bilýäris. Käbir adamlar ol ýerde howuz, başgalar basketbol meýdançasyny, ýene birleri ikisinem ýa-da hiçisinem gurmazlar. Nika babatda hem şeýledir: bu siziň mellek ýerli öýüňizdir, islän zadyňyzy guruberiň. Eger aýalyňyz landşaft bilen meşgullanmagy halaýan bolsa, goý hemme zady isleýşi ýaly meýilleşdirsin. Eger äriňiz bag bilen meşgullanmagy halaýan bolsa, goý, bag bilen meşgullansyn. Meýilleşdirmeklik diňe erkekleriň hukugy, bagçylyk bilen meşgullanmak diňe aýalyň işi diýmäge

hiç kim hakly däldir. Halaýan zadyňyz bilen meşgul boluň, ýöne hyzmatyňyzyň çäklerini hiç haçan unutmaň. Siz jikme-jikler barada oýlanmaga haklysyňyz, Mukaddes Ruh bolsa gönükdirer.

Biz nikada ýanýoldaşymyza hyzmat edişimiz ýaly, ol hem bize hyzmat eder diýip tama edenimizde, hyzmatymyzdan lezzet alýarys. Emma gynansak-da, diýen tamamyz hemişe çykmaýar. Biziň maşgalamyzda bir döwür Jon özüni hyzmatçy diýip atlandyranda, hezil edip gülüşýärdik. Sebäbi ol nahar iýlip bolan badyna gözden gaýyp bolup, meni (Lizany) ogullarym bilen saçagy ýygnap, gap-çanaklary ýuwmaga ýeke galdyrýardy. Şol döwürde ol hyzmat edýändir öýtmeýärdik.

Biz Jonuň başga rolda hyzmat edýändigine düşünmändiris. Biz gap-çanaklary ýygnaşdyrýançak, Jon býujetimizi barlaýardy, poçtamyzy barlaýardy we töleglerimizi amal edýärdi. Ol biziň özbaşdak başarýan işimize ýapyşmaýardy. Ol maşgalamyzda ondan başga adamyň başarmajak işine ýapyşýardy.

Şu mysal bize jogapkärçiligi paýlaşmagyň wajyp esaslaryny görkezýär. Nikada hyzmat etmegiň medeniýetini döretmegiň iň oňat usuly – kimiň nämä jogap berýändigini kesgitlemek. Eger siz özara ylalaşylan jogapkärçilikleriňizi bilseňiz, iki esse utarsyňyz. Birinjiden, eger siz öz roluňyzy oňat berjaý etseňiz, ýanýoldaşyňyza eýýäm hyzmat etdigiňiz bolar. Eger siz öz roluňyza jogapkärçilikli çemeleşseňiz, ýanýoldaşyňyza wagt we rahatlyk berersiňiz. Ikinjiden, ýanýoldaşyňyzyň nämä jogap berýändigini bileniňizde, siz maşgaladaky hyzmatyňyzy haýsy çäklerde giňeldip bolýandygyna düşünersiňiz.

Siz Efeslilere hatyň 5-nji babynyň hiç bir aýadynda erkek bilen aýalyň gyzyklanmalary we başarnyklary baradaky stereotipleriň agzalmaýandygyna, belki, üns berensiňiz. Hojalykdaky jogapkärçiligi “adaty” saýylýan usulda paýlaşmak arkazly özüňizi çäklendirmelere we basyşlara sezewar etmegiň geregi ýok. Käbir ärler nahar

bişirmegi halaýarlar. Käbir aýallar ulaga seretmegi halaýarlar. Biriňiz çagalaryňyzyň öý işlerini barlamagy halaýarsyňyz, beýlekiňiz bolsa olary sport türgenleşiklerine gatnatmagy halaýarsyňyz.

Býujet meselesinden kimiň başy has gowy çykýan bolsa, şol hem býujet bilen meşgullansyn. Ol bergä batman, puly ýerlikli harçlap, maşgalasyna hyzmat edip biler.

Öz bedeniňiz we keşbiňiz barada alada etmek arkaly hem ýanýoldaşyňyza hyzmat edip bilersiňiz. Öz ýanýoldaşyňyzyň bähbidine zyýan ýetirýän maslahatlara gulak gabartmaň. Öz sözleriňiz we hereketleriňiz arkaly hem hyzmat edip bolýar. Umuman, nikada hyzmat etmäge ýagdaýlar we mümkinçilikler köpdür.

## Ýalkanyşlardan lezzet alyň

> "Şindi şu zatlara düşünýändigiňiz üçin, Hudaý olary amal etmäge ak pata berer" (Ýoh. 13:17).

Hyzmat özüniň edilýän adamyny ýalkaýar, ýöne hyzmat edýän adam ondan-da köp ýalkanýar.

Siziň nikaňyz arassalanyp, ol baradaky aýanlyk aýdyňlaşandan soň, ol ýer ýüzünde Hudaýyň ajaýyp suratyna öwrüler. Eger öz nikaňyzy iň oňat tärde gurmak isleýän bolsaňyz, hyzmat etmegiň ähli mümkinçiliklerini ulanyň. Biri-biriňize öwüt beriň we Hudaýyň ýalkanyşlarynyň akymyny görüň.

Biz biri-birimize öwüt berip başlanymyzda, Hudaý bize öwüt berip başlady. Ol biziň dünýämiziň çäklerini giňeldip, Onuň merhemetini we söýgüsini daş-töweregimizdäki adamlar bilen paýlaşmaga mümkinçilik berdi. Siz hyzmat arkaly biri-biriňize öwüt berip başlanyňyzda, Hudaý size täsiriňiziň ýetýän çäklerinde hyzmat eder ýaly mümkinçilikleri döreder. Onuň ajaýyp maksady siziň nikaňyzy iň bir ynamsyz imansyzlary hem oýlanmaga mejbur edip biljek ajaýyp sungat eserine öwürmekden ybaratdyr.

Hyzmat etmeklik – bu edilýän işler we gatnaşyklardyr. Ýanýoldaşyňyza hyzmat etme mümkinçiligi dörände, siz üç wariantyň birini saýlap bilersiňiz: öz egoizmiňiziň haýryna mundan ýüz döndermek; hyzmat etmek, ýöne muny hüňürdäp ýa-da iňirdäp etmek; ýa-da jan-tenden şatlyk bilen hyzmat edip, ýanýoldaşyňyzy goldamagyň lezzetlidigini görkezmek.

> “Isa Mesihiň garaýyşlary sizde hem bolsun: Isa Mesih Hudaýyň tebigatyna eýe bolsa-da, ony Özüne dereje saýmady, ondan mäkäm ýapyşmady. Gaýtam, bir gul kimin bolup, ynsan keşbinde bu dünýä indi...” (Fil. 2:5-7).

Ynsan nikalaşanda, ýanýoldaşyna ömürboýy hyzmat etjekdigine gol çekýär. Siziň “Hawa, men razy” diýen sözleriňiziň manysy şeýledir: “Men öz ömrümi seniň bähbitleriňe bagyş edýärin. Men öz janymy seniň üçin şatlyk bilen gurban ederin. Seniň arzuwlaryň, islegleriň we maksatlaryň indi meniň üçin ilkinji derejeli bolýandyr. Men Hudaýyň söýgüsini seniň bilen görkezmegiň nämedigini bilesim gelýär”.

Eger siz, dogrudan-da, pespällik we hyzmatkäriň ýüregi ýaly ýürek bilen nika gadam basýan bolsaňyz, onda Hudaý tarapyndan berlen nikanyň nämedegini görersiňiz. Size aňsat düşmez, ýöne Hudaýyň taýýarlan iň gowy zatlaryna ymtylsaňyz, öýüňizde söýgi, şatlyk, parahatlyk, bagt, lezzet bulaklary akyp, Hudaýyň söýgüsiniň ajaýyp suratyny bu dünýä peşgeş berersiňiz.

## 1-nji gün. Günde okamak üçin

# ÜSTÜNLIGIŇ AÇARY

*"...Men siziň araňyzda bir hyzmat edýän kimindirin".*

— Luka 22:27

*"...Azatlygyňyzy ynsan höwesleriňizi kanagatlandyrmak üçin ulanmaň. Gaýtam, birek-birege söýgi bilen hyzmat ediň".*

— Galatýalylar 5:13

Awtorlar we spikerler **Dr. Genri Klaud we Dr. Jon Taunsend** şeýle düşündirýärler: "Söýgi – nikanyň binýady: Hudaýa bolan söýgi, öz ýakynyňa bolan söýgi. Bu söýgi adam oňa mynasyp bolsa-da, bolmasa-da, onuň üçin iň gowy zatlary agtarýandygy arkaly mälim bolýar. Söýgi başga adamyň bähbitlerini öz bähbitlerinden ýokary goýýar. Söýgi özüni gurban edýär, berýär we jepa çekýär. Ol ähti köpden-köp saklamak üçin, öýke-kinelere, gaý-tupanlara garşy durmagy başarýar".

Ýanýoldaşyňyzyň bähbidini aramak, onuň mätäçliklerini we isleglerini özüňkiden ileri tutmak, sahylyk bilen bermek – bularyň baryny bir söz bilen – hyzmat etmek sözi bilen beýan edip bolýar. Bu söz üstünlikli nikanyň açarydyr.

Säginiň-de, oýlanyň: ýanýoldaşyňyzyň käbir gyzyklanmalaryny aýdyň. Ony näme kanagatlandyrýar? Ol nädip dynç almagy halaýar? Nähili höwesleri bar? Haýsy zatlar ony rahatlandyrýar, begendirýär, bagtyýar edýär?

____________________________________________

____________________________________________

____________________________________________

Ýanýoldaşyňyzy öz gyzyklanmalarynda nädip goldap bilersiňiz? Onuň gyzyklanmalaryny nädip ileri tutup bolar?

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Öz-özüňizden we Mukaddes Ruhdan şulary soraň: “Haýsy zatlar ýanýoldaşyma hyzmat etmäge päsgel berýär? Egoizmimi goldaýan anyk haýsy zatlarym bar? Eger men tabyn bolup, hyzmat etsem, bularyň netijeleri meni hopukdyrýarmy?” Mukaddes Ruhdan ýüregiňizi görkezmegini diläň.

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Isa Mesih biziň iň oňat hyzmatçymyzdyr. Siz hem, Onuň perzentleri hökmünde Onuň DNK-syny yzarlaýansyňyz. Bu hakykat! Siziň ruhy genleriňiz bardyr, olaryň biri-de hyzmat etmek genidir. Wagt tapyp, şu aýatlar barada oýlanyň:

> “Hudaýyň perzendi günä etmegini dowam etmez, sebäbi oňa Hudaýyň ýaşaýyş berýän güýji ornandyr. Indi günä etmez, sebäbi ol Hudaýyň perzendidir”.
>
> — 1 Ýohanna 3:9, AMP

> “Siziň täze ýaşaýşyňyz könäňiz ýaly däldir. Siziň köne ýaşaýşyňyz wagtlaýyn tohumdandy; täze ýaşaýşyňyz bolsa Hudaýyň diri hem baky galýan sözi arkalydyr. Pikir ediň: Hudaýdan dörän ýaşaýyş!”
>
> — 1 Petrus 1:23, The Message

> “Eý, argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň, Men size dynçlyk bereýin. Meniň boýuntyrygymy dakynyň-da, Menden öwreniň. Men mylaýym hem pes göwünlidirin, janyňyz rahatlyk tapar. Meniň boýuntyrygym ýumşakdyr, ýüküm ýeňildir”.
>
> — Matta 11:28-30

Mukaddes Ruh size nämeleri görkezýär? Bu sözler sizi nähili ruhlandyrýar we dileg etmäge höweslendirýär?

_______________________________________________

_______________________________________________

_______________________________________________

## 2-nji gün. Günde okamak üçin

# YGTYÝARLYGY AMAL ETMEK

*Adam näme, Sen ony ýatlaryň ýaly? Ynsan ogly name, aladasyny ederiň ýaly? Ony perişdelerden biraz pesräk ýaratdyň, oňa şöhrat bilen hormat jygasyny geýdirdiň. Ony Öz elleriňiň işlerine hökümdar goýduň; ähli zady aýagynyň astynda goýduň.*

— Zebur 8:5-7

Isa Mesihe iman edýänler hökmünde, jan aýamazlyk we hyzmat etmäge taýýar ýürek biziň mirasymyzyň aýrylmaz bölegi bolup durýandyr. Biz Gökdäki Atamyz bilen gatnaşyk saklanymyzda, Onuň bu ajaýyp häsiýetleri durmuşymyzda kök urup, hakykata öwrülýändir. Şunlukda, öz durmuşymyz we nikamyz arkaly biz Isa Mesihiň hyzmatyny şöhlelendirýäris. Biz muny Mukaddes Ruha özümizi dyngysyz doldurmaga ygtyýar edýän derejämize çenli edýändiris.

Siz birwagtlar Reb bilen aragatnaşyk açypdyňyz. Şol döwürden şu wagta çenli Onuň bilen bolan aragatnaşygyňyz barada oýlanyň. Onuň Ruhy haýsy häsiýetleriňizi özgerdip, has gowy edýär? Ol siziň nikaňyzy nädip özgertdi?

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

Hudaý kalbyňyzda Mukaddes Ruh arkaly mesgen tutup, size we ýanýoldaşyňyza ynanan zatlarynyň üstünden höküm sürmegi ynandy. Websteriň 1928-nji ýylda neşir edilen asyl sözlüginde "hökmürowanlyk, eýeçilik" sözleri "dolandyrmak we höküm sürmek ygtyýarlygy; gönükdirmek, gözegçilik etmek we peýdalanmak güýji; iň ýokary derejedäki ygtyýarlyk" diýen manylary aňladýar.

Hökmürowanlyk sözüniň düşündirişini ýene-de bir gezek ünsli okaň. Indi bolsa, säginiň-de, pikir ediň: her kime aýratynlykda we

jübüt hökmünde bilelikde, hökmürowanlygy (eýeçiligi) amal edip, gözegçilik etmek üçin, siziň gözegçiligiňize ýa-da aladaňyza kim ýa-da näme tabşyryldy? Şu çäklerde muny nädip başarýarsyňyz?

__________________________________________________________
__________________________________________________________
__________________________________________________________
__________________________________________________________

Ygtyýarlygyňyzyň haýsy çäkleri siziň gözegçiligiňizden çykyp, indi siziň üstüňizden agalyk sürýär we sizi gözegçilikde saklaýar? Eger bar bolsa, olary ýazyň.

__________________________________________________________
__________________________________________________________
__________________________________________________________

*Dileg edip, bu zatlary Mukaddes Ruhuň ygtyýaryna tabşyryň. Ondan ötünç soraň we Öz merhemetini we ygyýarlygy gaýdyp almagyň meýilnamasyny soraň.*

Siz ýanýoldaşyňyz bilen bäsdeş däl-de, hyzmatdaş kimin nädip hyzmatdaşlyk edip bilersiňiz? Siz çagalaryňyzy, resurslaryňyzy, işiňizi, hyzmatyňyzy we ş.m.zatlary nädip has oňat dolandyryp bilersiňiz?

__________________________________________________________
__________________________________________________________
__________________________________________________________
__________________________________________________________

Siziň ýürekleriňiz we maksatlaryňyz bir bolanda, köpelýärsiňiz. Hudaý agzybirligiň bolan ýerini ýalkaýar (Zebur 132). Agzalalagy we dawa-jenjelleri döretmek üçin, duşman haýsy çäklerde erjellik bilen işledi? Özüňizi Hudaýa tabyn ediň. Onuň Ruhuny göwünjeňlik bilen kabul ediň. Ondan agzybirlik diläp, Hudaýyň ýalkanyşlaryna garaşyň.

__________________________________________________________
__________________________________________________________
__________________________________________________________
__________________________________________________________

3-nji gün, günde okamak üçin

# BIRI-BIRIŇIZI DEŇ DEREJELI SAÝYŇ

*... aýal hem ärine hormat goýsun.*

— Efesliler 5:33, The Message

*Eý, ärler, edil şunuň ýaly, sizem öz aýalyňyza oňat är boluň. Olara hormat goýuň, olardan göwnühoş boluň.... Hudaýyň merhemetiniň täze durmuşynda siz deňsiňiz. Aýalyňyza öz derejäňizdäki hökmünde garaň. Doga-dilegleriňiziň bökdelmezligi üçin şeýle ediň.*

— 1 Petrus 3:7, The Message

Erkek bilen aýal nikada deňdir. Erkek-de, aýal-da, ikinji derejeli agzalar däldir. Ýanýoldaşlaryň ikisi-de mirasdarlar bolup, Hudaýyň merhemetinde deň derejelidir. Biz biri-birimizi nädip deň derejeli saýyp bileris? Öwrenip we Hudaýyň bize tabşyran rollary boýunça ýaşamak arkaly saýyp bileris.

Ýygnagyň çopany **Jimmi Ewans** şeýle diýýär:

> “Ynsanyň esasy mätäçligi – hormatlanylmak. Hudaý aýala edil Rebbe tabyn bolşy ýaly, ärine tabyn bolmagy buýurýar. Bu gyzykly gerek! Aýal ärini hormatlap, oňa göwünjeňlik bilen tabyn bolanda, onuň nikadaky iň uly mätäçliklerini kanagatlandyrýar.
>
> Erkek hem öz aýalyny hormatlamak, oňa haýran galmak üçin özüni gurban edende, onuň nikadaky iň uly mätäçligini – howpsuzlygyny kanagatlandyrýar. Aýal özüni gorajak we eklejek güýçli lidere mätäçdir. Erkek muny göwünjeňlik bilen edende, onuň nikadaky iň uly mätäçliklerini kanagatlandyrýar”.

Eý, erkekler, siziň aýalyňyz ilki bilen Hudaýyň perzendidir, soňra siziň aýalyňyzdyr. Eý, aýallar, siziň äriňiz ilki bilen Hudaýyň perzendidir, soňra siziň äriňizdir. Biz Hudaýyň keşbindäki deň derejeli ynsanlar hökmünde biri-birimizi hormatlamak arkaly Gökdäki

Atamyzy şöhratlandyrýarys. Şu parçada ärlere we aýallara berilýän Hudaýyň öwüdini ünsli okaň:

> “Eý, aýallar, Rebbe tabyn bolşuňyz ýaly, äriňize hem tabyn boluň. Mesih imanlylar ýygnagynyň başy bolşy ýaly, är hem aýalyň başydyr. Mesih Öz bedeni bolan ýygnagyň Halasgäridir. Şonuň üçin imanlylar ýygnagynyň Mesihe tabyn bolşy ýaly, aýallar-da ähli zatda öz ärine tabyn bolsunlar. Eý, ärler, Isa Mesihiň imanlylar ýygnagyny söýşi ýaly, siz hem öz aýalyňyzy söýüň. Ol Öz ýygnagyny suw bilen ýuwup, Hudaýyň sözi bilen tämizledi, ony Özüne mukaddes halk edinmek üçin, janyny gurban etdi. Ol muny Öz huzuryna tegmiltsiz, ýygyrtsyz, birkemsiz, ýagny şöhratda mukaddes hem müýnsüz bir ajaýyp ýygnagy getirmek üçin etdi. Edil şu tärde ärler-de aýalyny öz bedenlerini söýüşleri ýaly söýmelidirler. Aýalyny söýýän özüni söýýändir. Elbetde, hiç kim hiç haçan öz bedenini ýigrenýän däldir. Gaýtam, edil Mesihiň imanlylar ýygnagyna seredişi ýaly, ony iýmitlendirip, aladasyny edýändir. Sebäbi biz Mesihiň bedeniniň agzalarydyrys. Töwratda şeýle ýazylan: ‘Şol sebäpden hem erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar’”.
>
> — Efes. 5:22-31

Mukaddes Ruh aýalyň we erkegiň roly babatda näme görkezýär?
________________________________________________________
________________________________________________________
________________________________________________________

Hudaýyň beren roluny saklamak arkaly ýanýoldaşyňyza hormat goýýarmysyňyz? Siz haýsy çäklerde ösmeli diýip pikir edýärisiňiz?
________________________________________________________
________________________________________________________
________________________________________________________

*Säginiň we dileg ediň: “Eý, Mukaddes Ruh, ýanýoldaşymy hormatlamagyma nämeler päsgel berýär? Men oňa sarpa goýmaýanlygym zerarly nämelerden mahrum bolýaryn? Ärimiň haýsy başarnyklaryny ünsden düşürýärin? Gaýrat edip, maňa şolaryň gymmatlygyny görmäge kömek et”. Ünsümlikde oturyp, diňläň. Mukaddes Ruh size nämeleri görkezýär?*

# ISA MESIHIŇ SURATY

*“Töwratda şeýle ýazylan: ‘Şol sebäpden hem erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar.’ Bu beýik syrdyr, ýöne men munda Mesih we imanlylar ýygnagy barada gürrüň edýärin”.*

— Efesliler 5:31-32

Hudaý är bilen aýalyň rollaryny döretdi. Bu rollar kemsitmek ýa-da agalyk sürmek barada däl. Olar Isa Mesihiň Öz Ýygnagy bilen gatnaşygynyň nyşanydyr.

Indi siz aýalyň we erkegiň nikadaky rollary barada bilýärsiňiz. Şu bapdan öwrenen zatlaryňyzy ozal eşiden ýa-da pikir eden zatlaryňyz bilen deňeşdiriň. Şu bapda ýazylanlar eşiden ýa-da pikir eden zatlaryňyzdan tapawutlanýarmy? Haýsy zatlar siziň üçin kynçylyk bolup görünýär? Sizi haýsy zatlar ruhlandyrýar? Siz haýsy zatlar barada has çuň öwrenmek isleýärsiňiz?

__________________________________________________________

__________________________________________________________

__________________________________________________________

__________________________________________________________

Äriň roly – Isa Mesihiň hyzmat edişi ýaly hyzmat edip, aýaly üçin lider bolmagy barada pikir ediň. Är nikada liderligiň, Isa Mesihiň hyzmatynyň we söýgüsiniň keşbini döredýär. Onda özüňizi ynamsyz duýmaga mejbur edýän zat barmy?

__________________________________________________________

__________________________________________________________

__________________________________________________________

*Hudaý bu roly öz güýjüňiz bilen ýerine ýetirmegiňizi meýilleşdirmändi. Säginiňde, dileg ediň:”Eý, Mukaddes Ruh, Sen Isa Mesihiň Ruhy, Sen mende mesgen*

*tutansyň. Maňa Isa Mesihiňki ýaly ýaşamagy we hyzmat etmegi öwret. Oňat lider bolmak, dogry çözgütleri etmek we aýalymy hyzmatdaşym hökmünde sylamak üçin maňa merhemet ber".*

Eý, aýallar, äriňiziň rolunda nämeleri has köp halaýarsyňyz? Nikaňyzy bütewülikden doldurmak üçin, äriňiziň roluny nädip sylap bilersiňiz?

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

Indi bolsa aýalyň roly – ýygnagyň goldawyny we Isa Mesihe bolan tabynlygyny görkezmek üçin, tabyn bolmak we goldaw bermek roluny göwünjeňlik bilen kabul etmegi barada pikir ediň. Aýallar, öz roluňyzda haýsy zatlary halaýarsyňyz? Onda sizi hopukdyrýan ýa-da kemsidýän zatlar barmy? Näme üçin?

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

*Siziň sesiňiz, ruhy peşgeşleriňiz we paýyňyz gymmatlydyr. Wagt tapyp, şeýle dileg ediň: "Eý, Hudaý, gowy zatlaryň nusgasy bolmagymy soraýanyň üçin minnetdar. Bu gowulyklar Saňa bolan tabynlygymda äşgär bolýar. Özümiň kimdigim baradaky düşünjämi diňe Seniň Sözüňden alaryn. Saňa hyzmat edişim ýaly, ärime-de hyzmat edip, ony goldar ýaly maňa merhemet ber".*

Eý, erkekler, aýalyňyzyň rolunda nämeleri has köp halaýarsyňyz? Nikaňyzy bütewülikden doldurmak üçin, aýalyňyzyň roluny nädip sylap bilersiňiz?

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

Şu soraglaryňyzyň jogabyny, nikada bütewüligi emele getirmek baradaky pikiriňizi ýanýoldaşyňyz bilen ara alyp maslahatlaşyň.

Alada goýýan zatlaryňyz, zerur bolen özgerişler barada hem pikir alşyň. Eger gorky ýa-da ynamsyzlyk duýgularyňyz bar bolsa, Hudaýyň Sözüni okaň. Ol size näme diýýär?

Bilelikde şeýle dileg ediň: “Eý, Gökdäki Atamyz, bizi sylap, nikada beren saldamly, ajaýyp rollarymyz üçin Saňa minnetdardyrys. Biri-birimize hyzmat etmekde, bütewüligi berkitmekde we Seniň şöhratyňyň şany üçin söýmekde bize kömek et. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýäris, omyn”.

# TOPAR

*“Biri-biriňiz bilen oňşukly boluň. Tekepbir bolmaň (ulumsy bolmaň, özüňize ýokary baha bermäň, özüňizi üstün saýmaň), (adamlara, zatlara) göwünjeňlik bilen tabyn boluň we pes işlere ýapyşyň, özüňizi beýlekilerden akylly saýmaň.*

— Rimliler 12:16, AMP

Siz, belki, “Toparda ‘men’ diýen söz ýok” diýen jümläni eşidensiňiz. Bu diňe sporta degişli bolman, eýsem maşgala hem degişlidir. Siziň her biriňiz möhüm roluny oýnaýar we biri-biriňizden üstün dälsiňiz. **Dr. Genri Klaud we Dr. Jon Taunsend** bu babatda şeýle ýazýarlar: “Tapawutlyklar nikada kynçylyk döretmeli däldir. Eger ýanýoldaşyňyzyň çagalary terbiýelemek ýa-da otagdaky zatlary ýerleşdirmek baradaky nukdaýnazary siziňkiden tapawutlanýan bolsa, onda siz baýlaşarsyňyz, siziň dünýäňiziň çäkleri giňär”.

Şunlukda, siziň haýsyňyz öz roluňyzy ökdelik bilen ýerine ýetirýärsiňiz? Siz elmydama dürli jogapkärçilikleri paýlaşmaly bolarsyňyz. Wagtyň geçmegi bilen, bu jogapkärçilikler üýtgäp biler. Emma, umuman, her bir ýumşy ýerine ýetirer ýaly, haýsyňyz öz roluny has oňat oňarýar?

Toparyňyzy gözden geçiriň. Edilmeli işleriň ählisini ýazyň we olary has oňat ýetirjek agzanyň adyny olaryň deňinden ýazyň. Käbir işleri tutuşlaýyn äre ýa-da aýala tabşyryp bolar, käbirlerini bolsa paýlaşyp bolar. Şeýle işleri gezek-gezegine: günaşa ýa-da başaşa hepde edip bolar.

Ine, käbir mysallar:

| | |
|---|---|
| Ulaga seretmek | Baga seretmek |
| Dynç alşy meýilleşdirmek | Azyk önümlerini satyn almak |

Býujeti hasaplamak
Kir ýuwmak
Öýleri tozan sorujy bilen arassalamak
Tozanlary süpürmek
Otlary gyrkmak
Çagalaryň öý işlerini barlamak
Çagalary mekdebe gatnatmak
Nahar bişirmek
Gap-gaçlary ýuwmak

Siz maşgala guranyňyzda, hojalyk işlerini nähili paýlaşyp bolýandygy barada eýýäm düşünjäňiz bolandyr. Eger şeýle bolsa, onda siziň pikiriňizçe, kim haýsy işleri etmelidi? Öz jogabyňyzy häzirki ýagdaý bilen deňeşdiriň. Düzediş girizilmeli zatlar barmy?

____________________________________________
____________________________________________
____________________________________________

Stereotipleri aradan aýryň. Nikaňyzyň ownuk zatlaryny kesgitlemäge başgalara ygtyýar etmäň.

Öz sanawyňyza ýene-de bir gezek göz aýlaň we ony ýanýoldaşyňyzyň sanawy bilen deňeşdiriň. Jogaplary ara alyp maslahatlaşyň. Soňa özara ylalaşan jogapkärçilikleriňiziň sanawyny ýazyň.

____________________________________________
____________________________________________
____________________________________________
____________________________________________

*Geliň, biri-birimizi söýmäge we oňat işler etmäge höweslendirmekde näderejede oýlap tapyjy bolup bilýändigimizi göreliň.*

— Ýewreýlere hat 10:24, The Message

Ýanýoldaşyňyzy jogapkärçiliklerinde goldamak üçin, garaýşlaryňyzy, sözleriňizi we hereketleriňizi nädip ulanyp bilýärsiňiz?

____________________________________________
____________________________________________
____________________________________________

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

*Eger siz şu kitaby “Messenger” hyzmatynyň “Nika baradaky wakanyň” materiallarynyň bir bölegi hökmünde okaýan bolsaňyz, 4-nji wideosapagy görüň.*

1| Isa Mesih Öz şägirtleriniň aýaklaryny ýuwanda, iň pes derejeli işi etmek bilen, bize oňat hyzmatyň nusgasyny görkezdi (ser. Ýoh. 13:1-17). Häzirki döwürde birek-biregiň aýagyny ýuwmak zerurlygy bolmasa-da, hyzmat etmek zerurlygy bar. Biz Isa Mesihiň göreldesine eýerip, “ýanýoldaşlarymyzyň aýaklaryny nädip ýuwup bileris?”

2| *Eý, erkekler, size, erkeklere,* nikada öz aýalyňyza deň derejeli egindeş hökmünde garamak näme üçin wajyp? (ser. 1 Pet. 3:7)? Eger şeýle etmesiňiz, näme bolar? *Eý, aýallar,* size, aýallara äriňizi sylaýandygyňyzy görkezmek näme üçin wajyp? Eger görkezmeseňiz, näme bolar?

Hudaý tarapyndan berlen rollary Onuň merhemeti arkaly ýetirmegiňiz üçin, ýokardaky soraglaryň jogaplary durmuşyňyzy Hudaýdan bolan gorka gaplaýarmy?

3| Bir erkek bilen bir aýalyň nikadaky gatnaşyklary Isa Mesih bilen Onuň Gelinliginiň arasyndaky gatnaşyklary şöhlelendirmelidir. Nika gatnaşyklarynda, är kimi suratlandyrýar? Aýal kimi suratlandyrýar? Är-aýalyň rollary Isa Mesihiň Öz Ýygnagyna bolan söýgüsini imansyzlara nädip görkezýär?

**Liderlere:** Bu soragyň ikinji bölegine jogap bermek üçin, Mukaddes Ýazgylaryň şu parçalaryna üns beriň: Efesliler 5:18, Resularyň işleri 1:8 bilen bilelikde; Zakarýa 4:6; Ýakup 4:6: Filipililer 4:13.

4| Hudaý tapawutlyklaryň bizi aýrylyşdyrmagyny däl-de, birikdirmegini isleýär. Pikirleniň: eger ikiňizem bütinleý meňzeş, gowşak we güýçli taraplaryňyz hem meňzeş bolan bolsa, nikaňyzyň nähili bolardy? Şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip görüň we özara tapawutlyklaryňyzyň gadyry we şatlygy barada pikir alşyň.

5| Hojalykdaky işleri paýlaşyp, kimiň näme edýändigini bilmek wajypdyr. Siz kimiň näme edýändigini eýýäm kesgitlediňizmi? Jogapkärçilikleri bilmeklik nädip hyzmat etmeklige we ýanýoldaşyňyzy berkitmäge ýardam berip biler?

## BABYŇ JEMLERI:

- Sagdyn nikany gurmagyň iň netijeli usuly – ýanýoldaşyňyň guly bolup, birek-biregiň bähbitlerini ileri tutmak üçin özüňi gurban etmegi öwrenmek.
- Biziň nikamyz Isa Mesihi Onuň Ruhunyň durmuşymyzda tutýan derejesine laýyklykda şöhlelendirip biler. Eger biz Mukaddes Ruha elmydama bizi dolduryp durmagyna ygtyýar etsek, onda aňymyz täzelenip durar, hereketlerimiz has oňat bolar.
- Erkekler we aýallar Hudaýyň keşbinde bolup, ýer ýüzünde Onuň tebigatyny görkezýärler. Erkek bilen aýalyň ikisine hem gymmatly – olara birek-biregine hyzmat etme ygtyýary ynanyldy.
- Eý, erkekler, Hudaý aýalyňyz baradaky aladany, goragy we eklenji size ynandy. Siz ony söýmelisiňiz, oňa hormat goýup, onuň bähbitlerini ileri tutmakda janyňyzy aýamaly dälsiňiz.
- Eý, aýallar, Hudaý äriňiziň ýüregi baradaky aladany we hyzmaty size ynandy. Siz ony sylamalysyňyz, edil Isa Mesihe tabyn bolşuňyz ýaly, onuň liderligine tabyn bolmalysyňyz.
- Eger siz özara paýlaşan işleriňizde kimiň näme edýändigini bilseňiz, öýde dawa-jenjeller kemeler, parahatlyk we topary bina etmegiň mümkinçilikleri artar.



BÄŞINJI BAP

# Pynhan ýakynlyk

*Jyns gatnaşyklary jan-tenden sadyk bolan gatnaşyklar üçindir, sebäbi ol Isa Mesih arkaly Hudaý bilen doly birleşmekden döreýän şatlyga öňünden guwanmaklykdyr. Erkek bilen aýalyň arasyndaky hatda iň beýik söýgi hem Hudaýyň söýgüsiniň çalaja ýaňzytmasydyr.*

— Timoti we Keýti Keller, "Nikanyň manysy".

*... Iýiň, eý, söýgüli ýarlar! Eý, yşkyň ýesirleri, iýip-içiň, yşkdan mes boluň!*

— Nagmalar nagmasy 5:1

## 1-nji gün

Mukaddes Ýazgylar Hudaýyň söýgi pynhanlyklary baradaky meýlini beýan etmäge utanmaýar. Tersine, olar muny aç-açan beýan edýärler. Eger siz bize ynanmaýan bolsaňyz, ýanýoldaşyňyz bilen birnäçe minudyň dowamynda Nagmalar nagmasyny okaň-da, boljak zatlary özüňiz göräýiň.

Biziň köpimizden tapawutlykda, Hudaý jyns gatnaşyklaryndan utanmaýar. Ol onuň ajaýyplygyny höwes bilen synlap, onuň netijelerini dabaraly belleýär. Hudaý biziň pynhan gatnaşyklarymyza

gatnaşasy gelýär. Nikada jyns gatnaşyklary diňe gerek we peýdaly bolman, eýsem wajyp orunlaryň birini eýeleýär we höweslendirilýär.

Süleýman bize: “Söýgiňizi ganyp-ganyp içiň” diýýär. Başga sözler bilen aýdanyňda, jyns gatnaşyklary syrly we çuňdur, ol babatdaky ýüzleý tejribeden kanagatlanmaly däldir. Pynhan gatnaşyklardan döreýän deňi-taýy bolmadyk kanagatlanmadan dadyň we lezzet alyň.

Nikada jyns pynhanlyklary bilen meşgullanmak – gatnaşyklary täzeleýän düwmä basan ýalydyr. Mukaddes Ýazgylar jyns kanagatlanmasyny we lezzeti suratlandyrmak üçin suwy deňeşdirme hökmünde ulanýarlar. Sebäbi suw – ýaşaýyş, ol ýaşaýşy dowam etmek üçin örän zerurdyr. Ol terligi we ýaşaýyş güýji aňladýar. Sagdyn jyns gatnaşyklary – nikanyň bolmagynyň ýeke-täk şertli ýagdaýy däl, ýöne onuň gymmatlygyna çendenaşa ýokary baha bermezlik mümkin däl. Hudaý söýgi pynhanlyklarynyň lezzetden doly bolup, iki durmuşy bir durmuşa birikdiren çuňňur ähtiň ajaýyp ýatlatmasy bolsun diýip niýetledi.

Siz jyns gatnaşyklarynyň saglygy berkidýändigini bilýärsiňizmi? Ol jübütleri ysnaşdyrmakdan başga olaryň immun ulgamyny berkidýär, kadaly agramy saklamaga ýardam berýär, gan basyşyny peseldýär, agyryny aýyrýar we ýürek keselleriniň töwekgelçiligini peseldýär – şular onuň aýratynlyklarynyň iň ýönekeýleridir.

Ýygnakdaky käbir denominasiýalar yşk isleglerini günäli we ten heserleri diýip hasaplaýarlar, şonuň üçin-de söýgi pynhanlyklaryna hatda nikada hem abraýsyz zat hökmünde garaýarlar. Kimdir biri jyns gatnaşyklary aýalyň ärine bolan borjy diýip bizi ynandyrmakçy bolýar. Emma hakykatda welin, jyns gatnaşyklary ýanýoldaşlaryň ikisiniň-de lezzet almagy üçin döredilendir. Başga birleri bolsa jyns gatnaşyklaryny erbetlik hasaplap, oňa diňe nesli dowam etmek üçin çydamalydyr diýýärler. Şeýle ýalňyş pikirler we mukaddes pynhanlygyň asyl manysyny üýtgetmeklik şeýtandandyr. Şeýle

ýalňyş pikirler zerarly mesihileriň köpüsi jyns gatnaşyklaryna şübhe we gorky bilen garaýarlar.

Nesli dowam etmek jyns gatnaşyklarynyň maksatlarynyň biridir. Ýöne Hudaý ony ilkibaşdan lezzet gözbaşy hökmünde niýetläpdi. Mukaddes Ýazgylar: "Bulagyň suwlary ak pataly bolsun, ýaşlykda öýleneniňe guwan. Ol bir söýgüli jeren, näzik maral ýalydyr, onuň göwüsleri seni gandyrsyn. Mydama keýpli joş" diýip aýdýar. (Sül. 5:18,19). Başga terjimelerde şu aýat "ýesir bolan", "basylyp alnan", "ajaýyplygynyň duzagyna düşen" diýip terjime edilýär.

Hudaý ikiýüzlilik etmeýär. Ol jynsy agzalary ýaratdy we olaryň ýerine ýetirýän amallaryndan utanmaýar. Ol jyns aragatnaşyklary we onuň bilen bagly bolan lezzetlik duýgularyny döretdi. Biz lezzet alanymyzda, Ol göwnühoş bolýar. Ol biziň jyns isleglerimizi peseltmek islemeýär, Ol olary mukaddes edesi gelýär.

## Mukaddeslenen jyns gatnaşyklary

Mukaddeslenen – bu mukaddesligiň syýahaty. Ol Hudaýyň biziň üçin taýýarlan iň gowy zatlaryna alyp barýan syýatdyr. Şu syýahatyň dowamynda siz ynsan tebigatyndan boşanyp, Hudaýyň tebigatyndan dolýarsyňyz. Ajaýyp jyns gatnaşyklarynyň (Hudaýyň biz üçin taýýarlan iň oňat zatlarynyň biri) ösüşi Hudaýyň nika düşegini halal saklamaga bolan çagyryşyny kabul etmekden başlanýar. Diňe şondan soň siz jyns gatnaşyklarynyň lezzetini, ynsan hyýalynyň oýlap bilmejek lezzetini duýarsyňyz.

Ýöne Hudaý biziň Oňa hödürlän zadymyzy mukaddesläp, ony mukaddes edip bilýär. Gynansak-da, biziň köpimiz öz jyns duýgurlygyny Oňa tabşyrmakdan boýun gaçyrýarlar, sebäbi olar ýalňyşlaryndan utanýarlar we geçmişdäki zorlugyň ýesirliginden boşanyp bilmeýärler. Biziň negatiw tejribämiz jyns duýgurlygymyza haramlyk ýaly garamaga mejbur edensoň, biz ony Mukaddes

Hudaýdan basyrmak isleýäris. Jyns gatnaşyklaryny ýaradan Hudaýyň geçmişdäki tejribämizi aklap, ony mukaddesläp bilýändigini köp adamlaryň şeýle çaltlyk bilen unudyşyna haýran galaýmaly!

Utanç biziň nazarymyzy özümize gönükdirip, ony Hudaýdan sowmak isleýär. Utanç bizi ýesirlige alyp, Hudaýyň rehimini we merhemetini ret etdirmek isleýär. Emma ilikibaşda utanç ýaly bolup görnen zat bizi buýsandyryp biler. Biz Hudaýyň rehimdarlygyna kembaha garaýarys, durmuşymyzyň pynhan çäklerine şypa bermek üçin Onuň edenleri hamala ýeterlik däl ýaly garaýarys. Biz öz agyrymyzy söýgi nuruna çykarmaga derek, ony içimizde saklamagy dowam edýäris. Käbir adamlar geçmişdäki jyns gatnaşyklarynda Hudaý olary goramady diýip hasaplansoňlar, Ony häzirki durmuşlaryna çagyrmaga gorkýarlar. Aslynda welin, Hudaý sizi taşlamandy; bolup geçen zatlar ynsanyň günä etmeginiň netijesidi. Günäniň ýa-da zorlanmanyň utanjyna sizi nikadaky pynhan gatnaşyklaryň dolulygyndan lezzet almakdan we jyns keýpi-sapalaryndan saklamagyna ýol bermäň. Hudaý biziň her bir owunjak bölejigimize şypa berip, ony bütewi etmek isleýär.

Biz ýaňy öýlenen döwrümizde mesihi jübütleriň köpüsi ýaly, nika ähtimiz geçmişdäki jyns gatnaşyklarynyň galdyran yzlaryny ýok edip, jennete alyp barýan ýoly açar öýdýärdik. Biz öz söýgimiz we mukaddeslenenimiz sebäpli geçmişiň kölegesiniň ýekejesi-de gelejegimiziň bosagasyndan ätlemez öýdýärdik. Yzygiderli jyns gatnaşyklary egoistik endikleri we utanjy aýraýjak ýaly bolup görünýärdi. Gynansak-da, biz ýalňyşypdyrys. Çözgütlerimiziň we aýanlyklaryň bizi azat edişlerini görkezmek üçin, biz öz wakalarymyzy siziň bilen paýlaşmak isleýäris.

Geçmişiň hiç bir endikleri ýa-da şowsuzlyklary Hudaýyň perzentlerini jyns pynhanlygynyň täze mirasyndan mahrum edip bilmez. Ýöne biziň jyns duýgurlygymyzy mukaddeslemegi we geçmişdäki, şindiki, gelejekdäki ýalňyşlarlarymyzy ýuwmagy diňe

Hudaý başarýandyr. Nika düşegi diňe Onuň merhemeti arkaly söýgi we lezzet mesgenine öwrülip biler.

Siziň geçmişiňiziň nähili bolandygyna garamazdan, Hudaý siziň jyns duýgurlygyňyzy aýgytly we doly dikeltmek isleýär. Onuň merhemeti siziň uçran ýagdaýlaryňyzdan we etmişleriňizden ählisinden uludyr. Ýöne Onuň merhemetini almak üçin, Ony pynhan gatnaşyklaryňyzyň Rebbi etmelisiňiz. Hudaýyň huzurynda ýüregiňizi açyň-da, Oňa tabyndygyňyzy boýun alyň. Şonda Ol jyns duýgurlygyňyzyň elhençliklerini ajaýyp düýşe öwrer.

## Nika düşegine hormat goýmak

> "Goý, hemmeler nika hormat goýsun, är-aýal düşegi günä bilen hapalanmasyn" (Ýew. 13:4).

Eger nikada kynçylyklaryňyz bar bolsa, olar ilki bilen är-aýal düşeginde ýüze çykar. Nika düşegindäki hyjuw ýetmezçiligi pes jyns duýgurlygy sebäpli däl-de, aragatnaşykdaky kynçylyklar sebäpli bolýandyr. Göze görünmeýän kynçylyklar gowşak çäklerde ýüze çykýar; jyns pynhanlygy bolsa biziň iň gowşaýan pursatlarymyzdyr.

Jyns gatnaşyklarynyň iň wajyp şerti – biri-biriňe hormat goýmak. Köp adamlar nika düşegini hiç zat bilen haramlap ýa-da ryswa edip bolmaz diýip hasplansoňlar, onda islänini edýärler. Şeýle pikir hakykatan uzakdyr.

Biz heniz nikalaşmakak, özümizi gelejekki ýanýoldaşymyz üçin päk saklamak bilen, nika hormat goýýarys. Biz nikalaşanymyzdan soň hem nika düşegini hormatlaýarys: başgalar bilen jyns gatnaşygyny etmeýäris (biwepalyk etmeýäris), hiç zada öz ünsümizi jyns gatnaşyklarynyň owadanlygyndan çekmäge ýol bermeýäris (mysal üçin, pornografik suratlara, azgynlyga we ahlaksyzlyga). Nika düşegi Hudaýyň halamaýan seksual keýpleri bilen mukaddeslenmeýär. Tersine, olar nika düşegini haramlap, ýanýoldaşlary hakyky pynhan

gatnaşyklarynyň lezzetinden mahrum edýärler. Biz nika düşegine ýanýoldaşymyza hyzmat edip biljek ýerimiz ýaly garamak arkaly hem ony hormatlap bilýäris. (Ýanýoldaşa hyzmat etmek barada biz geçen bapda gürrüň edipdik.) Ýanýoldaşyňa jyns pynhanlyklarynda hyzmat etmek – Hudaýyň kesgitlän mukaddesliginiň çäklerinde ýanýoldaşyň isleglerine hormat goýmaklygy aňladýar.

Biz käwagt keýpimiziň ýokdugyna garamazdan, ýanýoldaşymyzyň jyns mätäçligini kanagatlandyrmak arkaly oňa hyzmat edýäris. Ýaşymyz ulaldygyça, seksual ymtylyşlaryň ähmiýeti peselýär. Biz jyns gatnaşyklaryny ýanýoldaşa bolan beden ymtylyşy tassyklaýan zat hökmünde kabul etmegi bes edýäris. Olar pynhan ymtylyşlara öwrülýär. Hudaý jyns gatnaşyklary är bilen aýalyň arasyndaky aragatnaşyk serişdesi hökmünde ýaratdy. Goý, ynamsyzlyk bu aragatnaşykdan lezzet almaga päsgel bermesin. (Şeýle-de siz hyzmat etmegiň çäklerinde, öz islegiňizi kanagatlandyrmak üçin ýanýoldaşyňyzy onuň islemeýän wagty jyns gatnaşygyna mejbur etmeli dälsiňiz.)

Biz öz nika düşegimizi abraý-hormat ýeri edenimiz üçin, häzir – elli ýaşymyzda, jyns gatnaşyklarymyz ýaşlygymyzdakydan (şol wagt has görmegeý bolandygymyza garamazdan) oňat. Söýgi bilen meşgullanmaklygyň hili seniň daşky keşbiňe we näderejede yhlas edýändigiňe bagly däl. Esasy zat – siziň bilelikde kim bolýandygyňyz.

Biz söýgi bilen meşgullananymyzda, nikada otuz ýyldan gowrak ýaşap gelýänligimizi belleýäris. Şatlyklarymyz, agyrylarymyz, göreşler we ýeňişler biziň jyns pynhanlygymyza many berýärler, gymmatlyklary goşýarlar. Biziň ruhy, duýgular we beden ýakynlygymyz päk aýşy-eşret we lezzet arkaly mälim bolýar. Öz nikamyzda döreden jyns gatnaşyklarymyzyň medeniýeti Hudaýyň halas ediş güýji barada şaýatlyk edýär, sebäbi biz başlan ýerimizden örän öňe gitdik.

## 2-nji gün

### Lizanyň wakasy

Jon bilen men nikamyza jyns günäleriniň dürli görnüşini getirdik. Jon öz söweşlerine gatnaşýarka, men durmuşyň pynhanlyk çäklerinde öz göreşimi alyp barýardym. Men kolejde okan döwrümde, ýagny 19 ýaşymda oýlanyşyksyz edilen jyns gatnaşyklarym maňa 22 ýaşymda nikadaky azatlygyma päsge bererler diýip pikir-de etmezdim.

Meniň ata-enem jyns gatnaşyklary barada söz açanlarynda, olaryň nika üçin niýetlenilendigi barada aýdýardylar, emma munuň sebäbini düşündirmeýärdiler. Ata-enem meni esasanda jynsy ýokançlyklary we gyz halyma göwreli bolmagym bilen gorkuzýardylar.

Ata-enemiň sözleri olaryň hereketleri bilen çapraz gelýärdi – olaryň nikasy bozulmaga golaýdy. Belläp geçmeli zat: enem we kakam dürli adamlar bilen jyns gatnaşyklarynda bolupdylar. Biziň gürrüňlerimizde päklik we gyzlyk namysy barada hiç haçan söz açylmaýardy. Şonuň üçin-de men: islän zadyňy edibermeli, ýöne esasy zat – netijesi barada pikir edip, ata-eneňden ymykly gizlemeli diýen karar geldim.

Kolejde okan döwrümde ýaşytdaşlarymdan öwrenen "ahlak" kadalarym bilen birlikde şeýle logika durmuş ýörelgäme öwrüldi: diňe öz söýýäniň bilen ýatmaly we jyns gatnaşyklardaky jopgapkärçiligi öz üstüňe almaly, ýagny göwreli bolmakdan saklanmaly. Men wagtal-wagtal bu meselä ýüzleý garaýan joralarymy lukmana äkidip, olara ýörite gerdejikleri hem aldyrdýardym.

Soňra men Jon bilen tanyşdym we ol ilkinji söýgi duşuşygymyzda meni Reb bilen tanyşdyrdy. Men şonda 21 ýaşymdadym. Şol günüň özünde men gaýtadan doguldym we Mukaddes Ruhdan dolup, bütinleý şypa aldym. Jon bilen bolan gürrüňdeşligimde: "Men

ahlakly bolanyma şeýle begenýärin” diýen ýaly bolgusyz gürläp goýberipdirin.

Şeýle bolgusyz pikiriň kelläme nädip gelendigine soňra hiç düşünip bilmedim. Näme üçin şeýle diýenime düşünip bilmedim, belki, men ahlaklylyk bilen mukaddesligiň tapawudyna düşünmeýänligim sebäpli şeýle diýendirin. Ýadyňyzdamy, men söýýän ýigidiň bilen ýatmaklygy ahlaklylyk saýandygym barada aýdypdym. Mukaddes Ruhdan doglandygyma garamazdan, şol ilkinji sagatlarda meniň aňym heniz täzelenmändi.

Soňra, has çynlakaý duşuşyp başlanymyzda, Jon meniň aýdanlarymy unudar diýip umyt edýärdim. Ol maňa: “Ikimiziň-de öz päkligimizi saklandygymyza men gaty begenýärin” diýende, meni gaplan elhençligi bir bilsediňiz. Şol pursat men gygyryp: “Bu Isa Mesihde ýaňy doglup, hiç zada aňy çatmaýan bäbegiň wazzy-wuzzusydy” diýesim geldi. Ine, şol pursatda men ozalky çözgütlerimiň beýleki adamlara nähili agyryly bolup degjekdigine düşündim.

Men Jonuň toý tutmagy teklip etjek gününe garaşýardym we oňa hakykaty aýtmalydygymy bilýärdim. Men özümi Jona mynasyp däl ýaly duýýardym, meniň göwnüme bolmasa, men Hudaýy tanaýan we men barada alada etjek adam bilen durmuş gurmak mümkinçiligini sypdyrmajak bolýan ýalydym. Men gezelenje çykyp, Hudaýa dat-perýat etdim. Men günälerimiň geçilendigini bilýärdim, ýöne ozalky jyns gatnaşyklaryň netijeleri babatdaky ökünç kalbymy lerzana salýardy.

Soňra men gürleşmek üçin Jonuň ýanyna bardym. Men öz aýyply syrymy oňa aýtmak üçin agzymy açyp ýetişmänkäm, ol maňa: “Mukaddes Ýazgylardan bir parça okasam, garşy bolmarsyň gerek? Men muny seniň bilen paýlaşmalydygymy duýýaryn” diýdi.

Men başymy atdym we Jon okap başlady: “Şoňa görä-de, kim Isa Mesihe degişli bolsa, ol täze ýaradylyşdyr. Könesi geçip gitdi, indi täzesi geldi!” (2 Kor. 5:17).

“Bilýärin, bu geň eşidilýär”, - diýip Jon sözüni dowam etdi. – “Ýöne Hudaý saňa köne zatlaryň ählisiniň geçendigini aýtmagymy soraýandygyny duýdum. Sen indi täze we sen....päk gyz ýaly”.

Jon şu söleri aýdan badyna, ýürek bulanmadan gaýtarsym gelýän ýaly boldum. “Men boý gyz däl, men saňa hut şu barada aýtmakçy bolup gelipdim” diýdim.

Jon egnimden tutup, gözlerime seretdi-de: “Eger Hudaý saňa päk gyz diýýän bolsa, Onuň bilen jedel eder ýaly biz kimmiş?” diýdi. Şol pursatda meni basmarlan utanç ýok boldy.

## Bozulan jyns duýgurlygyny dikeltmek

Ýöne şonda-da, men öz jyns duýgurlygymy söýgüde däl-de, jyns heserinde oýarypdym. Men durmuşa çykanymda, söýmek isleýärdim, ýöne muny nädip amal etmelidigini bilmeýärdim. Durmuşa çykmazymdan ozal men jyns gatnaşyklary bir erbet, gadagan edilen we ýol berilmesiz zat ýaly göz öňüme getirýärdim. Indi bolsa, durmuşa çykanymdan soň, ol Hudaý we adamlar üçin haýsydyr bir gowy we ähmiýetli zada öwrüldi. Men bu geçişi nädip amal etjegimi bilmeýärdim.

Jon bilen ikiçäklikde galanymyzda, kolejde okan döwrümde gören pornografik filmleriň suratlary birdenkä gözümiň öňünde janlanýardy. Ýa-da ozal duşuşan ýigidim bilen bolan jyns gatnaşyklary ýadyma düşüp, utançdan ýaňa ýere giräýjek ýaly bolup, jyns duýgurlygymy basýardym. Bu diýseň elhenç ýagdaýdy.

Men özümi erkin we bütinleý ärime bermeli wagtym geçmişe baglanandygymy birdenkä ýüze çykardym. Jon meni tutuşlygyma almaga mynasypdy, men bolsa ozalky ýalňyşlarym zerarly özümi erkin duýup bilmeýärdim. Men hapa pikirler, keşpler, deňeşdirmeler we utanç bilen göreşýärdim. Men olara garşy göreşýärdim, emma degerli netije çykanokdy. Durmuşymyzyň hut şol möwsüminde men

ruhy baglanyşyklary we nesilme-nesil geçýän naletleri ýok etmegiň güýji barada bildim.

Şu kitapda biz maşgala näletleri barada eýýäm gürrüň edipdik. Ozal aýdyşym ýaly, meniň ata-enemiň maşgalasynda azgynlyk we biwepalyk bardy. Soňra men olary ret etmeli boldum. Ýöne bulardan başga-da, men ýitiren jyns duýgurlygymy dikeltmek üçin geçmişdäki gatnaşyklarymyň ruhy baglanyşygyny hem ýok etmelidim. Mukaddes Ýazgylarda ýazylanlara göz aýlalyň:

> “Eýsem siz öz bedeniňiziň Isa Mesihiň bedeniniň agzasydygyny bilmeýärsiňizmi? Indi Mesihiň agzasyny alyp, ony bir loly bilen birikdireýinmi? Asla etmen! Eýsem siz özüni loly bilen birikdireniň onuň bilen bir ten bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Çünki Töwratda: ‘Ikisi bir ten bolýar’ diýip ýazylgydyr” (1 Kor. 6:15-16).

Men öňki duşuşan ýigitlerim loly diýip aýdamok, ýöne hakykat hakykatlygyna galýar. Men olar bilen bir ten bolan ekenim, indi bolsa başga biri bilen äht edişdim. Her täze duşuşyk we aýrylyşmalar meniň köňlümi parçalap taşlaýardy. Olar meniň bütewüligimi parçalap, jyns duýdurlygymy ýok etdiler. Eger biziň bu duýgurlygymyz bozulyp, betnam edilen bolsa, ony diňe Hudaý dikeldip bilýändir. Diňe Hudaý hapa we haramlanan zady alyp, ony gaýtadan päk we mukaddes edip bilýändir. Diňe Hudaý Oňa getirjek külümize derek owadanlyk berip bilýär.

Eger siziň jyns duýgurlygyňyz geçmişde ahlaksyzlykda (bitertip jyns gatnaşyklary, pornografik suratlara seredip, masturbasiýa bilen meşgullanmak we islendik başga ýaramsyz zatlar) oýarylan bolsa, biz ýene-de dikeldiş dilegi üçin wagt bermegi teklip edýäris. Dilegden öň özüňizi ruhy taýdan taýýarlaň, diňe ýanýoldaşyňyz, ýa-da ýakyn dostuňyz, ýa-da dileg ýoldaşyňyz, ýa-da Hudaýyň Ruhunyň huzurynda dileg ediň. Sesli dileg edip, şeýle diýiň:

*Eý, Gökdäki Atam,*
*Meniň günälerim üçin jeza çekmek üçin Öz Ogluňy ibereniň üçin Saňa minnetdar. Men indi Isa Mesihe degişli, durmuşymdaky köne zatlaryň hemmesi geçip gitdi. Indi hemme zat täze. 2Korintoslylar 5:21-de aýdylyşy ýaly, Hudaýyň dogrulygy bolmagym üçin, Isa Mesih meniň günälerimi öz üstüne ýükledi. Ine, men şu günki gün şeýledirin.*
*Indi bolsa öz günälerim we ata-babalarymyň günäsi üçin toba edýärin. Men jynsy günälere, haramlyklara, azgynlyklara, we dürli adamlar bilen jyns gatnaşyklara gatnaşmaklygy ret edýärin.* (Ret edýän günäleriňiziň adyny anyk aýdyň. Hudaýyň huzurynda olary aýtmakdan utanmaň. Ondan hiç zat gizlin däl. Ol eýýäm olaryň her birinii bilýär we sizi olaryň günä agramyndan we utanjyndan boşatmagy isleýär. Hemme zatlary aýdyp bolanyňyzdan soň, dilegi dowam ediň).
*Eý, Atam, Ruhuňyň gylyjyny al-da, meniň ... bolan hapa jyns gatnaşyklaryň we ruhy baglanyşyklaryň ählisini ýok et.* (Dileg edeniňizde, Mukaddes Ruhy diňläp, hakydaňyza berýän her bir adyny aýdyň. Gysgawagtlaýyn gatnaşan, ýöne duýgy we beden taýdan bagly bolan adamlaryňyzyň atlaryny eşitmegiňiz hem ahmal, sebäbi şeýle gatnaşyklar diňe ýanýoldaş ýa-da Halasgäriňiz bilen bolmalydyr.)

Her bir ady aýratynlykda aýdanyňyzdan soň, şeýle dileg ediň:

*Eý, Atam, Öz perişdeleriňi boşat-da, şol adamlardan meniň ruhumyň bölejiklerini yzyna alar ýaly iber. Bütewi, mukaddes bolarym ýaly, Seni hoşwagt ederim ýaly, Öz Ruhuň bilen ruhumyň bölejiklerini maňa gaýtar.*
*Eý, Atam, men her azgyn keşpden ýüz dönderýärin. Hapa suratlaryň göz öňüme getirendigim üçin meni bagyşla. Men 100-nji mezmuryň sözleri bilen äht edýärin: ýürek kämilliginde gezerin, göz alnymda ýaman zada ýol bermerin. Men her bir erbet ruhdan ýüz dönderýärin, oňa we onuň täsirine meniň durmuşymdan aýrylmagyny buýurýaryn.*

*Eý, Atam, men Isa Mesihiň gany bilen tämizle, sebäbi päkleme we mukaddesleme güýji diňe onda bardyr. Men özümi Seniň ybadathanaň bolmaga bagyş edýärin; Mukaddes Ruhuňyň güýji bilen ruhuň, janyň we bedeniň her hapalanmasyny bu ybadathanadan aýyr. Meni Öz diri Mukaddes Ruhuňdan doldur. Maňa görer ýaly göz, eşider ýaly gulak ber, Seniň maňa taýynlan zatlaryň üçin ýürek ber. Men Seniňki. Goý, meniň durmuşymda Seniň emriň amala aşsyn.*
*Söýgi bilen, Seniň perzendiň.*

## 3-nji gün

## Jonuň wakasy

Beden taýdan men özümi geljekki aýalym üçin saklaýardym, emma pornografik suratlara seretmek we masturbasiýa bilen meşgullanmak endiklerim bardy. Men öýlenenimden soň, görmegeý aýal bilen jyns gatnaşyklary arkaly bu azgynlyklardan dynaryn öýdýärdim. Durmuş guranymyzdan soň hem birnäçe ýyllap men bu endiklerim bilen göreşdim. Olar meniň pynhanlyk gatnaşyklaryma päsgel berýärdiler. Men utanýardym we aljyraýardym. Men şu azgynlyklaryň meni baglamagyny islemeýärdim, ýöne her näçe jan etsem-de, olardan dynyp bilmeýärdim. Çynlakaý özgerişlikler gerekdi.

1984-nji ýylda men ýygnagymyza gelýän myhmanlary garşy almak işine jogap berýärdim. Günleriň birinde men özümiň göreşýän endiklerim barada gelen myhmanlaryň birine gürrüň berdim. Ol Hudaý adamydy, men ony örän sylaýardym. Ol özüniň boşatmak hyzmaty bilen tanalýardy. “Eger meni boşadyp biljek adam bar bolsa, onda hut şu adamdyr” diýip oýlandym-da, oňa hemme zady bolşy ýaly gürrüň berdim.

Ol: “Şeýle etmegi bes et!” diýdi. Men ondan beýle jogaba garaşmaýardym. “Sen ýöne muny bes etmeli” diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi.

Men: “Bolýar. Ýöne siz meniň üçin dileg edersiňiz-ä?” diýdim.

Ol dileg etdi, emma hiç özgerişlik bolmady. Şonda men: “Belki, maňa adamlary boşatma peşgeşi has güýçli bolan başga biri kömek edip biler” diýip pikir etdim. Ýöne şu adamyňkydan güýçli peşgeşi bolan adam meniň hakydama gelenokdy. Men özümi şu günälere batyp galan ýaly duýýardym.

Takmynan dokuz aý geçenden soň, dostumyz öz öýünde dört gün ýaşamaga rugsat etdi. Men şol ýere ýekeje maksat bile – şu erbet endiklerimden dynmak maksady bilen bardym. “Eý, Hudaý, azatlyk ahyrda gelmeli ahyryn!” şol gün, 1985-nji ýylyň 6-njy maýynda, men gudrat bilen şol endiklerimden azat boldum.

Azat bolanymdan birnäçe aý soň men: “Eý, Hudaý, men düşünmeýärin. Meniň üçin dileg edilende, näme üçin boşanmadym? Men öz günäm barada Hudaý adamyna açykdan-açyk aýtmak üçin, özümi tabyn etdim. Meniň azat bolmagyma näme üçin şeýle köp wagt gerek boldy?” diýip soradym.

Şonda Hudaý meniň ünsümi dileg durmuşymdaky özgerişliklre gönükdirdi. Men köp wagtlap esasan-da şeýle dileg edýärdim: “Ýa Reb, meni ulan. Ýalbarýaryn, meni ulan”. Dileglerimiň merkezinde meniň özüm durýardym. Meniň dileglerimiň bary abadanlygymyň we çagyrylyşymyň daşyndan aýlanýardy. Meniň günäden boşanmak islegim ne Hudaýa bolan söýgim, ne-de Liza bolan söýgüm bilen tassyklanýardy. Men diňe bu endiklerimiň öz çagyrylyşyma girmäge päsgel bererinden gorkýardym. Meniň egosentrizmim Hudaýa ýakynlaşmagyma päsgel berýärdi. Hudaý bilen ýakynlygym ýeterlik bolmansoň, men Onuň özgerdiji güýjüni duýup bilmeýärdim.

Soňra meniň ýüregimde özgerişlikler bolup geçdi we dileglerimde başga esasy sözler peýda boldy: “Ýa Rebbim, men Seni bilesim gelýär. Goý, aramyzda hiç päsgelçilikler bolmasyn”. Men diňe özüm barada oýlanmagy bes edip, ähli ünsümi Hudaýa gönükdirdim. Men nazarymy özümden sowup, gözlerimi Hudaýa galdyranymda,

öz durmuşymy Onuň merhemeti üçin açdym. Ol meni azat edip, jyns duýgurlygyma bütewülik getirdi. Men Mukaddes Ýazgylaryň Hudaýdan bolan gynanç diýip atlandyrýan ýagdaýyny başymdan geçirdim.

## Hudaýdan bolan gynanç

> "Çünki Hudaýdan bolan gynanç adamy toba getirip, onuň halas bolmagyna ýardam edýär. Bu toba ökündirýän däldir. Emma dünýäden bolan gynanç ölüme eltýändir" (2 Kor. 7:10).

Köp ýyllaryň dowamynda men erbet endiklerim üçin gynanýardym. Men azgynlygyň meni zynjyrlamagyny islemeýärdim, meniň bolşum ýüregimi bulandyrýardy. Köp adamlar günä zerarly gynanýarlar. Emma Hudaýdan bolan gynanç-da bardyr, ol adamy toba getirip, ony özgerdýär. Dünýäden bolan gynanç welin hiç özgerişliksiz höküm edilmä alyp barýar.

Dünýäden bolan gynanç ünsüni özünde jemleýär we tekepbirlikden iýmitlenýär. Ol göwnüçökgün bolup, diňe özüne ýüregi awaýar, sebäbi ol diňe ynsan güýjüniň çäklerindäki çözgütleri görýär. Ol Hudaýyň güýjüni bilmeklikdäki umyt babatda kör bolany üçin, ruhy ölüme eltýär.

Hudaýdan bolan gynanç bolsa, tersine, ünsi öz-özüne gynanmaklykda we egosentrizmde jemlemeýär. Ol ähli ünsüni Hudaýda jemleýär. Hudaýdan bolan gynanç agyrylydygyna garamazdan, gelejege bolan umydy berýär, sebäbi onuň güýji Hudaýyň mukkadeslemek, gujur-gaýrat bermek we özgertmek başarnyklaryndadyr. Hudaýdan bolan gynanç başda çakyp bilýär, ýöne onuň yzýanyndan şatlyk we ýaşaýyş gelýär.

Dünýäden bolan gynanç we ýazgarma meniň azgyn endiklerimiň penjesini güýçlendirýärdi. Men Hudaýa özümi ulanmagyny sorap

dileg edemde, özümi şeýle hudaýhon saýýardym, aslynda welin tekepbirlenýän ekenim. Men diňe şahsy bähbitlerim üçin azat bolmak isleýärdim. Hudaýyň ýüregini parça-parça edip ýaralaýandygym bolsa meni gyzyklandyrmaýardy.

Köp adamlar günäleriniň ökünçler harmanyny emele getirmez ýaly, gelejekdäki üstünlikleri bökdelmez ýaly, höküme sezewar edilmez ýaly – ine, diňe şu zatlar bolmaz ýaly, azat bolmak isleýärler. Gorkudan we özüňi aklamakdan doly şeýle garaýyşlar hiç haçan özgerişlik getirmez.

Biz Hudaýyň ýüregini bilip, Onuň Ruhundan dolmasak, Oňa meňzäp bilmeris. Onuň bilen bolan ýakynlyk özgerişlikleri döredýän şertdir. Biz azat bolýarys we Onuň bilen gatnaşygy saklamak arkaly azatlygymyzy günäden goraýarys. Biz pespällikde Oňa golaýlaşanymyzda, Ol Özüni aýan edýär we mukaddeslikde ýaşarymyz ýaly güýç berýär:

> "...Hudaý tekepbirlere garşydyr, emma pespäl adamlara merhemet edýändir'. Şonuň üçin Hudaýa tabyn boluň! ... Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar [Özüni size aýan eder].... Gülküňiz ýasa, şatlygyňyz gam-gussa [Hudaýdan bolan gynanja öwrülsin]. Rebbiň huzurynda özüňizi pes tutuň, Ol sizi beýgelder" (Ýak. 4:6-10, ESV).

Hudaý bizi günäli tebigatymyzyň heserlerinden we azgynlyklaryndan azat edip, beýgeldýär. Ol bizi azatlygyň hatyrasyna azat etdi. Ýöne biz azatlyk beren Hudaýy tanaýançak, azatlygymyzy ýüze çykaryp bilmeris. Eger siz azat bolmak isleýän bolsaňyz, Hudaýyň ýüregini agtaryň. Siz her gezek Hudaýyň ýolundan azaşanyňyzda, bu ýakynlyk size Ondan bolan gynanjy berer, ol bolsa öz gezeginde siziň Onuň bilen gatnaşyklaryňyzy has-da berkidip, azatlykda gezmäge güýç berer.

Ýatda saklaň: siz – Hudaýyň perzendi, durmuşyňyzda höküm edilmä orun ýokdur. Eger azatlyk almagyňyza haýsydyr bir zat

päsgel berýän bolsa, ysgynsyzlygyňyzy tutaryk edinmäň. Ýalňyşlaryňyzyň netijesinden gorkmaň. Tersine, Hudaýyň azat edýän merhemetiniň beýik güýjüne daýanyň.

> "Şeýlelikde, Isa Mesihe degişli bolanlar indi asla höküm edilmez. Sebäbi ýaşaýyş berýän Mukaddes Ruh meni Isa Mesih arkaly günäniň we ölümiň ygtyýaryndan azat etdi" (Rim. 8:1-2).

## Pornografiýa we pynhanlyk

Men (Jon) pornografiýa garaşlylygym öýlenen badyma ýiter diýip türkanalyk bilen pikir edýärdim. Hakykatda welin hemme zat bütinleý tersine boldy. Ýanýoldaşlaryň köpüsi meniň düşünen zatlarymy başdan geçirýärler: pornografiýa öýlenenlere-de, durmuşa çykanlara-da, öýlenmediklere ýa-da durmuşa çykmadyklara ýaly erbet täsir edýär. Onuň netijeleri nika gatnaşyklaryna zyýan edip, ýanýoldaşlary hakyky ýakynlykdan lezzet almaga päsgel berýärler.

Biz käbir mesihi geňeşdarlaryň öýlenen jübütlere jyns gatnaşyklaryna höwes döretmek üçin pornografiýa bile tomaşa etmegi maslahat berýändiklerini eşidenimizde, gulaklarymyza ynanmadyk. Bu örän uly ýalňyşlykdyr. Hiç haçan beýle etmäň, sebäbi siz az salymdan uklap ýatan aždarhany oýandyrandygyňyza düşünersiňiz. Bu aždarha siziň pynhan gatnaşyklaryňyzy heser oduna ýakyp, kül eder.

"...Adamyň gözi-de asla doýýan däldir" (Sül. 27:20). Pornografiýa nikalaşmadan öň-de, soň-da nika örän uly howp salýandyr. Ýanýoldaşyňyz bilen ýa-da aýra-aýralykda başgalaryň aýbyna we uýatlaryna seretmeli dälsiňiz.

Pornografiýa jyns höwesini wagtlaýyn döredip, ten kanagatlanmasyny berýän bolsa-da, soňabaka ýanýoldaşyňyz we Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda bolma ukybyňyzy ýok edýär. Ahyrda bolsa ýanýoldaşyňyzdan ýa-da öz-özüňizden kanagatlanmazlyga sezewar eder. Pornografiýa jyns gatnaşyklary höweslendirýär, emma gatnaşykdaky göze görünmeýän kynçylyklary çözmeýär.

Meseläniň çalt çözgüdi bolup görünýän zat aslynda onsuz hem gowşak duran binýadyň üstüne agyr ýük bolup inýär. Pornografiýa ýaşaýyş uçgunyny döredýän ýaly bolup görünse-de, aslynda ölüm peltesini otlan ýalydyr. Bu ot soňra betnamlyk, ynamsyzlyk we gorky partlamasyny emele getirýär.

Hudaý jyns gatnaşyklary döredende, diňe özüňi bagyş edýän adamyň bilen jyns gatnaşygyny eden ýagdaýyňda ondan lezzet alar ýaly edip niýetledi. Bu niýet nika düşeginden başga çäklerde hem ýakyn gatnaşyklary ösdürmäge ymtyldyryp, är-aýalyň arasyndaky gatnaşyklaryň hemmesini öz içine alýar. Pornografiýadan gelýän keýplilik bolsa diňe bir adama degişli bolýar. Ol başga adamyň ýakynlygyna mätäç däl, esasy zat – islegi we ünsüniň merkezi. Pornografiýanyň berýän keýpliligi Hudaý tarapyn döredilen är-aýal pynhan gatnaşyklarynyň berýän lezzetiniň çalaja kölegesidir.

Är-aýal nikalaryna pornografiýany getirenlerinde, pynhan gatnaşyklaryna keseki adamlary goşup, öz düşeklerini hapalaýarlar. Hudaý ilkibaşda muny beýle niýetlemändi. Jyns gatnaşyklarynyň tejribesi iki durmuşy birikdiren ähti ýatladyp durmalydyr. Nika ähtinde üçünji adamlara ýer ýokdur. Iki adamyň arasynda mukaddes bolan zat köp adamlaryň gatnaşmagynda haramlanýandyr. Hudaý üçin öz ähtimize we onuň nyşany bolan nika düşegimize sarpa goýmagymyz wajypdyr. Çünki Ol nika düşeginiň ajaýyp lezzetiň we hakyky kanagatlanmanyň ýeri bolmagyny isleýär.

## 4-nji gün

## Ýüreklerimizi goramak

Ýaňy-ýakynlarda pornografik saýtlar iň meşhur onlaýn serişdeleridi (häzir olaryň ornuna sosial saýtlar eýeledi). Internetdäki saýtlaryň ondan biri, hatda ondan hem köpüsi pornografik saýtlardyr.

Amerikanlaryň 40 millionyndan gowragy şu saýtlara yzygiderli girip durýarlar, pornografik saýtlary her sekundyň dowamynda 28,258 adam görýär. Jynsy işdä ozal hiç haçan şeýle azgynlyk derejesine ýetmändi.

Seksuallygy höweslendirmek alternatiwalarynyň köplügi zerarly söýgi pynhanlyklary aýgyrlyk bilen çalşyldy. Kiberseks pynhan ýakynlygy ýok edip, nikalary dargadýar. Hatda internetdäki pornografik saýtlara garaşly bolan ýaş erkeklerem ereksiýa disfunksiýasyndan kösenýärler we jyns gatnaşyklaryna pornografiýasyz gatnaşyp bilmeýärler. Hakyky aýallar olary kanagatlandyrmaýarlar; olaryň wirtual hyýalyndaky gatnaşyklar hakykatdaky fiziki gatnaşyklaryndan örän tapawutlanýarlar.

Bu mesele diňe erkeklere degişli däl. Pornografik saýtlaryň mazmuny bütindünýä torunyň çäklerinden uzaklara çykýandyr. Takmynan her bäş aýalyň biri pornografik saýtlary her hepde görýär. Mundan başga, erkekler-de, aýallar-da erotiki kitaplara we žurnallara bolan baknalykdan ejir çekýärler. Žurnallar aýratyn-da aýallaryň arasynda ýörgünlidir.

Pornografiýa we jyns günäleriniň beýleki görnüşleri Hudaýyň ilkibaşdaky niýetlänleriniň çäklerinden çykýan azgyn keýpi-sapalygy hödürleýärler. Emma jyns azgynlygynyň (hatda aňda ýa-da ekranda bolaýanda-da) netijeleri azgyn keýpi-sapalygyňkydan has erbetdir. Isa Mesih şeýle diýipdi: “kim başga aýala azgyn höwes bilen baksa, öz ýüreginde eýýäm onuň bilen zyna edendir” (Matta 5:28).

Pornografiýa tomaşa etmek – ýanýoldaşyňa biwepayk eden ýalydyr. Ol nika howp salýar, sebäbi Hudaýyň jyns babatdaky niýetlänlerini azgynlyga öwürmek ýüregi zaýalaýar. Süleýmanyň pähimlerinde “Bar güýjüň bilen ýüregiňi gora, çünki ýaşaýşyň gözbaşy ýürekden gaýdýar” diýip ýazylgydyr.

Jynsy günä biziň ýüreklerimizi hapalap, netijede maşgalamyzy ýumrup bilýär. Bu hakykaty gynandyryjy statistika tassyklaýar:

bozulan nikalarynyň 56%-mi bir ýanýoldaşyň "ponografik saýtlara çendenaşa gyzyklanma bildirýänligi" zerarly bozulandyr.

Islendik günä ahyrda biziň ýaşaýyş ukuplylygymyza hüjüm edýär. Biz mesihi bolanymyz üçin, duşman biziň ruhumyzyň ugrundaky göreşde ýeňildi, ol indi biziň janymyz üçin göreşýär. Ol bizi günäniň netijelerine çolaşdyryp, bolelin ýaşaýyşdan mahrum edesi gelýär (ser. Ýoh 10:10).

Isa Mesih bizi günäniň gulçulygyndan boşatdy, ýöne biz durmuşymyzy günäniň gözegçiligine tabşyrsak, bu azatlygy amal edip bilmeris. Resul Pawlus bu babatda şeýle ýazypdy:

> "Siz pany teniňiziň günäli höweslerine eýermez ýaly, günäniň öz teniňize höküm sürmegine ýol bermäň. Beden agzalaryňyzy ýamanlyk guraly hökmünde günäniň ygtyýaryna tabşyrmaň. Tersine, ölümden direlen hökmünde *özüňizi Hudaýa tabşyryň*. Goý, *bedeniňiziň her bir agzasy Hudaýyň dogrulyk guraly bolsun*" (Rim. 6:12-13, nygtama awtordan).

"Bedeniňiziň her bir agzasyny" diýen jümle öz jyns duýgurlygymyzy-da Hudaýa tabşyrmalydygyny aňladýar. Biz özümizi Hudaýa doly tabşyryp, Onuň Ruhuna jyns gatnaşyklarymyzy kesgitlemäge ygtyýar berenimizde, Hudaýy şöhratlandyrýarys. Ol bizi Hudaýyň niýetlän durmuşyndan saklaýan her bir zynjyrdan we her bir ýesirlikden boşadýar. Ol bizi azatlyk, ýakynlyk we täsin ajaýyplygy getirýän jyns lezzetligine gönükdirýär.

Durmuşda adata öwrülen jynsy günäniň zalymlygyny ýeňmek aňsat bolar diýip aýdamzok. Resul Pawlus şeýle ýazypdy: "Hudaýyň huzurynda gorka we galpylda gaplanyp, halas bolandygyňyzy görkezmek üçin, janygyp zähmet çekiň" (Fil. 2:12). Mukaddeslenme – Hudaý merhemetiniň işi. Emma muňa garamazdan, bedeni haça çüýlemek örän jebir-jepaly işdir. Käwagt mukaddeslige we bütewülige eltýän syýahat dyngysyz ýagdaýda tekepbirlenmä we dürli meýillere garşy durmaklygy talap edýär. Ýöne biz Mukaddes

Ruha özümizi mukaddeslemäge ygtyýar bersek, söweş jepalaryndan has üstün bolan ruhy şatlyga gireris.

## Päklik aýanlygy

> “Men sizi Hudaýyň gabanjaňlygy bilen gabanýandyryn. Sebäbi men sizi ýeke-täk bir Ýigide, ýagny Mesihe adaglap, sizi Oňa päk gyz hökmünde niýetledim. Ýöne ýylanyň How enäni kezzaplyk bilen aldaýşy ýaly, siziň-de aldanmagyňyzdan gorkýaryn. Men pikirleriňiziň bulaşdyrylyp, Mesihe bolan päk sadyklygyňyzdan aýrylarmykaňyz diýip gorkýaryn” (2 Kor. 11:2-3).

Nikadaky päklik diňe biz barada däl, eýsem Isa Mesihiň päk gelin aýanlygy baradadyr. Ýaňy-ýakynda geçirilen barlaglaryň netijesinde mesihi erkekleriň 50%-niň we mesihi aýallaryň 20%-niň pornografiýa garaşlydygy mälim boldy. Bu garaşlylyk bilen göreşmekde köp erkekler we aýallar azgyn meýillerini ýatyrmak üçin, edim-gylygy üýtgetmeklik we hasabat bermeklik usullaryna ýüzlendiler. Bu endikden dynmak islegi we bu usullar, elbetde, peýdalydyr, ýöne hasabat bermeklik we edim-gylygy kadalaşdyrmak günäniň tebigatyny ýeňer ýaly derejede güýçli däldirler. Eger adam jyns azgynlygyna ýykgyn edýän bolsa, tebigy formalaryň hiçisi-de ony “jylawlap” bilmez. Hatda onuň hereketleri gözegçilik astynda bolaýanda-da, onuň içki dünýäsini azgynlyk we ýazgyryş dolandyrar.

Biziň edim-gylyklarymyz hakykat ýüzünde diňe aňymyzyň täzelenen ýagdaýynda özgerip bilýär. Resul Pawlus: “Bu dünýäniň ýörelgelerine uýgunlaşjak bolmaň. Tersine, pikirleriňizi täzeläp, özgeriň” diýip ýalbarýar (Rim. 12:2). Hudaýyň perzentleri hökmünde, biz günäniň ytyýaryndan azatdyrys (ser. Rim. 6:19-23). Emma bu azatlykdan lezzet alarymyz ýaly, ilki bilen Hudaýa aňymyzy täzelemek arkaly edim-gylyklarymyzy mukaddeslemäge ygytýar etmelidiris.

Biziň aňymyz Hudaýyň Sözüni okamak we wagty Onuň huzurynda geçirmek arkaly täzelenýär. Munuň başga ýoly ýokdur.

Kalbymyza ekilip, Mukaddes Ruh tarapyndan ykrar edilýän Hudaýyň Sözi bizi günäniň ygtyýaryndna azat edýär (ser. Zeb. 118:1 we Ýak. 1:21). Köp mesihiler öz jyns utanjyndan nalasalar-da, ony azatlyga çykarýan Hudaýyň huzuryna eltmegi başarmaýarlar.

Dini institutlaryň köpüsi ahlaksyzlykdan dynmak üçin, gorkuzmak we gözegçilik etmek usullaryny girizmekçi bolýarlar. Bu synanyşyklar gerekli netijeleri bermän, gaýtam ikiýüzlüligiň pajarlamagyna we günä eltdi. Utanç günäni kölegä gizleýär, şol ýerde bolsa ol öňküsinden-de güýjeýär.

Dini kanunlar we adamyň düzen kadalary bizi günäden dyndyryp bilmeýärler. Kanunlar we kadalar aslynda kanunsyzlyk üçin "mes topraga" öwrülýär (ser. Rim. 7 we 2 Kor. 3:6). Hudaý biziň kada-kanuna görä ýaşamaga däl-de, Onuň bilen ýaşamaga jan edip ymtylmagymyzy isleýär. Biz Atamyzyň söýgüsinde ýaşanymyzda, kämilleşýäris we Onuň bilen gatnaşmak arkaly bütewi bolýarys. Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär:

> "Mesihiň bolsa bizi günälerimizden saplamak üçin gelendigini bilýänsiňiz. Onda asla günä ýokdur. Mesih bilen ýaşaýan adam günäden ýüz öwrer. Emma henizem günä edýän adam *Ony ne görýändir, ne-de tanaýandyr*" (1 Ýoh. 3:5-6, nygtama awtordan).

Şu aýatda ulanylýan "*ginosko*" grek sözi "bilmek" diýip terjime edilip, "adamy şahsy gatnaşykdan tanamak; şeýle tanyşlyk uzakwagtlaýyn gatnaşyklary göz öňüne tutýar" diýen manyny aňladýar. Günäli tebigatdan azat bolmak üçin, Hudaý barada kimdir birinden däl-de, hut öz şahsy gatnaşyklaryň arkaly bilmelidir.

Hemişe günäden ejir çekýän mesihiniň Isa Mesih bilen ýakyn şahsy aragatnaşygynyň ýokdygy barada resul Ýohanna hem Mukaddes Ruhdan ylhamlanyp aýdypdy. Şoňa görä-de, nikanyň abadanlygyna howp salýan günäni ýeňmek üçin, Hudaý bilen ýakyn aragatnaşygy saklamalydyr.

Eger günä siziň durmuşyňyzy gözegçilikde saklaýan bolsa, Hudaýyň ýanyna ylgaň. Diňe Isa Mesihiň söýgüsini we merhemetini dyngysyz öwrenmek we şahsy gatnaşyklaryňyz arkaly günäden dynyp bilersiňiz. Siz pespällik bilen Hudaýyň huzuryna baranyňyzda, Ol aňyňyzy täzelär we Isa Mesihdäki azatlygy bilmäge päsgel berýän perdäni syryp aýrar.

> “Ýöne Rebbe tarap öwrülenlerinde, bu perde syrylýar. Reb Ruhdur. Rebbiň Ruhy nirede bolsa, azatlyk hem şol ýerdedir. Biz hem ýüzümizi basyrman, Rebbiň şöhratynyň ýalkymyny görýäris. Rebbiň Ruhy ählimizi gitdigisaýy nurlandyryp, bizi Öz keşbine özgerdýär” (2 Kor. 3:16-18).

Hudaý jynsy ýa-da islendik başga günäňiz bilen özbaşdak göreşmegiňizi islemeýär. Ol siziň mukaddeslikde we bütewülikde gezmegiňizi isleýär. Hudaý sizi söýýär. Siziň Oňa bolan söýgiňiz ösdügiçe, durmuşyňyz özgerişliklerden dolup, Oňa sarpa goýmak islegiňiz artar. Onuň emrine we ýörelgelerine tabyn bolsaňyz, Isa Mesihiň ýaşaýşy ýaly ýaşamaga gaýrat taparsyňyz. Biz siziň üçin resul Pawlusyň filipililer üçin eden dileginiň sözleri bilen dileg edýäris:

> “Söýgiňiziň bilimde we ýiti düşbülikde bolelin dolup-daşmagyny Hudaýdan dileýärin. Çünki siziň möhüm zatlary saýgaryp, Isa Mesihiň geljek gününde päk we müýnsüz bolmagyňyzy isleýärin. Şonda durmuşyňyz Isa Mesih arkaly amala aşýan dogry işlerden dolup-daşar, siz Hudaýa öwgi we şan-şöhrat getirersiňiz” (Fil. 1:9-11).

## 5-nji gün

### Jyns gatnaşyklarynyň möwsümleri

> “Her zadyň öz möwriti bar, gögüň astynda her zadyň öz wagty bar” (Wagyz kitaby 3:1).

Durmuşyň köp çäklerinde wagt diňe bir wajyp zat däl, ol – hemme zat. Eger durmuşda hemme zadyň möwsümleri bar bolsa, her maksadyň-da öz wagty bar bolsa, onda bu jyns gatnaşyklaryna-da degişlidir. Her ýyl – dört pasyldan ybarat toplumdyr. Biz muny nika babatda hem ulanyp bolar diýip hasap edýäris. Şonuň üçin-de, geliň, jyns durmuşyna şu nukdaýnazardan garap geçeliň.

## Bahar: birinji onýyllyk

Şekillendirmek üçin, her möwsümi jyns gatnaşyklarynyň durmuşynyň on ýylyna deňäliň. Mysal hökmünde takmynan 28 ýaş töweregindäki är-aýaly alalyň. Nika durmuşynyň ilkinji 10 ýylyny (28-38 ýaş) – türkanalyk we täze başlangyçlar möwsümi – bahar diýip atlandyraly. Aleksandr Poupyň sözleri bilen aýdanyňda, “umyt bakylygy döredýär”. Bahar pasly mümkinçiliklerden doludyr.

Ilkinji onýyllyk – bu umytlar we açyşlar möwsümi. Siz bu möwsümde jyns gatnaşyklarynyň täze perspektiwasy bilen durmuşa gadam basýarsyňyz. Hyjuwly garaşmalar döwründe toplanan zatlar nikaňyzyň bahar möwsüminde oýanýar. Siz heniz-de özüňiziň aýratyn şahs hökmünde kimdigiňizi, bilelikde durmuş gurmagyň nämedigini açýarsyňyz. Jyns gatnaşyklaryny ähli taraplary siziň üçin täze we nätanyş.

Eger siz çaga edinmegi meýilleşdirýän bolsaňyz, onda hut şu möwsümde göwreliligiň şatlyklaryny we kynçylyklaryny bilersiňiz. Maşgalada çagalar doglanda, jyns gatnaşyklaryň durmuşy üýtgeýär. Siz indi diňe söýgüli ýarlar däl, siz indi ata-ene hem bolduňyz. Çagalar siziň otagyňyzda ýatyp, siziň rahatlygyňyzy bozarlar.

Bu gyzykly wezipeler döwri. Maňa (Liza) ýaş eje bolma ýaraýardy, çagalary emdirme ýaraýardy. Men öz ogullarymy bir ýaşa, hatda iki ýaşa çenli emdirýärdim. Şu ýerden hem kynçylyk döreýär: çagalar barada alada etmegiň joşgunly islegi äriň barada alada etmegi aňsatlyk bilen unutdyrýar. Ýaş eje ýa ärini ýa-da çagalaryny saýlamaga mejbur

edilmeli däl. Ýöne eliňdäki çaganyň seniň durmuşyňdan äriňi gysyp çykarmaly däldigini hem unutmaly däldir.

Men çagalarymy hüwdülemekden, olar barada alada etmekden uly lezzet alýardym, şonuň üçin-de ärime onçakly kän üns bermeýärdim. Onuň hem ogullarymyzy söýýändigine garamazdan, olar bilen meniňki ýaly ýakyn baglanyşygynyň ýokdugyny unudýardym. Ol maňa mätäçdi, ýöne biziň söýgimizden doglan çagalaryň mätäçligi maňa has wajyp bolup görünýärdi. Tersine, käbir ärler söýgülerini we mähirlerini öz gyzlaryna berip, olara şeýle bir baglanýarlar welin, hatda aýallaryna mähir bermegi unudýarlar.

Çagalar barada alada ediň, ýöne şol bir wagtyň özünde birek-birege bolan ýakynlygyňyz barada-da alada ediň. Biri-biriňizi goldaň. Ikiçäk bolup bileriňiz ýaly, çagalary irräk ýatyryň. Diňe düşekdäki ukyny paýlaşmaz ýaly, aladalary hem paýlaşyň. Öz mätäçlikleriňiz we aladalaryňyz barada ýanýoldaşyňyza açykdan-açyk aýdyň. Käwagt: "Pynhan gatnaşyklarymyzy küýseýärin. Ony gaýtadan duýar ýaly, näme edip bolarka?" diýen ýaly sözler dartgynlygy we gamlylygy aýrar.

Şu birinji onýyllykda siz biri-biriňiziň pynhan mätäçlikleriňizi bilmäge ymtylýarsyňyz. Ýanýoldaşyňyzyň sulhunyň almajak söýgi näz-kereşmelerini etmäň. Biri-biriňiz bilen gürleşiň. Şu birinji onýyllykda öz ýakynlygyňyza bag hökmünde garaň: siz bu bagy bahar paslynda ekip, tomus we güýz pasyllarynda hasylyndan lezzet almak üçin, ony häzir idedýärsiňiz.

## Tomus: ikinji onýyllyk

*"Tomus – bolup biläýjek zatlaryň iň gowusydyr".*
*— Çarlz Bouden*

Bahar pasly umydy beýan edýär, tomus pasly bolsa aýanlyklaryň oýanýan we durmuşyň joş urýan döwrüdir. Durmuş şu möwsümde gülleýär. Şu möwsümiň başyna ýanýoldaşlar eýýäm hünäleri barada

kesgitli karara gelýärler we ata-ene bolan bolmaklary ahmal. Eger maşgalada çagalar bar bolsa, olar eýýäm ulalyp, durmuşyň ajaýyp tapgyryna ýetdiler; çagalar ösüp ulalýançalar bolsa, ata-eneler hem özleriniň kimdigine düşündiler.

Siz tomsuň tylla pursatlarynyň ýekejesini-de sypdyrasyňyz gelenok! Mekdepleriň, çagalaryň gurnaklarynyň, öz hünärmenlik derejäňizi artdyrmaklygyň parlak güneşiniň şöhleleriniň arasynda öz pynhan gatnaşyklaryňyz üçin wagt agtarmaly bolýarsyňyz. Eger bahar onýyllygy siziň bagyňyz üçin netijeli bolan bolsa, onda tomus paslyndan has-da köp lezzet alarsyňyz. Eger siz nikaňyzyň ilkinji on ýylynda bagyňyza oňat seretmedik bolsaňyz, oňa täze nahallary ekmek heniz-de giç däldir.

Tomus – bu hemme zadyň, şol sanda haşal otlaryň-da çalt ösýän möwsümidir. Öz joýalaryňyzy oňatja otaň. Haşal otlar öwrendikli bolan toprakda ösýändir. Jyns gatnaşyklaryňyzyň sagdyn taraplaryny suwarmagy dowam ediň, ol öňküden-de çalt öser, sebäbi siziň arkaňyzda eýýäm ynamdarlygyň on ýyly bar. Kompostyň topragy dökünleýşi kimin, bu on ýyl siziň nikaňyzy dökünleýändir.

Tomus – bu uzak günler, gülküler, tebigata gezelençler, öýlänçi ýagyşlar. Biz öz tomus onýyllygymyzda jyns gatnaşyklarymyzyň gündiz has oňat bolýandygyny ýüze çykardyk. Agşamlaryna biz gaty ýadaw bolýardyk, şonuň üçin-de, çagalar mekdepdekä pursady elden giderip, agşama çenli garaşmak islemeýärdik.

## Güýz: üçünji onýyllyk

Indiki onýyllygy biz güýz möwsümi diýip atlandyrarys. Ol häzirlikçe biziň iň söýgüli möwsümimiz. Biz yssy günleriň we çigrek agşamlaryň gezekleşmesini halaýarys. Biz hem rahat tenlerimiz ýaly rahatdyrys.

*“Güýz – bu ikinji bahardyr, onda her bir ýaprak güldür”.*
*— Alber Kamýu*

Biz güýzi söýýäris! Öz ýaşlygyňyzy gaýtalajak bolmaň-da, güýzi toýlaň. Pynhan gatnaşyklaryň durmuşymyzda gaýtadan köp orny eýeleýändigi mese-mälimdir. Şindi, ýaşymyz elliden geçenden soň, durmuşymyzyň depgini üýtgedi. Indi çagalar bilen öý ýumuşlaryny etmek gerek däl, olary mekdep we sport çärelerine äkitmek gerek däl. Biri-birimiz üçin indi wagtymyz köp.

Biz hatda gyş üstümizi gapyllykda basmaz ýaly, şu güýz möwsüminde etjek işlerimizi-de ýazýarys. Beýleki zatlar bilen bir hatarda öz jyns saglygymyz barada hem alada edýäris. Munuň üçin biziň her birimiz öz bedeni barada alada edýär, biz sagdyn iýmitlenýäris, açyk howada yzygiderli gezmeleýäris, sport bilen meşgullanýarys. Biz toýdan öň duşuşýarkak, gezelençler biziň halaýan zadymyzdy. Indi hem biz ýörite köp gezelenç edýäris.

Är-aýallaryň köpüsi güýzüne bile ýaşamagy bes edýärler. Çagalar ata-enesiniň ojagyndan gidenlerinde, ýanýoldaşlar nätanyş adam bilen ýaşaýandyklaryny ýüze çykarýarlar. Şu döwürde biziň hemmämiziň saýlawymyz bar: ýa geçen zatlary küýsäp, aglarys ýa-da gelejekde boljak zatlara begeneris. Biz şu möwsüme öz nikaňyzy dikeltmek mümkinçiligi ýaly kabul etmegi çagyrýarys. Siz ýene-de ýaş çatynjalar ýaly bolup bilersiňiz, ýöne bu gezek ýaşlary ulalşan we has paýhasly.

## Gyş: galan ýyllar

*“Iň aňzak gyşda men içimde ýeňilmez tomsuň bardygyny bildim”.*
*— Alber Kamýu*

Ýalan sözläp oturmaly, garrylyk agyr we adalatsyz bolup görünýär. Jonuň ata-enesi bu döwrüň hötdesinden gelýärler. Saglyk kynçylyklarynyň bardygyna garamazdan, olar sportzala yzygiderli gatnaýarlar, dost-ýarlary bilen duşuşyp duransoňlar, durmuşa şadyýan garaýarlar. Bu iki sany gögerçin heniz-de iki

adamlyk krowatda bile ýatýarlar. Bilelikde garramak has oňat, jyns gatnaşyklar hem her möwsümde ajaýypdyr.

Dört möwsüm baradaky babyň ady üçin Mukaddes Ýazgylardan saýlan tekstimiziň awtory Wagyzçy şeýle diýýär: “Hudaý ähli zady öz wagtynda gözel etdi” (3:11). Her zat öz wagtynda gözeldir. Biz bile garrasymyz we her möwsümiň öz depgininde tans oýnasymyz gelýär.

Oýlanmak üçin soňky mysal. Speedo firmasynyň suwa düşülýän kostýumlary Olimpik oýunlary üçin ajaýyp, ýöne men (Liza) bu kostýumy garrylaryň egninde görenimde, gözlerimi başga tarapa sowýaryn. Birmahallar tiz ýüzmek üçin niýetlenen suw geýimi indi, asuda ýüzüş döwründe gerek däl bolup galdy. Esasy zat – ýüzmegi bes etmezlik. Biz bikini suw geýiminde gözel görünmeýänligimiz sebäpli suwda ýüzmegi bes edemzog-a! Suwda ýüzmeklik we jyns gatnaşyklar her möwsümde oňat, ýöne olar wagtyň geçmegi bilen başga dürli bolýar.

Nikamyzyň bahar möwsüminde men bikini suw geýiminde güneşleýärdim. Soňra tomus möwsüminde eje bolamsoň, ýapyk suw geýimine geçdim. Indi, güýz möwsüminde men şorta bilen maýkada suwa düşýärin. Kim bilýär, belki gelýän gyş möwsüminde men ýubkaly suw geýimini geýerin. Suwda ýüzmegimi welin bes etmerin.

Belki, biz bahar möwsümindäki ýaly ýygy-ýygydan suwa düşmeris. Ýa-da tomus möwsüminde bolşy ýaly, çagalar ýanymyzda bolany üçin suwa düşmeris. Emma biz öz ömrümiziň güýz möwsüminde-de, gyş möwsüminde-de suwda ýüzeris. Hiç zada garamazdan, jyns gatnaşyklar biziň baky tomsumyzdyr.

## Amaly maslahatar

Siziň haýsy möwsümdedigiňiz wajyp däl, esasy zat – ol barada gürrüň ediň. Eger siz ýalňyz bolsaňyz, öz islegleriňiz we heserleriňiz barada Hudaý aýdyň. Umumy garaýyşlaryňyz bolan dostlaryňyza,

joralaryňyza aýdyň, biri-biriňize göwünlik beriň. Eger siz öýlenen ýa durmuşa çykan bolsaňyz, aladalaryňyzy biri-biriňiz bilen paýlaşyň.

Söýgüde her kim has oňat bolup biler, ýöne ol muny diňe öwrense amal edip biler. Erkekler usullara eýermäge ýykgyn edýärler. Olar şeýle pikir edýärler: "Eger soňky on ýylyň dowamynda şeýle ýagdaýda hemme zat oňat bolan bolsa, oňat zady üýtgetmek nämä gerek?" Eý, aýallar, eger haýsydyr bir üýtgeşmeleri isleýän bolsaňyz, bu barada äriňize aýdyň. Mysal üçin: "Maňa boýnumdan ogşanyňda ýaraýar" diýip aýdyň. Äriňizden öz islegleriňizi bilmegi talap etmäň, olara açykdan-açyk aýdyň.

Pynhan gatnaşyklaryny edip bilmedik wagtyňyzda, özüňizi oňat duýar ýaly, günüň dowamynda biri-biriňizi goldaň, biri-biriňiz bilen mähirli boluň. Jyns gatnaşyklary barada gürleşmekçi bolanyňyzda, gezelenç ediň. Şonda hiçiňiz ýalňyş hereket etmeýändigiňiz babatda ynamly bolararsyňyz. Žurnallarda ýazylýanlara ynanmaň; siz jyns gatnaşyklaryňyzy, nikaňyzyň islendik çägini-de öz işleýşiňiz ýaly amal etmäge haklysyňyz.

Eger kömek gerek bolsa, ony agtaryň. Bu pynhan bölümini ünsden düşürmäň. Şu kitabyň ahyrynda biz maslahat berilýän çeşmeleriň sanawyny berýäris. Has köp maglumatlary bolsa öz ýygnagyňyzda alyp bilersiňiz.

Biz bu çäkde hünärmen däl-de, diňe öz tejribämizi we bilýän zatlarymyzy siziň bilen paýlaşýarys. Şonuň üçin-de, biziň maslahatlarymyz diňe kanagatlanmany däl-de, pynhan ýakynlygy isleýän jübütler üçin ýaramly bolar. Biz bir ýanýoldaşyň beýlekiniň isleglerini nazara almaýan ýagdaýlarynyň bardygy bilýäris. Biz munuň örän agyryly bolýan jyns ret edilmesidigini bilýäris. Öz ýanýoldaşyňyzdan ýüz öwürmäň, Hudaýa ýüz tutuň. Onuň huzurynda ýüregiňizi döküň we Onuň nikaňyza şypa berjekdigine iman ediň. Siz ýanýoldaşyňyzdan jyns gatnaşygyny talap etmek bilen gazanan zadyňyz bolmaz.

Biz kynçylyklar möwsüminiň – ýanýoldaşyň argyn ýa-da jyns gatnaşygyny edip bilmejek fiziki ýagdaýlarynyň bolýandygyny hem bilýäris. Şeýle ýagdaýlarda lukman bilen gürleşip, näme edip bolýandygy barada maslahat alyň.

Biz ömürboýy size hemra boljak yşk meýlini ýüze çykarmagyňyz barada dileg edýäris. Hudaýyň mukaddes niýetinde ykrar edilen jyns mirasyňyzyň döremegi üçin dileg edýäris. Goý, bu miras geçmişdäki ýalňyşlar we ýaralar bilen heläklenmesin. Goý, söýgiňiz "tutuş barlygyňyza müdümilik siňsin"!

## 1-nji gün. Günde okamak üçin

# PYNHAN ÝAKYNLYGYNY DABARALAMAK

*...Ýaşlygyňda öýlenen aýalyňa şatlan! Ol perişde kimin görmegeý, bägül kimin owadan – onuň teninden lezzet almagyňy bes etme. Onuň söýgüsini hiç haçan bolmaly zat ýaly kabul etme!*

— Süleýmanyň pähimleri 5:19-20, The Message

Hudaý jyns gatnaşyklary ynsan Erem bagynda heniz günä etmänkä döredipdi. Ol ony maşgalanyň içinde döredipdi we bu örän gowy. Hatda ajaýyp diýseň-de boljak! Erkek bilen aýalyň arasyndaky söýgi we ýakynlyk aragatnaşygynda şundan güýçlüsi ýok.

Siziň nikaňyzda jyns gatnaşygyna bolan garaýyş nähili? Siz oňa Hudaýyň niýetlän pozitiw obrazy ýaly garaýarsyňyzmy? Näme üçin?

__________________________________________________________

__________________________________________________________

__________________________________________________________

__________________________________________________________

Geçmişdäki jyns gatnaşyklaryň nähili bolandygyna garamazdan, Gökdäki Atamyz şuny bilmegiňizi isleýär: Ol siziň öz ýanýoldaşyňyz bilen bolýan jyns gatnaşyklaryňyzy doly makullaýar we siziň pynhan gatnaşyklaryňyzy ýalkaýar. Mukaddes Ýazgylardan jyns gatnaşyklary baradaky parçalary okaň we olar barada oýlanyň:

> Bulagyň suwlary ak pataly bolsun, ýaşlykda öýleneniňe guwan. Ol bir söýgüli jeren, näzik maral ýalydyr, onuň göwüsleri seni gandyrsyn. Mydama keýpli joş!
>
> — Sül. 5:18-19, NLT

> Är öz aýaly babatda, aýaly-da öz äri babatda är-aýallyk borçlaryny berjaý etmelidirler.
>
> — 1 Kor. 7:3, GW

> Goý, nika hemme zat babatda hormat goýulsyn, är-aýal düşegi günä bilen hapalanmasyn (abraýy dökülmesin)....
>
> — Ýew. 13:4, AMP

Hakykaty aýdyň. Siz nika durmuşyňyzda jyns gatnaşyklara haýsy orny berýäňiz? Siz oňa ýöne çydap oňaýaňyzmy ýa-da lezzet alýaňyzmy? Şu aýatlar jyns gatnaşygyna pozitiw garamakda nädip kömek edýär?

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

*Hudaý sagdyn pynhan durmuşynyň beýanatyny Süleýmanyň Nagmalar nagmasynda berýär. Bu gatnaşyklaryň berýän lezzeti baradaky aýatlary, aýratyn hem 4-nji we 7-nji baplary öwreniň we öz görnüşiňizi, umytlaryňyzy Rebbiň niýetlänlerine laýyklykda rejelemegini Ondan diläň.*

Pynhanlyk durmuşynyň iň esasy şerti hormat we abraýdyr. Durmuşyňyzda nika düşegiňizi biabraý edýän ýagdaý barmy?

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Mukaddes Ýazgylaryň giňişleýin terjimesinde Ýewreýlere hatyň 13-nji babynyň 4-nji aýadynda *hormat* sözi diňe är-aýalyň nika düşeklerine hormat goýmalydygyny aňlatmaýar. Ol onuň gymmatly, mynasyp, arzylydygyny hem aňladýar. Öz nikaňyzyň pynhan gatnaşyklaryny goramak üçin nähili çäreleri görmeli? Pynhan gatnaşyklaryňyzy nädip şöhratlandyryp bilersiňiz?

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

# GÖWNI SYNYKLARA ŞYPA BERMEK

*[Reb] göwni synyklara şypa berýär, olaryň ýaralaryny daňýar [agyrylaryny we gaýgylaryna şypa berýär].*

— Zebur 146:3, AMP

Biziň köpimiziň köňlümiz geçmişdäki nädogry çözgütler, şol sanda jynsy günäleri bilen ýaralanandyr. Emma biziň Gökdäki Atamyzyň akyl ýetirip bolmajak paýhasy we Öz Ogly Isa Mesih arkaly biziň bilen gatnaşykda bolmak islegi arkaly bize şypanyň we dikeldilmäniň ýoluny açyp berdi. Resul Pawlus Titusa ýazan hatynda Hudaýyň söýgüsiniň güýjüni şeýle beýan edýär.

> “Birwagtlar biz hem aň-düşünjesiz, boýnuýogyn bolup, ýoldan azaşypdyk, dürli höwesleriň, keýpi-sapanyň gullaryna öwrülipdik, gaharjaňdyk, göripdik we birek-biregi ýigrenýärdik. Emma Halasgärimiz Hudaý, rehimli we bizi söýýän Halasgärimiz gelende, bizi bu zatlaryň baryndan halas etdi. Ol bularyň baryny etdi, bize edere zat galmady. Ol bize oňat hammam berdi, biz hem içimizden-daşymyzdan Mukaddes Ruh bilen ýuwlup, ondan täze adamlar bolup çykdyk. Halasgärimiz Isa Mesih bize täze ýaşaýşy bolluk bilen berdi. *Hudaýyň peşgeşi Onuň bilen gatnaşygymyzy dikeldip, bize ýaşaýşymyzy gaýdyp berdi*” (Tit. 3:3-7, The Message, nygatama awtordan).

Haýsy hem bolsa biriňiziň durmuşyňyzda özüňizi nämynasyp görmäge mejbur edýän we pynhanlykdan lezzet almaga päsgel berýän ýagdaý bolupmydy? Ümsümlikde oturyp, bu barada oýlanyň. Eger Mukaddes Ruh size nämedip bir zatlary görkezýän bolsa, olary ýazyp alyň we olary Oňa tabşyryň.

______________________________________________________________
______________________________________________________________
______________________________________________________________

*Biri-biriňiz bilen pikirleriňizi aç-açan paýlaşyň. Dileg edip, Mukaddes Ruhy çagyryň, synyk göwünleriňize, ynjan ýürekleriňize şypa bermegini, ýitirilen zatlaryň dikeldilmegini Ondan diläň.*

Hudaý diňe açan zadyňyzy mukaddeslemäge taýýardyr. Şonuň üçin-de, dogryňyzy aýdyň. Jyns gatnaşyklaryňyzyň çäginde Ondan gizleýän zadyňyz barmy? Pynhanlyk durmuşyňyzda "Girmek gadagan" diýen ýazgyny asyp goýan çägiňiz barmy? Eger bar bolsa, haýsy çägiňiz? Dileg edip, bu çägi näme üçin ýapandygyňyzy Mukaddes Ruhdan görkezmegini soraň. Onuň size açjak zatlaryny ýazyň.

______________________________________________________________
______________________________________________________________
______________________________________________________________

*...Isa Mesih bilen birigen her täze başlangyjy alýar, ol indi täze ýaradylyşdyr. Köne durmuş geçip gitdi, täzesi pyntyklaýar! Oňa serediň!*

— 2 Korintoslylar 5:17, The Message

Biz ýüreklerimizi Rebbe tabşyranymyzda, şypa alyp, gaýtadan bütewi boldy. Ine, dileg edip, geçmişiňizi Hudaýa tabşyrmagyňyzyň netijesi şeýledir. Indi bolsa Mukaddes Ýazgylaryň şu parçalary barada oýlanyp görüň: Kanun taglymaty 6:5; Zebur 119:2; Süleýmanyň pähimleri 3:5-8; Ýermeýa 29:11-14; Mark 12:29-30. Mukaddes Ruh şu aýatlar arkaly siziň nikaňyz we jyns duýgurlygyňyz barada näme aýdýar?

______________________________________________________________
______________________________________________________________
______________________________________________________________

# PYNHAN GATNAŞYKLARDAKY AZATLYK

*... Mesih bilen ýaşaýan adam günä etmegi bes eder...*

— 1 Ýoh. 3:6, GNT

Biz Isa Mesih bilen bolýan pynhanlygy Mukaddes Ruh arkaly alýandyrys. Bu pynhanlyk bizi her günäden azat bolmagymyza esas bolup durýandyr. Pynhanlyk – bu *ysnyşykly ýakynlykdyr*, muny Dawut pygamber, resul Pawlus we Meryem dagy agtarýardylar. Pynhanlyk "Isa Mesihde bolmaklygy" aňladýar. "*Isa Mesihde bolmak*" jümlesi Täze Ähtde ýüzlerçe gezek ulanylýar. Isa Mesih pynhanlygy "Onda *mesgen tutmak*" diýip beýan edýär. Biz Isa Mesih bilen şeýle pynhan gatnaşyklara nädip ýetirp bileris? Olary nädip dowam edip bileris? Isa Mesihe yzygiderli üns bermek arkaly ýetip bileris.

> "Pynhan ýer biziň senenamalarymyzda we iş tertibimizde iň ileri orny eýelemeli, sebäbi bu pynhanlygyň döreýän ýeridir... Şalygyň çäksiz güýji diňe hakykatdan-da yhlas edýän we Rebbimiz Isa Mesih bilen *şahsy söýgi gatnaşyklaryndan* güýç alýan adamlar üçin elýeterdir".
>
> — Bob Sorj

Günäden azatlyk Isa Mesih bilen şahsy gatnaşyklardan gelýändigi gürrüňsizdir. Şunlukda, siz Onuň bilen gatnaşygyňyzy nähili beýan ederdiňiz? Siz Onuň bilen gatnaşykda bolmak üçin näçe wagty we ünsi sarp edýäňiz? Bu ýygy-ýygydan bolýarmy? Onuň huzuryny agtarmaga nämeler höweslendirýär? Siziň dilegleriňiziň köp bölegini nämeler düzýär: maddy zatlary edinmek islegimi ýa-da Hudaýy tanamak islegi?

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Eger siz Isa Mesih bilen ýakyn gatnaşygy hemme zatdan ileri tutmaýan bolsaňyz, özüňizi ýazgarmaň. Ýöne Oňa dogryňyzy aýdyp, Onuň merhemetini diläň. Şeýle sözler bilen dileg ediň: “Ýa Reb, men Seni söýýän we Seni tanasym gelýär. Ýöne edil şu wagt Seniň bilen gatnaşygym isleýşim ýaly däl. Maňa Seniň kömegiň gerek. Seni tanamaklygyň ajaýyp gymmatlygyny görerim ýaly, gözlerimi aç. Maňa öz ýüregimi görkez. Seni ilkinji orna goýmagyma nämeler päsgel berýär? Saňa bolan yhlasymyň uçgunlap tutuşmagy üçin men näme etmeli? Men Seniň danalygyňy we merhemetiňi dileýärin. Rebbimiz Isanyň ady bilen dileg edýärin, omyn!”

Ümsümlikde oturyp, Mukaddes Ruhuň size aýtjaklaryny diňläň. Aýdanlaryny ýazyp alyň we olary berjaý edip bilmegiňiz üçin Onuň merhemetini diläň.

**Hudaýy ilkinji orunda goýmagyma päsgel berýän zatlar:**

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

**Hudaý bilen pynhan gatnaşyklary ýola goýmakda meniň etmeli zatlarym:**

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

## HUDAÝ BILEN IKIÇÄKLIKDE GALYŇ

Isa Mesih bilen pynhan gatnaşyklary açmagyň iň oňat usuly – Onuň ýüregi bilen duşuşyp, azatlygyň täze derejelerini başdan geçirmek. Munuň üçin bir ýerlere gidip, wagtyňyzy dileg etmäge we

Onuň bilen söhbetdeşlige bagyş edip bilersiňiz. Öz ýygnagyňyzyň agzasy hökmünde başga ýerlerde geçirilýän “Hudaý bilen duşuşyk” atly duşuşyklara gidip bilersiňiz. Bu duşuşyga ýanýoldaşyňyz bilen özbaşdak gidip bilersiňiz. Iş-aladalardan birnäçe gün üzňe bolup, Hudaýyň huzurynda geçirilen birnäçe gün durmuşyňyzy we nikaňyzy müdimilik özgerdip biler.

Hudaý bilen bolmak üçin başga ýere gitmäge wagt belläň. Muny öz senenamaňyzda meýilleşdirip, ony hemme zatlardan ileri goýuň. Şol döwürde başga hiç zat meýilleşdirmäň, ünsüňizi başga zatlara sowmaň, diňe Mukaddes Ýazgylary, depder we galam alyň. Hudaýyň Öz ýüreginiň ýagşylygyny üstüňize boldan-bol ýagdyrmagyna taýyn boluň!

**Özüňiz üçin pynhan ýeriň täsinliklerini açyň.** Şu aýatlary okaň: 1 Ýyl ýazgylary 16:27; Zebur 16:11; 27:4-6; 31:19-20; 91:1-16; Işaýa 40:31; Ýohanna 15:4-8; Ýewreýler 4:16.

## 4-nji gün. Günde okamak üçin

# DOGRY HÖWESLERI ÖSDÜRMEK

*“Size şuny aýdasym gelýär: [elmydama] Mukaddes Ruhuň ýörelgesinden ýöräň [Oňa jogap beriň, Onuň gözegçiligine we idegletmesine tabyn boluň]. Şonda siz ynsan höweslerine [Hudaýay tanamaýan ynsan tebigatyna] eýermersiňiz”.*

— Galatýalylar 5:16, AMP

Nika päkligi Isa Mesihiň Öz Gelinliginde görmek isleýän päkligini şöhlelendirmelidir. Jyns höweslerinde utanar ýaly zat ýok, Hudaý olary döretdi we nagmalarda wasp edýär! Emma erbet işler we ýaramaz täsirler nikamyzy biabraý edenlerinde, olar pynhanlyga garşy gozgalaň turzup, Hudaýyň oňat diýýänleriniň manysyny ýoýýarlar. Dogry höwesleri ýetişdirmegiň açary öz ynsan tebigatyňy aç saklap, ruhuňy doýurmakdadyr.

> Mukaddes Ýazgylaryň bize jyns gatnaşyklara oňat we pozitiw garaýyşlary berýändigi şübhesizdir (mysal üçin, Nagmalar nagmasy). Hudaýdan alan aýanlyklaryny Mukaddes Ýazgylara ýazan awtorlar jynsy günäniň duzagynyň nämedigine we Hudaýdan alan peşgeşimizi haraplama ukybymyzy bilýärdiler.... Hut şoňa görä-de, jyns höwesleriniň ummanyndan ýüzmek üçin, nika birligi gerekdir. Olar diňe nikada ruhy ähmiýete we gymmatlyga eýe bolýandyrlar”.
>
> — Gari Tomas

Gözleriňizden we gulaklaryňyzdan geçirýän zatlaryň soňabaka aňyňyza we ýüregiňize ornaşar. Siziň gözleriňiz we gulaklaryňyz ruhuňyzyň we köňlüňiziň gapylarydyr. Siziň görýän zatlaryňyzyň bary ýa ynsan tebigatyny ýa-da ynsan ruhuny iýmitlendirýändir.

Säginiň-de, oýlanyň. Siz haýsy usullar arkaly ynsan tebigatyňyzy iýmitlendirýärsiňiz? Durmuşyňyzda erbet höwesleri döredeýän

filmler, aýdymlar, teleşowhunlyklar orun eýeleýärmi? Siz aňyňyzy we ýüregiňizi hapalaýan žurnallary, kitaplary ýa-da internet saýtlary okaýarsyňyzmy? Dostlaryňyz we olaryň täsiri babatda nähili? Olaryň arasynda erbet endikleri we hereketleri oňlaýanlar barmy?

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________________________

Size erbet täsirini ýetirýän zatlary açyp görkezmegini Mukaddes Ruhdan soraň. Ol size kimden ýa-da nämeden araňyzy açmalydygyňyzy aýdýar?

Biziň edim-gylyklarymyz öz aňymyzy Hudaýyň Sözi bilen täzelänimizde özgerýär. Şu aýatlar barada oýlanyň:

> ...Hudaýyň sözi janly hem täsirlidir, her bir iki ýüzli gylyçdan kesgirdir. Ol jan bilen ruhy, bogunlar bilen ýiligi ikä bölýändir. Kalbyňdaky ähli pikirleri we niýetleri aýan edýändir.
>
> — Ýewreýlere 4:12

> Şonuň üçin hem ahlak hapalygyny we her dürli ýamanlyk galyndysyny zyňyp taşlaň-da, Hudaýyň kalbyňyza eken sözüni pespällik bilen kabul ediň. Bu söz janyňyzy halas etmegi başarýandyr.
>
> — Ýakup 1:21

> Meniň sözüm ot kimin [synagdan geçmeýän her zady ýakyp köýdürýän], gaýany [iň berk galany] bölek-bölek edýän tokmak kimin dälmidir?
>
> — Ýermeýa 23:29, AMP

**Şeýle-de, şu aýatlar barada oýlanyň:** Ýeşuwa 1:8; Zebur 1:1-3; 119:103; Ýermeýa 15:16; Rimliler 12:1-2; Koloseliler 3:1-5; 1 Petrus 2:2.

Siz Hudaýyň Sözüniň jyns gatnaşygy, pynhanlyk we mukaddeslik baradaky hakykaty bilen öz ruhuňyzy anyk nähili

iýmitlendirýärsiňiz? Siz hakykat bilen iýmitlendirmäni nädip güýçlendirip bilýärsiňiz? Mukaddes Ruha dileg ediň. Ondan öz ruhuňyzy iýmitlendirmegiň amaly döredijilikli usullaryny we dogry höwesleri ösdürmegiň tärlerini görkezmegini soraň.

____________________________________________________

____________________________________________________

____________________________________________________

*Eger siz Mukaddes Ruhdan sorasaňyz, Ol size höwesleri mukkadeslikde ösdürmegiň we nikaňyzyň pynhanlygyny çuňlaşdyrmagyň tärlerini size görkezer.*

# SÖBETDEŞLIK WE PYNHANLYK

*... Hakykaty söýgi bilen aýdyp, bedeniň Başy bolan Isa Mesih bilen gatnaşygymyzda doly kämilleşeris.*

Efesliler 4:15, GW

Söhbetdeşlik - nikanyň her möwsüminde ajaýyp jyns gatnaşyklarynyň açarydyr. Maşgala jübütleriniň köpüsinde pynhan gatnaşyklar "bilimsizlikden weýran edilýär" (ser. Hoşeýa 4:6). Eger ýanýoldaşlar öz tamalary we halaýan zatlary barada yzygiderli söhbet etmeseler, kynçylyklar uzak garaşdyrmaz. Öz jyns islegleriňiz biri-biriňize söýgi bilen aýtsaňyz, Hudaýyň siz üçin niýetlän nika belentliginde ösersiňiz. Awtorlar we spikerler Bob we Odri Meýsner şeýle düşündirýärler:

> "Biri-biriňiz bilen ýürekdeş dost boluň, aýdyň boluň – bular siziň jyns lezzetleriňizi baýlaşdyrarlar... Biri-biriňiziň nämä garaşýandygyňyzy, kynçylyklaryňyz baradaky aç-açan söhbetdeşlik jyns gatnaşyklaryňyza ýylylyk goşar. Goý, siziň üçin ýanýoldaşyňyzyň düşünmesi ileri bolsun. Ol sizden öz jyns islegleri, kuwwatlylygy we hereketleri bilen tapawutlanýandyr. Sabyr-takatly boluň: biri-biriňiziň ähli pynhanlyklaryny bilmek üçin, bir ömür gerek bolar".

**Sözlemleri tamamlaň:**

"Men şu möwsümde jyns gatnaşyklarymyz üçin iň amatly wagt diýip, şuny hasap edýärin: ____________________________________________."

"Meniň ýanýoldaşym jyns gatnaşyklary üçin şu wagtda (gündiz, agşam we başg.) özüni has erkin duýýar: ____________________________________________."

“Nikamyzyň möwsüminde yzygiderli jyns gatnaşyklary üçin iň uly päsgelçiligi şu(lar) döredýär diýip hasap edýärin:
________________________________________________________.”

“Jyns gatnaşyklary babatda ýanýoldaşym bilen şu pursatda paýlaşmaly iň wajyp zadym:
________________________________________________________.”

**Ýanýoldaşym bilen jyns gatnaşygynda meniň iň halaýan zadym:**

_________________________________________________________
_________________________________________________________
_________________________________________________________
_________________________________________________________

**Ýanýoldaşym bilen jyns gatnaşygynda meniň iň halamaýan zadym:**

_________________________________________________________
_________________________________________________________
_________________________________________________________
_________________________________________________________

*Siz öz ýanýoldaşyňyz bilen jyns gatnaşygyňyzda halaýan we halamaýan zatlaryňyz barada aç-açan gürleşip görüpmidiňiz? Biri-birimiziň pikirlerini okamak ukybymyzyň ýoklugy üçin, size ikiçäklikde duşuşyp, söhbet eder ýaly wagty we ýeri meýilleşdirmegi maslahat berýäris. Ýatda saklaň, siz hakykaty söýgi bilen aýtmalysyňyz, ýanýoldaşyňyzyň isleglerine we mätäçliklerine düşünip, olaryň gadyryny bileriňiz ýaly, Hudaýdan merhemet bermegini diläň.*

*Eý, är,* sen dogrudan-da öz işiňe we çagalaryňa köp üns berip, aýalyňa az üns berýärmiň? Onuň jyns mätäçliklerine has oňat hyzmat ederiň ýaly näme edip bilýärsiň? Özüňi aýalyňyň öňünde pespäl tutda, onuň pikirini bil. Soňra bu barada bile dileg ediň.

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

*Eý, aýal,* maşgalaň we işiň seniň üçin äriň bilen pynhan ýakynlykdan has wajyp bolandygy dogrumy? Onuň jyns isleglerini has oňat nädip hyzmat edip bilersiň? Özüňi äriňiň öňünde pespäl tutda, onuň pikirini bil. Soňra bu barada bile dileg ediň.

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

*Eger siz şu kitaby "Messenger" hyzmatynyň "Nika baradaky wakanyň" materiallarynyň bir bölegi hökmünde okaýan bolsaňyz, 5-nji wideosapagy görüň.*

1| Gelip çykyş kitabynda aýdylyşy ýaly, Hudaý erkegi toprakdan ýaradyp, soňra aýaly ýaradýar we ony erkegiň ýanyna eltýär. Gelip çykyş 2:21-25 aralygyny ünsli okaň. Erkek aýaly ilkinji gezek görendäki täsirinde haýsy zat üýtgeşik bolup görünýär? Olar Hudaýyň tabşyrygyny bozanlaryndan soň näme üýtgedi? (ser. Gelip çykyş 3:6-8)

2| Siz Hudaýyň rehim-şepagatynyň, bagyşlamasynyň we merhemetiniň bize şu günki günde elýeter bolup, islendik günäni ýeňmäge kömek edýändigine ynanýarsyňyzmy? Eger şeýle bolsa, onda näme üçin köp adamlar jynsy günäden azat bolup bilenoklar? Eger siz şeýle adam bilen söhbetdeş bolan bolsaňyz, onuň geçmişdäki günälerinden boşanyp, Hudaýyň bagyşlamasyny we merhemetini alyp bilmegi üçin, oňa nähili göwünlik bererdiňiz?

3| Nika düşegini hormatlamak näme? Muny öz sözleriňiz bilen düşündiriň. Ony nähili amal edip bolýar? Ony nädip biabraý edip bolýar?

4| Mukaddes Ýazgylar adamyň duýup bilýän iki gynanjy: dünýäden we Hudaýdan bolan gynançlar barada aýdýar. Olaryň tapawudy barada pikir alşyň we ikisiniň-de häsiýetini we berýän netijesini aýdyň?

| DÜNÝÄDEN GELÝÄN GYNANÇ | HUDAÝDAN GELÝÄN GYNANÇ |
|---|---|
| ____________ | ____________ |
| ____________ | ____________ |
| ____________ | ____________ |
| ____________ | ____________ |

5| Hudaý bilen pynhanlyk – ähli günälerden, şol sanda jynsy günälerden azat bolmagyň şerti. Ümsümlikde oturyp, oýlanyň. Eger siz uzak wagtlap azat bolan bolup, günäleriňizden öz başarnyklaryňyz arkaly boşanan bolsaňyz, nämeler bolardy? Bu ýagdaý siziň Hudaý we adamlar bilen gatnaşygyňyzy nähili üýtgederdi?

**Oýlanyp görüň:** *Ynsanyň tebigatynda haýsydyr bir gymmatlyk barmy? Şu aýatlary okaň:* Rimliler 7:18; Ýohanna 15:5; Filipililer 3:3; 1 Korintoslylar 10:12.

6| Hudaý bilen saklaýan pynhan gatnaşyklaryňyzdan başga, gözleriňiz bilen gulaklaryňyzy, şeýle-de ýüregiňizi we kalbyňyzy erbet pikirlerden, jemgyýetiň teklip edýän edimgylyk standartlaryndan goramak üçin nähili amallar bar? Şahsy durmuşyňyzda we jemgyýetçilik durmuşynda nämeleri edip bolar? Teklipleriňizi aýdyň.

*Şu aýatlar barada oýlanyň:*
“Men göz alnymda ýaman zada ýol bermerin, ...” (Zebur 100:3, NLT)
“Boý gyza gyýa göz bilen bakmajagyma ant içdim.” (Eýýup 31:1, NLT)

7| Jynsy taýdan arassa bolmagyň syry – nikada jyns taýdan kanagat tapmak. Hudaýyň resul Pawlus arkaly 1Korintoslylar 7:2-5-de berýän öwütlerini ünsli okaň. Mukaddes Ruh şu aýatlaryň hersinde nämeleri açyp görkezýär? Bu parça siziň jyns gatnaşyklaryna we ýanýoldaşyňyza etmeli hyzmatyňyza bolan garaýşyňyzy nähili özgerdip bilýär?

**Liderlere:** Toparyňyzyň agzalaryny Mukaddes Ýazgylaryň şu parçasyny The Message terjimesinden okamaklaryny haýyş ediň.

## BABYŇ JEMLERI:

- Hudaý nikada ajaýyp jyns gatnaşyklaryňyzyň bolmagyny isleýär. Olar Onuň nika düşegini päklikde we halallykda saklamaga bolan çagyryşyndan başlaýar.
- Günäniň we zorlugyň utandyrmalaryna sizi är-aýal pynhanlygyndan we jyns lezzetinden mahrum etmegine ýol bermäň. Hudaý ähli ýaralaryňyza şypa berip, siziň bütewi bolmagyňyzy isleýär.
- Hakyky söýgi pynhanlyklary är-aýal biri-biriniň göwnüni tapmaga ymtylanlarynda bolýandyr. Jyns pynhanlyk sizi ýanýoldaşyňyz bilen beden, duýgy we ruhy taýdan birikdirýändir.
- Eger biz hemme zadyň merkezinde özümizi goýsak, onda bu Hudaý bilen pynhanlygymyza päsgel berip, Onuň özgerdiji güýjüniň öňüne böwet bolar. Emma ähli zadyň merkezinde Hudaýy goýsak welin, onda Onuň bilen pynhanlyk durmuşymyzdaky Onuň güýjüni artdyrýandyr.
- Biz Mukaddes Ýazgylary okap, wagtymyzy Hudaýyň huzurynda geçirenimizde, aňymyz täzelenýär, ýüregimiz arassalanýar. Mukaddes Ruhuň eken we ykrar eden Hudaýyň Sözi bizi jynsy günäden azat edýär.
- Nikanyň her möwsümi dürli-dürlüdir. Bu dürli möwsümleriňizdäki pynhan gatnaşyklaryňyzyň hem dürli boljakdygyny aňladýar. Her möwsümiň öz kynçylyklary we şatlyklary bar. Jyns gatnaşyklaryňyz barada biri-biriňiz bilen açyk we yzygiderli gürleşiň, biri-biriňize ýakynlaşmaga kömek ediň.



ALTYNJY BAP

# Gaýtadan başlaň

*Elmydama bagtly bolmagyň ýeke-täk usuly bar: her gün bagtly bolmaly.*

— Margaret Bonanno

## 1-nji gün

Biziň ogullarymyz kiçikä, men (Liza) olara bir garyp bagban barada halk ertekisini okap berýärdim. Onuň uly arzuwy – alma bagynyň düýbünden hazyna tapmak arzuwy bardy. Ol bagyň nirededigini anyk bilmese-de, şol arzuwy ýüregini umytdan doldurýardy.

Bu adamyň bir uly bagy bardy. Ol hasyl getirmegi bes edensoň, garyplyk öýüniň bosagasyndan ätläpdir. Bu adamyň arzuwy ýokka, ol bagy satmak isleýärdi, ýöne arzuwy peýda bolandan soň, ol yhlasly zähmet çekip başlaýar. Ol arzuwlaýan bagyny tapmak üçin der döküp işlemelidigine düşünýärdi. Ol yhlas bilen işe ýapyşyp, her alma agajynyp düýbüni gowy edip gazmaga başlaýar. Köp gazdygyça, hazynany tapmak mümkinçiligi-de artýardy. Emma iň soňky bagyň düýbüni gazandan soň hem hiç zat tapmansoň, ol gama batyp, lapykeç bolýar.

Bu garyp öz hazynasyny diňe indiki baharda tapýar.Ol bagynda aýlanýardy, gülleýän alma agaçlaryň bark urýan ysyndan kalby heýjana gelýärdi. Köne baglaryň hemmesi gülläp, ajaýyp dona beslenen ýalydy. Olaryň her biri bark urup, güýzüne bol hasyl berjekdigini habar berýärdi.

Bu adam arzuwlaýan hazynasyny özünde ozal bar bolan zady idedip başlandan soň tapdy. Ol her bagyň düýbüni gazyp başlanda, bilmezden bagyň düýbündäki topragy ýumşadýardy, ony howa bilen baýlaşdyrýardy. Bagbanyň yhlasly zähmetiniň netijesinde agaçlaryň täze hasyl möwsümi başlandy. Ozal hasylsyz bolan hasyl berip başlady. Şol ýyl we ondan soň köp ýyllar bagban öz maşgalasy bilen hatda arzuwlap-da bolmajak hasyldan lezzet aldylar.

Biz şu kitabymyza syýahaty başlamyzda, nika birligini bag bilen deňeşdiripdik. Toprak gaty bolanda, bagyň kökleri onuň güllemegi üçin zerur bolan suwy we ýokumly maddalary ýeterlik alyp bilmeýär. Kitabyň ilkinji bäş babynda biz topragy nädip ýumşatmalydygyny aýtdyk. Öýke-kineleriň, gorkynyň, egoizmiň heläkleýji netijelerini aýyrmak bilen, siz kökleri howa we ýokumly maddalar bilen üpjün edersiňiz. Arzurlaryňyzy we gymmatlyklaryňyzy, nikadaky rollaryňyzy we maksatlaryňyzy ykrar etmek kararlary arkaly siz öz şahalaryňyzda umyt wadalaryny görersiňiz we hazyna taparsyňyz.

Nikalaryň her biri heniz göze görümeýän hasyl wadalaryna ýapyşýandyr. Biz öýümizi we ýüregimizi goramak arkaly öz etmeli paýymyzy bitirýäris, Hudaý bolsa ýalkanyşlara biziň maşgalalarymyza ýagmagy buýrup, Öz paýyny bitirýär. Isle näzik baldajykly şaha bolsyn, isle-de berk sütünli äpet agaç bolsun, isle-de kiçijek tohum bolsun – parhy ýok, hemmesiniň içinde güýç bardyr. Biziň Hudaýymyz hasyl bitmeýän ýerlerden bolelin hasyl öndürýär. Ol köne zatlary täzeleýär, öli zatlary direldýär.

## Ähli zady täzelemek

*Söýgi geçmişi öçürmeýär, ol gelejegi özgerdýär.*
— Gari Çapmen

Geliň, gaýtadan, hemme zadyň başlanan bagyna soňky gezek dolanalyň.

> "Hudaý Öz keşbinde ynsanlary ýaratdy. Ol olary Öz keşbinde, Onuň tebigatyny şöhlelendirýän edip ýaratdy; olary erkek we aýal edip ýaratdy. Hudaý olara ak pata berip, şeýle diýdi: 'Örňäň! Köpeliň! Ýer ýüzüni dolduryň! Oňa eýeçilik ediň! Balyklaryň, guşlaryň we ýer ýüzünde hereket edýän bütin jandarlaryň üstünden höküm sürüň!'" (Gelip çykyş 1:27-28, The Message).

Hudaýyň biz babatdaky maksady hemişe şeýledi. Biziň geçmişimiz, gorkularymyz, daşky gurşawyň ýagdaýynyň üýtgemegi Ýaradanyň ilkibaşdaky niýetini zäherläp, üýtgetdiler. Siz Erem bagyndaky tabşyryklaryň size hem degişlidigine ynanaradan uzak bolmagyz ahmal. Emma batyrgaý çemeleşiň! Her bir durmuş we her bir nika gaýtadan doglup, täze durmuşy başlap bilýändir.

> "Tagtda Oturan: 'Ine, ähli zady täzeleýärin' diýdi" (Aýanlyk 21:5).

Hudaý könäni täzelemek bilen çaklenmeýär. Ol hemme zady täzeden ýaradýar. Ol Erem baglaryny – biziň günä etmegimiziň nyşanyny alyp, olary gaýtadan döretdi. Ol Ogly Isa Mesihiň bizi Öz öýünde – baky şäherinde garşy alary ýaly, Ony ölüm agajyndan geçirdi. Şol baky şäherdäki ýaşaýyş agajynyň ýapraklary ähli halklara şypa üçin berlendir. Biziň ýitiren zatlarymyzyň arasynda Hudaýyň gaýtaryp bilmejek zadyň ýekejesi-de ýokdur. Bu maşgalalarymyz babatda hem degişlidir. Biz gaýtadan başlap bilerimiz ýaly, Ol hemme zady täzeleýär.

Geçen zatlar yzda galdy. Ol ýyl ýazgylarynyň jümmüşinde gömüldi, ynsan indi oňa ýetip bilmez. Emma wagtyň çäklerinden

daşda bolan Hudaý bardyr, Onuň üçin çäklendirmeler ýokdur. “Beýik hem belent Bolan, ebedi Ýaşaýan” Oldur (ser. Işa. 57:15). Hudaý geçmişdäki islendik günämizi ýuwar. Sebäbi Ol gelejegimiziň wakasyny ýazýar. Hudaýyň Şalygynda düýnki meýilnamalar ertirkilere päsgel bermeýär. Onuň merhemeti her gün täzelenýär, Onuň wadalary bize garaşýar. Ol söýýär we mümkin däl zatlary mümkin etmegi tüýs ýürekden isleýär.

> “Bizde işleýän gudratyna görä, Hudaý her bir haýyşymyzdan, oýlanyşymyzdan hem has ýokary zatlary etmegi başarýandyr” (Efes. 3:20).

Hudaýyň her biriňize we ýanýoldaş hökmünde ikiňize berip bilýän hasyllygy, netijeliligi we dolulygy ynsanyň akyl ýetirerinden juda ýokarydyr. Geçen günleriň ýa-da hepdäniň dowamynda öz nikaňyz babatda ýazan arzuwlaryňyz, maksatlaryňyz we islegleriňiz barada oýlanyň. Ol bu aýanlyklary berjaý etmek bilen çäklenmez. Ol mundan has artyk etmek isleýär. Nikaňyz Hudaýyň Gökdäki Şalygyny ykrar etmegi üçin, Ol siziň pynhanlygyňyzy berkidip, täsiriňiziň giňeltmek isleýär. Ol size we siz arkaly düýpli täsir etmek isleýär. Siz başdaky baplary okaýarkaňyz, arzuw etmäge çekinen bolmagyň ahmal. Eger şeýle bolsa, onda edil şu wagt batyrgaýlyk bilem arzuw ediň!

Hudaý hiç bir işde we hiç bir zatda biziň kömegimize mätäç däldir. Ol biziň hyzmatdaşlygymyza şatlanýar. Ol biziň kömegimize mätäç däl, ýöne biziň hem hyzmata goşulmagymyzy isleýär. Biz mümkin däl zatlary mümkin etmäge gatnaşyp bilýäris. Şindi, nikada täze durmuşy başlaýan pursadyňyzda, biz size şuny aýtmak isleýäris: häzirki wagtda mümkin däl bolup görünýän zatlara ymtylyň.

Mümkin däl zatlara ýetip bolýandygyny görkezýän bir wakany ýatlaly. Bu taryhyň ýakymsyz bir döwründe – adamlaryň Hudaýa garşy baş galdyryp, ýer ýüzüni dolduryň diýen buýrugyny bozmakçy bolan döwürlerinde bolup geçipdi.

Şonda adamlar ýer ýüzüne ýaýramaga derek bir ýerde üýşdülerde, edil Adam ata bilen How enäniň Erem bagynda bolşy ýaly, Göklere ýetmek üçin minara gurmakçy boldular. Siz, belki, Hudaýyň Babyl minarasynyň gurluşygy babatda nähili hereket edendigini bilýänsiňiz.

> "Reb ynsanlaryň gurýan galasyny hem-de minarasyny görmek üçin aşak indi. 'Görsene, *olar bir halk, olaryň dilleri-de bir*. Bu olaryň niýetiniň başlangyjydyr; *indi olaryň niýetlän zatlarynyň arasynda mümkin bolmajagy ýokdur*. Geliň, aşak ineliň-de, biri-biriniň gepine düşünmez ýaly, olaryň dilini garyşdyralyň' diýdi. Şeýdip, Reb ynsanlary bütin ýer ýüzüne dargatdy; olar gala gurmalaryny bes etdiler. Şoňa görä-de, şol gala Babyl diýip at dakyldy, çünki Reb şol ýerde ähli ynsanlaryň dilini garjaşdyryp, olary bütin ýer ýüzüne dargadypdy" (Gelip çykyş 11:5-8, ESV, nygtama awtordan).

Hudaý bu minaranyň gurluşygyny meýilleşdirmändi, ýöne olaryň zähmetini hem weýran etmändi. Olaryň bu zähmeti iki şert: "bir halk", "dilleri-de bir" arkaly maksatlaryna ýetirjekdi. Eger şu iki şert mümkin däl zatlary hatda Hudaýyň erkine garşy bolanda hem mümkin edip bilýän bolsa, onda Isa Mesihde bir ten bolan iki adam gör bak nähili sepgitlere ýetip biler!

Siz Hudaýyň nikaňyz üçin taýýarlan zatlaryny "çendenaşa bolluk bilen" alyp, gaýtadan başlanyňyzda, umumy maksat we bir dil uly ähmiýete eýe bolar. Geliň, şu iki şerte-de garap geçeliň. Ilki bilen dil şertine garaly.

## 2-nji gün

## Gökleriň dili

"…Ynsanyň dili ýüreginden joşanyny sözleýändir" (Luka 6:45).

Şu kitabyň başyndan bäri ilki bilen Hudaýyň Sözüne ýüregiňizde işlemegine ýol bermelidigiňizi gaýta-gaýta aýdyp gelýäris.

Özgerişliler diňe Onuň Ruhuna tabyn bolup, özümizi Onuň Sözüne tabşyranymyzdan soň amal bolup başlaýar. Ozal aýdyşymyz ýaly, içki özgerişlikler amala aşmazdan, edim-gylyklarda özgerişlikler bolup bilmez. Emma içki dünýäňiz özgerip başlanda welin, daşky dünýäňiz hem özgerýändir. Siziň sözleriňiz Hudaýyň ýüregiňizdäki işleriniň ilkinji tassyklamasy bolar.

Her dürli ýagdaýda öňümizde iki saýlaw: ýa gökler dilinde, ýa-da ýerdäki dilde gürlemek saýlawymyz bar. Ýerdäki dil görünýän zatlary beýan edýär. Gökler bolsa hakykat Gözbaşyndan ylhamlanyp gürleýärler.

> "Meniň pikirlerim siziň pikirleriňiz däl, siziň ýollaryňyz Meniň ýollarym däl" – Muny Reb aýdýandyr. "Gökler ýerden nähili beýiklikde bolsa, Meniň ýollarym-da siziň ýollaryňyzdan, Meniň pikirlerim-de siziň pikirleriňizden beýikdir. Ýagşyň, garyň göklerden inip,ýeri suwaryp, ony önümli, hasylly edip, ekene tohum, çörek iýýäne çörek berýänçä, yzyna dolanmaýşy dek, Meniň agzymdan çykýan sözüm-de şeýle bolar; Ol Maňa boş gaýdyp gelmez, maksadymy ýerine ýetirer, etsin diýip iberen işimde üstünlikli bolar" (Işaýa 55:8-11).

Hudaýyň dilinde gürlemek üçin, biz Onuň Sözüni bilmeli. Ol siziň aýanlygyňyzy özgerder, göze görünmeýän zatlary gördürer we heniz bolmadyk zatlary aýtdyrar. Ol biziň sözlermizi iman diline geçirýär. Bu dil ýöne pozitiw garaýyşdan ýa-da emosional umytlylykdan has uludyr. Bu dil berlen wadalaryň amal aşjakdygyna berk ynanýandyr.

Ine, gökleriň dili bilen ýerdäki diliň arasyndaky tapawutlaryň birnäçesi:

> Ýerdäki dil: "Aýrylyş" diýýär. Gökler dili bolsa: "Birleş" diýýär.
> Ýerdäki dil: "Umyt ýok" diiýär. Gökler dili bolsa: "Ähli zat mümkindir" diýýär.
> Ýerdäki dil: "Ret et" diýýär. Gökler dili bolsa: "Kabul et" diýýär.

> Ýerdäki dil: “Sen maňa bergili!” diiýär, Gökler dili bolsa: “Men saňa meýletinlik bilen berýän” diýýär.
> Ýerdäki dil: “Ar al” diýýär. Gökler dili bolsa: “Bagyşla” diýýär.
> Ýerdäki dil: “Men seniň guluň bolmaryn” diýýär. Gökler dili bolsa: “Men seniň hyzmatkäriň bolaýyn” diýýär.
> Ýerdäki dil: “Men seniň ejizlikleriňi ýigrenýärin” diýýär. Gökler dili bolsa: “Men seniň gujur-gaýratlydygyňy bilýärin, söýgim bolsa ejizlikleriňi örter” diýýär.
> Ýerdäki dil: “Sen meniň mätäçliklerimi kanagatlandyrmaýarsyň” diiýär. Gökler dili bolsa: “Men seniň mätäçlikleriňi kanagatlandyrasym gelýär” diýýär.

Bu sözler sizi öz-özlerinden ylhamlandyryp bilerler, ýöne olar kökleri bilen Hudaýyň Sözüne ornaşanlarynda, güýjeýärler we dowam edýärler. Biz sizi gökleriň dilini öwrenmegä höweslendirýäris, Mukaddes Ýazgylar bilen hyzmatdaş boluň, Hudaýyň Sözüni öz nukaňyza kabul ediň we ykrar ediň. Biz Hudaýyň halky hökmünde biz şulary bilýäris: “ýeňil we wagtlaýyn muşakgatlarymyz bize juda ajaýyp, beýik we baky şöhrat gazandyrar. Şonda bu muşakgatlar edil bolmadyk ýaly bolar. Biz nazarymyzy görünýän zatlara däl-de, görünmeýän zatlara dikýäris. Sebäbi görünýän zatlar wagtlaýyn, görünmeýän zatlar bolsa bakydyr” (2 Kor. 4:17-18).

Diliň ýaşaýyş we ölüm ygtyýary bardyr, biz iman arkaly hatda ýok zatlary bar diýip ykrar edip bilýäris (ser. Sül. 18:21 we Rim. 4:17). Goý, Hudaýyň Sözi siziň dünýäňize şekil bersin.

## Hakykaty aýtmak

> “...Hakykaty söýgi bilen aýdyp, bedeniň Başy bolan Mesih ýaly hemmetaraplaýyn kämilleşeris” (Efes. 4:15).

Gökleriň dilinde gürlemek – elmydama hakykaty aýtmagy aňladýar. Ýöne hakykaty aýtmagyň her täri dogry däldir. Hudaýyň dilinde aýtmaklyk – hakykaty *söýgi bilen* aýtmagy aňladýandyr.

Köp jübütler şu iki tärden birini saýlap, ýalňyşýarlar. Käbir ärler we aýallar Hudaýyň Sözüni ýanýoldaşlaryny hüjüm etmek ýa-da olary kemsitmek üçin ulanýarlar. Olar hakykaty gaharlanyp, öýke-kineden ýa-da ar almak maksady bilen aýdýarlar. Başga birleri bolsa öz ýanýoldaşlaryny ynjatmajak bolup ýa-da öýde dartgynlygy döretmejek bolup, hakykaty basyryp gezýärler. Olar söýýän kişi bolup, söýgülerini diňe ýüzleý görkezýärler. Wagtyň geçmegi bilen bu ýagdaý uly göwnüçökgünlige we öýke-kinä elter, soňra bolsa, hetden aşanda, ýarylyp daşyna çykar. Bu iki täriň biri-de Hudaýyň islegini – biziň kem-kemden Isa Mesihe meňzemegimizi görkezmeýär.

Sen ýanýoldaş hökmünde öz ýanýoldaşyňyň gowşak taraplaryny başgalardan gowy bilýärsiň. Sen ony kemsitmek, öýkeletmek ýa-da ýazgarmak üçin bu bilimiňden ökdelik bilen peýdalanyp bilersiň. Emma siziň has beýik çagyryşyňyz bar, şeýle dälmi?! Biz ýanýoldaşymyzyň iň uly hyzmatkäri bolup, ol barada örän oňat tärde alada etmäge özümizi bagyş etdik. Biziň hakykat sözlerimiz ýanýoldaşymyza Isa Mesihiň keşbine dönmäge kömek eder. Emma öz dilimizi ýaralaýan ýarag hökmünde ulansak, baky gymmatlyklaryň sözlerini aýdyp bilmeris.

Eger biz sagdyn nikany gurmak isleýän bolsak, heläkleýji we erbet edim-gylyklara üns bermeli, ýöne munuň üçin her zadyň öz ýeri we wagty bolmalydyr. Siz ýanýoldaşyňyzyň kemçiliklerini dawa-jenjel wagty aýdanyňyzda munuň oňat netijeleri bermeýändigine üns beripmidiňiz? Tersine, bu awuly sözleriňiz ýagdaýy kynlaşdyryp, dawa-jenjelleriňiz öňküsinde-de güýjär. Eger ýanýoldaşyňyz bilen gürleşmekçi bolsaňyz, ol köşeşýänçä garaşyň. Eger ýagdaý örän erbetleşýän bolsa, onda pynhan duşuşyk gurnap, ýanýoldaşyňyza pikirleriňizi şol ýerde, ýagny onuň eşidäýjek wagtynda aýdyň.

Men (Liza) Hudaýyň maňa bir gezek diýeni aýdyň ýadymda: "Liza, sen sözleriňiň eşidilmegini isleýärmiň? Sen özüňe haýsy tärde aýdylan sözleri eşiderdiň? Onda ýanýoldaşyňa-da hut şu tärde aýt". Biz aňsatlyk bilen muňa şuny goşup bileris: "Sen özüňe

*haçan* aýdylmagyny isleýän bolsaň, oňa-da *şol wagtda* aýt”. Dawa-jenjeliň güýjän wagty sagdyn tankyt ýerlikli däl. Öz närazylygyňyzy ýanýoldaşyňyzyň wagtyhoş wagty – sizi eşidip, bellikleriňizi kabul etjek wagty aýdyň. Onuň ýadaw wagty hiç zat aýtmaň, goý, dynç alsyn. Biri-biriňizi bagyşlaň, gujaklaşyň we gürrüňi ertire galdyryň.

Ýanýoldaşyňyzyň göwnüne degäýjek hakykaty çäksiz söýgi bilen aýtmaly. Hiç bir adam ýalňyşlary we kemçiklikleri görkezilende halamaýar, ýöne öwrenmek isleýänler aýdylanlaran dogry netije çykaryp, tankyda ösüş mümkinçiligi hökmünde gararlar.

Maslahat bermezden ozal, öz niýetleriňizi derňäň. Özüňizden şulary soraň: “Men ony söýemsoň şulary aýdýarynmy ýa-da öz bähbidimi araýarynmy? Men dogrudan-da ýanýoldaşymyň abadanlygyny agtarýarynmy ýa-da ondan ar almakçy bolýaryn?” Eger dawa-jenjeliň dowamynda siz ýanýoldaşyňyza näme etmelidigini öwredýän bolsaňyz, onda siz öz bähbidiňizi araýan bolmagyňyz gaty ahmal. Galyberse-de, ýanýoldaşyňyzyň size bolan garaýşynyň edýän täsirine siz jogap berýänsiňiz.

Gaharyň iň soňky derejä ýeten wagty hakykaty söýgi bilen aýtmak örän kyndyr. Emma diliňizi dişläp, saklansaňyz, ikiden biri bolar: ýa siz nähakdygyňyza göz ýetirip, erbet sözleri aýdyp ýetişmändigiňizden hoşal bolarsyňyz, ýa-da soňra, wagty gelende onuň eşitmeli zatlaryny parahat we anyk aýdyp bilersiňiz.

Biz ownuk öýke-kinelere üns bermän, olary Hudaýa tabşyrmalydygyny öwrendik. Emma biz unutmasy kyn bolan agyr ýaralaryň bardygyna hem düşünýäris. Ýanýoldaşyňyzyň gödek hereketleri yzygiderli gaýtalanýan bolsa, dillenmek peýdalydyr. Ýöne özüňizi goramaklyk ýanýoldaşyňyzyň göwnünne degmäge hukuk berýän däldir. Hakykaty şeýle usullar arkaly aýdyp bolar:

- niýetleriňizi Hudaýyň Sözüne laýyklykda derňäň;
- dawa-jenjeli ýanýoldaşyňyza däl-de, meselä hüjüm etmek bilen çözüň;
- diliňize erkine goýbermäň, kemsidiji sözleri aýtmaň;

- rehimli boluň;
- dogruçyl boluň;
- ýumşaklyk bilen jogap beriň;
- özüňiz bilen nähili äheňde gürlenilmegini isleýän bolsaňyz, şol äheňde-de gürläň;
- meseläni paýhasly çözer ýaly, sözleri, wagty we ýeri saýlaň.

Süleýman pygamberiň aýdyşy ýaly, "Demir demri, adam adamy ýiteldýändir" (Sül. 27:17). Aragatnaşykda çaknyşmalar-da, hatda agzalalyklar-da bolup bilýär. Emma olary dogry çözsek, olar durmuşymyzdaky dogrulygy ýitelder.

Nikanyň bütewüligine howp salýan meseleleri çözmeklik wajypdyr. Kiçi öýke-kineleri öz wagtynda dogry bejermeseň, olar çuň ýaralara öwrülip bilýärler. Ýanýoldaşlar käwagt biri-birini ynjadýandyklaryna gümän-da etmeýärler. Eger biz Hudaýa bolan söýgimiziň hatyrasyna alada goýýan meseleleri özara düşünişip çözsek, bütewülikde ösüp, gowudan gowy bolarys.

### 3-nji gün

## Söýginiň dilleri

Şunlukda, biz az-owlak dil barada gürrüň etdik, esasan-da öz sözlerimize we olary aýdýan äheňimize aýratyn garap geçdik. Indi bolsa ünsi biraz başga zada gönükdirip, paýlaşýan dilimiziň başga bir tarapy barada gürrüň edesimiz gelýär. Biz dördünji bapda birek-birege edilýän hyzmatlaryň dürli bolup, olar biri-biriniň üstüni ýetirip dursa, nikanyň mäkämleşýändigi barada paýlaşypdyk. Söýgi babatda hem şeýledir: adamlaryň söýgini kabul edişleri we berişleri dürli-dürlüdir. Söýginiň dürli dialektlerinden baş çykaryp bilerimiz ýaly, Gari Çapmeniň "Söýginiň bäş dili" atly kitabyny okamagy maslahat berýäris. Bu kitap bize öz gatnaşyklarymyzy gowulandyrmaga kömek etdi.

Munuň näme üçin şeýle wajypdygyny düşüneriňiz ýaly, öz nikamyzyň bir wakasyny paýlaşasymyz gelýär. Men (Liza) üçin söýgini mälim etmegiň esasy usuly – wagty peýdaly geçirmek we hyzmat etmek. Başga sözler bilen aýdanyňda, men Jona ony örän söýýändigimi görkezmek üçin, elmydama haýsydyr bir işe meşgul bolup gezýärdim: kir ýuwýardym, nahar bişirýärdim, öýleri ýygnaýardym, çagalar barada alada edýärdim, surat çekýärdim we bagymyza seredýärdim. Mundan başga-da, men onuň bilen wagty nädip peýdaly geçirmelidigi barada köpmanyly gürrüňleri geçirjek bolýardym. Umuman, men söýgimi görkezýän zatlary edýärin diýip oýlanýardym.

Men (Jon) Lizadan tapawutlanýardym. Men öz söýgimi başgaça – beden galtaşmalary we näzli sözler arkaly mälim edýärin. Lizanyň naharlary diýseň tagamlydy, ol halylary kakýardy, plitkalary çalyşýardy, ýöne "seni söýýärin" diýen sözlerini asla eşitmeýärdim. Men ony mähirli gujaklap, näzli sözleri ýürekden aýdýan wagtlarymda ol hem bu hereketlerde "seni söýýärin" diýen jümläni eşitmeýärdi. Hamala diýseň, biz iki dürli dilde gürleşýän ýalydyk.

Nikanyň sagdyn bolmagy üçin, ýanýoldaşlaryň ikisi-de özüni bagtly duýmaly we her kim özüniň düşünýän usulynda söýgüsini beýan etmäge haklydyr. Şonuň üçin-de, birek-birege öz söýgi diliňiz barada aýtmakda erbet zat ýokdur. Biz size Gari Çapmeniň kitabyny okap ýa-da 5lovelanguages.com saýtyndaky maglumatlar bilen tanşyp, öz söýgi diliňizi bilmegi maslahat berýäris. Okan zatlaryňyz barada pikir alşyň. Siziň söýgi diliňiz maşgalada nähili bolar? Bu babata rahat, ýazgarmaýan äheňde gürleşmek gowudyr. Mysal üçin, şeýle diýiň: "Sen ...edeniňde, men özümiň söýülýändigimi duýýaryn". Söhbetdeşligi şu äheňde dowam edip bilersiňiz.

Siz ýanýoldaşyňyzyň isleglerini bilip, onuň halaýan sözlerini aýdyp we hereketleri edip başlanyňyzdan soň, nikaňyzyň söýgi söz baýlygyny artdyryp bilersiňiz. Bu gökleriň dilinde hakykaty söýgi

bilen aýtmak arkaly düýbi tutulan nika binýadyny has-da berkider. Şu faktorlaryň hemmesi birleşip, nikaňyzyň içinde bir dili emele getirer.

Indiki parçada bolsa diliň ikinji tarapy – mümkin bolmadyk zatlary mümkin edýän birlik (bütewülik) barada gürrüň ederis.

## Tabşyrygyň astynda bolmak

Isa Mesih Öz hyzmatynyň dowamynda bir bolmagyň ähmiýetini aýratyn nygtaýardy. Mysal üçin, Ýohannanyň Hoş habarynda beýan edilen wakany alyp göreliň. Isa Özüne haýynlyk edilen gijesi hemmeleriň bir bolmagy üçin dileg edýärdi:

> “Men diňe olar üçin däl, eýsem olaryň wagzy bilen Maňa iman etjekler üçin-de dileg edýärin. Olaryň hemmesi bir bolsun. Ata, Seniň Mende, Meniň-de Sende bolşum ýaly, olar hem Bizde bolsunlar. Şeýlelikde, Meni Seniň iberendigiňe dünýä iman etsin. Maňa beren şöhratyňy olara berdim. *Biziň bir bolşumyz ýaly, olar-da bir bolsun. Men olardadyryn, Sen bolsa Mendesiň. Meni Seniň iberendigiňi, Meni söýşüň kimin olary-da söýýändigiňi dünýä biler ýaly, olar bütewi birlikde bolsunlar*” (Ýoh. 17:20-23, nygtama awtordan).

Bütewülik Hudaýyň şöhratyny mälim edýär. Ol Ogluň ýaraşdyrma hyzmatynyň güýji barada şaýatlyk edýär. Köp adamlar Hoş Habary intellektual deliller arkaly subut etjek bolýarlar ýa-da güýç bilen ýaýratjak bolýarlar. Emma Hudaýyň dünýä bolan söýgüsiniň esasy subudy – Onuň halkynyň arasynda söýgüsiniň aýan bolmagydyr.

Bütewülik – bu diňe Hudaýyň Şalygynyň daşyndaky adamlar üçin şaýatlyk bolman, eýsem biziň hukuk artykmaçlygymyzdyr. Çünki Hudaý bütewüligiň bolan ýerleri bereketleýär (ser. Zeb. 132). Şonuň üçin-de, bütewülik tümlük şalygy üçin iki esse howpludyr: ol Hudaýyň halkyny bereketleýär we günäkärlere Hudaýyň söýgüsini görkezýär.

Şoňa görä-de, duşman nikalarymyza agzalalyk getirmek üçin elinden gelenini eder, islendik egoizm we gorky bolsa oňa ýardam berer. Bütewülik – agyr iş, sebäbi ol bizden duşmana we ten höweslerimize garşy göreşmegi talap edýär. Munuň üçin Hudaýyň merhemeti we wagtlaýyn kynçylyklary ýeňmäge kömek edýän aýdyň maksat gerekdir. Indi bolsa, ýokarda aýdylanlary nazara almak bilen, Efeslilere hatda (5:21) ýazylany okaly:

"Isa Mesihe hormat goýmak bilen biri-biriňize tabyn boluň".

Geçen bapda biz ýanýoldaşlar biri-birine päk göwünden hyzmat etmäge tabyn bolmak arkaly ýerine ýetirýän rollaryna garap geçipdik. Häzir bolsa tabyn bolmak sözüniň manysyna giňişleýin garap, onuň bütewi bolmakda bitirýän hyzmatyny anyklalay.

Iňlis dilinde *submission* sözüniň birinji bölegi *sub* haýsydyr bir zadyň "astynda" we *mission* "iş ýa-da tabşyryk" diýmegi aňladýar. Eger olary birleşdirsek, *submission* – "haýsydyr bir işiň ýa-da tabşyrygyň astynda bolmaklygy" aňladýar. Siz öz etmeli işleriňiziň sanawyny we olary ýerine ýetirmegiň ädimleri ýazmak üçin eýýäm birgiden wagtyňyzy sarp etdiňiz. Şonuň üçin-de, goý, bu tabyn bolmaklyga çagyryş size şulary ýatladyp dursun: nikadaky her tabşyrygyňyzyň we işiňiziň üstünde has uly tabşyryk – Hudaýyň söýgüsini we şöhratyny görkezmek tabşyrygy durandyr. Ýanýoldaşlaryň ikisi-de Hudaýyň tabşyran işine tabyndyrlar. Hut şu ýagdaý bizi bütewi bolmaga mejbur edýär.

Şeýle nukdaýnazar ýanýoldaşlara güýçli we berk nikany gurmaga ýardam berýär. Tabyn bolmaklyk äriniň güýçli, aýalynyň ejiz bolmagyny ýa-da munuň tersine bolmagyny talap etmeýär. Nikanyň wezipesi şeýle beýik, her birimizden şeýle uly bolany üçin, ol güýçli birligi iki güýçli adamyň gurmagyny talap edýär. Biz "güýçli" sözüni ulanmak bilen, şahsyýeti ýa-da fiziki ukyplary göz öňüne tutamzok. Biz adamyň bitirýän hyzmaty barada gürrüň edýäris. Unutmaň: nikada esasy zat – agalyk sürmek däl-

de, ygtyýarly bolmak. Başga sözler bilen aýdanyňda, biz özümize tabşyrylan çäklerde agalyk sürmän, olar babatda jogapkärçiligi öz üstümize alýarys.

Biziň maşgalamyzda meniň (Jonuň) käbir zatlardan başym has oňat çykýar. Liza bu çäklerdäki işi meniň etmegime höwes bilen razylaşýar. Başga bir çäklerdäki işleri bolsa Liza menden gowy başarýar. Şonuň üçin-de, men onuň paýhasyna we bilimine ynanyp, bu işleri onuň etmegine höwes bilen razylaşýaryn. Ikimiziň-de wezipämiz birdir: ol biziň herimizden işiň iň oňat tärde edilmegini talap edýär.

Jon pul meselesi bilen bagly işleri hemişe ökdelik bilen edýärdi. Ol Hudaýyň mätäçliklerimiziň öwezini doljakdygy we durmuşymyzy ýalkajakdygy babatda hiç haçan şübhelenmeýär. Biz bir jaýdan başga jaýa birnäçe gezek göçdük we her gezek gerekli jaýy Jon tapýardy. Ol pul meselesini dolandyrmagy öz üstüne alanda, arkamdan agyr ýük aýrylan ýaly boldy. Ozal maşgalanyň töleglerini tölemek meniň boýnumdady, sebäbi Jon şol döwürde iş saparlaryna ýygy-ýygydan gidip, hyzmat işleri bilen gaty meşguldy. Ol meniň ynjalyksyzlygymy görüp, pul meselesini öz üstüne aldy. Meniň üçin agyr bolan iş onuň üçin aňsat we ýönekeýdi. Ol jaý, ulag we beýleki uly zatlary satyn almagy menden oňat başarýardy. Şeýle-de ol ogullarymyz bilen ýaryşlara, oýunlara we beýleki çärelere gitmegi halaýardy.

Men (Liza) bolsa öýe seretmegi halaýardym. Men elmydama öýümiziň maşgala saçagynyň başynda ýygnanmagyny isleýärdim. Men öz maşgalamy naharlamagy halaýaryn we çagalarymyzyň öz dost-ýarlaryny öýümize çagyrmagyny isleýärin. Şeýle-de men öýümiziň Jonuň uzak sapardan soň dolanyp, dynç alyp biljek rahat we oňaýly ýeri bolmagyny isleýärdim.

Heriňiziň nämäni has oňat başarýandygyňyzy ýüze çykaryp, şol işi öz boýnuňyza alyň. Şol çäklerdäki işleri ýerine ýetirmekde biri-biriňize ynanyň. Eger siz ol ýa beýleki çaklerdäki liderligi biri-biriňize

höwes bilen bermegi başarsaňyz, umumy maksadyňyza aňsatlyk bilen ýetersiňiz.

## 4-nji gün

## Ileri tutulmaly zatlar

> “Iki adam bir adamdan ýagşydyr, çünki olar biri-birine kömek edip, üstünlik gazanarlar” (Wagyz 4:9, TLB).

Tabşyryk we ileri tutulmaly zat – ikisi bir zat däldir, ýöne olar el-ele berip ýöreýändirler. Ileri tutulmaly zatlar babatda ylalaşyga gelip, olary berjaý etmeklik bütewüligi saklamak üçin wajyp bolup durýandyr.

Biziň ileri tutumlarymyz beýik maksadymyzyň talaplary esasynda döreýändir. By maksat Hudaýy tanap, Onuň söýgüsini başgalara görkezmekden ybaratdyr. Şu tabşyrygy her bir imanly paýlaşýandyr, şonuň üçin-de, biz dürli usullary (her jübütiň öz usullary bolup, olar möwsüme görä üýtgeýändirler) ulanýandygymyza garamazdan, ileri tutumlarymyz umumy bolup biler. Biz size ileri tutumlary şu tertipde rejelemegi maslahat berýäris:

1. *Hudaý*. Aslynda, Hudaý birinji orunda däl, Ol hemme zatdan ýokarydyr. Durmuşymyzyň islendik çägidäki üstünlik we wepalylyk Onuň bilen saklaýan gatnaşygymyza baglydyr. Hudaý biziň ileri tutumlarymyzyň baryny dolduryp, olary gönükdirmelidir. Emma hemme zadyň aýdyň bolmagy üçin, biz Ony öz sanawymyzda ilkinji orunda goýýarys. Şunlukda, şeýle diýeli: Hudaý – ähli zatdan ýokary we ilki.

2. Ýanýoldaş. Bu ýerde hem ýalňyşyp, ajy hasyly ýygnamak mümkindir. Çagalar, elbetde, ähmiýetli, ýöne olar barada alada edip, ýanýoldaşyňy unutmaly däl. Çagalar ulalar, wagty gelende

aýry ýaşamaga giderler, ýöne ýanýoldaşyňyz bilen ähtleşen gatnaşyklaryňyz ömrüňiziň ahyryna çenli siziň bilen galar. Çagalaryňyz kemala gelip, sizden aýrylyp gidenlerinden soňra hem söýgüli ýarlar bolup ýaşaryňyz ýaly, bilelikdäki durmuşyňyz oýlanyşykly gurnaň.

3. Çagalar. Olar terbiýelemekdäki wezipeleri ýanýoldaşlar möwsümlerine we ileri tutumlaryna görä paýlaşyp bilerler. Belläp geçmeli zat – wezipeleriňiz möwsümlere görä üýtgärler, bu aýratyn-da siziň işiňize baglydyr. Eger siz öýden daşary işleýän bolsaňyz, onda siziň biznes we hyzmat çäklerinde wezipeleriňiz bolup biler. Eger siz şu wagt wezipäňiz öýde oturmak bolsa, onda şu we aşakdaky ileri tutumlaryň arasynda bölünişik mümkin däldir. K.S.Lýuisiň aýdyşy ýaly: "Öý hojalykçy – bu doly derejeli hänärdir".

4. Çagyryş (tabşyryk). Aslynda, siziň tabşyrygyňyz şu sanawdaky zatlaryň baryny we umuman, durmuşyňyzdaky ähli zatlary öz içine alýar. Ýöne hemme zadyň aýdyň bolmagy üçin, munuň manysyny çäklendireli. Biziň "çagyryş (tabşyryk)" diýip atlandyrýanymyz – Hudaýyň sizi we ýanýoldaşyňyzy çagyran işidir, beren tabşyrygydyr. Bu iş sungat, köpçülikleýin maglumat beriş, biznes, saglygy goraýyş, bilim, hyzmat ediş, hökümet ýa-da başga bir çäklerde bolup biler.

Biziň maşgalamyzda çagyryşlarymyş deň bolup çykdy, ýöne köp ýanýoldaşlar bile işlemeýärler ýa-da jemgyýetiň dürli çäklerinde işleýärler. Eger siziň nikaňyzda şeýle bolsa, siz barybir ýanýoldaşyňyzyň edýän işleri bilen gyzyklanyp, biri-biriňize kömek edip bilersiňiz. Süleýman pygamberiň aýdyşy ýaly, iki adam bile işlände, biri-birine kömek edip, üstünlik gazanarlar.

5. Dynç alyş. Şabat gününi (dynç alyş gününi) ynsanlar dälde, Hudaý girizdi. Eger biz dynç almaga wagt tapsak, ileri

tutumlarymyzyň bary pajarlap güllär. Hudaý güýjümiziň dikeldilmegi üçin, durmuşymyzda yzygiderli dynç alşyň bolmagyny isleýär. Emma dynç alyş hereketsiz oturmagy aňlatmaýar. Biz özümizi ruhy, beden we duýgy taýdan dikeldýän işlere meşgul bolanymyzda dynç alýandyrys. Nikada aýry-aýralykda däl-de, bile dynç almagyň tärini tapmak örän wajypdyr. Biz öz maşgalamyzda ikimize-de ýaraýan umumy gyzyklanmalary we işleri tapdyk; mysal üçin, biz tebigatyň gözel ýerlerine gidip, ol ýerde maşgalamyz we hyzmatymyz babatdaky arzuwlarymyz barada gürleşýäris. Bile dynç alyp, güýjüňizi bilelikde dikeltmegi öwrenmek – iki ömri bir ömre birikdirmegiň oňat usulydyr.

6. Adamlar bilen gatnaşmak. Käbir nikalarda äriň we aýalyň jemgyýetçilik durmuşlary aýry-aýry bolýar. Sagdyn nika üçin käwagt erkegiň erkekler bilen, aýalyň bolsa aýallar bilen wagt geçirmegi wajyp bolsa-da, umumy dostlaryňyz hem bolmalydyr. Biziň dostlarymyz durmuşymyzda görnükli orny eýeleýändirler. Olar bizi ruhlandyrýarlar, goldaýarlar we kuwwatlandyrýarlar. Biziň ikimiz-de bir ten bolanymyz üçin, ikimizi-de tanaýan we söýýän dostlarymyzyň bolmagy örän wajypdyr.

Siziň nikaňyzy päk ýürekden ýalkajak dostlaryňyzyň bolmagynyň näderejede ähmiýetlidigini soňuna çenli beýan edip-de bolmaz. Biziň ikimiziň hem bütinleý başga wezipeleri ýerine ýetirýän dostlarymyz bar. Mysal üçin, men (Jon) käbir dostlarym bilen diňe dynç alýaryn, meselem, golf oýnaýaryn; beýleki dostlarym bilen bolsa ýakyndan gatnaşyp, olara ýüregimi döküp bilýärin. Öz kynçylyklarymy we ejizliklerimi paýlaşýan dostlarym biziň ikimizi-de tanaýarlar we söýýärler.

Meniň (Lizanyň) durmuşym şeýle baý we golf oýnamaýanlygym sebäpli meniň diňe ýürekdeş joralarym bar. Olar maňa söýgüde has çuň we ymykly ösmäge kömek edýärler. Olar biziň nikada duş bolýan kynçylyklarymyzyň aýratynlyklaryny bilýän aýallar.

Olaryň käbiri hyzmatda ýüze çykýan kynçylyklaryň çözmäge kömek etseler, käbirleri gatnaşykdaky kynçylyklary çözmekde oňat maslahatçylardyr. Olaryň hemmesi biziň üçin gyzyldan gymmatlydyr.

Käbir adamlar ozal biziň dostlarymyzdy, ýöne biz kem-kemden olardan aramyzy açdyk. Olar ikimizden birimizi halap, nikamyzyň “bütewüligini” goldamaýardylar. Eger adam ikiňiziň-de dostuňyz bolmasa, onuň bilen gatnaşmaň, sebäbi wagtyň geçmegi bilen, ol siziň nikaňyzy bozup bilýär.

## Söýgä beslenmek

> “Şonuň üçin hem, eý, Hudaýyň saýlan mukaddes hem eziz halky! Rehim-şepagata, mähribanlyga, pespällige, ýumşaklyga we sabyr-takatlylyga besleniň. Biri-biriňize sabyrlylyk bilen çydaň. Araňyzda öýke-kine bar bolsa, biri-biriňizi bagyşlaň. Rebbiň sizi bagyşlaýşy ýaly, siz hem bagyşlaň. Bularyň hemmesiniň üstesine-*de kämil birligi baglanyşdyrýan söýgä besleniň*” (Koloseliler 3:12-14, nygtama awtordan).

Söýgi bizi sazlaşykly birikdirýändir. Ol bütewüligiň binýadydyr, mümkin däl zatlary görmegiň açarydyr.

Resul Pawlus efeslilere ýazan hatynda (Efes.5:28) “ärler aýalyny söýmelidirler” diýip ýazýar. Şu tabşyrykdaky “-maly/-meli” hökmanlyk goşulmasy munuň örän çynlakaý borçnamadygyny görkezýär. Şu ýerde är-aýallara degişli has güýçli esas hem berilýär: biz öz duýgularymyza garamazdan, biri-birimizi söýmelidiris.

Häzirki döwürde medeniýet “söýgini dolandyryp bolmaýan duýgy, oňa diňe jogap berip bolýar” diýip nygtaýar. Eger biz söýgini duýýan bolsak, söýýänler kimin hereket edýäris. Söýgi duýgusynyň hemme wagt bolmaýandygyna, söýginiň bolsa saýlawdygyna düşünmek üçin köp wagt gerek däl. Hudaý bizi söýmekligi saýlady. Eger biz söýmekligi saýlap alsak, biziň hereketlerimiziň yzýanyndan bu duýgy-da geler. Eger iman söýgä görä hereket edýän bolsa, hatda söýýändigini

duýmasa-da, daglary ýerinden süýşürmegi başarýandyr. Hudaý biziň hereketlerimizi ýalkasy gelýär. Ditrih Bonhoffer şeýle diýipdi:

> “Seniň nikaňy söýgi goramaýar, nika seniň söýgiňi goraýandyr”.

Nika söýgini gorap bilýär. Muny etmegiň ýeke-täk usuly – Mukaddes Ruh bilen gatnaşyk saklap, bu gatnaşykdan emosional we ruhy kanagatlanma almak. Biz keseki gözbaşa, ýagny öz güýjümize daýananymyzda, söýgi solýar, sebäbi ol duýgularyň ýoklugyndan ejir çekip, synagdan geçip bilmeýär. Emma biz Hudaýyň söýgüsinde kök uranymyzda, duýgularyň ýokdugyna garamazdan, biziň söýgi hereketlerimiz bütewüligimizi gorap saklaýar.

Ýalňyşaýmaň. Nikada, elbetde, duýgular bolmaly, ýöne K. S. Lýuisiň aýdyşy ýaly:

> Biziň hemmämiz üçin bir sada kada bar – “ýanýoldaşymy söýýärinmi ýa-da ýok?” diýen soragyň jogabyny agtaryp, öz-özüňizi kösemäň, muňa wagtyňyzy biderek sarp etmäň. Ýanýoldaşyňyzy söýýän dek hereket ediň. Biz şeýle hereket eden badymyza, iň uly syrlaryň birini bilýäris. Eger sen adamy söýýän dek hereket etseň, sen ol adamy hökman söýersiň”.

Ýanýoldaşyňyzy söýýändigiňizi duýmaýan wagtyňyzda-da oňa öz söýgiňizi mälim edip bolýandyr. Siz oňa hyzmat etmegi, goldamagy, kabul etmegi saýlap bilersiňiz. Durmuşyňyz söýgüden doly bolsa, duýgularyňyz hereketleriňiziň görkezýänlerini kem-kemden tassyklap başlar.

## 5-nji gün

## Iň oňatlaryny äşgär etmek

> “Isa Mesihiň söýgüsi ýygnagy päkleýär. Isa Mesihiň sözleri onuň gözelligini oýarýar. Şeýle gurnalan: Onuň sözleri we hereketleri onuň iň oňat häsiýetlerini äşgär edýär...” (Efesliler 5:26-27, The Message).

Süleýman pygamber: “Paýhasly aýal öýüni bina edýär” diýip aýdypdy (Sül. 14:1). Eger paýhasly aýallar öýüni bina edýän bolsalar, paýhasly erkekler öz aýallaryny bina edýändirler! Biri-birimizi bina etmek arkaly, biz Isa Mesiňe kybapdaşlygymyzy görkezýändiris. Nikada Hudaýyň iň ýagşy zatlaryny tapmak – birek-birekde iň oňat zatlary äşgär etmegi aňladýar.

Ýanýoldaşymyza bolan söýgimiz Gökler bilen hyzmatdaşlygymyzy, Hudaýyň oňlamasy bilen ylalaşýandygymyzy aňladýar. Hudaý ýanýoldaşyňyza onuň ejizliklerine görä däl-de, Öz söýgüsine we merhemetine görä garaýar. Hudaý ýanýoldaşyňyzyň içki kuwwatlygyna gürleýär, sizi hem şeýle etmäge çagyrýar.

Ozal aýdyşymyz ýaly, Liza rak keseli zerarly çagalykda bir gözünden mahrum bolupdy. Şonuň üçin-de, ol köp wagtlap köpçüligiň öňünde çykyş etmäge gorkýardy. Men (Jon) onuň bu gorkusy barada bilýärdim. Ýöne men Hudaýyň Liza adatdan daşary paýhasy peşgeş berendigini-de bilýärdim.

Men ýygnakdaky ýaşlaryň çopanykam, käwagt Lizanyň ýygnakdaky ýaş gyzlara wagyz etmegini isleýärdim. Liza “Asla etmen! Men seniň goşundyň däl. Ýygnak meni däl-de, seni ýaşlara çopan edip belledi” diýýärdi.

Lizanyň sözlerini diňläp, munuň Hudaýyň ruhy sylagyny ret etmeklikden däl-de, gorkudan döreýändigini düşünýärdim. Ol köpçüligiň öňünde çykyş etmäge örän gorkýardy. Ýöne Liza her gezek çykyş edenden soň, adamlar meniň ýanyma gelip, onuň wagzynyň çuň täsir edendigini aýdýardylar. Şonuň üçin-de, men onuň boýun gaçyrmalaryna hemişe: “Taýýar bol, öýlän seni almaga bararyn” diýýärdim.

Men (Liza) Jon başarmaýan zadymy maňa zorluk bilen etdirjek bolýar diýip pikir edýärdim. Ol ýygnakdaky ýaş gyzlaryň aýal sesini diňlemelidigini bilýärdi, men bolsa özümi bu hyzmata mynasyp göremokdym. Jon ýaş gyzlar üçin diňe göreldäni däl, eýsem bu

olaryň güllejek gurşawyny agtarýardy, men bolsa şol wagt muňa düşünmeýärdim. Jon mende özümiň görüp bilmedik başarnyklarymy gördi. Men gijelerine ýatman, menden wagyz etmegimi soramazlygy üçin oňa ýalbarýardym. Emma ol Hudaýyň mendäki iň ýagşy zatlarynyň äşgär bolmagy üçin, meni bu hyzmata gönükdirmegini dowam edýärdi. Şol döwürde men bu zatlary halamaýardym. Emma yzyma göz aýlanymda welin, onuň meni gorkularymdan we çäkliligimden söýgi bilen çekip çykarandygyna düşünýärin.

Jonuň maňa kömek edişi ýaly, men hem oňa onuň ruhy sylaglaryny äşgär etmäge kömek edýärdim. Ilkinji ýyllarda men onuň kitaplaryny redaktirläp, Jonuň aýtjak bolýan pikirleriniň dogry beýan edilip-edilmändigini barlaýardym. Bilelikde eden zatlarymyzyň aglaba köpüsi birek-birege bolan söýgimiziň we goldawymyzyň netijesinde dörändir.

Belki, siz ýanýoldaşyňyz bilen iň oňat zatlary äşgär etmekde birek-bireginize nädip kömek etmelidigini bilmeýän bolmagyňyz ahmal. Belki, tersine, öz ornuňyzy we ýakynlygyňyzy biri-biriňizi aşak itmek üçin ulanýansyňyz? Goý, şu gün täze başlangyçlaryň güni bolsun. Şu gün siz täze standartyň düýbüni tutup bilersiňiz.

Gaýtadan başlamak hiç haçan giç bolmaýar. Eger siz birek-bireginizdäki iň oňat zatlary äşgär etmegi öwrenmekçi bolsaňyz, onda arkaýyn we tüýs ýürekden dileg edip bilmegiňiz üçin wagt we ýer tapyň. Hudaýa şeýle sözler bilen dileg ediň:

> *Eý, Gökdäki Atamyz! Biziň aramyzda tassyklan nikaňa nädogry garandygymyz barada toba edýäris. Biziň nikamyz – Seniň ajaýyp işiň, biz bolsa ony mynasyp tärde bina etmedik. Biz Seniň rehim-şepagatyň üçin Saňa şükür edýäris; ol biziň durmuşymyzda täzelenip, bize hemme zady gaýtadan başlamaga gujur-gaýrat berýär.*
>
> *Eý, Mukaddes Ruh, biri-birimize Seniň söýgiň arkaly seredip bilerimiz ýaly, bize Öz söýgiňi ber. Biri-birimizi has oňat bilmäge we düşünmäge kömek et, biz biri-birimizi ösdürmegi we hyzmat*

*etmegi isleýäris, kömek et. Biziň her birimizde güýçlendirmek isleýän ruhy sylaglaryňy we mertebäni saýgaryp biljek gözleri ber. Seniň işleriňiň belentligine nädip ýetip boljakdygyny görkezmegiňi dileýäris. Biz ýekelikde bolanymyzdan, bile bolanymyzyň has oňatdygyna ynanýarys. Seniň şöhratyň üçin, nikamyz üçin taýynlan zatlaryňyň dolulygyna ýeter ýaly, kämilleşmek isleýäris. Rebbimiz Isa Mesihiň ady bilen dileg edýäris, omyn".*

Aşakda her biriňiz üçin dabaraly jarnamany dykgatyňyza hödür edýäris, siz ony biri-biriňiziň gözleriňize seredip, ony batyrgaýlyk bilen ykrar ediň:

**Är:**

Seni öz güýjüm bilen basyp, kemsidenligim üçin meni bagyşla. Seniň ýagşy häsiýetleriňe, owadanlygyňa, paýhasyňa, rehimdarlygyňa ýüz tutmandygym üçin meni bagyşla. Seniň gülläp pajarlajak gurşawy töweregiňde döretmänligim üçin meni bagyşla. Aragatnaşygymyzda, söhbetdeşligimizde, pynham gatnaşyklarymyzda diňe özümi bilenim üçin meni bagyşla. Men Hudaýyň biziň nikamyza şypa berjegine, ony dikeltjegine, we şöhratlandyrjagyna ynanýaryn. Men seniň we özümiň Onda kuwwatlanyp, ähli zady başarjakdygymyza ynanýaryn. Biz Isa Mesihiň hatyrasyna ygtyýarlyk süreris, örňäp köpeleris.

**Aýal:**

Öz oňat taraplarymy seniň ejizligiňi görkezmek üçin ulanandygym üçin meni bagyşla. Seni masgaralanym, diňe özümi bilenim üçin meni bagyşla. Mundan beýläk men öz sözlerim bilen seniň durmuşyňy bina etjek. Seniň ýüregiňi erbet saklan döwrüm üçin meni bagyşla. Men saňa we bize ynanýaryn. Men Hudaýyň hemme zady täzelejekdigine ynanýaryn. Men seni söýmegi we bagyşlamagy saýlap alýaryn. Şu gün täze gündür, ol rehim-şepagatdan we hakykatdan doludyr. Gel, gaýtadan söýüp, gaýtadan arzuw edeli.

Eziz dostlarymyz, mähriban joralarymyz! Siziň üçin taýýarlanylan iň oňat zatlaryň heniz öňdedigine ynanýarys. Siziň mirasyňyz, pynhan gatnaşyklaryňyz we täsiriňiz edýän umytlaryňyzdan we tamalaryňyzdan Hudaýyň merhemeti arkaly has artyk bolar. Siz Mukaddes Ruhuň güýji we ylhamy arkaly öz nikaňyzyň taryhyny ýazarsyňyz. Ol ähli adamlara Isa Mesihiň söýgüsi barada gürrüň berip, Göklerdäki tagtynda oturan Gudratygüýçlini şatlandyrar.

Gaýtadan başlamak tabşyrygy – bu ynanç bildirilmegiň nyşanydyr. Bu ýeke-täk mümkinçilik däldir, ol dünýäde ýaşaýyş dowam edýärkä, ähli döwürler üçin ebedi mümkinçilikdir. ”Gaýtadan ýaşap başlamak” düýnki gün bilen hoşlaşyp, ýüregiňizi ertirki güne taýýarlap, şu gün ýaşap başlamagy aňladýandyr.

Öz nikamyzy ähli zady başarýan Ýaradana tabşyrmasak, şu kitapda ýazylanlaryň bary ýöne pikirligine galar. Ýahudanyň hatynda (1:24-25) bize boljak zatlar barada aýanlyk berlendir:

“Imandan dänmez ýaly, Hudaý sizi goramagy we şatlykdan dolduryp, Öz şöhratly huzuryna sizi bütinleý müýnsüz getirmegi başarýandyr. Şonuň üçin Rebbimiz Isa Mesih arkaly ýeke-täk Halasgärimiz Hudaýa şan-şöhrat, güýç-gudrat, hökümdarlyk ezelden, häzir we baky ýar bolsun! Omyn”.

Hudaýyň sizi goramagyny dileýäris. Siziň nikaňyzy tümlükden çykarmagy diňe Ol başarýandyr. Hudaýy şöhratlandyryp bilerimiz ýaly, Ol bize şatlyk we şöhrat berýär. Biziň durmuşymyz söýmek we ruhy taýdan ösmek isleýänler üçin janly we ylhamlanan habardyr.

Her bahar pasly täze başlangyçdyr.
    “Gyş ötdi, ýagyş-da diňdi.
Ýerde güller açylyp, nagma pursady geldi.
    Ülkämizde gumrynyň owazy eşidilýär” (Nag. 2:11-12).

## 1-nji gün. Günde okamak üçin

# BEÝIK ZATLARA GARAŞYŇ

*Diriler ýurdunda Reb ýagşylygyny görjekdigime ynanmadyk [bolsam, gör bak, maňa nämeler bolardy]. Rebbe umyt bagla; mert bol, goý, güýçlensin seniň ýüregiň; Rebbe umyt bagla".*

— Zebur 26:13-14, AMP

Siziň gökdäki Ataňyz sizi we ýanýoldaşyňyzy örän güýçli söýýär. Ol siziň nikaňyzyň güllemegini isleýär. Ol "size merhemet etjek bolup garaşýar, ýokarda size rehim etmäge häzir" (ser. Işa. 30:18).

Mesele indi siziň öz nikaňyzdan nämelere garaşýanlygyňyzda. Hudaý sizi haýsy mümkinçilikler üçin dileg etmäge ylhamlandyrýar?

____________________________________________________

____________________________________________________

____________________________________________________

Hudaýyň Sözi tama etmeler, umytlar babatda näme diýýändigi barada oýlanyň.

> ... Garaşylmaýan gorkunç işleri edeniňde, ýer ýüzüne indiň, öňüňde daglar titreşdi. Özüne umyt baglaýanlar üçin şeýle işleri eden Hudaýy owaldan bäri ne gulak eşidipdi, ne-de göz görüpdi!
>
> — Işaýa 64:3-4

> Seniň düzgünleriň ajaýypdyr, şonuň üçin olary berjaý edýärin. Sözleriňiň beýany ýagtylyk berýär, sada ynsanlara düşünje berýär.
>
> — Zebur 118:129-131

> Rebbimiz Isa Mesihiň Atasy Hudaýa öwgüler bolsun! Ol Öz beýik merhemetine görä, Isa Mesihiň ölümden direlmegi arkaly bizi täze

durmuşa we ýaşaýyş umydyna gowşurdy. Şeýle hem size gökde saklanýan çüýremez, tegmiltsiz, solmaz miras berdi.

— 1 Petrus 1:3-4

Reb size merhemet etjek bolup garaşýar, ýokarda size rehim etmäge häzir. Çünki Reb adalat Hudaýydyr; Oňa intizarlar nähili bagtly!

— Işaýa 30:18

Şu kitabyň baplarynyň birinde biz hakykata laýyk gelmeýän zatlary umyt ýa-da tama etmekligiň howpy barada gürrüň edipdik. Ýokardaky aýatlardan dogry umytlary etmegiň peýdasy nähili?

________________________________________________________
________________________________________________________
________________________________________________________
________________________________________________________

Beýik tamalar, umytlar Hudaýyň wadalaryny, Onuň häsiýetini we maksatlaryny bilmek arkaly döreýändirler.

Hudaý üçin bitirmesi agyr ýa-da mümkin bolmadyk zat ýokdur. Şu parçalary okaň: Gelip çykyş 18:13-14; Matta 19:26; Mark 9:23-24; Luka 1:36-37; Efesliler 3:20. Hudaý Özüniň deňsiz-taýsyz güýji we başarnyklary babatda nämeleri görkezýär?

________________________________________________________
________________________________________________________
________________________________________________________
________________________________________________________

Ine, Men bir täze zat edýärin, ol häzir başlaýar, görmeýärsiňizmi?

— Işaýa 43:19

Biz hemme täze zatlary ýaradýan Hudaýa hyzmat edýäris. Siz nikaňyzyň täzelenmegini isleýärsiňizmi? Size täze söýgi,

täze arzuwlar, täze bütewülik we täze pynhanlyk gerekmi? Siz Gökdäki Atañyzdan täze zatlary diläniñizden soñ, Onuñ muny amal etjekdigine garaşyñ. Siz täzelenmegini isleýän zatlaryñyzyñ atlaryny ýazyñ we dileg edip, olary Hudaýa tabşyryñ.

______________________________________________________

______________________________________________________

## 2-nji gün. Günde okamak üçin

# ÝAŞAÝYŞ SÖZLERINI SÖZLÄŇ

*Miwäniň garny kanagatlandyryşy ýaly, söz hem ynsanyň aňyny kanagatlandyrýar. Oňat söhbetdeşlik edil oňat hasyl ýalydyr. Sözler öldürip-de bilýär, ýaşaýyş berip-de bilýär; olar ýa zäher, ýa-da miwe – olary saýlaýan sensiň.*

— Süleýmanyň pähimleri 18:20-21, The Message

Siz köplenç haýsy dilde: ýerdäki dilde ýa-da gökleriň dilinde gürleýärsiňiz? Olaryň birinjisi ölüm getirýär, ikinjisi ýaşaýyş berýär. Her bir ýagdaýda siz iki dilden birini saýlap bilýärsiňiz. Ýygnak çopany **Jimmi Ewans** şeýle ýazýar:

> “Söhbetdeşlik köpri kimin iki adamyň durmuşyny birikdirýär. Ol adamyň ýüregini we akylyny beýleki adama açýar. Söhbetdeşlik nikada wajyp zatlaryň biridir, nikanyň ömri oňa baglydyr. ...Sözleriň güýji uludyr: olar ýaralap ýa-da şypa berip bilýär, ýumrup ýa-da dikeldip bilýär. Biz özümizi terbiýeläp, bina edýän, berkidýän, ruhlandyrýan we şypa berýän sözleri aýtmagy öwrenmelidiris”.

Bilşimiz ýaly, her zadyň öz wagty bar – dymmagyň öz wagty bar, geplemegiň öz wagty. Ümsümlikde oýlanyň-da, şulara jogap beriň. Meseläni ýanýoldaşyňyz bilen çözmegiň iň amatsyz wagty haçan? Iň amatly wagty haçan? Näme üçin?

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

Şu wagtda ýanýoldaşyňyz bilen siziň araňyzdaky iň uly kynçylygyňyzy gysgaça beýan ediň. Dawaňyzyň dowamynda “bar-git” toplumdan haýsy negatiw sözler we jümleler agzyňyzdan çykýar?

_______________________________________________
_______________________________________________
_______________________________________________

Säginiň-de, şeýle dileg ediň: “Eý, Mukaddes Ruh, men indi negatiw, erbet sözleri aýdasym gelenok. Maňa gorkyny we gahary beýan edýän sözleri aýtmakdan dynmaga kömek et. Nikamyz barada iman bilen gürlärim ýaly, maňa pozitiw, oňat sözleri – gökleriň dilini ber. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin, omyn”.

Siz Hudaýyň Sözüni köpden-köp okamak arkaly gökler dilindäki söz baýlygyňyzy artdyryp bilýärsiňiz. Aşakdaky aýatlary önsli okaň. Soňra şu aýatlardan ylhamlanan we öz nikaňyzda yzygiderli ykrar etjek pozitiw pikirleriň 1-2 sanysyny ýazyň. Biz birinji aýady mysal hökmünde berýäris.

| MUKADDES ÝAZGYLAR | GÖKLERIŇ DILI NÄME DIÝÝÄR |
| --- | --- |
| Süleýmanyň pähimleri 5:18-19 | “Bulagyň suwlary ak pataly bolsun, ýaşlykda öýleneniňe guwan. Ol bir söýgüli jeren, näzik maral ýalydyr, onuň göwüsleri seni gandyrsyn. Mydama keýpli joş”. |
| Efesliler 4:15, 29 | ____________________________ ____________________________ |
| Efesliler 4:26-27 | ____________________________ |
| Efesliler 5:21-33 | ____________________________ ____________________________ ____________________________ ____________________________ ____________________________ ____________________________ ____________________________ |

Filipililer 2:3-5 ______________________________

______________________________

Zebur 133 ______________________________

______________________________

1 Korintoslylar 13:4-8 ______________________________

______________________________

______________________________

______________________________

______________________________

______________________________

# ÝANÝOLDAŞYŇYŇ DILINDE GÜRLEMEK

*Söýgä ymtylanyňyzda, oňa ömrüňiz bagly ýaly ymtylyň, çünki ömrüňiz, dogrudan-da, oňa baglydyr*

— 1 Korintoslylar 14:1, The Message

Söýginiň köp dilleri bardyr. Siziň ýanýoldaşyňyz bir dilde suwara gürleýär, siz bolsa, belki, başga dilde gürleýänsiňiz. **Dr. Gari Çapmen**, "Söýginiň bäş dili" atly kitabyň atory, şeýle ýazýar:

> Siziň söýgiňiziň emosional dili ýanýoldaşyňyzyňkydan edil iňlis diliniň hytaý dilinden tapawutlanyşy ýaly tapawutlanýandyr. Siz öz söýgiňizi iňlis dilinde beýan etmäge näçe jan etseňiz-de, diňe hytaý dilini bilýän ýanýoldaşyňyz size düşünmez we siz biri-biriňizi näderejede söýýandigiňizi hiç haçan bilip bilmersiňiz. Eger biz söýgimizi netijeli beýan etmek isleýän bolsak, ýanýoldaşymyzyň söýgi dilini öwrenmelidiris. Meniň pikirimçe... söýginiň emosional diliniň esasy bäş görnüşi – bäş usuly bardyr. Adamlar olar arkaly söýgini emosional taýdan beýan edýärler we kabul edýärler.

Dr. Gari Çapmeniň pikirine görä, söýginiň bäş dili şulardyr: ruhlandyrma sözleri, wagty bile geçirmek, sowgatlar, hyzmat we ýanýoldaşyň barada alada etmek. Köp adamlar, şolaryň arasynda biz hem, esasy we ikinji derejeli söýgi dilleriniň bardygyny belleýärler. Ozal aýdyşymyz ýaly, söýginiň dilleri barada Gari Çapmeniň kitabyndan ýa-da degişli saýtdan has giňişleýin maglumaty alyp bilersiňiz.

Aşakdaky soraglara jogap berip, öz nikaňyzyň ösmeginde söýgi dilleriniň bitirýän hyzmatyny bilersiňiz: *Ýanýoldaşymyň haýsy hereketleri özümiň örän söýülýändigimi duýar ýaly edýärler? Onuň*

*etmeýän zatlaryndan haýsylary meniň göwnüme has agyr degýär? Men öz ýanýoldaşymdan haýsy zatlary köp talap edýärin: mylaýym we öwgi sözlerini, wagty bile geçirmekligi, üýtgeşik sowgatlary, ten galtaşmalaryny we gujaklamalary, öý işlerine kömek etmegini? Men ýanýoldaşyma söýgimi adatça nädip görkeýärin?* Öz pikirleriňizi we duýgularyňyzy ýazyň.

__________________________________________________________
__________________________________________________________
__________________________________________________________

Soňra bu soraglara ýanýoldaşyňyz babatda jogap beriň. Haýsy zatlarda has köp tapawutlyklar bar?

__________________________________________________________
__________________________________________________________
__________________________________________________________

Siz söýgiňizi beýan etmekde tapawutlyklaryňyzyň bardygyny bilýärdiňizmi? Eger bilýän bolsaňyz, bu size nikada nähili kömek edýär? Eger bilmedik bolsaňyz, kynçylyklaryň we düşünişmezlikleriň döremeginiň sebäbini indi bilýärsiňizmi?

__________________________________________________________
__________________________________________________________
__________________________________________________________

Ýanýoldaşyňyz bilen söýgiňizi beýan edýän we kabul edýän usullaryňyz barada gürleşiň. Söýgiňizi ýanýoldaşyňyzyň dilinde beýan etmegiň üç amaly ädimini ýazmagy biri-biriňizden haýyş ediň. Olary şu ýere ýazyň.

__________________________________________________________
__________________________________________________________
__________________________________________________________

*Mukaddes Ruh bilen gürleşer ýaly, şu gün wagt tapyň. Ýanýoldaşyňyza söýgini has dogry we gowy beýan etmegiň usullaryny Ondan soraň, sebäbi ýanýoldaşyňyzy Onuň bilşi ýaly hiç kim bilýän däldir.*

4-nji gün. Günde okamak üçin.

# DURMUŞYŇYZDA ILERI TUTÝAN ZATLARYŇYZ

*Eý, doganlar, men size Rebbimiz Isa Mesihiň adyndan ýalbarýaryn: biri-biriňiz bilen ylalaşykly boluň. Araňyzda agzalalyklara ýol bermäň, pikirleriňiz we garaýyşlaryňyz bir bolsun.*

— 1 Korintoslylar 1:10

Bütewülik örän uly güýçdür! Biziň bütewüligimiz Hudaýy heniz tanamaýanlara Onuň söýgüsini görkezmegiň gowy usulydyr. Nikamyz bolsa bütewüligimizi görkezmegiň ajaýyp mümkinçiligidir. Siz kitabyň ikinji babyny okanyňyzda, nikaňyzyň umumy aýanlyklaryny we maksatlaryny kesgitläpdiňiz. Indi bolsa, "Nika baradaky waka" atly syýahatymyzyň ahyrynda biz sizi gündeki ileri tutumlar barada pikir etmäge çagyrýarys. Olar siziň wezipäňizi ýerine ýetirmäge ýardam bererler.

"Ilkinji" we iň esasy ileri tutulmaly zat – Hudaý bilen bolan gatnaşygyňyz. Ony ilkinji orunda goýmak näme üçin şeýle wajyp? Oňa hemme zatda sarpa goýmaklyk näme? Hudaý bilen sagdyn gatnaşyklar nika nähili täsir edýärler? Olar işiňize we durmuşyňyzdaky beýleki zatlara nähili täsir edýärler?

____________________________________________________

____________________________________________________

____________________________________________________

Hudaý tarapyndan berlen tabşyryklary berjaý etmeklik – bu ileri tutumlary şeýle tertipde goýmaklygy aňladýar: ýanýoldaş, çagalar, hyzmat, dynç alyş, adamlar bilen gatnaşyk. Ümsümlikde oturyp, Hudaýa dileg ediň; "Eý, Hudaý, meniň ileri tutumlarym dogry rejelenenmi? Eger ýok bolsa, haýsylaryny düzetmeli? Kim ýa-da

näme juda köp ünsümi alýar? Kimi ýa nämäni ünsden düşürýärin? Olary dogry rejeläp, şol tertipde saklamak üçin men nähili amaly ädimleri edip bilerin?” Alan aýanlyklaryňyzy we Onuň gönükdirýän hereketlerini ýazyň.

Siz galan ömrüňizde ýanýoldaşyňyzy goldamaga we dabaralamaga özüňizi bagyş etdiňiz. Çagalar öýli-işikli bolup, sizden giderler, işiňiz üýtgär, dostlar geler-gider, nikaňyz bolsa durmuşyň ähli möwsümleri üçin ýaradylan ähtdir.

Şindiki gatnaşyklaryňyzyň ýagdaýynda, garran çagyňyzda hem birek-biregiňiz üçin iň oňat dost bolarys diýip aýdyp bilýärsiňizmi? Hudaýyň size tabşyran wezipesinde we işde biri-biriňizi goldaýarsyňyzmy?

Nikaňyzdaky haýsy amallar öz bütewüligiňizi goraýanlygyňyzdan habar berýär? Garaýyşlaryňyz ýa-da hereketleriňiz bilen özara bütewüligi bozýan ýagdaýlaryňyz bolýarmy?

Wagyz kitaby 4:9 we Koloseliler 3:12-14-i okaň. Soňra şeýle sözler bilen dileg ediň:

*Ýa Reb, Sen ýanýoldaşym bilen meni mukaddes we söýgüli bolmagymyz üçin saýladyň. Ýanýoldaşyma rehim-şepagat, pespällik, ýumşaklyk we sabyr-takat görkezip bilerim ýaly, maňa*

*Öz Ruhuň arkaly merhemet ber. Sözlerim we hereketlerim bilen ýanýoldaşymyň durmuşyny gowulandyrarym ýaly, maňa kömek et. Men aýry-aýry bolanymyzdan, bile bolanymyzyň has oňatdygyny bilýärin, sebäbi biz biri-birimize üstünlikli bolmaga ýardam berýäris. Ileri tutumlary dogry rejelärimiz ýaly, bize paýhas ber. Seni has ýakyndan tanap, biri-birimize oňat hyzmat ederimiz ýaly, bize danalyk ber. Isa Mesihiň ady bilen dileg edýäris, omyn".*

## 5-nji gün. Günde okamak üçin

# IŇ GOWULARYNY ÄŞGÄR ETMEK

*...Her ýagdaýdan boldugyndan köp mümkinçilikleri ýüze çykaryň. Sözleriňiz ýumşak bolsun. Munuň maksady – söhbetdeşlik arkaly, adamlary peseltmän, özüňizi beýgeltmän, olaryň iň oňat taraplaryny äşgär etmek.*

— Koloseliler 4:5,6, The Message

Är-aýal hökmünde siz bütewi birliksiňiz. Bu siziň ähli zatlaryňyzyň umumydygyny aňladýar. Siziň ýanýoldaşyňyzyň üstünligi siziň üstünligiňizdir. Ýanýoldaşyňyz kanagatlanan we önümli bolsa, siz ondan-da köp şeýlesiňiz. Ýanýoldaşyňyzyň gowy taraplaryny äşgär etmek bilen, siz özüňizdäki gowy zatlary äşgär edýänsiňiz. Isa Mesih hem bize – Öz Gelinligine, hut şeýle edýändir. Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: “Is Mesihiň söýgüsi ýygnagy bütewi edýär. Onuň sözleri ýygnagyň gözelligini oýarýar. Onuň ähli sözleri we hereketleri ondaky iň oňat zatlary äşgär edýär...” (Efes. 5:26-27, The Message).

Ýanýoldaşyňyzyň nähili ruhy sylaglary, zehinleri we güýçli taraplary bar? Onuň halaýan zatlary we nämelerden lezzet alýandygy barada oýlanyň. Başga adamlar oňa haýsy zatlar üçin minnetdarlyk bildirýärler? Haýsy zatlary üçin öwýärler?

Meniň pikirimçe, ýanýoldaşymyň ruhy sylaglary, zehinleri we güýçli taraplary şulardyr:

__________________________________________________

__________________________________________________

__________________________________________________

__________________________________________________

Eger şu häsiýetler onuň iş ýerindäki ýa-da hyzmatyndaky adamlary baýadýan bolsa, olary öňküden-de has köp ösdürmegini nädip goldap bilersiňiz? Eger siz ýanýoldaşyňyzyň onuň heniz ulanmaýan zehininiň bardygyny görseňiz, bu zehiniň doly äşgär bolmagy üçin gerekli şertleri döredip bilermisiňiz?

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

________________________________________________________

> Geliň, biri-birimize ünsli bolup, biri-birimiz barada hemişe alada edeliň, seredeliň we söýgä, ýagşy işlere we asylly hereketlere nädip höweslendirmelidigini *öwreneliň.*
>
> — Ýewreýlere hat 10:24, AMP,
> nygtama awtordan.

> Şunlukda, her bir ýagdaý we mümkinçilik dörände, biri-birimize ýagşylyk edeliň [diňe olar üçin bähbitli bolan zatlary däl-de, eýsem olaryň ruhy abadanlygy üçin hem bähbitli boljak zatlary edeliň]. Başgalara, aýratyn hem imandaky doganlaryňyza [Hudaýyň maşgalasyna degişli adamlara] *ýalkanyş bolmagyňyz üçin ünsli boluň.*
>
> — Galatýalylar 6:10, AMP,
> nygtama awtordan.

Ýewreýlere 10:24; Galatýalylar 6:10; we Koloseliler 4:5-6-i (bu aýatlar şü gün okalmaly babyň başynda berlen) ünsli okaň. Ýanýoldaşyňyzyň oňat taraplaryny äşgär etmäge ony nädip höweslendirip bolar? Başga sözler bilen aýdanyňda, ony öz ruhy sylaglaryny we zehinlerini ulanmaga nädip höweslendirip bolar? Siz ony nädip ýalkap, ösüşini görüp bilýärsiňiz.

________________________________________________________

________________________________________________________

___________________________________________________________________

___________________________________________________________________

*Şu günki jogaplaryňyzy paýlaşar ýaly wagt tapyň. Ýanýoldaşyňyzdan öz pikirlerini aýtmagyny sorap, oňa ýüregini dökmäge mümkinçilik beriň. Siz nämelerde onuň bilen ylalaşýarsyňyz? Ýanýoldaşyňyz we özüňiz barada haýsy täze zatlary bildiňiz? Ümsümlikde oturyp, ýanýoldaşyňyzyň ýalkanmagy üçin dileg ediň.*

*"Öz ýanýoldaşyňy öwren. Özüňi öwren... sen açyşlaryňa haýran galarsyň... Nikanyň başdan geçirmeleriniň asyl manysy – ýanýoldaşyňyň kimdigini bilmek. Sen ýanýoldaşyňyň kim boljakdygyny bileniňden soň, täsin galyp, şatlanarsyň".*

— H. Norman Raýt

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

*Eger siz şu kitaby “Messenger” hyzmatynyň “Nika baradaky wakanyň” materiallarynyň bir bölegi hökmünde okaýan bolsaňyz, 6-njy wideosapagy görüň.*

1| Hudaý Adam ata bilen How enä örňäp köpelmegi buýurdy. Birnäçe nesilden soň bu buýruga tabyn bolmaýan adamlaryň jemgyýeti döredi. Gelip çykyş kitabyndan parçany (11:1-6) ünsli okaň. Bu adamlaryň nähili bütewüligi bardy. Eger boýnyýogyn adamlaryň bütewüligi olara üstünlik getiren bolsa, onda bütewülik biziň üçin – Isa Mesihde we nikada bir bolup, Hudaýa gulak asmagy isleýänler üçin näme aňladyp biler?

2| Bütewülik ägirt güýji boşadyp, sylaglary berýär. Şu parçalary okaň we olary nikadaky gatnaşyklaryňyz babatda ulanyň: Zebur 133; Matta 18:19-20; Ýohanna 17:21, 23; 2 Korintoslylar 13:11. Ýanýoldaşyňyz bilen bolan bütewüligiňizden durmuşyňyzda nähili ýalkanyşlar döräp biler?

3| Adamyň soňky sözlere ulu ähmiýete eýedir. Isa Mesihiň soňky sözleri bolsa aýratyn-da güýçli we pygamberlik sözleri boldy. Ýohanna 17:9-11, 20-23 parçalaryny okaň. Ol bu sözleri haça çüýlenmeziniň öňýanynda aýdypdy. Isa Mesihiň Öz Atasy bilen bolan bütewüligine üns beriň. Mukaddes Ruh şu parçalar arkaly size nämeleri görkezýär? Olar ýanýoldaşyňyz bilen bütewi bolmaga nähili höweslendirýär?

4| Hudaý täze başlangyçlaryň Hudaýydyr! Ol ähli zady täzeleýändigini jar edýär (ser. Aýanlyk 21:5). Hudaý gatnaşyklarymyzyň, umydymyzyň, imanymyzyň, pynhan gatnaşykla-

rymyzyň we arzuwlarymyzyň täzenmegini we nikamyňyzyň ähli döwürlerinde olary ýanýoldaşymyz bilen paýlaşmagymyzy isleýär. Är-aýal öz gatnaşyklarynda bütewüligi emele getirmekde haýsy amaly ädimleri edip bilerler?

5| Süleýmanyň pähimlerinde (14:1) paýhasly aýalyň öz öýüni bina edýändigi barada aýdylýar. Paýhasly är bolsa aýalyny bina edýändir. Eý, aýallar, siz aýal hökmünde öz öýüňizi bina etmekde haýsy amaly ädimleri edip bilersiňiz? Eý, ärler, siz är hökmünde aýalyňyzy bina etmekde haýsy amaly ädimleri edip bilersiňiz?

6| Är-äýäl jübütleriniň käbirleri bile işleýärler ýa-da hyzmat edýärler, köpüsi bolsa beýle däl. Bu olaryň has-da ýakyn bolmaga ymtylyp, işlerinde we gyzyklanmalarynda biri-birini goldamalydygyny aňladýar. Är-aýal biri-birini nädip goldap biler? Biri-birine nädip has-da ýakynlaşyp biler?

## BABYŇ JEMLERI:

- Her bir nika Isa Mesihde täzelenip biler! Onuň Ruhy bize hemişe islendik çäklerde täze başlangyçlaryň mümkinçiliklerini berýär.
- Her bir ýagdaýda biz haýsy dilde: gökleriň dilinde ýa-da ýerdäki dilde gürlemelidigini saýlap bilýäris. Biz imana görä Gökler bilen ylalaşyp, Hudaýyň Sözüniň beren wadalaryna laýyklykda sözläp bilýäris.
- Nikanyň maksady bütewülikdir. Biz durmuşyň ähli çäklerinde bütewi bolmaga ymtylmalydyrys.
- Är-aýalyň arasyndaky hakyky söýgi dünýä Hudaýyň şöhratyny we söýgüsini aýan edýär. Biziň bütewüligimiz başga adamlary Isa Mesihe ymtyldyrýar.
- Paýhasly aýal öýüni bina edýär, paýhasly erkek bolsa aýalyny bina edýändir. Eger her bir är we her bir aýal ýaşaýyş sözlerini ykrar edip, ýanýoldaşynyň mertebesini saklasa, öz durmuşlaryny giňelderler we Hudaýyň ýerdäki emrini berjaý ederler.

# GOŞUNDY

## Halas bolmagyň usuly

*Sen agzyň bilen Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldenine ýürekden iman etseň, halas bolarsyň. Çünki çyn ýürekden iman edýän adam aklanar, agzy bilen ykrar edýän hem halas bolar.*

— Rimliler 10:9-10

Hudaýyň söýgüsini ýanýoldaşyňa bermek üçin, siz ilki bilen Onuň söýgüsini we Ogly Isa Mesih arkaly berýän gutulyşyny kabul etmeli. Hudaý Isa Mesihiň ölümi we direlişi arkaly size, Öz söýgüli prezendine Özüniň Şalygyna ýol açdy. Isa Mesihiň haçdaky gurbanlygy baky we bolelin durmuşy biziň üçin elýeter etdi. Gutulyş – bu Hudaýyň peşgeşi; siz ony gazanmak ýa-da oňa mynasyp bolmak üçin hiç zat edip bilmeýäňiz.

Bu gymmat peşgeşi kabul etmek üçin, Ýaradandan üzňe bolan durmuşyňyzyň günäsini boýun almalysyňyz, sebäbi bu günä öňde-soňda eden günäleriňiziň köküdir. Toba – halas bolmagyň wajyp bölegidir. Resullaryň işlerinde 5000 adamyň halas bolan gününde Petrus bu barada aýdyň aýdypdy: "Indi günäleriňiziň bagyşlanmagy üçin toba ediň we Hudaýa tarap öwrüliň" (Res. 3:19). Mukaddes Ýazgylar biziň hemmämiziň günäniň guly bolup doglandygymyz barada aýdýar. Bu günä öz gözbaşyny Adam atanyň eden günäsinden alyp gaýdýar. Ol bitabyn bolup, Hudaýyň tabşyrygyny bozupdy. Toba etmek – adamyň saýlawy. Toba edýän adam indi özüne we şeýtana tabyn bolmakdan doly ýüz öwürýändigini ykrar edýär. Ol mundan beýläk öz Rebbine, Isa Mesihe – biz üçin Öz janyny gurban eden Halasgäre gulak asjakdygyny ykrar edýär.

Siz öz durmuşyňyzy Isa Mesihe tabyn etmelisiňiz. Isa Mesihi öz Rebbiňiz etmeklik Oňa öz durmuşyňyzy (ruhuňyzy, janyňyzy we bedeniňizi) ähli zatda dolandyrmaga ygtyýar bermekligi aňladýar.

Onuň durmuşyňyzdaky ygtyýary bütinleý we doly bolýar. Siz öz durmuşyňyzy Hudaýa tabşyran badyňyza, Ol sizi tümlükden boşadyp, Öz Şalygynyň nuruna we şöhratyna gowşurar. Siz ölümden ýaşaýşa geçýärsiňiz, siz Onuň perzendi bolýarsyňyz!

Eger siz Isa Mesih arkaly halas bolmagy isleýän bolsaňyň, şeýle dileg ediň:

*Eý, göklerdäki Hudaý, men özümiň günälidigimi we Seniň dogrulyk nusgaňa laýyk gelmeýändigimi bilýärin. Men öz günäm zerarly baky höküm edilmä laýykdyryn. Meni şeýle ýagdaýda taşlamandygyň üçin Saňa minnetdar. Sen meni halas etmek üçin Isa Mesihi, Öz ýeke-täk Ogluňy iberdiň. Ol päk gyz Meryemden doglup, meniň üçin haçda ölüp, günälerimiň jezasyny çekdi. Bularyň hemmesini meniň üçin edendigiňe ynanýaryn. Men Isa Mesihiň üç günden direlip, şindi Seniň sagyňda meniň Rebbim we Halasgärim bolup oturandygyna ynanýaryn. Şonuň üçin-de, men şu gün senden aýra ýaşanym üçin toba edip, öz durmuşymy bütinleý we doly Isa Mesihiň ygtyýaryna tabşyrýaryn.*

*Eý, Isa Mesih, men Seni öz Rebbim we Halasgärim diýip kabul edýärin. Öz Ruhuň arkaly meniň durmuşyma aralaş-da, maňa Hudaýyň perzendi bolmaga kömek et. Men birwagtlar eden tümlük işlerimden el çekýärin. Men indi özüm üçin ýaşamok, men Seniň merhemetiň arkaly Seniň üçin ýaşajak, sebäbi meniň baky ýaşarym ýaly, Sen Öz janyňy gurban etdiň.*

*Ýa Rebbim, durmuşymyň indi bütinleý Seniň eliňdedigi üçin minnetdar. Seniň Mukaddes Ýazgylarda aýdyşyň ýaly, men indi utandyrylmaryn.*

Hudaýyň maşgalasyna hoş geldiňiz! Başga imanlylara-da edil şu pursat başdan geçirenleriňiz barada gürrüň beriň. Siziň Mukaddes Ýazgylary öwrenýän ýygnaga gatnamagyňyz wajypdyr. Siz ol ýerde beýleki imanlylar bilen gatnaşyk açyp, imanda ösüp bilýärsiňiz. Şeýle-de, siz biziň hyzmatymyza ýüz tutup (MessengerInternational.org saýtymyza girip bilersiňiz), öz şäheriňizdäki ýygnaklaryň salgylaryny alyp bilersiňiz. Biz siziň Hudaýyň söýgüsini bilmekde günsaýyn ösmegiňiz üçin dileg edýäris!